# GÜRGENÇ

(taryhy roman)

## Ikinji kitap

## Anuş-teginler nesilşalygynyñ döwri

### I BAP

Emir Bilge-tegin Garçystanyň hoş howaly dag eteklerinde şikär edip, gaýdyp gelýärkä ýoly şu ülkedäki bir zemindaryň howlusynyň üstünden düşdi. Zemindar Horasanyň atly emirleriniň biri Izzetdin Omar Bilge-tegini öňden tanaýanlygy üçin hormat görkezip, onuň öňünden çykdy. Gadyrly salamlaşyp-soraşyp, öýüne teklip etdi. Emiriň ýanyndaky ýigitleri myhmançylyga göwünsiz däl bolsalar-da, onuň özi wagtynyň ýokdygyny aýdyp uzur sorady. Soňundan:

-Saçak çykarsalar duz dadyp geçeli-diýdi. Öý eýesi:

-Anuş, saçak alyp çyk!-diýip seslenenінden salym geçmän içerden saçak göterip çykan garamyk ýaly gara gözleri oýnaklap duran, on alty-on ýedi ýaşlaryndaky gelşikli ýigidekçe nämesi bilendir Bilge-teginiň ünsüni özüne çekdi. Ol at üstünden eňilip, özüne tutulan çöregiň duzuny dadýarka oňa has gyzyklanyp seretdi. Soňra öý eýesinden: - Öz dogmaňyzmy bu oglan?-diýip sorady.

-Ýok, öz dogmam däl, Öňräk bir bamýanly guldardan satyp alypdym - diýen öý eýesiniň jogabyndan soň Bilge-teginiň kellesine özüçe bir akylly pikir geldi: “Soltana mundan gowy sowgat bolmasa gerek. Men muny näçä berse-de alaýyn”. Oglan emiriň ýigitlerine-de çöregiň duzuny dadyryp, içeri girip gideninden Bilge-tegin öý eýesine ýüzlenip:

-Ýaşuly, eger şu guluňyzy maňa satsaňyz, meni biçak begendirerdiňiz-diýdi welin, zemindaryň içini ot alana döndi. Ol emiri Anuşa göz diker diýip hiç oýlamandy. Oňa Anuş hakynda dogrusyny aýdanyna gaty puşman etdi. “Wah, munuň şeýle niýetiniň bardygyny bilsem öz dogmam diýmezmidim” diýip, ahmyr bilen içini gepletdi. Ýöne ol özüňden zoruň raýyny gaýtaryp bolmaýanyny gowy bilýärdi. Şoňa görä:

- Gul söwdasy at üstünde durup edilýän däldir. Eger aýdanyňyz çynyňyz bolsa, içeri girmeli bolarsyňyz. Onsoň ol söwdany saçak başynda ederis - diýip, zoraýakdan ýylgyrdy.

-Biz çöregiňiziň duzuny datdyk, şuny öýüňize girdi hasap edäýiň. “Dostuňy egleme nepden galmasyn, duşmanyňy egleme syryň bilmesin” diýipdirler. Sizem bizi eglemäň, rugsat beräýiň-diýip, Bilge-tegin bir goşowuja golaý tylla salnan haltajygy öý eýesine oklady. Zemindar haltajykdaky puluň Anuşy alan bahasyna ýetýänini, ýetmeýänini hem oýlanyp durmady-da, ony kisesine salyp: “Anuş!” diýip gygyrdy. Oglan içerden ylgap çykdy, gol gowşuryp hyzmata taýýar durdy.

-Anyş - diýip, zemindar oglana ýüzlendi - Men seni şu jenaba berdim. Bu kişi patyşalykda belent mertebeli adamdyr. Sen ol hanedanda gül ýaly ýaşarsyň.

-Gul hiç ýerde-de gül ýaly ýaşamaz. Men gul bolanymsoň kimiň guly bolanymyň tapawudy ýok-diýip, Anuş gara gözlerini bulduradyp dillendi.

-Oho! Dili duzlyja ýaly bu oglanyň-diýip, Bilge-tegin kellesini ýaýkap gülümjiredi. Zemindar:

-Ýok, jenap Izzetdin, Anuş edepli, dili süýji oglan. Ýöne häzir maňa öýke edip, gepläýdi öýüdýän. Ol maňa juda öwrenişipdi-diýdi.

-Bolýa-da, görübereris. Asly nireden munuň?

-Asly oguzlaryñ Bekdili urugyndan.

-Hä, Türkmen diýseňiz-e. Men olary bilýän-diýip, Bilge-tegin zemindara başyny atdy. Soňra Anuşa garap:

-Eý bekdili, biziňkide saňa garaşýan agyr zähmet ýok. Özüň akyllyja bolsaň, gul ýaly däl, gül ýaly ýaşarsyň-diýdi.

Anuş geplemedi. Ony emiriň ýigitleriniň biri atynyň syrtyna aldy. Şeýdip Anuş Horasanyň mertebeli emirleriniň biri Bilge-teginiň hanedanyna düşdi. Akylly-huşly, edepli-ekramly, iş bolsa aýtdyrman özünden bilip edýen oglan tiz wagtyň içinde özüni aldyrdy. Munuň kimin parasatly hyzmatkäri emir Bilge-tegin elden çykarasy-da gelenokdy. Ýöne täze tagta çykan soltana ýaranmak hem gerekdi. Ýurtda hökümdar çalyşsa köşk remeldarlary täze hökümdara ýaranmak üçin elde baryny edýärdiler. Kakasy Alp Arslanyň Wepatyndan soň tagta çykan Mälik şanyň üstüne-de sowgat baryny ýagdyrdylar. Emir Bilge-teginiň sowgady hemmesiniňkiden üýtgeşik boldy. Nobatdaky kabul edişlikde Bilge-tegin köşge Anuşy alyp bardy. Köşgüň meýlisler eýwany dürli hili geýnüwli, salyhatly adamlar bilen doludy. Hemmeleri aýak üstündedi. Anuş tebigaty boýunça juda bir çekinjeň, ýygra-da däldi. Şeýle-de bolsa ol öň bular ýaly jemagatyň arasyna düşüp görmäninden bolsa gerek, sussy basylyp, özüni biraz oňaýsyz duýdy. Ikibir, üçbir özara gürrüň edişip duran adamlaryň ünsüniň ýarysy söhbetdeşinde

bolsa, ýarysy garşydaky soltanyň girip geljek kuhy nagyşlaryna altyn çaýylan iki ganatly belent gapydady. Bir mahal köşk sahybynyñ:

-Kyblaýy älem, soltan Mälik şa hezretleri teşrif[1] edýär!-diýen batly sesi ýaňlanandan gowur ýatyp, suw sepilen ýaly boldy. Jemagatyň gözi dikilen garşydaky nagşynkär gapynyň iki ganaty-da deňine açylyp, girip gelen başy tylla jygaly, şahana geýnüwli soltana hemmeler egilip, tagzym etdiler. Soltan başyny atyp salamlaşanyndan soň ýerine geçdi, emma oturmady, adamlara hormatsyzlyk bolmasyn öýden bolsa gerek, sowgatlary duran ýerinde kabul etdi. Gezek Bilge-tegine ýetdi. Ol Anuşy elinden tutup, soltanyň öňüne eltdi-de:

-Eziz Soltanym, men size şu dogmadan gowy sowgady oýlap tapyp bilmedim. Ony kabul etseňiz meniň depäm göge ýeterdi-diýip, başyny egdi.

Mälik şanyň Anuşa synynyň oturandygyny oňa seredip, gülümjiräp duran gözlerinden aňsa bolýardy.

-Bu dogmaňyzyň ismi-şeribi nedir, beg?-diýip Mälik şa Bilge-tegine garady.

-Ismi Anuş, Soltanym.

-Anuş. Gowy. Biz indi ony Bilge-teginiň hedýesi bolany üçin Anuş-tegin diýip atlandyrarys. Görnüşinden şeýle ada mynasyp oglan bolmaly.

Soltanyň sözüni meýlisler eýwanyna ýygnanan adamlar bir agyzdan goldap “mynasyp, mynasyp!” diýşip seslendiler. Anuşyň özi bolsa Soltanyň dilinden şeýle hoşamaý sözleri eşidenine begenjine iki bolup bilmän, yzly-yzyna üç gezek tagzym etdi.

Durmuşda gabat gelýän adamlaryň käbirini göreniňden sulhyň almaýar. Käbir adam bolsa göreniňden nämesi bilendir göwnüňe ýaraýar, gözüňe yssy basylýar. Anuş hem nämesi bilendir Mälik şanyň göwnüne ýarady.Ýogsa ol onuň adynyň soňyna begleriň, begzadalaryň atlarynyň soňuna goşulýan “tegin” goşulmasyny goşmazdy. Ýaňyja Soltanyň sözüni makullap, “mynasyp, mynasyp” diýip seslenen adamlaryň käbirleriniň öz ýanyndan “gula şeýle at mynasypmyka” diýenleri hem boldy.

Kim näme diýse-de Mälik şanyň köşgüne düşen Anuş Soltanyň eradasy bilen Anuş-tegin boldy duruberdi. Ol şol günki saz-söhbetli meýlise-de gatnaşyp, hyzmatda durdy.

Anuş-tegin köşk durmuşy, ondaky tertip düzgün bilen tiz öwrenişdi. Ol özüniň göze ýakymly daşky sypaty, sypatyna laýyk

[1] Teşrif etmek- gelmek

hoşgylawly häsiýeti bilen köşk emeldarlarynyñ hem göwnünden turdy. Soltan bolsa onuň adyny köpçülikde ýa-da kesesinden “Anuş-tegin” diýip tutsa, ikiçäk duşanynda gowy görüp “Anuş” diýip tutýardy. Anuş-tegin özüniň ziýrekligi, pähimdarlygy, çakganlygy, edep-ekramy bilen bir ýyla-da ýetmän Soltanyň ynamyna girdi. Ol ony gowy gördi, öýli-işikli etdi, ony taşdar[2] wezipesine belledi. Bu wezipe köşkdäki abraýly wezipeleriň biri hasaplanýardy. Oňa has ynamly adam bellenilýärdi. Çünki taşdar patşanyň özüniň suwa düşünýän obhanasynyň abatlygyna, suwa düşünende ähli gerekli zatlaryň ýerbe-ýer bolmagyna hem-de ýuwunanynda hiç bir kemçiligiň bolmazlygyna jogap berýärdi. Mundan başga-da ol köşkdäki beýleki obhanalaryň hem işleýşine, bir söz bilen aýdanda tutuş hammam hojalygyna jogap berýärdi. Anuş-tegin bu wezipä belleneninden soň soltanyň has ýakyn adamlarynyň birine öwrüldi. Adatda şalaryň köşki pitneniň, hiýleniň, mekirligiň, görüpligiň öýjügi bolup, ol ýerdäkiler öz bähbitleriniň ýolunda birek-birege al salmak, görüplik etmek ýaly pişelerden gaýtmaýardylar. Anuş-tegin entek köşk durmuşynyň bu gizlin taraplaryny bilmeýärdi. Ol taşdarlyga belleneninde, öňräkden bäri köşk hyzmatynda gelýän alym, şahyr hem-de köşk lukmanlarynyň biri hasaplanýan Abul Fath Omar al Haýýam:

-Inim gaty äge bol. Indi saňa kömek etjeklere garanda aýagyňdan aljaklar köpeler-diýdi. Şol wagt bu söze känbir pitiwa etmedik Anuş-tegin aradan köp wagt geçmän, alymyň gepiniň biderek däldigine göz ýetirdi. Ol bir güni öz hataryndaky nedim bilen öz ara söhbetdeşlikde diline erk edip bilmän, Soltan hakynda aýdylmaly däl gepi aýtdy. Bu gep şol günüň özünde soltanyň gulagyna baryp ýetdi.

Mälik şa özüne gelip aýdylan dürli gybatlara känbir ynanybermeýärdi. Ol pederi Alp-Arslan soltanyň döwletinde sahyp habar wezipesiniň ýokdygyny bilýärdi. Soltandan näme üçin sahyp habar bellemeýändigini soranlarynda ol: “Meniň garşydaşlarym pul berip, sahyp habar bilen dostlaşsalar ol maňa dostlarym hakynda erbet, duşmanlarym hakynda gowy habarlary ýetirer. Ýaýdan yzly-yzyna atylan peýkamlaryň nyşana biri degmese biri degişi ýaly bu habarlaryň hem biri bolmasa biri ynandyrar. Onsoň dostlarym menden daşlaşyp, duşmanlarym ýakynlaşar. Soňunda-da duşmanlarym dostlarymyň ýerini eýelär. Munuň netijesinde gelip çykan ýagdaýy hiç kim düzedip bilmez” diýipdi. Pederiniň bu sözi ýadynda bolany üçin Mälik şa Anuş-tegin barada ýetirlen gepe-de ynanman, ony barlap görmek üçin özüni çagyrtdy. Anuş-tegin hemişekisi ýaly soltanyň huzuryna arkaýyn girip,

[2] Taşdar-köşk hammamlaryna jogapkäri

güler ýüz bilen tagzym etdi. Emma Mälik şanyň hursyz seredýän gözlerine nazary kaklyşanda aljyrap tas özüni ýitiripdi. Hemişe özüni ynamly tutýan Anuş-teginiň aljyranyny görüp, Mälik şa “günäsini bilýän bolsa gerek” diýip pikirlendi. Ol öňküsi ýaly dostana “Anuş” diýmän, kinaýaly äheňde:

-Jenap Anuş-tegin, sen indi uly mertebeli adam bolan bolup, özüňi şu mertebä çykaran adamyňam gybatyny edip başladyňmy?-diýdi. Anuş-tegin ilki soltanyň näme diýjek bolýanyny aňlamady, soň birden düýn ol nedime aýdan gepi ýadyna düşüp, çym gyzyl boldy. Başga biri bolanda gorkusyna çuw ak bolardy, ol utanjyna gyzardy. Soltan bu ýagdaýy syzdy. Diýmek Anuş-teginiň gorkar ýaly günäsi ýok.

-Kyblaýy älem, meni bagyşlaň. Men ol gepi ýamanlyga aýtmadym...

-Bilýän ýamanlyga aýtmadygyňy-diýip, Soltan onuň sözüni böldi.-Ýogsam seni bu ýere çagyryp oturmazdym, köşkden yzyňa it salyp kowardym. Hany eden gürrüňiňi sözme-söz aýt. Ony maňa ýetiren adam dogry aýdypmy ýa özünden üstüne goşupmy. Mälik şa Anuş tegini üç ýyl bäri synap, onuň ýüreginiň arassadygyna, dogry sözlüdigine göz ýetiripdi. Şonuň üçinem onuň aýtdy diýen gepiniň başyna ynansa-da soňuna ynanmandy. Çünki onuň soltanyň degnasyna degýän beýle söz aýtmagy mümkin däldigini bilýärdi.

-Kyblaýy älem men melikelerimizi biçak hormat edýän. Şonuň üçinmi men iki melikemizem biri birinden gözel, dana zenanlar, şonuň ýaly aýallary bolubam soltanymyz ol “gara kişmiş” diýen gyrnak bilen bolaýýar diýdim.

-Başga bir söz aýtmdyňmy soňunda?

-Başga söz aýdan bolsam, dilimi kesiň, soltanym.

Mälik şa soňky degnasyna degýän sözi şugulçy Anuş-tegine ýamanlyk etmek maksadynda özünden goşandygyna göz ýetirdi. Şeýle-de bolsa Mälik şa bir üýtgeşik “jezanyň” üsti bilen oňa näme üçin beýle edilýänini düşündirmek isledi. Ol ýanynda duran jaňy alyp, kakdy, gapňynyň aňyrsynda duran iki sakçynyň biri girdi. Soltan:

-Muny zyndanyň aýratyn otagyna salyp gaýt-diýdi. Özüne beýle jeza beriler diýip garaşmadyk Anuş-tegin soltana naýynjar seredeninde onuň çalarak ýylgyryp, ýüzüni kese sowanyny gördi. Ol gynanyp däl, geňirgenip sakçynyň öňüne düşdi. Ol zyndana barýarka soltanyň özüne jeza berip, hem-de ýylgyrany hakda oýlanyp, sebäbine düşünmedi:

Anuş-teginiň zyndana ugradylany guşluk wagtydy. Günortana golaý Soltan sakçyny çagyryp, Anuş-teginiň iň gowy görýän naharyny sorap gaýt-diýdi. Zyndana baryp gelen sakçy:

-Kyblaýy älem, onuň iň gowy görýän nahary palaw eken-diýdi.

-Onda, aşpezlere aýt, oňa günde üç wagtyna diňe palaw bersinler, başga nahar bermesinler-diýip tabşyrdy.

Anuş-tegine on günüň dowamynda üç wagtyna palaw geldi durdy. Onunjy gün Soltanyň aýtmagy boýunça ondan "ýene palaw getirelimi ýa mäşewe içjekmisiňiz?" diýip soradylar. Palaw ýüregine düşen Anuş-tegin "Mäşewe mäşewe" diýip, iki gezek gaýtalady. Bu hakda soltana aýdanlarynda, ol:

-Indi ony meniň huzuryma getiriň-diýdi.

Anuş-tegin soltanyň huzuryna girenden dyza çöküp:

-Kyblaýy älem, men hemmesine düşündim. Palawyň arasynda mäşewe bolmasa-da boljak däl eken-diýdi. Soltan hezil edip güldi. Soňundan:

-Düşünen bolsaň, işiňe baryber-diýdi. Soltanyň huzuryndan çykyp gaýdan Anuş-tegin hökümdaryň bu oýnyna düşündim diýse-de, özüniň öňki ahlak düşünjesine sadyk bolup galdy. Ýöne ol ähli zada erki ýetýen adam üçin hiç zadyň serhedi ýokdygyna soň göz ýetirdi. Şeýle bolsa-da ol soltanyň özüni ýamanlan şugulçyny ýok edenine minnetdar boldy.

Bu wakadan soň köşkde sataşan Omar Haýýam Anuş-tegin bilen "habarym bar" diýen manyda ýylgyryp görüşdi, oňa mähirli nazar bilen seredip durşuna:

Ömür bäş günlikdir, biz muny bildik,
Köňül isläp, käte günä hem kyldyk,
Dünýä lezzetlerin datmasak, Taňrym,
Bu ýagty jahana näme üçin geldik?- diýdi.

Anuş-tegin Haýýamyň bu rubagysynyň üsti bilen näme diýjek bolýanyna düşündi. Ol:

-Dünýä lezzetlerini datmaklygy soltanymyza siz öwreden ekeniňiz-de-diýip, gülüp degişdi.

-Ýok, tersine. Soltanymyz maňa öwretdi. Isleseňiz soltanymyzdan öwrenenimi Size-de öwredeýin-diýip, Omar Haýýam degişmäni dowam etdirdi.

Şeýdip, alym bilen taşdar bir salym degişip gürleşip durdylar. Omar Haýýam Anuş-tegini soltanyň ýakyn adamy bolany üçin däl, göwni açyklygy, sadalygy üçin hormat edýärdi. Anuş-tegin bolsa Omar Haýýamyň ylmy işlerine düşünmese-de, ajaýyp rubagylaryny gowy

görýärdi, rubagylardaky pelsepä ýugrulan pikirlere aňryýany bilen düşünýärdi. Şonuň üçin oňa alym Omar Haýýama garanda, şahyr Omar Haýýam has ýakyndy, ýakymlydy.

Mälik şa Anuş-tegini ýene-de öňküsi ýaly gowy görüp, adyny "Anuş" diýip tutýan boldy. Anuş-tegin hem soltanyň merhemetini gazanmak üçin elinde baryny edýärdi. Ýyllar geçýärdi. Onuň ýalňyz ogly Muhammet hem dil açyp, dünýäni tanap başlapdy. Anuş-tegin oglunyň özi ýaly bilimsiz-sowatsyz bolup durmuşda kösenmezligi üçin ony sowatly-bilimli adam edip ýetişdirmekligi isleýärdi. Şoňa görä ogluny bäş ýaşynda köşkde şa nesliniň çagalary terbiýelenýän, hat-sowat öwredilýän ýatarlaýyn tälimhana tabşyrdy. Muhammet özüniň entek gaty ýaşdygyna garamazdan gaty zirekligi we zehinliligi bilen moýsepid mugallymyny haýran galdyrýardy. Bir gün mugallym köşküň dälizleriniň birinde Anuş-tegine tötänden sataşanynda salam älekden soň:

-Jenap Anuş-tegin, tüweleme ogluňyz Muhammet örän zehinli, geljekde ol uly alym bolar, enşalla-diýdi. Ogly hakynda öwgüli söz eşidip, begenen Anuş-tegin:

-Alym bolsa bolsun, ýöne zalym bolmasyn-diýip, ýylgyrdy.

-Siziň bilen biziň neslimizden zalymlar çykmaz, çünki biz garamaýaklar. Zalymlar şalaryň neslinden çykýar.

-Beý diýmäň, ustad. Biziň soltanymyzda  zalymlyk ýog-a.

-Soltanymyz adalatyň nusgasy. Men şalaryň neslinden bolan käbir zandy ýamanlara täji tagt miýesser edäýse, tagtyna buýsanyp, zalymlyga el urýarlar. Men şonuň ýalylary aýtdym.

Garamaýagyň zürýady bolan okuwçysynyň erte tagta çykyp, otuz ýyllap hökümdarlyk etjegini bu bende şu wagt nirden bilsin. Bu zat Anuş-teginiň hem ýatsa-tursa oýuna geljek zat däldi. Emma ykbalyň öwrümleri taryhda Anuş-teginler nesilşalygy diýilýän gudratly nesilşalyga ýol arçap goýan bolsa nätjek! Munuň ýaly beýik işlere bir kiçijik zadyň sebäp bolmagyna näme diýjek! Ýa-da bu hem ykbalyň oýunymyka?! Oýunymy, çynymy şol günüň ertesi Anuş-teginiň garaşmadyk zady ýüze çykdy. Ony irden Mälik şa çagyrdy. Ol soltanyň huzuryna girip, tagzymdan soň başyny galdyranynda şanyň ýüzüniň gamaşykdygyny gördi. "Be ýene näme boldyka" diýip, howatyrlanan Anuş-tegin soltanyň sözüne garaşyp durdy. Soltan oňa bir hili kinaýaly nazar bilen garap:

-Anuş, haremdäki gyzlaryň teninden deriň ysy gelýär-ä, näme üçin beýle?-diýdi. Anuş-tegin bir bada Soltanyň sözüniň nireden öwrüm

edýänine düşünmedi. Çünki her günem arassa çeşme suwuna ýuwunýan gyzlaryň teninden deriň ysynyň gelmegi mümin däldi. Birdenem kellesine uran pikirden Soltanyň sowalynyň manysyna düşündi. Onuň düşünişi ýalam bolupdy. Öten gije Soltanyň aramgähine çagyrlan “Gara kişmiş” diýilýän gyzyň teninden hemişeki müşküň ysy gelenokdy. Muňa keýpi gaçan Soltan: -Aý gyz, sen meniň müşküň ysyny gowy görýänimi bileňokmy?-diýip sorady. Gyz:

-Bilýän, soltanym, ýöne biziň abhanamyzda indi müşkem ýok, anbaram. Olar diňe meliklerimiziň abhanasynda bar-diýip, başyny egip jogap berdi. Soltan bu gije müşküň ysysyz oňmaly boldy. Ertesi Anuş-tegini çagyranynyň sebäbi-de şoldy. Anuş-tegin:

-Kyblaýy älem, bu kemçilik üçin meniň uzur soramakdan başga alajym ýok. Soňky wagtda müşküňem, anbaryňam bahasy gaty göterilip gitdi, pul ýetirip bolanok-diýip, başyny egdi.

-Diýýäniň näme! Mälik şanyň hazynasynda pul ýokmy?!

-Hazynaňyz egsilmezdir, Soltanym. Ýöne hammam hojalygy üçin pul Horezminden gelýän paçyň hasabyndan berilýär. Soňky wagtda Horezminden gelýän paç kemelipdir, öýüdýän.

-Näme sebäpden kemelýärmiş! Ol ýerde oturan biziň dikmämiz Ekinçi ibn Koçkar nirä seredýärkä?!-diýip Soltan gaharly gepledi. İne şonda, köpden bäri ýüregine düwüp ýören niýeti huşuna gelip, Anuş-tegine üns bilen bir salym seredip durdy. Anuş-tegin Soltanyň özüne näme üçin beýle seredýäniniň sebäbine düşünmän bir hili boldy. Munuň sebäbi bolsa Soltanyň şol niýetiniň amala aşyrylmaly sähedi edil şu wagt diýen karara gelmegidi. Gahary gowşan Mälik şa:

-Biz seni taşdarlyk wezipäňden boşadýarys, Anuş - diýdi, Anuş-tegininiň ýüzüniň üýtgänini görüp, ýylgyrdy. - Ýüzüň üýtgäp gitdi-le, Anuş. Düşünýän, wezipeden aýrylmak aňsat däl. Ýöne kiçi zadyňy ýitirip, uly zada eýe bolmak has ýakymly däl-mi? Biz seni Horezmine mütassärif[3] hem-de şyhny[4] edip bellemek kararyna geldik. Bu hakdaky perman şu gün taýýar bolar. Sen ýol şaýyňy tutuber. Seni gowy garşylap almaklary üçin perman Gürgenje senden öň barar.

Ýedi ýatyp turanda oýuna-küýüne gelmejek bu habar Anuş-tegini bir bada aljyratdy. “Patyşanyň emri wajyp” diýilýän düzgün boýunça onuň kararyna razylyk soralmaýan bolsa-da Anuş-tegin:

-Kyblaýy älem, men onuň ýaly uly wezipeleri oňararmykam?-diýdi.

---

[3] Mütassarif- maliýe işleri nazyry

[4] Şyhny-içeri işler (polisiýa) başlygy

-Oňarjagyňy bilenim üçin hem-de saňa ynananym üçin iberýän. Ol ýerde maňa özümiň ynamdar adamym gerek. Ekinçini men daşyndan tanasam-da, içki dünýäsini bilemok. Belki ol gowy adamdyr, belki... Ine şu “belki” üçinem seni ibermeklige karar etdim, Anuş.

Ine şu sözlerden soň Anuş-teginiň Soltana tagzym edip, minnetdarlyk bildirmekden özge çäresi galmady.

Anuş-tegin Soltanyň huzuryndan çykyp, öýüne bir hili ýagdaýda geldi. Ol durmuşyndaky bu öwrüme begenjegini-de, gynanjagyny-da bilenokdy. Ol soltanlygyň paýtagtynda, hökümdaryň howandarlygynda öwrenişen işinde işläp ýörenini kem görenokdy. Emma adam tebigaty boýunça hemişe aşak däl, ýokara ymtylyp ýaşaýar. Nätanyş ülkede, nätanyş adamlaryň arasynda bolsa-da, özüne ýokary wezipeli işler garaşýandygyna kalbynda buýsanja meňzeş bir duýgy hem döredi.

Anuş-tegin jaýa girip, ýaz geýilýän ýektaýyny çykaranyndan aýaly elinden alyp, gazyga ildirdi-de, onuň ýüzüne ünsli garap: -Begim, seriňiz aladaly görünýär-ä, näme gep boldy?-diýdi: Aýaly durmuş guranlarynyň ilkinji gününden başlap, oňa “begim” diýip ýüzlenýärdi. Muhammet dogulandan soňam iller ýaly “kakasy” dagy diýmän, şol bir sözüni üýtgetmedi. Anuş-tegin alynyň agzyndan “begim” diýen sözi ilki çykanynda gülüp:

-Aýdýanyň näme, guldanam bir beg bolarmy?-diýipdi. Şonda gelni:

-Siz soltanyň guly bolsaňyzam meniň begimsiz-diýip jogap berdi. Şondan soň Anuş-tegin hem aýalyna “hanym” diýip ýüzlenýän boldy. Anuş-tegin sowalyna jogap talap edip, gozganman duran aýalyna ýylgyryp garap:

-Aýallaryň ýüregi duýgur bolýar. Bir gep bolanyny duýup soradyň öýüdýän. Otur, aýdyp bereýin-diýip, Anuş-tegin ýazylyp duran saçagyň başyna geçdi. Onuň garşysyna geçip oturan aýaly demli duran çäýnekden bir käsä çaý guýup uzatdy. Anuş-tegin aýalynyň elinden käsäni alyp, beriljek gürrüňe onuň sabyrsyzlyk bilen garaşýanyna garamazdan, gyzgyn çaýy howlukman içdi. Soňra Soltan bilen edilen söhbedi başdan-aýak gürrüň bermegi aýalyny iňkise batyrdy. Öwrenişen gül ýaly durmuşyny, taşdaryň aýaly hökmünde sylanýan ýerini taşlap gitmeklik oňa ýokuş degýärdi.

-Begim, şol müşk diýen artyby jübiňizden alyp goýaýsaňyz hem boljak ekeni-diýip, ol ahmyrly gepledi.

-Gep diňe müşkde däl, hanym. Soltan öňdenem Horezmine özüne ynamdar adamy ibermekligiň pikirini edip ýören ekeni.

-Soltanyň sizden başga ynamdar adamy ýokmydyr?
-bardyr, ýöne olaryň içinden meni saýlapdyr-da, nätjek...
-Onda Muhammet janyň okuwy, terbiýesi niçik bolar, begim?
-Häliden bäri menem şonuň pikirini etdim. Eger ony alyp gitsek, ol ýerde bu ýerdäki kimin okuw, terbiýe üçin mümkinçilik bolarmy, bolmazmy. Şonuň üçin häzir oglany okuwyndan goýmaly, düşündireris, ol indi uly oglan düşüner. Aýalynyň bu pikiri bilen razylaşmakdan başga alajy galmady. Şundan soň Anuş-tegin iküç günüň içinde uzak ýola taýynlanyp soltanyň huzuryna bardy. Mälik şa oňa edilmeli-goýulmaly işleri sargap, soňundan ak pata berdi. Soltanyň ak patasyndan ruhlanan Anuş-tegin nirde sen Horezm ýurdy diýip, aýaly bilen özlerini eltip gaýtmak üçin berkidilen nökerler goragynda ýola düşdi.

## II BAP

Horezm. Ady äleme dolan baý ülke. Emma Anuş-tegin üçin ýat, nätanyş diýar. Adam özüniň dogduk mekanyndan, bagrynyň badaşan topragyndan özge ýere, nätanyş adamlaryň arasyna düşeninde ony bir hili ýalňyzlyk duýgusy gurşap alýar. Anuş-tegin hem şeýle duýgyny başdan geçirýärdi. Ýogsam ony, soltanyň iberen permany esasynda köşk emeldarlary uly hormat bilen garşy alypdylar, Horezmşalaryň neslinden galan kaşaň jaýlaryň birinde ýerleşdiripdiler, hyzmatyna adam, aşpez hem goýupdylar. Anuş-teginiň özi hem bir hyzmatkärini, aýaly hem bir kenizini alyp gaýdypdylar. Ýaşamak üçin hiç bir kemçilik bolmasa-da ony şol ýalňyzlyk duýgusy terk edenokdy. Emma gelen gününiň ertesi dünýäniň beýik şäherleriniň biri hasaplanýan gözel Gürgenje aýlanmaga çykanynda ol duýgy zym-zyýat boldy. Anuş-tegin öň Gürgenjiň tarypyny köp eşiden bolsa-da, ony soltanylygyň paýtagty Ispyhança ýokdur öýüdýärdi. Gürgenç ony özüniň kaşaň ymaratlary, peştaklaryna tylla suwy çaýylan kuhy nagyşly medresedir, metjitleri, köşkleri, aýratyn-da biçak baý bazarlary, bazarlardaky dünýäniň dürli ýurtlaryndan getirlen harytlary bilen alyjysyndan köp satyjylary, dürli dillerde sözleşýän hyryn-dykyn adamlary, diňe horezmde bitýän şirin-şeker gawunlary, ir-iýmişleri, sanardan köp dürli hünärmentçilik ussahanalary, başga-da ajaýybatlary bilen haýran galdyrdy. Ine şundan soň Anuş-tegin Gürgenjiň at-owazasyna laýyk beýik şäherdigine göz ýetirdi. Gürgenjiň gözelligi Anuş-teginiň göwnüni göterip, wagtyny hoşlapdy. Emma ýurdyň walysy Ekinçi ibn Koçkaryň boluşy birneme gaharyny getirýärdi. Ol göýä Anuş-teginiň geleninden bihabar kimin ne adam iberip çagyrýardy, ne özi habar tutýardy. Anuş-tegin iki goçyň kellesi bir gazanda gaýnamajagyny bilýärdi. Şeýle-de bolsa, ol özüniň

mütässäriflik we şyhnylyk wezipelerine hormat goýmagy ondan talap etmäge özüni hakly hasaplaýardy. Ýöne muny Ekinçiniň ýüzüne açyk aýtman, gep arasynda duýdurmagy ýüregine düwüp, köşke bardy

Horezmşalardan galan zynatly tagtda oturan Ekinçi ibn Koçkara Anuş-teginiň gelenini habar berenlerinde ol çalaja ýylgyryp, “girsin” diýen yşaraty etdi. Ol Anuş-teginiň adyny eşitse-de özüni öň görmäni üçin ony soltanyň hyzmatynda ýören adatdaky gullaryň biridir-dä, ol indi kimem bolsa meniň işime gatyşyp bilmez diýen pikirdedi. Emma onuň özüne gözi düşeninde adatdaky gullaryň biri däl-de, begzada sypatly, akyl parasaty ýüzi-gözüne çaýylyp duran, erk-eradaly adamdygyna ten bermeli boldy. Ekinçi tagtyndan düşüp geleniň garşysyna ýöräp gelýärkä:

-Märhäba märhäba! Muhterem Anuş-tegin Garçystany!-diýip, şowhynly garşy aldy. Anuş-tegin garşysynda elini uzadyp duran gür gara sakgal-murtly, gyzyl ýüzli daýaw adamyň mylaýym ýylgyryşynyň aňyrsynda inçe mekirligiň bardygyny duýdy. Görüşüp, soraşanlaryndan soň Ekinçi:

-Hoş gördük. Horezmine geleniňizi, jenap Anuş-tegin-diýip, ýasama ýylgyrdy.

-Hoş görseňizem, görmeseňizem biz soltanymyzyň emri bilen geldik-diýip, Anuş-tegin kakdyryp gürledi.

-Menden biraz kinelidigiňizi bilýän. Bagyşlarsyňyz jenap Anuş-tegin. Soňky wagtda iş-teşwiş şeýle bir köpeldi welin hiç ýetişip bilemok. Soltanymyz sizi maňa kömekçi edip iberip, örän gowy iş etdi-diýip Ekinçi ibn Koçkar Anuş-tegini mütassarif we şyhny hökmünde däl-de, özüne kömekçi hökmünde ykrar edýändigini duýdurdy. Anuş-tegin wezipä, mertebä çapýan adam däl bolsa-da, Ekinçiniň soňky sözíniň degnasyna degeni üçin:

-Meniň mütassariflik we şyhnylyk işimde siz näçe kömek etseňiz menem size şonça kömek ederin-diýdi. Ekinçi ibn Koçkar Mälik şanyň ogly Sanjaryň iň ýakyn adamlarynyň biri bolany üçin başda “dagdan arkasy baryň daşdan ýüregi bolýar” diýenlerini edip gürlänem bolsa, birden Anuş-teginiň arkasynda Soltanyň özüniň durandygy ýadyna düşüp, entek oglundan atasynyň güýçlidigini aňan bolmaga çemeli soňky sözüni ylalaşyga ýazdy.

-Birden iki ýagşy diýenleri ýaly ikiläp her niçik iş bolsa-da, hötdesinden geleris, enşalla.

Anuş-tegin Ekinçiniň derrew gaýtmyşym edenine çalarak ýylgyryp, onuň sözüni tasdyklaýan kimin başyny atdy. Şundan soňky

aralarynda bolan söhbetdeşlik mylakatly geçdi. Agşamky şahana meýlisde bolsa Anuş-tegin Ekinçiniň sag gapdalyndan ýer aldy. Meýlisiň Mälik şanyň köşgündäki meýlislerden hem artyk bezelendigi, ortadaky naz-nygmatlaryň şeýle bol-köllugi, sazandalaryň, rakkasalaryň köplügi Anuş-tegini haýran galdyrdy. Ol “Pajyň pullary ine nirä gidýän ekeni. Ekinçi ibn Koçkar diýenleri Soltanymyzyň tersine şeýle eli açyk, jomart häsiýetli adam bolsa gerek” diýip pikirlenip oturdy. Anuş-teginiň “Soltanymyzyň tersine” diýenniniň sebäbi Mälik şa tygşytlylygy gowy görýän birneme gatyrak adamdy. Ol Meweranahyra ýöriş edip, ýeňiş gazananda özünden öňki patşalaryň edişi ýaly ýeňiş toýuny bermän esgerlerini we ol ýeriň adamlaryny öýkeledipdi. Anuş-teginñ özü-de gatnaşan bu ýörüşi ýatlap öz ýanyndan: “Halkyň, döwletiň peýdasyna bolsa gatylyk hem şunuň ýaly jomartlykdan gowudyr” diýip goýdy.

Meýlis gijäniň ýaryma golaý sowuldy. Anuş-tegin Ekinçi bilen hoşlaşýarka:

-Şeýle meýlisler ýygy-ýygydan guralýarmy-diýip sorady.

-Ýok. Aýda iküç sapardan köp däl. Bu günki meýlis bolsa Siziň gelmegiňiziň hormatyna guraldy-diýip Ekinçi mylakatly ýylgyrdy.

Anuş-tegin juda bir sada-da adam däldi. Özüne mahsus birneme mekirligi-de, ýeserligi-de bardy. Ol Ekinçi ibn Koçkaryň özüne görkezýän hormatynyň, mylakatynyň ýasamadygyny, soltandan çekinýändigi üçindigini bilýärdi. Ekinçi bolsa Soltanyň Anuş-tegini diňe mütassarif we şyhny hökmünde däl, başga-da gizlin tabşyryklar bilen iberendir diýip güman edýärdi. Indi ol öňküsi ýaly erkin, näme iş etse edip bilmejegi üçinem Anuş-tegini iç-içinden halanokdy. Anuş-tegin muny bilýärdi. Ol özünden uly wezipeli adam tarapyndan halanmaýanlygy ýagdaýynda-da arkasynda has uly adamyň durandygy üçin batyrgaý işe girişibermeli diýen pikire geldi. Ol işiniň guramaçylyk tarapyny waly Ekinçi bilen maslahatlaşyp, özüne berlen köşk pisint jaýyň boş duran bir gapdalyny edara edindi. Ekinçi oňa öňki Şyhnynyň ygtyýarynda bolan nökerler toparynyň üstüni ýene-de dolduryp berdi. Indi işe başlamak üçin özüne bir kömekçi-kätip gerekdigini Ekinçä aýdanynda ol öň özüniň diwanynda işläp giden Hoja Huseýin äl Horezmi diýen adamy teklip etdi. Şyhny hökmünde ýurtdaky tertip-düzgüne jogapkär bolany üçin mirşepler topary hem onuň ygtyýaryna berildi. Şeýlelikde Anuş-tegin işi kätiplige hödürlenen Hoja Hüseýin bilen tanyşlykdan başlady. Gapysynda goýan nökerleriň birini iberip, ol kişini çagyrtdy. Hoja Hüseýin äl Horezmi diýen orta boýly, gysgarak goýlan ak sakgal-murty ýüzüne nuranalyk berip duran, ýaşy ýetmişe

golaýlan hem bolsa, entek gurbaty egsilmedik adam ekeni. Huzuryna salam berip giren gojany görenden Anuş-tegin ýerinden turup, onuň bilen iki elläp görüşüp salamlaşdy, soraşdy. Soňra oturmaga ýer görkezip, özü-de oturdy.

-Horezmine hoş gelipsiňiz, işiňiz oňüna bolsun-diýip, Hoja Hüseýin ilki dillendi.

-Taňyrýalkasyn, ýaşuly. Biziň işimiziň oňuna bolmagy üçin şu eden dilegiňiz bilen bile kömegiňiz hem gerek-diýip, Anuş-tegin ýaşula ýylgyryp seretdi.

-Meniň kömegim?-diýip, Hoja Hüseýin geňirgenip, sägindi, soňra:
-Men size näme kömek edip bilerin?-diýdi.

-Men sizi özüme kömekçi-kätip edip işe almakçy bolýan.

-Aý ýok. Siz nädogry edýäňiz. Meniň ketdelere ýaramaýan käbir edehädim bar.

-O nähili edehät?-diýip Anuş-tegin geň galyp sorady.

-Men dogry zady dogry, nädogry zady nädogry diýip, kimem bolsa ýüzüne aýdýan. Şonuň üçinem meni diwanda uzak işletmediler.

-Onda siz dogruçyl, adalatly adam ekeniňiz. Maňa-da edil şeýle adam gerek.

-Bäh! Şeýle adamy halaýan ketdelerem bar eken-ow! Meni size kim hödürledi.

-Waly hezretleriniň özi hödürledi.

-Hä... ol sizi bir çatakçy adama sataşdyraýyn diýen ekeni-dä...

-Onda ol maňa ýamanlyk etjek bolup, ýagşylyk edipdir.

-Indi sizem maňa ýamanlygy rowa görmeýän bolsaňyz, meniň teklibime razy bolaýyň.

Anuş-tegin bilen Hüseýin hojanyň biri-birini sulhy almagy üçin aralarynda bolan şu gysga gürrüňiň özi ýeterlik boldy. Çünki olaryň ikisi-de adamy bir görende tanaýan pähimdar adamlardy.

Hoja Hüseýin Anuş-teginiň teklibini kabul edip, şol günüň özünde işe başlady.

Anuş-tegin ilki Soltanyň, tabşyrygy boýunça ilatdan öndürilýän salgyt we Ispyhana iberilýän paç bilen gyzyklandy. Bu hakda Hoja Hüseýine diwandan soňky iki ýylyň maglumatyny getirmegi haýyş etdi. Hoja Hüseýin Anuş-tegine ýaýdanybrak seredip:

-Ony maňa bererlermikä, Walynyň özünden soraman bermezler öýüdýän-diýdi.

-Sorasalar sorasynlar. Ýöne Soltanyň maňa beren ygtyýarlylygy boýunça bermeli bolarlar. Şuny düşündiriň-diýip, Anuş-tegin nämäniňdir bir zadyň pikirini edýän ýaly bir salym dymdy-da soň:

-Hojam, siz bu ýeriň adamlaryna ýetik bolmaly, Walynyň özi nähili adam?-diýdi.

-Ekinçi iban Koçkarmy?... Dogrymy aýtsam men oňa ýetik däl. Bir hili düşnüksiz adam. Ýöne käbir adamlaryň aýtmagyna görä ölemen humarbazmyşyn.

-Bäh, döwletiň puluny humara utduryp ýörenokmyka özi?

-Ýok. Ol örän ökde hümarbazmyş, humar oýnap utduran wagty ýokmyş.

-Onda oýunda bir karam ýollary bardyr, ýogsa birde bolmasa birde utulmaly, ahyryn.

-Bilmedim, belki şeýledir.

-Aý näme bolsa şol bolsun. Biz öz işimiz bilen bolaly. Siz baryp gaýdyň.

Anuş-tegininiň şu sözünden soň Hoja Hüseýin diwana ynam bilen bardy. Ony görenden öňki işdeşleri:

-Oho! Hojam! Geliň, geliň! Sizi-de görmek bar ekenow-diýişip, ony şowhun bilen garşy aldylar. Hoja Hüseýini bu ýerde dogry sözlüligi, mertligi üçin köpçülik hormat edýärdi. Adatda dogry sözi aýdyp bilmeýän, saly gowşak adamlar dogry sözli adamyň mertligine ten bermeli bolýarlar.

-Täze işiňiz mübärek bolsun, hojam!-diýişip, onuň bilen görüşýärkäler gutladylar. Arasynda degişgenigiräk biri:

-Hojam, “dogry söz ataňa-da ýokmaz” diýenleri ýaly bu gelen mutassaryf bilen oňuşarmykaňyz-diýdi.

-Mutassaryf jenaplary meniň ýaly dogryçyl adamy gowy görýän ekeni. Men oňa: “meni size hödürlän adam sizi bir çatakçy bilen sataşdyrmakçy bolupdyr” diýsem, ol: “Ol adam maňa ýamanlyk etjek bolup, ýagşylyk edipdir” diýdi. Onuň şu sözüne garanda men onuň bilen oňuşaryn öýüdýän. Bu gürrüňiň üstüne diwanyň başlygy-baş kätip girip geldi. Ol Huseýin hojany görenden gaşy çytylsa-da, görüşüp soraşdy.

-Şyhny jenaplarynyň ýanyna işe geçipsiňiz diýip eşitdik. Işiňiz oňuna bolsun!-diýip, baş kätip, çyn ýürekden bolmasa-da, ýagşy dileg etdi. Soňundan-näme hyzmat, hojam?-diýdi. Huseýin hoja Anuş-tegininiň haýyşyny aýtdanynda onuň ýüzi gamaşdy. Bir salym dymyp durdy-da:

-Men ol jenabyň bu haýyşyny bitirip bilmeýän-diýdi.

-Mütassarif jenaplary “haýyş bilen iş bitmese Soltanyň maňa beren ygtyýarlygy esasynda talap etmeli bolýar” diýdi. Siz muňa näme diýjeksiňiz?-diýip, Hüseýin hoja baş kätibe sowal nazary bilen dikildi. Baş kätibiň ýüzünde kinaýaly ýylgyryş peýda boldy:

-Talap etmeli bolýar diýdi diýseňiz-le-diýip, kellesini ýaýkady.

-Bolýar, men Waly hezretleri bilen gürleşip göreýin. Ber, diýse iküç günüň içinde nusgasyndan göçürüp bereris. Hüseýin hoja iş ýerine gelip, diwanda bolan gürrüňi aýdanynda Anuş-tegin:

-Bolýar, iküç gün garaşmaly bolsa garaşaýarys-diýdi. Şol günüň ertesi Anuş-tegini Ekinçi Ibn Koçkar huzuryna çagyrtdy. Anuş-tegin bu çakylygyň sebäbini öz ýanyndan çak edip bardy. Çaky-da dogry bolup çykdy. Salam alekden soň Ekinçi:

-Jenap Anuş-tegin! Siz Horezmine bizi teftiş[5] etmek üçin geldiňizmi ýa-da ýurdy dolandyrmakda bize kömek etmek üçin geldiňizmi?-diýip, kinaýa gatyşykly gahar bilen aýtdy. Anuş-tegin ýolda eden çakyna görä şeýle soragyň jogabyny hem taýýarlap gelipdi:

-Muhterem waly hezretleri, Men Horezmine Soltanymyz Mälik şanyň permany bilen mutassarif we şyhny hökmünde geldim. Mutassarif we şyhnynyň wezipesine nämeler degişli bolsa, şony etmek meniň borjum. Ilatdan alynýan salgyt bilen Ispyhana iberilýän paç baradaky maglumat bilen Soltanymyzyň özi gyzyklanyp otyr. Ol maňa baranymdan bu maglumatlary alyp, ibermegimi tabşyrdy.

Ekinçi ibn Koçkar bir salym geplemän, oýa çümüp durdy-da, soňunda:

-Onuň ýaly bolsa, ol maglumaty Soltanymyza meniň özüm ibererin, Siz bolsa azara galmaň-diýdi.

-Waly hezretleri, Soltanymyz bu işi maňa tabşyrdy-diýip Anuş-tegin çürt-kesik aýtdy. Anuş-teginiň bu sözi Ekinçiniň ýüzüni has gamaşdyrdy. Ol:

-Biz Soltanymyzyň nazarynda ynamdan gaçdykmykak? Näme sebäpden beýle maglumat soraýarka?-diýip, Anuş-tegine sowal nazary bilen seredip aýtdy.

-Soňky wagtda Horezminden barýan pajyň mukdary öňküsine garanda ençeme kemelipdir. Belki şonuň üçindir. Ýöne men Soltanymyzyň size çigit ýaly-da müňkürligini duýmadym.

---

[5] Teftiş-derňew

-Hmm...-diýip, Waly bir salym dymdy, onda bu ýagdaýy men sahyp harajdan[6] anyklaryn, soň size netijesini aýdaryn-diýip, Ekinçi göýä bu ýagdaýy öň bilmeýän ýaly etdi.

-Waly hezretleri-diýdi Anuş-tegin çynlakaý aheňde-Sahyp harajy häzir çagyrtsaňyz, ondan meseläni anyklap, sanma-san hasabat iberip oturman, Soltanymyza pajyň kemelmeginiň sebäbini habar beräýerin. Bu aňsat we tiz bolýan iş.

Ekinçi ibn Koçkar Anuş-teginiň bu teklibini, teklibem däl söz äheňine garanda talabyny ret etmäge sebäp tapyp bilmedi.

-Bolýa, çagyraýarys-diýip, gaharlyrak aýtdy-da, gapyda duran nökerleriň birini çagyrdy, oňa:

-Sahyp harajy, eger daş ýere gitmedik bolsa, çagyryp getir-diýdi. Onuň "eger daş ýere gitmedik bolsa" diýenine Anuş-tegin düşündi, emma aýratyn äheň bilen aýtsa-da, nöker düşünmedik bolara çemeli, derhal çagyryp getirdi. Ekinçi nökeri gözi bilen iýäýjek bolup seretdi.

-Jenap sahyp-diýip, ol oňa köp manyly garap ýüzlendi-mutassaryf jenaplary soňky ýylda Yspyhana iberilen paç meselesi bilen gyzyklanýar. Näme onuň öňki ýyllara garanda tapawudy ulumy?

-Tapawudy esli bar, Waly hezretleri.

-Bardyr. Meniň huşumdan göterilipdir, ýadyma indi düşdi, Jenap Anuş-tegin, geçen ýyl derýa joşanda köp ekinleri suw basyp, ilatdan salgyt gaty az alyndy. Şeýle dälmi sahyp?-diýip, Ekinçi sözüni tasdyklatmak üçin sahyp haraja ýüzlendi. Sahyp haraj köňlünde şeýtanlyk ýok adam bolmaga çemeli, gönüsinden geldi.

-Dogry, ýöne harby harajatlara, goşuny güýçlendirmäge-de köp pul goýberildi. Ekinçiniň ýüzi üýtgäp gitdi. Tas bolmasa Sahyp haraja "Akmak, nadan" diýip gygyrypdy. Bu sözleri daşyna çykmasa-da, içinde ýaňlanýandygy ýüzünden, garaýşyndan bildirip durdy.

-Olam dogry, jenap mutassaryf - diýip Ekinçi Anuş-tegine ýüzlendi, sahyp haraja bolsa "gidiber" diýen yşaraty etdi. Ýurdyň daşynda tajawuzkär[7] göçmençi taýpalar köpeldi. Olaryň hüjümini gaýtarmak üçin güýçli goşun bolmasa bolanok. Ýogsa olar basdyryp girip, ilaty talap, weýrançylyk edýärler. Şonuň üçin harby harajatlara, goşunyň üstüni ýetirmek üçin biraz serişde goýberildi. Ýöne biziň bu tedbirimizi Yspyhanda başgaça düşünmekleri mümkin.

-Näme üçin başgaça düşünmekleri mümkin?

[6] Haraj-salgyt, sahyp haraj- salgyt gullugynyň başlygy
[7] Tajawuzkär-diýdimzor

-Horezmin, ozaldan özbaşdaklyk üçin göreşip gelen ýurt. Gaznanyň tabynlygynda bolanynda-da, garaşsyz bolmak üçin köp tagalla edilen. Taryhyň bu sapagy Yspyhanda-da unudylan däldir. Şonuň üçin siz Soltana iberjek habaryňyzda ekinleri derýa joşup, suw basanlygy sebäpli ilatdan alynýan harajyň has kemelendigini görkezip, goşun hakynda agzamasaňyz, maňa uly ýagşylyk etdigiňiz bolardy. Mylaýymdan-mulaýym äheň bilen aýdylan bu sözler Anuş-tegniň köňlüni birneme ýumşatdy. Şonuň üçin ekinçini köşeşdirmekçi boldy:

-Waly hezretleri, eger men siziň aýdanyňyzy etsem, Soltanymyza hyýanat etdigim bolar. Ýöne men goşuny güýçlendirmek üçin goýberilen puluň, barha köpelip, güýçlenip barýan, göçmençilerden goranmak üçindigini delillendirip ýazaýyn.

-Mälik şa siziň deliliňize ynanarmyka?

-Men ýazsam, ynandyryp ýazaryn, arkaýyn bolaýyň. Anuş-tegin, hakykatdanam, Ekinçi ibn Koçkaryň goşuny diňe göçmençileriň garşysyna göreşmek, ýurdy talaňçylykdan goramak üçin güýçlendirýändigine kän bir ynanmasa-da, ony köşeşdirmek hem-de özüne duşman gazanmazlyk üçin aýtdy. Ekinçi ibn Koçkar bolsa Anuş-tegniň sözlerinden onuň özüne ýamanlygy ýokdygyny duýan ýaly boldy. Şonuň üçin onuň bilen hoşlaşýarka minnetdarlyk bildirdi.

Anuş-tegin iş ýerine gelýänçä ýolda Ekinçiniň harby harajatlara gereginden köp pul goýbermeginiň düýp sebäbi onuň özüniň aýdyşy ýaly bolman, özbaşdaklyga meýil edýanliginde bolaýmasa ýagşy diýen hyýallara bardy. Ol iş ýerine gelip, Ekinçi bilen bolan gürrüňi kömekçisi Huseýin Hoja aýdyp berdi. Soňunda:

-Men ilki maglumat soranymyzy onuň gaty göreniniň sebäbini düşünmedim. Dogrymy aýtsam ogurlyk dagy barmyka diýbem güman etdim. Görüp otursam, onuň gorkusy başga zatdan ekeni.

-Näme, indi siz ony Soltandan gorajak bolýaňyzmy?-diýip, Huseýin hoja Ekinçiniň goralmagyny islemeýändigini äheňinden bildirdi.

-Eger onuň özüniň aýdyşy ýaly göçmençileriň hüjümünden goranmak maksadyndan başga maksady bolmasa, Soltanymyzyň ýüregini çişirip oturmaýyn diýýän.

-Muhterem şyhny hezretleri, beýle güýçli goşun toplar ýaly alyp ýatan güýçli ýagy ýok. Ýurduň daşyndaky ygyp ýören taýpalaryň hüjümini gaýtarmak üçin goşunyň öňki güýji hem ýeterlik. Başga bir patşalykdan Horezmine ýörüş etmäge hiç kim het edip bilmez. Sebäbi ol

beýik soltanlygyň terkibinde[8]. Meniň pikirimçe onuň maksady başga. Özi-de size aýdypdyr-a, “Horezmin hemişe özbaşdaklyk üçin göreşip gelen ýurt” diýip. Onuň özü-de özbaşdaklygyň hyýalynda bolaýmasyn.

-Onda näme maslahat berýäňiz?

-Meniň maslahatym: hakykaty ýaşyryp ýa-da ýuwmarlap oturmaň.

-Ýok. Ýaşyrmak maksadym ýok. Ýöne Soltanymyz Ekinçiniň bu işini özüne garşy pitne diýip düşünse goşun çekip gelip, gan döküşüklik bolaýmasa ýagşy, diýip görkýän.

-Onuň ýaly bolmaz. Meniň eşidişime görä Mälik şa sowuk ganly adam bolmaly. Siziň iberjek bu habaryňyz üçin däl, eger Ekinçi özbaşdaklyk yglan etse, ana şonda goşun çeker.

Anuş-tegin dymyp, oýa çümdi. Huseýin hojanyň diýenleri hakykata has ýakyn. Emma Ekinçä-de maglumaty oňa zyýansyz edip, ýazmaga söz berdi. Nätmeli? Ol bu sowalyna jogap tapyp bilmän alasarmyk ýagdaýda galdy. Uzak wagt iki göwünli bolup, ýaýdanjyrap gezip bolanok, soltanyň sargan maglumatyny tiz goýbermeli.

Huseýin hoja Anuş-teginiň uzak dymmagynyň sebäbini özüçe düşünip, oňa aladaly ýüzlendi:

-Şyhny hezretleri, eger meniň gepim size makul bolmadyk bolsa...

-Ýok, Siz dogry gep aýtdyňyz. Men başga zat hakynda pikirlenip otyryn. Biz Soltanyň soran maglumatyny kän eglenmän ibermegimiz gerek. Siz ýagdaýy bolşy ýaly görkezip, nama taýýarlaň, ýöne harby harajatlara köp serişde goýbermeginiň sebäbini Ekinçiniň aýdanyna güwä geçip däl-de, onuň aýtmagyna görä diýip ýazyň. Ony Soltanyň özi nähili düşünse düşünibersin.

Anuş-teginiň bu gelen karary Huseýin hojanyň hem göwnünden turdy:

-Hop, Şyhny hezretleri, namany şu günüň özünde, Soltanymyza hämdu-senalar bilen aýdyşyňyz kimin taýýarlaryn.

Şol günüň ertesi Huseýin hojanyň taýýarlan namasy Anuş-teginiň möhri basylyp, ýörite çapar bilen İspihana iberildi. Indi Soltanyň oňa nä derejede üns berjegine garaşybermelidi.

-Hojam, Soltanymyz namany alandan soň näme çäre görer öýüdýäňiz?-diýip Anuş-tegin howatyrly sorady.

-Eger Ekinçiniň deliline ynansa hiç hili çäre görmez. Eger ynanmasa... bilmedim. Belk onuň özüni bir bahana bilen Ispyhana çagyryp aldyrar.

[8] Terkip-düzüm

-Dogry. Şeýle etmegi mümkin. Onsoň ol ýerde oňa näme çäre görse görer.

-Emma... emma Ekinçi barsa jezalandyryljagyny aňyp, barmazlygy mümkin. Şunuň ýaly ýagdaý Horezminiň Gazna tabynlyk wagtynda hem bolupdy. Soltan Mahmyt Gaznalynyň Horezmine goýan dikmesi Altyntaş özbaşdaklyga meýil edip, goşun toplap başlanyndan habardar bolan Soltan Mahmyt ony bir bahana bilen Gazna çagyrýar. Emma Altyntaş barsa jezalandyryljagyny bilip, barmaýar.

-Onsoň näme bolýar?

-Ondan soň bolan zat kän. Häzir Size gürrüň bersem köp wagt gerek.

-Hojam, biz nesibämiz çekip gelen ýurdumyzyň geçmişini bilsek gowy. “Geçmişi bilmedik geljegi-de öňünden görüp bilmez” diýipdirler. Şonuň üçin siz maňa Horezminiň taryhyndan birneme sapak berseňiz, Sizden biçak minnetdar bolardym. Siz ýurduň taryhyna belet bolsaňyz gerek.

-Juda belet bolmasamam, azda-kände bilýän. Ýöne Siz Horezminiň gadymyýetini bilmekçi bolsaňyz, ony köne kitaplardan taparsyňyz. Horezminiň döwlet hökmünde taryh meýdanyna çykmagy miladydan öňki müň ýyllyklardan gaýdýar. Beýik Watandaşymyz Aburaýhan Muhammet ben Ahmet al Biruny özüniň “Asar al-bakyýa” atly kitabynda gadymda Horezminde höküm süren Horezmşalaryň üç ýüzden hem böp bolmagyny aýdyp, olardan ýigrim biriniň atlaryny getirýär.

Ýakyn geçmiş barada bolsa ýagny Mämünler nesilşalygynyň syndyrylyp, Horezmin Gaznanyň tabynlygyna geçen wagtyndan beýlesindäki wakalar beýan edilen bir depder bar mende. Ony öz döwründe köşk şahyrlarynyň biri parsyda nazm bilen ýazypdyr. Men ony kyssada öz dilimize öwürdim. Isleseňiz şu depderi bereýin, isleseňiz özüm gürrüň bereýin.

Anuş-tegin Huseýin hojanyň aýdan depderini alyp, ony işden soň agşamlaryna höwes bilen gyzygyp okady. Depderiň başky setirleri Allanyň adyna adatdaky hämdu-senalardan ybarat bolup, wakalaryň beýany şeýle başlanýardy.

## III BAP

"Alkyssa sene 408 safarda Soltan Mahmyt Gaznalynyň eradasy bilen onuň ýakyn hajyplarynyň biri emir Altyntaş Horezminiň tagtyna çykdy. Oňa Horezmşa unwany berildi. Täji-tagta eýe bolan adam tiz üýtgeýän bolmaga çemeli, Altyntaş hem ýaňy ýakynda Soltanyň öňünde gol gowşuryp duran gulamdygyny unutdy. Ol indi hakyky hökümdarlara

mahsus bolan endiklere, häsiýetlere eýe bolup başlady. Ol horezmşalardan galan altyn nagyşly tagtda oturup, köp zatlara göwün ýüwürdýärdi: “Men şunça ýyllap Soltan Mahmyda gol gowşuryp hyzmat etdim. Onuň igenjine-de, käýinjine-de çydadym. Indi Alla maňa şu täji-tagty rowa gören bolsa, mundan soň men özbaşdak, garaşsyz hökümdar bolmaly. Hörezmin öňde-de özbaşdak gudratly döwlet bolupdyr. Men onuň öňki gudratyny dikeltmegim gerek. Munuň üçin güýçli goşuna eýe bolmaly. Ondan soň Soltan Mahmyda "aňyrrakda gez gözüňe çybyk deger” diýse bolar. Emma häzir muny aýdyp bolmaýar. Öňürti güýçli goşun toplamaly, goňşy ýurtlaryň birkisi bilen dostluk şertnamalaryny baglaşmaly... Altyntaşyň hyýalyny salama gelen serkerde Arslan Jazyp böldi:

-Aly hezret, bir hili aladaly görünýäňiz, nämäniň aladasyny edýäňiz-diýip, ol şalara edilýän adatdaky tagzymdan soň sorady. Altyntaş serkerde göýä onuň içindäkini bilen ýaly oňa şübheli seretdi. “Soltan muny ýöne ýere meniň ýanymda goýup giden däldir. Muňa ynanyp içiňdäkini aýdyp bolmaz” diýen kellesine gelip geçen pikirden soň:

-Ýurduň baştutany bolandan soň onuň aladasyny etmän bolýamy. Biziň esasy aladamyz halkyň parahat durmuşyny saklamak, ony töwerekdäki göçmençileriň hüjüminden goramak. Munuň üçin güýçli goşun gerek. Häzir biziň ygtyýarymyzdaky Soltanyň goýup giden ojagaz leşgeri bilen goranyp bolmaýar. Soltanyň goşuny bolsa daşda. Şonuň üçin özümiz goşun toplamaly-diýip, sözüniň serkerdä nähili täsir edenini bilmek üçin oňa synçy nazaryny dikdi. Serkerde Arslan Jazyp içindäkini daşyna çykarýan adamlardan däl ekeni. Ol:

-Siz şeýle karara gelen bolsaňyz yzyny Alla oňarsyn-diýdi. Içinden bolsa “Onuň bu işi soltana ýararmyka? Adatda bir güýçli goşunyň eýesi başga ýerde ýene bir güýçli goşunyň döremegini halamaýar-a, onda-da öz garamagyndaky ýurtda” diýip, gyjyndy. Arslan Jazyp Altyntaşyň täze toplajak goşunyny onuň ygtyýaryna bermejegini bilse-de synamak üçin sorady:

-Aly hezret, güýçli goşuna örän tejribeli serkerde-de gerek bolar. Bu ýurtda şeýle serkerde tapylarmyka?

Altyntaş Arslan Jazyba garap, kinaýaly ýylgyrdy:

- Güýçli goşuna tejribeli serkede-de bar-a.

Arslan Jazyp özüni nazarda tutup aýdylan söze düşünse-de, düşünmedik bolup:

-Siz şeýle güýçli goşun toplasaňyz, biziň bu ýerde geregimiz ýok. Men öz esgerlerim bilen ýurda gaýdybersem-de bolýar - diýdi.

-Ýok! Men sizi hiç ýere goýbermen. Goşuny bile toplarys.

Arslan jazyp Soltanyň halamajak işine özüniň goşulmagyny islemese-de, “Patyşanyň emri wajyp” diýen öňden gelýän kanuna boýun egmeli boldy.

Altyntaş aýdanyny edip, töwerekdäki türki taýpalaryñ, Horezmiň men diýen edermen ýigitlerinden goşun gullygyna çekip başlady. Gürgenjiň gylyç, galkan, naýza, keman, peýkam ýasaýan ussalary gije-gündiz körük basyp, ýarag ýasadylar. Bu işleriň başynda Altyntaş Arslan Jazybyň özüni goýdy. Bu işler barada Gazna habar ýetiräýmesin diýip onuň özüne bildirmän, berk gözegçiligiň astyna aldy.

Bir ýyla ýetip ýetmän Altyntaşyň göwnündäki goşun toplandy. Arslan Jazyp kyn işden eli boşap, indi arkaýyn uly goşuna serkerdelik ederin diýen wagty Jeýhuna gark bolup, dereksiz ýitdi..."

Anuş-tegin ýazgynyň şu ýerine gelende tisginip gitdi, özüni Arslan Jazybyň, Ekinçini Altyntaşyň ýerinde goýup, göz öňüne getirdi. “Juda meňzeş ýagdaý, örän ogşaş waka. Taryh gaýtalanaýmasa ýagşy” diýip içini gepletdi. Depderi ýapyp, bir salym dymyp oturdy. Onuň oýa çümüp oturanyny gören mährem aýaly garşysyna gelip çökdi-de ýuwaşlyk bilen elinden depderi aldy:

-Okap ýadadyňyzmy?-diýdi. Anuş-tegin:

-Ýok, ýadamadym. Bu dünýäniň işlerine haýran galyp otyryn. Durmuşda arasyna asyrlar düşse-de biri-birine juda meňzeş wakalar bolýan ekeni-diýdi.

-Bolsa bolsun, onuň size näme dahyly bar. Irräk ýatyp, dynjyňyzy alyň, güni bilen işiňizde-de ýadaýaňyz, ahyryn - diýip, aýaly depderi bermän turup gitdi. Anuş-tegin aýalynyň mähribanlygyny ret etmäge göwni bolman, huptan namazyny okap ýatylýan otaga geçdi. Emma uzak wagt uklap bilmedi. Okan wakalarynyň soňy nähili bolarka diýip, özüçe çaklady. Olary häzirki ýagdaýa deňeşdirip, özüniň Ekinçi bilen aragatnaşygynyň soňuna göz ýetirjek bolup gördi. Birdenem kellesine Altyntaşyň Arslan Jazyba ulanan çäresini Ekinçi-de ulanaýmagy mümkin diýen pikir geldi. Ýene “Ýok, ol beýle işi edip bilmez. Onsoňam Soltana nama baryp ýeten bolsa ony tizarada ýygnar” diýip, ýüregi düşüşdi.

Ertesi Anuş-tegin işinden ýadap gelse-de, şamlyk naharyndan soň depderi ýene eline aldy, wakalary yzarlap ugrady:

"Serkerdeleri ýitirim bolandan soň onuň esgerlerinden ikisi gaçdylar. Olaryň gaçany köşge iki günden soň mälim boldy. Ýogsa yzlaryndan kowgy iberip, tutup getirerdiler. Gaçaklar sag-aman Gazna ýetip bardylar. Şeýlelikde Altyntaşyň goşuny, serkerde Arslan Jazybyň ýogalany hakyndaky habarlar Soltan Mahmyda ýetip bardy.

Horezminden gelen garaşylmadyk bu habar ýaşy bir çene baran soltany öňküleri ýaly derhal ýaraga ýapyşmaga ündemedi, tersine birneme ejizleden ýaly etdi:

-Ýa Alla, bu adamlary nä tüýsli edip ýaratdyň! Düýn öňümde dyzyna çköp, tagzym edýän gulamym bu gün özüni şa saýyp, bizden bidin güýçli goşun toplapdyr. Kimiň garşysyna?! Töweregindäki taýpalaryň garşysynamy? Ýok, olaryň garşysyna meniň goýup gaýdan esgerlerim hem ýeterlikdi. Serkerde Arslan Jazybyň derýa gark bolmagynda-da onuň eli bolmaly. Bu şübhesiz-diýip, zeýrenip oturan Soltany tagtyň töweregindäki wezir-wekiller eýle däldir, beýle däldir diýişip, köşeşdirmäge çalyşdylar. Soňunda wezileriň biri:

-Kyblaýy älem, Altyntaşyň özüni bir bahana bilen çagyryň. Geleninden soň ony näme etseňiz ygtyýaryňyz-diýdi. Soltan Mahmyt Altyntaşyň geljegine gaty bir ynamy bolmasa-da, agtyklarynyň birine toý edýändigini aýdyp, toýa çakylykçy hökmünde bu maslahaty beren weziriň özüni iberdi. Uzak ýoly söküp, Gürgenje baryp ýeten weziri Altyntaş hormat bilen garşy aldy. Hezzet baryny etdi. Emma gezek çakylyga gelende ony ret etdi.

-Muhterem jenap wezi r- diýip, ol mylaýymlyk bilen söze başlady.
-Men siziň bilen Gazna gidip biljek däl. Eger şeýle toý bar bolsa, toýy oňuna bolsun - diýmek bilen ol hiç hili toý ýok, bu bir bahana diýen manyny ýaňzytdy. Soňunda dogrusyny aýdyp gepleşeli. - Soltanymyz meniň goşun toplanymy eşidip, ony başgaça düşünen bolmaly. Men goşuny biriniň üstüne ýörüş etmek üçin toplamadym. Ony Horezminiň üstüne ýörüş etjeklerden goranmak üçin topladym. Meniň şu sözlerimi soltanymyza ýetirmegiňizi sizden towakga edýärin.

Ine şu sözler bilen Altyntaş Horezmiň güýjini mälim edip, weziri Soltana sowgat salamlar bilen ugradyp goýberdi. Wezir Gazna ýetip gelende Soltan Mahmyt agyr dert bilen düşekde ýatyrdy. Ol:

-Altyntaş gelmedimi?-diýip, wezire getirip bilmediň diýen manyda ýaman gözi bilen garady. -Ol meniň çakylygymy ret etmäge niçik milt edip bildi. Sag-aman ýerimden galsam, onuň bilen hasaplaşaryn-diýdi. Emma ýerinden galmak oňa nesip etmedi, özüniň köp ganly gowgalar salan dünýäsi bilen hoşlaşdy.

Soltanyň ölümi hakyndaky ajy habar Altyntaşyň gulagyna buşluk bolup degdi. Çünki, Soltanyň çakylygyny ret edişine etdi welin, munuň soňunyň nähili boljagyny bilmän howatyrdady.

Taryhda boşap galan tagt üçin göreşler, jedelli jeňler sanardan köpdir. Soltan Mahmyt Gaznalydan galan tagta eýe çykmak üçin onuň ogullarynyň arasynda göreş başlandy. Bu göreşde Altyntaş şazadalaryň hiç haýsysynyň tarapyny çalmady. Eger biriniň tarapyny çalsa beýlekisi oňa duşman boljakdy. Eger ol tagta çykaýsa has howply duşman gazanjakdygyny bilýärdi. Hernä bu göreş uly bir gandöküşükliksiz uzaga çekmän çözüldi. Öz diýenli, gujurly, mekirlikden hem paýly şazada Masut agasy Muhammetden tagty gaýtaryp aldy. Indi ol şazada däl, Soltan Masut bolup, ýurda hökümdarlyk edip başlady. Entek onuñ taryha nähili hökümdar hökmünde girjegi belli bolmasa-da, pederiniñ görelbesine eýerp, ylma, edebiýata, sungata sarpa goýýandygy bellidi. Kakasynyň döwründe Gürgençden gelen horezmli beýik alym Aburaýhan al Biruna howandarlyk edýärdi.

Altyntaş Soltan Mahmydyň döwründe onuň köşgünde ýakyn adamlarynyň biri bolup işleýärkä şazada Masudyñ häsiýetlerine belet bolupdy. Ol özüniň tejribeli serkerde, parasatly syýasatçydygyny Masudyň hem bilýändigini nazarda tutup, oňa şu ugurlarda halypalyk etmekligiň hyýalyna mündi. Şu hyýal bilenem ýaş Soltana maslahat hökmünde nama gönderdi. Nama ýetip gelende Masut köşgünde wezir-wekilleri bilen maslahat geçirip otyrdy. Saraý sahyby girip, Horezmden çapar gelenini habar bereninde Masut Altyntaşdan gutlag bilen sowgat-salamlara garaşýan bolsa-da:

-Näme habar bilen gelipdir?-diýdi.

-Size horezmşa Altyntaşdan sowgat-salamlar bilen bir nama getiripdir - diýen sahyba çaparbaşyny çagyrmagy buýurdy. Kyrk atly çaparyň baştutany girip, tagzym bilen iki elläp namany uzatdy. Namany okaýarka Masudyň ýüzünde kinaýaly ýylgyryş peýda boldy. Nedimler soltanyñ ýüzündäki manydan namada möhüm gepiň ýokdygyny aňdylar. Masut Altyntaşyň akyl öwredýänini kinaýalap ýylgyrypdy. Altyntaş bolsa Masuda gutlaglar bilen hemdu-senalardan soň dogry maslahat berip, şeýle sözleri ýazypdy: “...Mawerenahyryň hökümdary Aly Tegin biziň ganym duşmanymyz. Duşman hiç haçan dost bolmaz. Şeýle-de bolsa, onuň bilen şertnama baglaşyp, ýakynlaşmak gerek. Bu juda zerur. Balh, Taharystan, Saganian, Termez, Kuwadian, Huttal welaýatlaryny goşun bilen üpjün etmek gerek. Çünki, ol bu goragsyz welaýatlara çem gelen wagty çozup talar. Kaşgaryň hany Kadyrhan bilen hem arany

sazlamak gerek. Jaýy jennet Pederiňiz ony tagta çykarmak üçin köp alada etdi. Indi onuň bilen dostlugyň berkleşmegi üçin ony goldamaly. Ol bize hakyky dost bolup bilmese-de iş ýüzünde gowy gatnaşygy saklasak başgalary bize garşy küşgürmez...”

Masut namany ilki okanynda ony kinaýa bilen kabul eden bolsa-da Altyntaşyň maslahatlaryny amal etmegi ýüregine düwdi. Aradan köp wagt geçenden soň Kaşgara özüniň ynamly, mertebeli adamlaryndan ilçiler iberdi. Ilçiler Kadyr hana Masudyñ tagta çykanyny habar bermek bilen onuň aralaryndaky dostlygy has berkleşdirmegi isleýändigi, munuň üçin Kadyr hanyň gyzyny Masudyň özüne, ogly Bogra teginiň gyzyny Masdyň miras düşer ogly Mawduda soraýandygyny aýtmalydylar. Kadyr han ilçileri güler ýüz bilen garşylap, Masudyň tekliplerini hoşallyk bilen kabul etdi.

Şeýlelikde Soltan Masut Kadyr han bilen arany sazlap aldy. Indi onuň esasy ünjüsi Mäwaranahyr hökümdary Aly Tegindi, dogrusyny aýdanda, diňe olam däl, güýçli goşunyň eýesi Altyntaş hemdi. Elbetde, goşuny näçe güýçli bolsa-da ol Gazananyň üstüne ýörüş etmäge milt edip bilmez. Ýöne goşunyna daýanyp, islän wagty garaşsyzlygyny yglan eder. Üstüne goşun çekjegiňi bilse-de, başga döwletler bilen garşyňa şertnama baglaşar.

Kakasy Soltan Mahmyt hem şu ýagdaýlaryň ýüze çykmagyndan howatyr edýärdi. Eger ony Gazna çagyryp alyp, ýoguna ýanyp bolsady bir ünjiden dynardy. Emma ol gelmez. Kakasy çagyranda-da gelmedi. Eger gelse Horezmine gaýdyp barmajagyny bilýär, bileni üçinem gelmez. Şonuň üçin onuň Aly Tegin bilen ýakynlaşmagynyň öňüni alyp, özi arany sazlamaly. Emma Solatan Masudyñ bu arzuw-hyýaly amala aşmady. Aly Tegin onuň bilen kes kelläm ylalaşyga barmady. Çünki Masut agasy Muhammet bilen tagt üçin göreşip ýöreninde Aly Teginden kömek sorap, oňa Huttaly bermegi wada beripdi. Emma tagta çykanyndan soň ol wada unudyldy. Şundan soň Aly Tegin guýrugyna basylan ýylana döndi. Aly-Tegin bilen arany sazlap bolmajagyna gözi ýeten Soltan Masut indi başga ýol tapdy. Ol bir okda iki towşany almakçy bolup, Altyntaşa Mawaranahyra ýörüş etmegi teklip etdi. Özüniň hem bäş müñ atly goşun berjegini duýdurdy. Horezm resmi taýdan Gaznanyň tabynlygynda bolansoň bu teklip buýruga barabardy. Şeýle bolsa-da Altyntaş ony ret edip bilerdi, emma hökümdarlara mahsus bolan ýer-ýurt, olja, ýesir almak islegi oňa-da ýat däldi. Şoňa görä-de, ol Soltan Masudyñ teklibini höwes bilen kabul etdi. Horezminiň gazaply gyşy çykyp, baharyň mylaýym ýelleri öwsüp

başlanynda Altyntaş Mawranahyra goşun çekdi. Aly Tegin Buharanyň goragyny gazylara tabşyryp, Arkyň goragyna 150 gulamy goýdy. Özi esasy goşuny bilen Dubusi tarapa çekildi. Altyntaşyň leşgeri Buharany gabanynda gazylar hem ilat hem aman diläp, teslim boldylar. Arkyň goragçylary bolsa peýdasyz garşylyk görkezdiler, olaryň segseni heläk bolup, ýetmişi ýesir düşdi. Ark hem alyndy. Emma Dubusydaky esasy goşun bilen söweşde Altyntaş agyr ýaradar boldy. Ony söweş meýdanyndan çadyryna getirdiler. Bir salymdan özüne gelip, gözüni açan Altyntaş:

-Söweş gidip durmy?-diýip sorady. Onuň baş ujunda oturan wezir:

-Gidip dur, Aly hezret, duşman haýallap başlady, nesip bolsa...

-Onuň ýaly bolsa jeňi togtadyň, şunça gan döküleni ýeter-diýip Altyntaş weziriň sözüni böldi. Onuň bu gepi wezire-de makul boldy. Ol şu ýerde duran hajyplaryň birine:

-Eşitdiňizmi, Şanyň emrini derhal leşgere ýetiriň!-diýdi. Söweş togtadyldy. Ýeňip barýan goşunyň birden söweşden el çekmegi diňe öz urşyjylaryny däl, duşman tarapyny hem geň galdyrdy.

-O tarapdan adam çagyryň, ýaraşygyň ýoluny ediň-diýip, naýynjar görnüşde ýatan Altyntaş wezirine ýüzlendi. Aly Tegin Gazna bilen ylalaşyk etmese soltan Masut ony parahat goýmaz. Bu sapar bizi goýberen bolsa, indiki sapar özi goşun çekip geler. Şony Aly Tegine düşündirmek gerek.

Altyntaşyň soňky sözüniň äheňinden özüniň goşun çekip gelenine ökünýändigi bildirip durdy. Wezir hökümdarynyň agyr ýaralydygyny syr tutup, Aly Teginiň weziri bilen ikiçäk duşuşyk gurady.

-Muhterem kärdeş, biz siziň üstüňize öz ygtyýarymyz bilen goşun çekip gelmedik. Bu soltan Masudyñ buýrugy bilen Boldy. Munuň hem sebäpçisi siziň hökümdaryňyz Aly Tegin hezretleriniň özi. Ol soltan Masudyñ ylalaşyk hakyndaky tekliplerini ret edip, arada duşmançylyk döretdi. Indi size maslahatymyz: hökümdaryňyzy Gazna bilen ylalaşyk etmäge yryň. Bu işde horezmşa Altyntaşyň araçy boljakdygyny aýdyň. Ýogsa soltan Masut sizi parahat ýaşatmaz.

Aly Teginiň weziri kärdeşiniň sözlerini üns bilen diňläp, maslahatyň dogrudygyna ynanç hasyl etdi we ony hökümdary Aly Tegine ýetirjekdigine söz berdi. Aly Tegin häzirlikçe başga çykalga bolmanyndan soň bu teklip bilen razylaşyp, Altyntaşyň karargahyna ilçilerini iberdi. Ýagdaýynyň gowy däldigine garamazdan Altyntaş ilçileri kabul etdi. Ýaraşyga gol çekildi. Gazna bilen hem ylalaşyga gelinýän boldy. Şundan soň Aly Tegin Saginýana gaýtdy. Horezme

Altyntaşyň özi däl-de, jesedi geldi. Ony patyşalara mahsus bolan däp-dessur bilen uly hormat görkezip jaýladylar.

Altyntaşyň ölümi hakyndaky habar Gazna ýetip baranda soltan Masut gynanmagyň ýerine bir howply adamdan dynanyny kem görmedi. Emma Altyntaşyň Gurgençde iki gerçek ogullarynyň bardygyndan, goşun hem häzir olaryň elindediginden çekinip, döwleti olaryň elinden almaga milt edip bilmedi. Emma indi Altyntaşyň ýerine boljak onuň ogluna doly hökümdarlyk hukugyny bermezlige karar etdi. Şu mazmunda ýazylan perman bilen baş wezirini we ogly Mawdudy Gürgenje özüniň gynanjyny ýetirmek hem-de ýurda täze baştutan bellemek üçin iberdi.

üç hepde diýende kyrk atly nökeri bilen ýetip gelen şazada Mawdudy we soltanyň baş wezirini Gürgenjiň kethudalary, köşk emeldarlary, Altyntaşyň ogullary hormat görkezip garşy aldylar. Gaznalylar soltanyň adyndan we özleri merhumyň maşgalasyna gynanç bildirip, onuň gubrynyň üstüne bardylar, aýat-töwir okatdylar. Şundan soň köşgüň öňündäki meýdanda bolan köp adamly ýygnanyşykda soltanyň baş weziri birinji bolup, nutuk sözledi. Ol ilki Altyntaşyň ajaýyp feziletleri[9], mertligi, tejribeli serkerde, parasatly hökümdardygy, öz soltanyna wepalylygy barada aýdyp, yzyndan soltan Masudyň Allanyň ýerdäki saýasydygyny, onuň adyllygyny sahawatlylygyny nygtap, Horezmine mydama adalat gözi bilen seredýändigi, bu ýurtda hemişe asudalygyň, bolelinligiň bolmagyny isleýändigi hakynda agyz köpürdip gürläninden soň esasy meselä göçdi.

-Muhterem möminler, Allanyň eradasy bilen horezmşa Altyntaş dünýäsini täzeledi. Indi şeýle tejribeli serkerde, parasatly döwlet baştutanynyň ýerini doldurmak gaty kyn. Şoňa görä soltanymyz Altyntaşyň işlerini dowam etdirmek, ýurdy parasatly dolandyrmak üçin bir kelleden iki kelle ýagşy diýen hak gepe eýerip, horezmşa unwanyny özüniň ogly şazada Mawdud hezretlerine dakyp, onuň adyndan ýurdy dolandyrmaklyga Altyntaşyň ogly jenap Haruna ygtyýarnama berdi. Ine şular barada meniň elimde soltanymyzyň permany bar. Şu permana laýyklykda ýurda jar çekdirmeli.

Wezir sözüni gutaryp gutarmanka märekede gowur başlandy. Harun bolsa kalbyndan atylyp çykan gazabyny saklajak bolup, dişini gaýym gysyp durdy. Şazada Mawdut rejäniň düzüw däldigini aňyp, bir elini ýokary galdyryp, märekä ýüzlendi:

---

[9] Fezilet-gowy häsiýet, artykmaçlyk

-Halaýyk! Dynçlanyň! Sakawuň soňuna seret diýen gep bar. Men Gaznada şazada, Horezminde şa bolsam-da şanyň tagtyna geçip oturjak däl. Ol tagt gardaşym Harunyňky. Eger ol ýurdy meniň adymdan dolandyranynda ýaman işleri etmän, ýagşy işleri etse men razy...

Şazada dile çeper adam eken, ol çyn ýüregindenmi ýa dil ujundanmy adamlaryň ýüreginden turýan sözleri tapyp, märekäni köşeşdirdi. Emma Harunyň gahary köşeşenokdy. Ol özüni kemsidilen, degnasyna degilen hasap edýärdi. Hernä ol gaznalylar bilen saçak başynda-da, Mawdut bilen ikiçäk gepleşikde-de gahar-kinesini daşyna çykaranokdy. Sebäbi kakasynyň döwründen bäri bir dogany Gaznada soltanyň hyzmatyndady. Soltanyň ony girew hökmünde saklaýandygyny kakasynyň patasyna-da goýbermändiginden bildi. Ýogsa özdiýenli, namysjaň Harun özüni kemsidiji perman üçin bu gelenleri yzyna it salyp kowardy. Gaznalylar Gürgençde köp eglenmediler. Ikiüç gün dem-dynçlaryny alyp Gazna gaýtdylar.

***

Horezmşa unwanyny alan Mawdut daşda-Gaznada bolansoň Gürgençde hökümdarlyk edýän Harunyň öz eli, öz ýakasydy. Onuň hem kakasy Altyntaş ýaly özbaşdaklyga meýli ýok däldi. Arada garaşylmadyk ýerden bir pajygaly ýagdaýyň ýüze çykmagy Harunyň Soltan Masut bilen arasynyň düýpgöter bozulmagyna sebäp boldy. Harunyň Gaznadaky dogany üçekden ýykylyp heläk bolýar. Bu habary ýetirenler onuň tötänden däl-de soltan Masudyň gizlin buýrugy bilen itip goýberenligini ýaňzydýarlar. Öňem degnasyna deglen Harun bu habaryň anygyna ýetmän gazaba mündi.

-Eziz adamlar, Soltan Masut biziň gaşyşymyz ýaly, pederi soltan Mahmyt Gaznaly kimin adalatly, hakykatçy, sahawatly soltan bolmady.- diýip, bu sowuk habar mynasybetli köşge çagyran wezir-wekillerine, serkerdelere, şäheriň kethudalaryna ýüzlendi. - Ol jaýy jennet pederimizi Mawerannahra uruşa iberip, onuň ölümine sebäpkär boldy. Ol horezmşa uruçda wepat bolaýsa, öz ogly Mawdudy horezmşa edip, bizi onuň gullugynda goýmagy öňünden meýilleşdiren ekeni. Ine indi bolsa doganymyzy-da hile bilen öldüripdir. Biz bu horluklara çydap, ýene näme sütemleriň bolsa ediber diýip, ýaşasak pederimiziň ruhy bizi bagyşlamaz...

Harun, entek, sözüni gutarmanka serkerdeleriň hatarynda oturan inisi Handan:

-Masudyň hem, Mawdudyň hem atlaryny hütbeden aýyryp, Horezminiň özbaşdaklygyny jar etmeli-diýip gygyrdy. Bu elbetde, agasynyň pikiridi. Wezirleriň biri:

-Harun ibn Altyntaşy Horezmşa diýip hem jar çekdirmeli-diýip ýerinden turup aýtdy. Oturanlaryň ählisi orta atylan teklipleri goldap seslendiler. Şundan soň Haruna aýdara gep hem galmady.

Horezminiň garaşsyzlygy jar edilip, atlarynyň hutbeden aýrylandygy baradaky habar Soltan Masudyň tas ýüregini togtadypdy. Ol gaharyny kimden çykarjagyny bilmän ogly Mawduda:

-Men saňa Horezmşa unwanyny berdim, sen bär-de däl-de, Gürgençde oturmalydyň!-diýip, ajysyny pürkdi. Mawdut:

-Men Gürgençde bolan bolsam, üçekden ýykylyp ölen doganynyň ýerine Harun meni minaradan okladyp öldürerdi.- diýdi.

-Doganynyň ýazgydy şeýle bolsa, biziň näme günämiz bar. Alla tarapyn bolan bu işde-diýip, Soltan elini göterip ýokara yşarat etdi.

-Olar muny siziň aýdyşyňyz ýaly düşünmändirler-de. Belki duşmanlarymyz bu bolan pajygadan peýdalanyp, olaryň ýüreklerini çişirendirler.

-Akylly-başly adam her gep-gybata ynanmaz. Harun hem ynanan däldir. Çünki olaryň inisiniň ölüminden girew hökmünde elimizde bolany gow-a. Ýöne oňa bahana gerek bolan bolmaly. Näme bolsa-da, bu dönükligi bagyşlap bolmaz. Munuň bir çäresini görmeli bolarys-diýip, Soltan özüni birneme köşeşdirdi.

Harun bolsa garaşsyzlygyny jar edeni bilenem köşeşenokdy. Ol Soltan Masutdan ar almaklygyň küýüne düşüp, goşunynyň sanyny artdyryp başlady. Munuň üstesine Mawerannahyryň hökümdary, gaznalylaryň ezeli duşmany Aly Tegin bilen harby hyzmatdaşlyk barada şertnama baglaşdy. Bu şertnama laýyklykda Harun Horasana, Aly Tegin Termez bilen Balha ýörüş etmelidiler. Emma Aly Teginiň biwagt aradan çykmagy bu ýörüşi yza çekdirdi. Şundan soň Harun Horasana ýörüşi üçin Jendiň hökümdary Şa Meligi, ýardama çagyrdy. Şa Melik ilki onuň bu işini sözde goldady we on bäş müň atly esger bermägi wada etdi. Olar bu barada ylalaşyga gol çekişmek üçin derýanyň ortasynda gämide duşuşmalydylar. Ikisi-de Jeýhunyň boýuna bardylar. Jendden derýanyň özi tarapdaky demirgazyk kenaryna gelen Şa Melik günorta kenardaky Harunyň agyr leşgerini görüp, göwnüne bir çiglik gitdimi, nämemi beren sözünden dänip, yzyna gaýdyp gitdi. Haruny başa barmadyk bu iş hem raýyndan gaýtaryp bilmedi. Ol indi Aly Teginiň ogullaryna ýüzlendi. Öň

kakalary Aly Tegin bilen baglaşylan şertnamany gaýtadan güýje girizip, olar aňyrdan Harun bäriden ýörüşe başladylar.

Harunyň çar tarapa at salyp Gaznanyň garşysyna güýç toplaýandygyndan habar tapan Soltan Masut onuň ilkinji hereketinden gazaplanan wagtynda dile alan çäresini tizleşdirdi. Ol bu çäräni amala aşyrmak üçin goşunyň, gylyjyň güýjine däl-de, altyn-zeriň güýjüne daýandy.

***

Özüniň ölüme höküm edilendiginden bihabar Harun Horasana tarap uly ynam bilen agyr leşgeriň öňüni çekip barýardy. Ýeterli sepelän ýaz ýagşy ýoluň tozanyny basypdy. Baharyň hoştap howasy leşgeriň ruhyýetine gowy täsir edipdi. Daň atandan giç öýläne çenli ýol söküp gelýän goşun düşelge üçin bir amatly ýeriň üstünden çykyp, şu ýerde goş ýazdyrdy. Indi özüni Horezmşa yglan eden Harun üçin derhal şahana çadyr dikildi. Onuň keýpi kökdi. Şertnama baglaşan şärigi Mawerannahyryň hökümdarynyň eýýam Saginýany alyp, Termeze tarap barýandygy barada habar gelip gowuşdy. Termezden soň ol derýadan geçip, onuň bilen goşuluşar. Iki uly goşun birigip, Horasana aralaşanda soltan Masut bu uly güýjüň öňünde durup bilsin-de!

Şeýle süýji hyýallar bilen uka giden Haryna gaýta oýanmak nesip etmedi. Bu işi amala aşyrmak üçin öňräkden taýýarlyk görülýärdi. Harunyň Horasana ýörüşi başlanmazyndan bir aý çemesi öň Gürgenje Gaznadan gelen Kerwen bilen gaýdan bir söwdagär kerwensaraýda düşlemän, köşge ýakyn ýerden jaý tutdy. Jaýyň eýesi ýeke özi ýaşaýan ýaşuly adam ekeni. Ol öň Horezmşa Abul Abbasyň döwründe köşkde hyzmatda bolup, ýurdy gaznalylar alansoň ony köşkden çetleşdiren ekenler. Häzir hem onuň köşkde hyzmatdakylardan birki tanyşlary bar eken . Söwdagär oňa gowuja eçilip, köşkdäki tanyşlarynyň biri bilen duşurmagyny haýyş etdi. Şol günüň ertesi giç agşam ýaşuly yzyna bir ýigidi tirkäp geldi. Ol ony patşanyň ýakyn gulamlarynyň biri diýip tanyşdyrdy. Salam-alekden soň Söwdagär onuň taryna kakyp gördi.

-Biradar, meniň patşaňyzdan bitjek bir işim bar, eger siz şuňa kömek etseňiz, meniňem size bir uly sowgadym bar.

-Onuň näme işdigini aýtsaňyz bitirjek bolup görerin, eger özüm oňarmasam patyşamyza has ýakyn hyzmatda bir dostum bar şoňa haýyş ederin.

Söwdagar bir salym dymyp bir zatlary oýlan kişi boldy. Soňra:

-Meniň işim patşaňyzyň Horasana etjek ýörüşi bilen bagly. Öňürti ol ýörüşiň haçan başlanjakdygyny bilmeli.

-Ony-da şol dostumdan anygyny bilip bererin, jenap.

-Gowusy, siz onuň özüni şu ýere çagyryp getiriň. Üçümiz oturup, meniň patşaňyzdan bitjek işimiň maslahatyny bile ederis-diýip, söwdagär kisesinden bir gysym tylla alyp, gulamyň eline jyňgyrdadyp dökdi. Şunuň bilen gulamyň aýdylan teklibe gep-sözsüz razylygy gazanyldy. Şol günüň özünde gijäniň ýaryna golaý ol dostuny alyp geldi. Onuň "dostum" diýeni ýaşy jähetden özünden ekabyrrak gözleri ýanyp duran hyjuwly, daýaw pyýada ekeni. Salam-älekden tanyşlykdan soň söwdagär patşanyň endikleri, gylyk-häsiýeti barada soraşdyran boldy, soňundan:

-Ýigitler, eger şu iş bitse, ikiňizem ömrüňiz ötýänçä, nädip sowsaňyzam ýetýän altyna eýe bolarsyňyz-diýdi.

Bu gepden soň gulamlaryň ikisi-de, onça altynyň ýöne-möne iş üçin berilmeýändigini aňdylar. Soňky gelen ýigit:

-Jenap, siz bize beýle uly baýlygy wada edip, näme ýumuş buýurmakçy bolýaňyz? Aýdyň biz näme iş etmeli?

-Siz entek maňa Horasana ýörüşiň haçan başlanýandygyny aýtmadyňyz-diýip söwdagär soňky gelene ýüzlendi. Ol:

-Ýörüş basym, baharyň girmegi bilen başlanýar-diýdi.

-Onda patşaňyza bu ýörüşi bes etdirmeli. Iş ine şu. Gulamlar bu gepiň hakyky manysyny aňşyrman, biri-birine geň galyp seredişdiler. Olaryň ekabry:

-Ýörüşi bes etdirmäge patyşany yrmak biziň elimizden gelmeýär-diýdi. Söwdagär gulamlaryň sadalygyna ýylgyrdy, Soňra:

-Ony yrmak diňe siziň däl, hiç kimiň hem elinden gelmez. Şonuň üçin siz eliňizden gelýän işi edäýmeli-diýdi.

Häliden bäri edilýän gürrüňiň düýp maksadyna indi düşünen gulamlar:

-Ýok, ýok! Bu mümkin däl!-diýişip ör gökden geldiler. Söwdagär rahatlygyny bozman, gürrüň göýä adam däl-de serçe soýmak hakynda ýaly parahat gürledi:

-Bu ýerde, köşkde mümkin bolmasa, goý ol ýörüşe atlansyn, şonda birinji düşelgede ýa-da ikinji düşelgede siziň ýaly gerçek ýigitler munuň mümkinçiligini tapar. Onsoňam siziň bu haýyrly işiňizi Hudaý hem goldar.

-Diýýäniňiz näme, jenap, adam öldürmek haýyrly işmi?!

-Bir adamyň ölümi bilen müňlerçe adamy ölümden gutaryp bolýan bolsa, elbetde, haýyrly hem sogaply iş. Özüňiz pikir edip görüň, Harun Horasan goşun çekip baryp, Soltanyň goşuny bilen ganly söweş başlansa

näçe müňläp özüňiz ýaly ýigitler gurban bolar. Siziň özüňiziň hem ol ýerden aman gaýtjagyňyz belli däl. Eger siz şu işi amala aşyrsaňyz, özüňiz bilen azyndan ýigrimi, otuz müň adamy ölümüden halas etdigiňiz bolar. Onsoňam meniň berjegimden başga-da soltan Masut siziň ýedi arkaňyzy ýere degmez ýaly eder. Oýlanyp görüň, hem sogap, hem uly baýlyk.

Söwdagäriň sözleri gulamlary çyny bilen oýlandyrdy. Harunyň goşunynda özleriniň hem dogan garyndaşlary bar. Olar bilen özleriniň hem Horasandan sag-aman dolanyp geljekleri gumana... Eger şu işi gizlinlikde edip bolsa, hiç kim bulardan şübhe etmez. Onsoň bütin ömrüne ýetjek baýlyk... Bu pikirleri olary söwdagåriň teklibini kabul etmäge ündedi. Söwdagär içerki otaga girip, iki sany daşy zer nagyşly haltajyk alyp çykdy-da, olary gulamlaryň öňüne oklady.

-Bular hamyr ujundan petir diýen ýaly. Iş bitensoň ýene iki şunça alarsyňyz-diýip söwdagar gulamlary ynandyrdy.

***

Ine, häzir gulamlary söwdagäriň aýdan haýyr bilen sogapdan başga daşy zer nagyşly haltajyklardaky tylla teňňeler herekete girizipdi. Wagt gijäniň ýaryndan agypdy. Daň atandan agşama çenli ýol söküp gelen adamlar süýji ukudady. Harunyň çadyrynyň öňündäki iki sakçy hem irkilip otyrdy. Gulamlar şu amatly pursatdan peýdalanyp, çadyryň arka tarapyndan hanjar bilen dikligine dilip, aýak ujynda girdiler-de Haruny dynçlap çykdylar.

Patyşanyň öldürilenligi daň atandan soň mälim bolup, goşunda alasarmyk, bulam-bujar ýagdaý döredi. Harunyň inisi Handanyň katyly[10] tapmak hakyndaky berk talaby boýunça birini tutup getirdiler. Gorkusyna dili tutulyp, idilli gepläp hem bilmedik ol biçäräni Handanyň buýrugy bilen deň ikä bolüp taşladylar. Gulamlar patşanyň ýakyn adamlary bolansoň ilki olardan hiç kim şübhelenmedi. Emma soň geçirilen düýpli teftişiň netijesinde hakykat ýüze çykaryldy. Katyllygy eden gulamlara Gaznadan berlen altynlary sowmak nesip etmedi.

***

Soltan Masut göz öňünde tutan maksadyna ýetdi. Emma ol Harundan dynany bilen Horezmden hatyrjem bolup bilmedi. Agasynyň ýerine soltandan ygtyýarsyz tagta çykan Handan gaznalylaryň Harundan hem beter duşmanyna öwrüldi.

Soltan Masut indi bu duşmanyndan hem dynmak üçin çäre gözläp başlady. Onuň kakasynyň döwründen bäri hyzmatda gelýän bir dana

[10] Katyl-1.adamy öldüren, ganhor. 2. Katyl etmek-öldürmek.

geňeşdary bardy. Soltan Mahmyt ony käbir wezirlerinden hem ileri tutýardy. Masut ony özüne kän bir egilibermeýäni üçin halamasa-da kakasynyň göreldesine eýerip, oňa sarpa goýýardy. Soltan Horezminli mesele barada şu geňeşdaryna maslahat saldy.

-Mowlana, Siziň bilişiňiz ýaly Pederi buzurukwarymyzdan bize miras galan Horezminiň özümiz bellän emiri bize tabynlykdan ýüz öwürip, adymyzy hütbeden aýyrdy. Munuň üstesine biziň garşymyza goşun toplap ýörüşe çykdy. Allatagala onuň bu işlerini hoş görmedi, öz gulamlary tarapyndan öldürildi. Indi onuň ýerine bizden bidin tagta çykan Harunyň inisi Handan agasyndan hem beter duşmanymyza öwrüldi. Indi näme etmeli, Horezmine goşun çekmelimi, ýene gan dökmelimi? Siz näme maslahat berýäňiz.

-Kyblaýy älem, Horezmine Siziň goşun çekmegiňiz hökman däl. Siziň üçin Jendiň hökümdary Şa melik goşun çeker.

Geňeşdaryň bu gepine geň galan Soltan:

-Siz onuň goşun çekjekgini nirden bilýäňiz?-diýdi.

-Siz Horezmini onuň tabynlygyna berýänligiňiz barada bir resminama gönderseňiz, bolany, başga zat gerek däl. Geňeşdaryň pikiri Soltanyň göwnünden turdy. “Kelläň gowy işleýär garry köpek” diýip goýdy içinden. Emma derhal razylyk bildirmedi. Aradan bir gün geçip, geçmän geňeşdaryň aýdan resminamasyny taýýarlap, bir salamnama bilen Jende iberdi. Namada Şa Melige özüni dynçlykperwer edip görkezmek üçin ilki ilçiler arkaly parahatçylyk ýoly bilen Horezmini tabynlygyna almagy maslahat berdi.

Resminamany alan Şa Meligiň gökdäki dilegi ýere düşdi. Ol köpden bäri Horezmine onuň baý we ajaýyp paýtagty Gürgenje göz gyzdyrýardy. Ol kanuny hökümdar Soltan Masudyň resminamasyny ellerine berip, mertebeli adamlardan üç kişini ilçi edip, ýanynda nökerleri bilen Gürgenje iberdi.

Ilçiler Handanyň agasynyň ölümi hem-de Horasana paşmadyk ýörüş zerarly çekýän ezýetini ýüregine sygdyryp bilmän, kimdendir delalat isleýän mahaly geldiler. Handan olary bir döwletli teklip bilen gelendirler öýdüp, gowy kabul etdi. Hormat-hezzetden soň habaryny aýtmak pursaty gelende ilçileriň baştutany ýerinden turup Handanyň oturan tagtynyň öňüne bardy, tabşyryga görä diňe adyny aýdyp ýüzlendi:

-Muhterem jenap  Ysmayl Handan, Siziň hem, biziň hem kanuny hökümdarymyz Soltan Masut hezretleri Horezmini Jendiň tabynlygyna berenligi hakynda ine şu permany iberipdir -diýip, ilçi  resminamany Handana iki elläp uzatdy-da sözüni dowam etdirdi. - Soltanymyz iki ýurt

goşulyp, bir güýçli döwlet bolsa hiç kes oňa hüjüm etmäge milt edip bilmez, diýen pikir bilen bu haýyrly işi edipdir.

Handan resminama göz gezdirýärkä aňyrsyndan inip gelen gazabyny zordan jylawlap oturan Handan:.

-Aýdyp boldyňyzmy gepiňizi?-diýip, gaharly gürledi. - Eger maksat iki ýurdy goşup, bir güýçli döwlet etmek bolsa, Jendi Horezminiň tabynlygyna geçirse bolmazmy?

Ilçi Handanyň kinaýasyna düşünmedimi nämemi:

-Resminamada Horezmini Jendiň tabynlygyna diýip ýazylan, şonuň üçin siziň aýdanyňyz bolmz-diýdi.

-Onda bu-da bolmaz!-diýip, Handan elindäki resminamany iki bölüp, zyňyp goýberdi.

Ilçi patyşa men diýip tagtda oturan adamyň özüni tutup bilmän, beýle gödek hereket edenine gorkyp, ony beýikläp gepledi:

- Aly Hezret, biz meseläni parahatçylyk ýoly bilen çözmek maksadynda huzuryňyza gelipdik. Bolmady. Indi siziň beýle jogabyňyza soltan Masut näme diýer...

-Soltan Masut biziň üçin hiç kim! Biz bir eýýam Gaznanyň tabynlygyndan çykdyk. Horezmin garaşsyz, özbaşdak döwlet! Size jogap, ýurdyňyza gaýdyberiň-diýip Handan ýerinden turup, tagtyň arka tarapyndaky gapa girip gitdi.

Ilçiler özlerine beýle hormatsyzlyk edilenine bir hili bolup, bu ýerden tizräk ugranlaryny kem görmediler.

Handan indi Şa Meligiň gyş düşüp, derýa doňan badyna üstüne goşun çekjegini bilýärdi. Goşun çeker ýaly ýagdaýda derýanyň doňmagyna entek wagt bar. Şu wagtdan peýdalanyp, gowy taýýarlyk görülse, Şa Melikden ýeňilmejegine ynanýardy.

Şa Melik ilçileriň getiren habaryny diňläp, ajy ýylgyrdy:

-Men Handanyň jeňsiz-jedelsiz boýun egmejegini bilýärdim, ýöne sizi soltanyň islegi boýunça iberipdim. Indi Horezmine goşun çekmeli bolýar. Soltandan hem on-onbäş müň jeňçiden ybarat ýardam soramaly.

Şa Melik bu gelen kararyny Soltana mälim etmek üçin nama bilen çapar iberdi.

Soltan Masut Jentden gelen çaparyň getiren namasy bilen tanyşanyndan soň geňeşdarynyň nä gadar öňdengörüji adamdygyna ýene bir sapar ynanç hasyl etdi.

***

Derýa mazaly doňandan Şa Melik Horezmine goşun çekdi. Gyşyň şatlama sowugynda Asyb düzlüginde üç günläp aldym berdimli söweş

gitdi. Horezminlileriň ýeňilmezligi hem mümkindi. Emma Gaznadan Şa Melige kömek üçin iberilen leşgeriň ýetip gelýänligi hakyndaky habar Horezmiñ leşgerini ruhdan düşürdi. Goşunda jebislik gowşady. Bu ýagdaýda dönükligiň ýüze çykmagyndan howatyrlanyp, Handan ýeňlenini boýun alyp, söweşi togtatdy-da, assa gaçan namart diýip, ýakyn adamlary bilen seljuklara tarap, at saldy.

Şa Melik hiç bir garşylyksyz Gürgenji eýeledi. Onuň öňünden ilata aman diläp, duz-çörek bilen çykan ýaşulylar, oňa uzak ýyllar adalatly höküm sürmegine doga-dileg etdiler.

Şa Mälik horezmşalaryň köşgüne girip, altyn çaýylyp nagyşlanan tagta gözi düşende bir salym iňkise batdy. “Kimler oturmady bu tagtda, kimlerden galmady ol. Eger oňa dili-zyban bitäýse: “beýdip men elden-ele geçip, her kimiň aşagyna bir düşenimden, döwüp oda ýakanlary gowy meni!” diýerdi”.

Şa Mälik bu tagtda özüne-de köp oturmak miýesser etmejegini ýüregi duýdymy nämemi tagta geçip oturmady, aşakda ýerleşdi. Onuň bu boluşyny öz adamlary hem , täze hökümdara hyzmat etmäge gelen gürgençliler hem bir hili geň gördüler. Şa Mälige tagzym edip, dik duran adamlar hem oturanlaryndan soň, giň eýwanyň içine göz aýlady. Özüniň tapşyrmagy boýuna öň hatarda gürgençliler, olaryň yzynda öz adamlary otyrdylar. Ýurt eýelerine bu ýasama hormat fatyhlaryň özlerini gowy görkezmek üçin ulanýan hileleriniň biridi. Şa Mälik sözüni ilki horezminlilere ýüzlenmek bilen başlady:

-Muhterem Horezminiň asylzadalary, Gürgenji azymyň sarpaly kethudalary! Biz ýurduňyza öz ygtyýarymyz bilen däl, kanuny hökümdarymyz Soltan Masudyň buýrugy bilen geldik. Size mälimki, Horezmin hem Gaznanyň tabynlygyndaky ülkeleriň biri. Häzirki soltanyň Pederi jaýy jennet Soltan Mahmyt hezretleri näçe müň gurban berip, Horezmini aldy. Özüniň iň ýakyn hajyby-Altyntaşy oňa emir belledi. Kakalaryndan soň tagta çykan ogullary Harun hem Handan hem soltana dönüklik etdiler. Haruny soltan Masudyñ özi perman bilen kanuny hökümdar edip bellän bolsa, Handan Soltanyň ygtyýarysyz bikanun tagta çykdy, agasy ýaly ol hem Gaznanyň duşmanyna öwrüldi. Şonuň üçin Soltan Masut  Horezmini Jende berdi. Emma biziň meseläni parahatçylyk ýoly bilen çözmekçi bolup, iberen ilçilerimize Handan ret jogabyny berenden soň, goşun çekmeli boldy. Şeýdip, Soltanyň islegi wysal boldy. Indi onuň adyny hütbede dikeltmeli...

Şa Meligiň köşkdäki çykyşyndan soň ady hütbä goşulan Soltan Masudyñ özi bu mahal bakyýete göç edipdi. Onuň seljuklar bilen

Daňdanakandaky söweşi şowsuzlyga uçrap, Horasany elden gidireninden soň şeýle bolupdy. Daňdanakanda gaznalylaryň üstünden ýeňiş gazanan seljuklar Şa Meligi hem Horezminde köp oturtmadylar. Sena 435-nji hijride seljuklar Gürgenji eýelediler. Şa Melik Eýrana gaçdy. Şeýlelikde jepakeş Horezm elden-ele geçip, soňunda Seljuklara tabyn boldy".

## IV BAP

Ýazgy şu ýere gelende yzy köp ýokat bilen tamam bolýardy. Anuş-tegin depderi ýapyp oýa çümdi: "Bu gowgaly dünýäde başyňa täç geýip, ol başyň haçan kesiljegini bilmän ýaşandan çopan telpekli kelle bilen parahat ýaşan müň paý gowy dälmi? Bu azym şäher Gürgenç döräli bäri oňa dikilen gözler barha köpelip, näçe-näçe aldym berdimli söweşler, gan döküşükler bolupdyr. Mundan soň hem bolaýmagy ähtimal" Anuş-teginiň öňden hem ýok däl beýle howatyryny Hüseýin hojanyň taryhy ýazgylarynyň täsiri has güýçlendirdi.

"Bardy-geldi Ekinçi özüniň güýçli goşunyna daýanyp, özbaşdaklyk yglan edäýse, ony-da bu ýerde saklamaz. Belki, kim bilýär... Mälik şanyň jansyzy diýip, jezalandyrmagy hem mümkin. Has beteri Mälik şa öz tabynlygyndaky ýurdyň elinden gitjegini bilse goşun çekip geler. Ýene-de Horezminde gan döküşüklik bolar..."

Anuş-teginiň serinden geçen bu howatyrly pikirler onuň ynjalygyny gaçyrdy. Ol şu gije gowy uklamady. Ertesi iş ýerine-de hemişekisinden biraz gijräk geldi. Hüseýin hoja salam-älekden soň onuň ýüzüne ünsli seredip:

-Şyhny hezretleri, gije gowy ýatmansyňyz öýüdýän-diýdi.

-Ýüzümden bildirýämi?

-Hä, bildirýä. Nämäniň gaýgysyny etdiňiz?

-Dogrusyny aýtsam, hojam, Siziň depderiňizi okanymdan soň onuň täsirindenmi nämemi onda beýan edilen pajygaly wakalar ýene gaýtalanaýmasa ýagşy, diýen howatyra düşdüm.

-Inşalla hiç gep bolmaz. Soltan biziň iberen habarnamamyzy alandan soň, özi bir netije çykarar. Ekinçä goşuny mundan beýläk hem güýçlendirmäge ýol bermez, tabynlykdan çykmak niýeti bolsa onuň öňüni alar-diýip, Hüseýin hoja Anuş-teginiň howatyryny ýazdy.

Şol mahal daşarda, gapynyň öňünde turan bir goh olaryň gürrüňiniň arasyny kesdi. "Biz jenap şyhnyny görmekçi, oňa arzymyz bar. Bizi onuň ýanyna goýberiň!" diýen sesler eşidildi. Soňra gapyda duran nöker gelip:

-Şyhny hezretleri, dört adam gelip, sizi görjek, arzymyz bar, diýip dyzap durlar-diýdi. Anuş-tegin oňa narazy nazar bilen seredip:

-Men size haçan ýanyma adam goýbermäň diýip aýtdym-diýdi.

-Aý, öň bular ýaly dawaçylar kabul edilmeýärdi...

-Arz etmäge gelene dawaçy diýip bolmaz, goýberiň arzlary bolsa diňläli.

Nöker çykandan dört adam girip, gollaryny gursagyna goýup, salam berdiler. Olaryň ikisi mäş-bürünç sakgally, ikisi ýaş ýigitdi. Anuş-tegin olaryň salamyny alyp:

-Näme arzyňyz bar? Aýdyberiň-diýdi. Olaryň ekabyry dillendi:

-Şyhny hezretleri, biziň arzymyz Gürgenjiň puhara halkynyň arzy. Bazarda gallanyň nyrhyny birden galdyryp goýberdiler. Bu ýagdaý puharanyň çöregini kynlaşdyrýar.

Anuş-tegin "hmm..." diýip, bir salym dymyp durdy-da:

-Galla daýhanyň öz hususy zady. Gallany öndürmek gymmada düşen bolsa, biziň daýhana "zadyňy arzan sat" diýmäge hakymyz ýok-diýdi.

-Wah! Jenap Şyhny, gallany gymmatladan daýhan däl, daýhandan arzan alyp galýan gallapuruşlar!-diýip, beýleki biri özelendi.

-Şeýlemi?!-diýip Anuş-tegin sesine bat berenini duýman galdy.-Eger hakykatdan hem şeýle bolsa, ynsabyň çäginden çykan bolsalar, biz olara çäre göreris. Ýagdaý erte-birigün düzeler.

Anuş-teginiň ynamly aýdan sözi arzaçylaryň gamaşyp duran ýüzlerini ýagtyldyp goýberdi. Olar gaýta-gaýta hoşallyk bildirip, çykyp gitdiler. Anuş-tegin Hüseýin hoja garap:

-Hojam, pajymanlar, öz garamagyndaky bazarlarda narh-nowa gözegçilik etmeýärlermi?-diýdi.

-Öňler munuň ýaly ýagdaýa ýol berilmeýärdi. Gürgenjiň alty sany galla bazarynyň hersiniň pajymany, olaryň üstünden seredýän muhtasip ýagny reýis bar. Öňki reýis garrap işe ýarawsyz bolany üçin ýakynda onuň ýerine täze reýis bellenipdir. Ýagdaýy şol bulaşdyran bolaýmasa.

-Bu ýagdaýy teftiş edip görmegimiz gerek, Siz şu güniň özünde pajymanlary-da, reýisi-de çagyrdyň.

Hüseýin hoja daş çykyp, nökerleriň birine Anuş-teginiň buýrugyny ýetirdi.

Öýläne golaý buýrugyň ýerine ýetirileni mälim boldy. Içeri girip, tagzym eden nöker:

-Şyhny hezretleri, pajumanlar bilen reýis jenaplary geldiler-diýdi. Anuş-tegin Hüseýin hoja manyly garap goýdy-da, nökere:

-Reýis garaşsyn, pajumanlary çagyryň-diýdi.

Içeri kelte, uzyn, orta boýly, çal, gara, sary sakgaly dürli keşpdäki alty adam girdi. Olar gollaryny gursagyna goýup, egilip salam berdiler. Anuş-tegin olaryň salamyny alyp, oturmaga ýer görkezdi.

-Oturuň, jenaplar. Siziň bilen gürrüň bar-diýdi. Soňra olara synçy nazaryny aýlap:

-Bazarda gallanyň nyrhynyň beýle göterilip gitmeginiň sebäbini haýsyňyz düşündirip berjek-diýdi.

Pajumanlar biri-birine seredişip, bir salym dymanlaryndan soň olaryň ekabry-çal sakgal biri dillendi:

-Muhterem jenap Şyhny, biziň hiç haýsymyz hem bu ýagdaýy düşündirip bilmeýäris. Muny jenap reýisden sorasaňyz bolardy.

-Täsin gep aýdýaňyz, jenap pajuman! Bazardaky ähli ýagdaýlara gös-göni gözegçilik edýän adam siz. Reýis bolsa resmi ýolbaşçy. Oňa garanda siz eliňiziň aşagyndaky zady gowy bilmeli, ahryn. Ýa beýle dälmi?

-Şeýle, jenap Şyhny, ýöne siziň aýdyşyňyz ýaly elmiziň aşagyndaky zady düzetmäge biziň güýjimiz ýetenok. Ýogsa, gallapuruşlaryň daýhandan alýan bahasyny hem bilýäs, üstüne näçe göterim goýup satylýandygyny hem bilýäs. Ýöne gallapuruşlar dilleşip, bahany galdyranlarynda biz ony düzetjek bolanymyzda jenap reýis: “Işiňiz bolmasyn, bu bazar, her kim öz zadyny islän bahasyndan satmaga haky bar” diýdi. Men ol kişä: “Galla olaryň zähmet çekip öndüren zady däl, düzgün boýunça alan bahasynyň üstüne on göterimden artyk goýup satmaga haky ýok” diýdim. Ol: “Işlejek bolsaň meniň bilen gaýtalaşma” diýdi.

Anuş-teginiň ýüzi gamaşdy. Ol Hüseýin hoja “Düşündiňizmi, belanyň körüginiň nirededigine?” diýen manyda garady. Hüseýin hoja hyrçyny dişläp, kellesini ýaýkady. Anuş-tegin gapyda duran näkere reýisi çagyrmagy buýurdy.

Içeri giren uzyn boýly, dört oram gara sellesinden çykyp duran sakgalsapysynyň çalarandygyna garanda sakgalynyň boýalandygy bildirip duran saryýagyz adam goluny gursagyna goýup, salam berdi. Anuş-tegin onuň salamyna kellesini çalarak kakdy-da:

-Jenap reýis, bazardaky gallapuruşlar bilen näme gatnaşygyňyz bar?-diýdi. Anuş-teginiň gahar gatyşykly sowalyna reýis özüni tutup, sowukganlyk bilen jogap berdi:

-Hiç hili gatnaşygym ýok, Şyhny hezretleri.

-Ýalan söz adamy ymandan aýyrýar. Ýalan sözlemäň!

-Ymanymdan ant iç diýseňizem, içeýin-diýip, ol Anuş-tegine dik garap aýtdy. Anuş-tegin onuň aljyraman, özüni sowukganlyk bilen tutuşyny synlap: “Bu köp çarşenbäni başyndan geçiren mekir adam bolmaly” diýip pikirlendi we oňa dik bakyp:

-Ýok ymandan ant içmegiň geregi ýok!-diýdi.

-Jenap Şyhny, siz meni ynamsyza çykarjak bolýaňyzmy?!

-Gallapuruşlar bilen dilleşip, halkyň rysgalyndan nep görýän adama ymanly diýip bolmaz. Men sizi wezipäňizden boşadýan. Baryň, çykyň!

-Meni şäheriň häkimi belledi, Siziň boşatmaga hakyňyz ýok.

-Hakym bolany üçin boşadýan. Indiden beýläk bazarda görünseňiz, mirşeplere buýuryp, zyndana taşladaryn!

Zyndan sözi täsir etdimi ýa etmişiniň paş bolanyny bildimi başga geplemän çykyp gitdi. Reýisiň kowulanyna wagtlary hoş bolan pajumanlar:

-Adalat etdiňiz, Şyhny hezretleri, adalat. Ömrüňiz uzak, mertebäňiz mundan hem belent bolsun!-diýişip, alkyş baryny etdiler. Anuş-tegin pajumanlara ýüzlenip:

-Gallanyň bahasyny galdyran gallapuruşlaryň hemmesini bazaryňyzdan çykaryp kowuň. Olaryň ýerine ynsaply, halal adamlar tapyň-diýdi. Pajumanlar “hop, hop” diýişip, minnetdarlyk bildirişip gitdiler. Anuş-tegin kömekçisine:

-Hüseýin aga, şu bolan zat hakynda şäher häkimine hat taýýarlaň, täze reýis bellesin-diýdi.

Hüseýin hoja Anuş-tegini mylakatly, ýuwaş adam öýüdýärdi. Emma onuň şu günki özüni alyp barşyny görüp, gerek ýerinde aýgytly hereket edip bilýändigine göz ýetirdi.

***

Ýolbaşçylar hemişe halkyň dykkat merkezinde bolansoň ola-her bir eden işi, äden ädimi ilatyň ünsünden sypmaýar. Anuş-teginiň hem reýisi işinden kowup, bazardaky ýagdaýy düzedenligi Gürgenjiň ilaty tarapyndan örän adalatly iş hökmünde kabul edilip, halk arasynda oňa uly abraý getirdi. Emma bu ýagdaýy ýokdurmadyk, görüp bilmedik adamlar hem ýok däldi. Şeýle adamlaryň täsiri bilenmi ýa-da özüni hasap edilmedik saýypmy, Ekinçi ibn Kňçkar Anuş-tegini huzuryna çagyrdy. Anuş-tegin bu çakylygyň sebäbini duýany üçin özüni Ekinçi bilen gepleşmäge taýýarlanyp bardy.

Adatdaky salam-halekden soň Ekinçi ýanyndan oturmaga ýer görkezdi. Ilki bilen saglyk-amanlyk, işleri barada soraşdyryp, soňundan esasy gürrüňe geçdi:

-Hormatly Anuş-tegin, arada bazarda dörän bir ýagdaý barada bizden geňeşmän, gyssagly çäre görüpsiňiz. Şular ýaly işler bolsa, bile maslahatlaşyp etsek gowy bolmazmy?-diýip, ol Anuş-tegine göz astyndan synlap seretdi. Bu ýagdaý barada birneme ýüregi çişen Ekinçi Anuş-tegine gatyrak degmegi mümkindi. Emma golaýda Yspyhana iberilen habarnamada özi hakda Anuş-teginiň beren sözi ýadyna düşüp, gatyrganyp bilmedi. Anuş-tegin hem oňa sypaýylyk bilen beren soragyna laýyk mazmunda jogap berdi:

-Waly hezretleri, bu bir uly bolmadyk, Şyhnynyň wezipesine degişli, özi çözüp biljek mesele bolansoň sizi biynjalyk etmedim.

-Belki, bu gepiňiz dogrudyr, jenap Şyhny, ýöne şäheriň häkimine buýruk äheňinde ýazan hatyňyzy nähili düşünmeli?

-Birinjiden, ýazylan hat buýruk äheňinde däl, resmi teklip. Bu hakda ol bize närazylyk bildirip, size arz eden bolsa onda ol şol napäk reýisiň tarapyny çaldygy bolýar.

-Ýok, beýle däl, jenap Anuş-tegin. Ol siziň hatyňyz boýunça täze reýis belläpdir. Ýöne ol hat ýazmazdan öň oňa şeýle ýagdaý bar bazarda diýip, habar etmäniňizi bir hili görüpdir öýdýän.

-Hä, düşnükli. Jenap häkim şäherdäki işlere özüm jogap berýän diýip, meniň gatyşmagymy islemändir. Ýöne, Waly hezretleri, şol bolan ýagdaýy özi düzeden bolsa adamlar meniň huzuryma arz edip gelmezdiler. Onsoňam, men şyhny hökmünde tutuş Horezmindäki tertip-düzgüne Soltanyň öňünde hem-de siziň öňüňizde jogap berýärin.

Ekinçi ibn Koçkar Anuş-teginiň sözüni dogry tapdymy ýa-da “hem-de siziň öňüňizde” diýeni ýaradymy, bu mesele barada başga gürrüň gozgamady. Bir salym gündelik işler, ýurtdaky ýagdaýlar barada umumy söhbetdeşlikden soň Anuş-tegin bilen mylakatly hoşlaşdy.

***

Anuş-teginiň huzuryna arz we şikaýat bilen gelýän adamlaryň sany barha köpelýärdi. Soňabaka bu gelýän adamlary kabul edip, arz diňlemäge mümkinçiligi bolmansoň ikinji kömekçi almaly boldy. Hüseýin hojanyň hödür etmegi bilen Nasyr atly bir ýaş ýigidi işe alyp, oňa gapysy göni köçä çykýan bir otag berdi. Onuň wezipesi arz etmäge gelen we şikaýatçy adamlaryň ýüz tutmalaryny aýry-aýry kagyza ýazyp alyp, işiň soňunda olary Anuş-tegine berýärdi.

Nasyr daşyndan göräýmäge çalasyn, güler ýüzli, mylakatly ýigitdi. Bir hepde geçip geçmän işine-de jür boldy. Anuş-tegin onuň şu häsiýetleri üçin adyny Nasyr beg diýip, hormat bilen tutýardy.

Arada bir gün çäş wagty Nasyr Anuş-teginiň huzuryna girdi. Anuş-tegin Huseýin hoja bilen haýsydyr bir mesele barada maslahatlaşyp otyrdy. Nasyr olaryň sözüni bölmän edep saklap, giren ýerinde durdy. Anuş-tegin onuň işini goýup geleniniň ýöne ýere däldigini aňyp, oňa tarap öwrüldi-de:

-Hä, Nasyr beg, näme gep?-diýdi. Nasyr:

-Şyhny hezretleri, bir adam geldi. Sizi görmekçi bolýa. Men näme arzyňyz bolsa aýdyň, ýazyp alyp, şyhny hezretlerine berýän diýsem, ol: “Siziň jansyz kagyza ýazjak dört keleme sözüňiz bolanok. Men özüm ol kişini görmesem bolmaýar. Ýüregimden çykaryp aýtjak sözlerim bar, meni onuň ýanyna giriziň!” diýip, dyzap dur-diýdi. Anuş-tegin:

-Meni juda göresi gelýän bolsa alyp geliň, belki bir üýtgeşik arzy bardyr-diýdi. Nasyr “hop, ýagşy” diýip, yzyna öwrülenden Hüseýin hoja:

-Nasyr, saklanyň-diýdi, soňra Anuş-tegine ýüzleni:

-Şyhny hezretleri, ol bir ýaman niýet bilen gelen adam bolmasyn. Kabul etseňizem, ýanyny barlap girizsinler-diýdi.

Hüseýin hojanyň gepine Anuş-teginiň gülküsi tutdy, gülüp diýdi:

-Hojam, siz gaty ätýaçly adam-ow. Ol adamyň meni öldürmek niýeti bolsa, ol bu işi ýolda-yzda ýeke gelýärkäm ederdi. Bu ýerde, gapymda nökerler durka, siz, Nasyr beg barka bu işi edip bilmejegine akly ýetýändir, ahyryn.

-Şonda-da, ätýajy elden bermeli däl, Şyhny hezretleri-diýip, Hüseýin hoja, soňunda Nasyra ýüzlendi.-Nökerlere aýt, ýanyny gowy barlasynlar.

Anuş-tegin ýylgyryp, kellesini ýaýkap goýdy.

Bir salymdan Nasyr gaharynamy ýüzi çym gyzyl, çala agaran gytyk sakgaly, 60 ýaşlaryň töweregindäki daýaw adamy alyp geldi. Gelen adam gapydan giren ýerinde aýak çekip, sowuk-sala salam berdi. Anuş-tegin onuň boluşuny bir hilliräk görse-de salamyny alyp, oturmaga ýer görkezdi. Soňundan:

-Hany, aýdyberiň ýürekden çykaryp aýtjak arzyňyzy-diýip, onuň daşarda Nasyra aýdan sözüni ýaňsa alyp ýatlatdy. Ol:

-Jenap Şyhny, il içinde sizi adalatyň diregi, puharanyň howandary diýip öwýänlerine ynanyp gelipdim. Emma görsem başgaça ekeni. Gapyňyzda duranlar bar ýerimi barlap, pul-sul tapmansoň, jübimde ýeke

bir çakgym bardy, şony-da peýda bilip aldylar. Gapysynda şeýle talançylar duran dergähde arzymy aýdanym bilen netije çykmasa gerek diýip, arzymy aýtjagymy-da, aýtmajagymy-da bilmän otyryn-diýdi.

Anuş-tegin bu adamyň ýanyny barlanlaryna gahary gelip, “bulary menem bir duzlaýyn” diýen pikir bilen aýdan sözlerini gaty görmedi.

-Ýaşuly, gep uruşyňyza garanda siz gaty ýeser adama meňzeýäňiz. Siz ýanyňyzyň barlananyny talaňçylyk däldigini gowy bilýäňiz. Sizden şübhe edileni üçin bagyşlap bilseňiz bagyşlaň.

Anuş-teginiň belent başy bilen ötünç soranyna ol adamyň ýüzi ýagtylyp gitdi. Söz äheňi-de bütünleý özgerdi:

-Muhterem Şyhny hezretleri, sizem meni bagyşlaň. Özüňden şübhelenseler adama gatyrak degýä-dä. Birneme biderek gepläýdim, günämi geçiň. Indi arzymy aýtsam, men şäheriň sabynçylar mähellesinde ýaşaýan, maňa Salyh sabynçy diýýärler. Beýleki mähelledeşlerim ýaly sabyn bişirip satýan. Meniň bir zalym goňşym bar...

Ol şeýle diýeninden Anuş-tegin onuň sözüni böldi:

-Salyh aga, goňşy dawasyny mähelläňiziň kethudasy çözýär. Siz şoňa ýüz tutmaly ekeniňiz.

-Ýok, Şyhny hezretleri, ol mähellede çözülýän goňşy dawasy däl. Siz gepimi soňuna çenli diňlän, eger gepim biderek bolsa çykaryp, kyrk gamçy urdursaňyzam, men razy.

Anuş-tegin onuň soňky sözüne çalarak ýylgyryp:

-Onda aýdyň, diňläli-diýdi. Salyh sabynçy ykjamlanyp söze başlady.

-Size aýtsam, Şyhny hezretleri, meniň ol goňşyma Tarkan täjir diýýärler. Pederi aýrylansoň ata kesbini taşlap, täjirçilige başlady. Ganymat baýanyndan soň bir gul bir gyrnak satyn aldy. Ol ine şondan soň tomaşa başlandy. Ol gulyny-da, gyrnagyny-da günde iki gezek waý-waýladyp gamçy bilen saýýar. Men bir ýüregi ýuka adam, şol bendeleriň waý-waýlap aglanlaryna gyýylyp erbet bolýan. Biz goňşular bolup, oňa sen näme beýdýärsiň, bu bendeleriň näme günäsi bar diýsek, ol: “näme guly diňe günäsi bolsa urmalymy, men islän wagtym urjak, islesem öldürjek, siziň näme işiňiz bar” diýýär. Ýene bir goňşym bar, olam idilli adam däl, ol oňa: “Ursaň agzyna esgi dykyp, sesini çykarman ur. Olaryň sesinden biziň gulagymyz kamata geldi-le” diýdi. Onda Tarkan näme diýýär diýseňiz-ä: “Men olaryň waý-waýlaýan sesinden lezzet alýan” diýýär.

-Bäh, şonuň ýaly adamam bolýamy?!-diýip, Anuş-tegin kellesini ýaýkady. Hüseýin hoja:

-Bolýa, Şyhny hezretleri. Ol şeýle kesel. Birine azap berip, şondan lezzet alýan keselli adamlar bolýar-diýdi.

-Biz onuň keselini örän gowy edip bejereris, gaýdyp eline gamçy almaz ýaly bolar-diýip, Anuş-tegin Salyh sabynça garady. -Başga aýtjak zadyňyz barmy?

-Ejaza berseňiz, men esasy gepimi indi aýtjak.

-Hany onda ony-da diňläli-diýip Anuş-tegin sabynça has gyzygyp garady.

-Şyhny hezretleri, gulam, gyrnagam, biziň hemmämizem Allanyň ýaradan bendeleri. Şeýle bolansoň gul eýesi-adam, gul bolsa haýwan däl, ahyryn. Şerigatda haýwana-da azar bermek bolanok. Onda: “Şerigat isleseň öldür ýylany, hakykat isleseň agrytma jany” diýilýär. Emma muňa garamazdan, ýurtdaky gul eýeleriniň arasynda Tarkan täjir ýalylar gullaryny urup azar berip, islese sähelçe günäsi üçin öldürip hem bilýärler. Bu ýagdaýlar ynsanperwerlik diýilýän ýörelgä düýbünden dogry gelmeýär. Eger guluň şeýle agyr günäsi bolsa ony-da kazyýetde günäsini anyklap, soň öldürse başga gep. Şonuň üçin, Şyhny hezretleri, gul bilen gul eýesiniň gatnaşyklary barada bir adalatly kanun çykarylsa juda sogaply iş bolardy.

Anuş-tegin bu adamyň gepini diňleýärkä ýönekeý sabynçynyň fikh ugrunyň adamy ýaly pikir ýöredişine haýran galyp:

-Salyh aga, siz sabynçy däl-de, fikhden ders berýän müderris bolaýmaň ýene-diýip Anuş-tegin ýylgyrdy.

-Şyhny hezretleri, meniň üstümden güljek bolmaň, men bu gepleri janym ýanandan aýdýan...

-Nädogry düşünmäň, men siziň üstüňizden güljek bolamok. Siziň fikhçiler ýaly gepläniňiz üçin aýtdym, Salyh aga.

-Onda zyýany ýok. Men nädogry düşünipdirin. Indi fikh meselesine gelsek. Men medresede okanymda fikh sapaklaryna aýratyn gyzyklanýardym, fikhsynaş bolmak niýetim hem ýok däldi. Ýöne maňa medresäni gutarmak nesip etmedi. Pederimiz gaýdyş bolup, güzeran üçin onuň kärini ýöretmeli boldym. Ine şonda durmuş bilen ýüzbe-ýüz bolup, bir hakykata göz ýetirdim. Durmuş fikh däl ekeni ýagny ol fikh kadalary boýunça däl-de, adamlaryň islegi boýunça dowam edýän ekeni. Islegler bolsa dürli-dürli. Meniň goňşym Tarkan täjiriň özi ýaly adamlara azap bermek ýaly islegleri gandallaýan kanun gerek, Şyhny hezretleri.

Anuş-tegin bu adamyň gürrüňini diňledigi saýyn onuñ adalatperwer, ynsanperwer, hakykatçydygyny aňyp, oňa bolan hormaty artýardy.

-Salyh aga, menem siziň pikirleriňize goşulýaryn. Ýöne häzir siziň aýdan kanunyňyzy çykarmak meniň elimden gelmeýär, Ol patyşalara degişli mesele. Siziň goňşyňyz ýaly adamlara azap berip, lezzet almak diýen zat juda gadym zamanlarda-da bolupdyr. Onda-da ýek-tük adam däl, döwlet derejesinde Gadym Rimde gullary tomaşa meýdanyna çykaryp, biri-birini öldürýänçä uruşdyryp, çepek çalyp alkyşlapdyrlar. Bu “tomaşa” gatnaşan müňlerçe adamyň içinden “Bes ediň, bu aýylganç tomaşany!” diýen birje rehimdar adam tapylmandyr. Indi siziň goňşyňyza gelsek, siziň aýdan kanunyňyz bolmasa-da, onuň ýaly adama degmeli däl diýen kanunyň hem ýokdygyndan peýdalanyp, ony gaýdyp eline gamçy almaz ýaly ederin. Siz şuňa razymysyňyz?

-Elbetde razy, şyhny hezretleri, ýöne siz ony nädip, eline gamçy almaz ýaly edersiňiz?

-Biraz şu ýerde sabyr etseňiz, görersiňiz nädip etjegimi-diýip, Anuş-tegin ajy ýylgyrdy, soňra Nasyra ýüzlendi:

-Nasyr beg, Mirşephana baryp, iki sany mirşep, ýa-da ýasawul alyp, sabynçylar mähellesinden Salyh agaň aýdan adamyny alyp geliň. Gamçysyny-da alyp gaýdyň.

-Hop, Şyhny hezretleri-diýip, Nasyr çykyp barýarka yzyna öwrülip, Sabynça ýüzlendi-Ady Tarhan diýdiňizmi?

-Tarhan däl, Tarkan, Tarkan täjir-diýip Salyh sabynçy has hejjikläp düşündirdi. Nasyr buýrugy ýerine ýetirmäge gitdi. Salyh sabynçy bir hili oňaýsyzlanan ýaly ardynjyrap:

-Şyhny hezretleri, ejaza berseňiz, menem gaýdyberäýin-diýdi.

-Görjek dälmisiňiz, nädip eline gaýdyp gamçy almaz ýaly edişimizi.

-Gaýdyberäýin, görmegim hökman däl. Soň eşiderin nädeniňizi...

-Gözel göwnüňiz, gaýtsaňyz bizden rugsat.

Salyh sabynçy elini döşüne goýup, edep bilen çykyp gitdi. Anuş-tegin kellesini ýaýkap, ýylgyrdy:

-Görýäňizmi, hojam, adamlar nähili. Ol adalatçy, hakykatçy bolsa-da gorkagrak ekeni. Goňşysy bilen ýüzbe-ýüz bolmaga mertligi ýetmedi.

***

Nasyr iki ýasawula baş bolup, Tarkan täjiriň öýüne bardy. Olar Tarkanyň howluda gyrnagyny waý-waýladyp, gamçylap duranynyň

üstünden düşdüler. Tarkan gelenlere tarap öwrüleninden ýüzin ýatan gyrnak hasyr-husyr turup gaçdy-da içeri sümüldi.

-Tarkan täjir diýýänleri sizmi?-diýip, Nasyr oňa hyrsyz seredip sorady.

-Edil özi. Näme gerek bolsa aýdyberiň, matamy, halymy ýa-da...

-Bize siziň hiç zadyňyz gerek däl, özüňiz gerek, şonuň üçin siz häzir biziň bilen ýöremeli-diýip, nasyr onuň sözüni kesdi.

-Nirä ýöremeli, näme üçin ýöremeli?

-Ony baranda bilersiňiz.

-Men hiç ýere barjagam däl, biljegem däl.

Nasyr ýasawullara “alyp çykyň” diýen manyda ümledi. Iki daýaw pyýada onuň iki ýanyna geçäge-de injiginden tutup, idirdedip ugradylar. Nasyr onuň elindäki gamçyny kakyp aldy. Garaşylmadyk bu hereketlere aňy uçan Tarkanyň özelenip soraýan sowallaryna-da jogap bermän şyhnynyň huzuryna eltdiler. Diňe şonda Nasyr ony içeri alyp girmezlerinden öň “Bu ýer Şyhny hezretleriniň karargähi, seni ol kişi çagyrdy” diýip aýtdy.

Tarkany içeri salanlaryndan ol gaharyna salam bermegi-de unudyp:

-Jenap Şyhny, bu nä zorluk, näme üçin meni bu ýere mejburlap getirdiler?!-diýip, Anuş-tegine garanda ýaşulyrak görünýän Hüseýin hoja ýüzlendi.

-Sizi bu ýere getirmegi men buýurdym-diýeninden Tarkan Anuş-tegine ýalta seretdi, Hüseýin hojany şyhnydyr öýdüp, ýalňyşanyna düşündi. Barybir edep saklap, hormat görkezmedi.

-Näme üçin buýurdyňyz, näme sebäpden?

-Siziň bir üýtgeşik gamçyňyz bar diýip, eşitdik. Ony nämede ulanýanyňyzy bilmek üçin buýurdym.

Tarkan indi bu ýere getirleniniň sebäbini düşünen ýaly boldy. Ol Nasyryň elindäki gamçysyna garap goýdy.

-Şu gamçy siziňkimi?

-Hawa meniňki...

-Ony nämede ulanýanyňyzy aýdyp beriň, hany.

-Aý, kä wagt abaý-syýasat üçin gullara birki gamçy çalaýan.

-Şyhny hezretleri, rugsat ediň, men aýdaýyn-diýip, Nasyr ara goşuldy.-Biz baranymyzda bu adamyň, “abaý-syýasat üçin” diýeniniň üstünden düşdük. Ol howlusynda bir gyrnagy ýüzin ýatyryp, şu gamçy bilen waý-waýladyp urup duran ekeni.

-Näme, ursam men öz gyrnagymy urýan, urmaga hakym ýokmy?

-Näme günäsi üçin?-diýip, Anuş-tegin oňa hyrsyz seredip sorady.

-Hökman günäsi bolsa urmalymy, guly, gyrnagy günde birki gezek urup durmasaňyz, olar hetdinden aşyp gidýärler.

Anuş-tegin Garçystanda gul mahaly iýen taýaklary ýadyna düşdi. Emma onda bigünä däldi, ýaşlygynda garagolrakdy.

-Tarkan-diýip ol gaharly seslendi. Adamy, ol gulmy, gyrnakmy günäsiz ýere urmak günädir. Günäli adamy bolsa urmak sogapdyr. Biz şu sogaby gazanmak üçin saňa, özäm ýalaňaç arkaňa kyrk gamçy buýurýaryn. Eger şu işiňi ýene gaýtalasaň ýüz gamçy buýurýan!-diýip, ýasawullara garady. -Alyp çykyň bazara eltip, sezaýy edilýän ýerde uruň, başgalara-da, sapak bolsun!

-Jenap Şyhny, jenap Şyhny! Bu bolýan zat däl! Üstüňizden Waly hezretlerine arz ederin.

-Walydan soň, Soltana-da arz edäý!

Ýasawullar Tarkan täjiri idirdedip alyp çykyp gitdiler. Anuş-tegin özüne makullaýjy nazar bilen garap oturan Hüseýin hoja ýylgyryp diýdi.

-Hojam, gul gullaryň arkasyny tutmasa  bolmaz ahyryn.

Hüseýin hoja bu gepiň manysyna düşünmän seretdi.

-Hojam, meniň gepime düşünmediňiz, men size aýtsam, garşyňyzda oturan, şyhny hezretleri diýenleri hem ýaşlygynda gul bolupdy. Allanyň keremi bilen indi döwletiň bir mertebeli adamy hökmünde hondan bärisi bolup, adamlara jeza-taýynlap otyr-diýip, Anuş-tegin özüne haýran galyp garap oturan Hüseýin hoja seredip ýylgyrdy.

-Siziň yjtymagy gelip çykyşyňyzdan meniň habarym ýoklygy hak, Şyhny hezretleri. Şonuň üçin ilki gepiňize düşünmän seretdim. Men size bir hakykady aýdaýyn, biziň hemmämizem Allanyň guly. Ol islese kimidir öz gulunyň guly edýär, islese ol gula siziň kimin belent mertebe berýär. Hemme zat Allanyň eradasy bilendir. Alla size mundanam belent mertebeleri taýynlap goýan bolsa näbildiňiz.

***

Gürgenjiň ilaty Anuş-tegininiň ýene bir aýgytly hereketiniň şaýady boldy. Mämünler nesilşalygynyň döwründen bäri Horezminiň çäginde kerwen ýollarynyň howpsuzlygy doly üpjün edilipdi. Emma “çöl börüsiz bolmaz” diýenleri ýaly arada bolan bir ýaramaz waka Anuş-tegini gylyç dakdyryp ata çykardy. Çynma-çyndan gelýän kerwen Horezmiň çägine girip, bir boşlaň ýerde düşlemek üçin goş ýazdyrýar. Bir mahal sen ýok, men ýok, derlikçäniň üstünde ýanbaşlap çaý içip oturan kerwenbaşyny üç pyýada gelip elini arkasyna daňyp başlaýar. Aň-taň bolan kerwenbaşy:

-Edýäniňiz näme, ýigitler?!-diýip, olara dikanlap seretse,olar kerweniň goragyndaky nökerlerden bolsa nätjek! Töweregine göz aýlanynda nökerleriň beýlekileri hem onuň adamlaryny daňyp ýörenlerini görýär.

-Düşnükli-diýip, bularyň maksadyny aňan kerwenbaşy:

-Hany, meniň ýanyma baştutanyňyzy çagyryň, belki ylalaşarys-diýdi. Olar kerwenbaşa jogap bermän, biri-birine seredişdi.

-Näme dursyňyz, çagyryň ony! Men size peýdaly teklip etjek bolýan-diýip, kerwenbaşy dogumly gepledi. Olaryň biri:

-Peýdany özümiz taparys-diýip, ajy ýylgyrdy.

-Dar agajynyň aşagynda seniň isleýän peýdaň ýok. Bar çagyr başlygyňy!

Kerwenbaşynyň dar agajyny ýatladany täsir etdimi nämemi, beýleki biri ýaňky ajy ýylgyrana:

-Bar çagyryp gel. Näme diýjekkä eşideli- diýdi.

Giden bir salymdan başlyk diýenleri bilen tirkeşip geldi.

-Sen nökerbaşy bolsaň, men kerwen başy. Ikimiziň derejämiz deň. Şeýle bolansoň, sen näme meni özüň gelip daňman, garamaýaklaryňa daňdyryp, derejämi peseldip ýörsüň?-diýip, kerwenbaşy kinaýaly ýylgyrdy. Şeýle gözgyny ýagdaýynda birjigem aljyraman, sowukganlyk bilen şeýle kinaýaly gürrüň tapýan kerwenbaşynyň mertligine telpek goýaýmalydy.

Nökerbaşy diýilýäni ýüzüniň deň ýarysyny timarlanmadyk gara sakgal basan daýaw garaýagyz pyýada kerwenbaşa geň galyp, bir salym seredip durdy-da:

-Meni şu gepi aýtmak üçin çagyrdyňmy?-diýdi.

-Ýok, başga gepim bar. Gowuja diňle. Men siziň maksadyňyza düşündim. Siz kerweni talamakçy. Bizi öldürmek niýetiňiziň ýokdygy-da bir ýagşy. Onuň ýaly ýaman niýetiňiz bolanda bizi daňyp oturman bir eýýäm gylyçdan geçirerdiňiz. Ýöne siz kerweni talap, nirä gitseňizem ir-u-giç baryňy tutup, dardan asarlar. Gowusy ylalaşaly. Siz maňa aýdyň, kerweni talap, näme iş etjeksiňiz?

Kerwenbaşynyň sözi täsir etdimi ýa-da göz öňüne dar agajy geldimi, nökerbaşy biraz gowşady:

-Dogrymy aýtsam, tomusyň jöwzaly yssysynda, gyşyň aňzak aýazynda kerwen bilen çöl söküp, sähra söküp ýöremek jana degdi. Atlarymyzam garrap lagşady. Şonuň üçin bir gowy at-ýarag edinip, Gürgençde Ekinçi ibn Koçkaryň goşunynyň hataryna girmek isleýäris.

Ol ýerde iýmek-içmekden kemiň ýok, onsoňam aýda esger haky hem berilýärmiş.

-Düşündim. Ýöne siz kerwenden alan zatlaryňyzy hiç bazarda-da satyp bilmersiňiz. Sebäbi siziň söwdagär däldigiňizi, harytlaryň bolsa talap alnandygyny bilerler, şeýdibem tutularsyňyz. Gürgençde biziň kerweniň gelerine garaşýan ýerli täjirler bar. Biz olara zatlarmyzyň bir bölegini geçirip puluny alansoň, siz ýigirmi adammy, ýigirmiňize-de at-ýaraga ýeter ýaly puly özüm bererin...

Nöker başy kellesini ýaýkap, ajy ýylgyrdy:

-Heý kerwenbaşy, sen näme bizi samsykdyr öýüdýäňmi. Sen Gürgenje baransoň pula derek dar agajynyň ýüpüni boýnumyza ildirdersiň. Tapdyň sen gury gepiňe ynanjak akmagy!

-Gyzyberme, sakawuň soňuna seret. Gury gepe ynanmajagyňyzy bilýän. Şonuň üçin size zamun hökmünde öz adamlarymyzdan onusyny goýup gidýäs, Özüňizem olar bilen bir hepde, aňry barsa on gün şu ýerde iýip içip ýatyberiň. Şu möhlet içinde biz puly jemläp birimizden berip goýbereris. Puly alanyňyzdan soň sizem zamunlary goýberersiňiz. Niçik, şeýtsek bolmaýarmy?

Nökerbaşy ýanyndakylara “bu gepi nähili görýäňiz” diýen manyda garap dymdy. Bir salym dymyşlykdan soň nökerleriň biri başyny atdy, beýlekileri-de oňa eýerdi. Nökerbaşynyň özüne-de makul bolan bolsa gerek:

-Onda sözüňiz sözmi?-diýdi.

-Sözüm söz. Ýogsa-da siziň başga çykalgaňyz ýok.

-Bir çykalgamyz bar. Eger üstümize gelýän esgerleriň garasy görünäýse adamlaryňyzyň onusynam şol demde gylyçdan geçireris.

-Düşnükli. Biz adamlarymyzy pula çalyşmarys, arkaýyn bolaýyň. Nökerler daňan adamlaryny boşatdylar. Kerwenbaşy on adamy zamun galdyryp, goragsyz ýola düşdi. Horezminiň çäginde ýollar hatarsyz bolany üçin goragyň geregi hem ýokdy.

Kerwen üç günde Gürgenje gelip ýetdi. Tibbi gözden geçirişden soň kerwensaraýa ýerleşdiler. Kerwenbaşy haýal etmän şyhnynyň huzuzryna bardy. Anuş-tegin kerwenbaşynyň habaryny diňläp, gaty dergazap boldy. Çünki onuň şyhnylyk döwründe kerweniň talanmagy öz abraýyna-da zeper ýetirýärdi.

-Men olaryň ýigrmisini-de bir dara asdyraryn!

-Şyhny hezretleri, siz häzir olaryň üstüne esger iberseňiz, esgeriň garasy görünenden biziň adamlarymyzy öldürerler. Olaryň aýdyşyda şeýle. Şonuň üçin biraz sabyr ediň. Men pullary jemläýin-de birimizden

berip goýbereýin, olar zamunlary boşatsynlar. Onsoň Gürgenje at-ýarag almak üçin gelenlerinde tutaýmaly-diýen kerwenbaşyň aýdan sözüne şyhnynyň kinaýaly ýylgyrýanyny görüp, bir hili boldy, samsyklaç gürrüň edenine düşündi.

-Jenap, siz gaty degişmeçi ýa-da örän sada adam bolmaly.

-Uzur, Şyhny hezretleri. Men degişmeçi-de däl, sada-da däl. Biderek geplänimi soň düşündim. Elbetde, olar at-ýarag almak üçin Gürgenje gelmezler. Ýöne men bu gepi olaryň elinde galan adamlarymyň janyny saklamak üçin aýdan bolsam gerek.

-Berekella, ýalňyşyňyzy düşünipsiňiz. Siz adamlaryňyzyň jany barada howp etmäň. Biz olara zeper ýetmez ýaly tedbir ulanarys. Siz puly on günden bäride berip goýbermäň. Biz şu wagtdan peýdalanyp, olaryň üç tarapyna-da daşdan aýlap, esger taşlarys. Olar puly alansoň haýsy tarapa gitselerem ele düşerler.

-Taňryýalkasyn, Şyhny hezretleri! Alla size uzak ömür bersin. Mertebäňiz egsilmesin. Siz meseläni hemme taraplaýyn oýlanyp, ölçerip çözýän ýiti zehinli adam ekeniňiz...

-Goýsaňyz-la, jenap. Bu bir çözmesi kyn mesele däl-ä. Munuň üçin iliňkiden artyk zehin, parasat gerek däl-le.

Anuş-tegniň bu gepi kerwenbaşa gyjalat berdi. Ol onuň öwgüni gowy görmeýänini aňdy. “Horezmin şyhnydan gönenipdir. Örän parasatly, adalatly adama meňzeýär” diýip, içini gepleden kerwenbaşy Anuş-tegine minnetdarlyk baryny aýdyp hoşlaşdy. Kerwenbaşy gideninden soň Anuş-tegin hem bu wakadan Walyny habardar etmek hem-de ondan esger almak üçin köşge gitdi.

Aradan on gün geçdi. Kerwenbaşy şyhnyny habardar edip, bir adamyndan talaňçylara puly berip goýberdi. Pul baryp gowuşanyndan zamunlar azat edildi. Şonça pula eýe bolan talaňçylar. Anuş-teginiň çak edişi ýaly at başyny yza tarap tutdurdylar. Emma olaryň heşelle kakyşyp gidişleri uzaga barmady. Degre-daşy gabalyp tutuldylar. Nebsiň, açgözlügiň ündewi bilen uzak ýoldan duzemek bolup gelen hemralarynyň ellerini arkasyna daňan bu adamlaryň indi öz elleri daňylyp, at öňünde sürülip baryşlaryna “Ýakma bişersiň, gazma düşersiň” diýen halk nakyly ýatlaryna düşen bolsa gerek.

Anuş-tegin aýdyşy ýaly etdi. Gürgenjiň uly meýdanynda uzuny kyrk geze golaý dar gurduryp, talaňçylaryň ýigrimisinem şol dardan asdyrdy. Ýaman adamlara sapak hökmünde berlen bu jezany Gürgenjiň ilaty adalat hökmünde makullady. Çünki ýamana berlen jeza, ýagşa berlen sylag ýaly adalatyň bir görnüşidir.

Anuş-tegin Horezme Şyhny we mütassarif bellenip, geleninden bäri geçen on bäş ýyla golaý wagtyň içinde şyhny hökmünde ýurtda tertip-düzgüniň berkemegi, arza-şikaýatlaryň adalatly çözülmegi, mütassarif hökmünde bolsa girdeji-çykdaýjylaryň deňagramlygyny gazanmak ugrunda köp we netijeli işler etdi. Şonuň üçin onuň halkyň arasynda abraýy has belende galdy. Halkyň şeýle sarpa goýýan adamyna ýurduň walysy Ekinçi ibn Koçkaryň hem hormat goýmazlygy mümkin däldi. Diňe hormat däl, soňky wagtda oňa uly ynam hem bildiripdi.

Adamyň işi oňuna bolup, il içinde hormata mynasyp bolsa kalbyna ruhybelentlik, tenine gujur-gaýrat ylahydan inen ýaly bolýar. Şonlykda Anuş-tegin hem belent ruh we gujur-gaýrat bilen il-ýurt bähbitli işlerini depginli dowam etdirdi. Döwlet gelse goşa-goşadan diýilişi ýaly, Anuş-teginiň Merwde tälim-terbiýe alyp ýören ogly Kutbiddin Muhammet medresäni tamamlap, öýüne özi bilen uly şatlyk alyp geldi. ýigrmi ýaşa dolan syratly, görmegeý, parasatly, edermen ogul ene-atasynyň buýsanjy hem guwanjydy. Muhammet diňe daş görnüşi bilen däl, baý içki dünýäsi bilen hem tapawutlanýardy. Ol edepli, salyhatly, edebiýaty, sungaty gowy görýän, pelsepeden beýleki dünýewi we dini ylymlardan hem başy çykýan arap, pars dillerini-de bilýän ylymly şahsyýetdi. Onuň tarypyny eşiden waly Ekinçi ibn Koçkar ony köşge öz ýanyna işe aldy. Ilki ol walynyň kömekçisi we maslahatçysy bolup hyzmat etdi. Soňra, aradan bir ýyl geçip geçmän harby hyzmata, ýokar serkerdelik gullugyna çekildi. Şu arada Anuş-tegin ony öýerdi, öz başyna öýli-işikli etdi.

## V BAP

Wagt diýip atlandyrylýan Dünýädäki iň şepagatsyz zadyň geçmişden geljege tarap ýel kimin öwsüp geçenini adam duýman galýar. Şalara-da, gedaýlara-da deň daraýan wagt özüni jahan soltany hasaplaýan Mälik şany-da geçmişe ugratdy. Demini sanap ýatanynda onuň bilen didarlaşmak Anuş-teginiň nesibesinde bar eken. Ol soltanyň çagyrmagy boýunça Ispihana geleninde onuň ölüm düşeginde ýatanynyň üstünden çykdy. Soltanyň ýakyn adamlarynyň biri bolany üçin ony hassanyň ýatagyna goýberdiler. Içeri gireninde Soltanyň başujynda özüniň köne tanyşy Omar Haýýam bilen iki sany tebibiň oturanyny gördi. Ol ýuwaş gelip, Haýýamyň ýanyna çökdi. Kelle kakyp olar bilen sessiz salamlaşdy. Soňra gözleri ýumuk soltana ýüzlenip: “Kyblaýy älem, men geldim, men Anuş...” diýip ýuwaş dillendi. Soltan gözüni çala açyp seretdi, ony tanady, bir zatlar diýmekçi bolup, dodaklary müňküldedi, emma aýdyp, bilmedi, gözleri ýene ýumuldy, şonda

agzynyň bir burçyndan ak köpük çogup çykdy. Omar Haýýam el ýaglygy bilen köpügi sürtüp aýyrdy. Ol Anuş-tegine manyly garap:

-Beýle köpügiň üçünji ýola çykyşy-diýip pyşyrdady. Anuş-tegin onuñ sözünden we özüne manyly garaýşyndan soltanyň zäherlenenini aňdy. Zäherlenen adamyň agzyndan ak köpük gelýänini ol bilýärdi, "Bu işi kimiň etmegi mümkin" diýip, iç gepledip, iňkise gitdi. Şol wagt Soltanyň kiçi aýaly melike Terkan, 8 ýaşly ogly şazada Nasyretdin Mahmut hem-de serkerdebaşy Aýup al Kazwin dagy geldiler. Melike Omar Haýýama bir hili seredip, gözi bilen "gidiberiň" diýen yşaraty etdi. Anuş-tegin Omar Haýýam bilen soltanyň ýatagyndan çykanlarynda:

-Möwlana, bu işi kimiň etmegi mümkin?-diýip sorady.

-Soltanyň ölümi kime bähbitli bolsa şonuň...

Omar Haýýamyň soňuny aýtmadyk jogaby Anuş-tegini has gyzyklandyrdy. "Kimiň bähbidi bolmagy mümkin... Adamyň ölüminden hem bähbit araýan kim-kä? Kimem bolsa täji-tagta göz dikýän kimse bolmaly. Ähli belanyň körügi-täji-tagt! Bäş günem bolsa oňa eýe bolmak üçin hiç zatdan gaýtjak däller-ow!" diýip içini gepledip, oýa çümüp barýan Anuş-tegini Omar haýýamyň:

-Ýene iküç sagatlyk ömri galdy-diýeni özüne getirdi.

Soltanyň bu dünýäni terk etmegi Omar Haýýamyň Anuş-tegine aýdan möhletinden hem öňräk ýüze çykdy. Bu wagtda olar köşkden uzak bolmadyk bir kahwahanada kahwa içip, gürleşip otyrdylar. Bir mahal daşardan howlugyp giren bir adam:

-Eşitdiňizmi, Mälik şa wepat bolupdyr. Onuň ýerine kiçi ogly şazada Nasyretdin Mahmut tagta çykarlypdyr. Şazadanaýň entek ýaşlygy zerarly döwlet ygtyýarlylygy ejesi melike Terkana berilipdir...-diýip, sözüni gutarmanka, oturanlaryň biri:

-Biderek gürrüň tapma how, gulagyňy keserler!-diýdi. Ýene biri:

-Diliňi keserler!-diýdi.

-Eý, biderek däl, ynanmasaňyz daşary çykyň! Eýýam köçelere, bazarlara bu hakda jar çekilip dur. Men öz gulagym bilen eşitdim-diýip, gelen adam ynandyryp aýdansoň, gowur başlandy, her kim bir zat diýdi. "Näme üçin, uly ogly Bark Ýaruk barka ýaş çagany tagta çykarypdyrlar?" diýenler köpçülikdi.

Omar Haýýam Anuş-tegine "Ine ýaňy maňa beren sowalyňyzyň anyk jogaby" diýen manyda seretdi.

Olar kahwahanadan çykyp köşge baranlarynda häzir bolan wezir-wekiller, beýleki köşk emeldarlary matam görnüşinde aýak üstünde durdylar. Serkerdebaşy Aýup al Kazwin soltanyň ýatan jaýyna girip-

çykyp, baş wezire bir zatlar diýýärdi. Anuş-tegin bilen Omar Haýýam çetiräkde duranlary üçin ýuwaş gepleýän serkerdebaşynyň nämeler diýeni olara eşidilenokdy. Omar Haýýam Anuş-tegine ony ümläp görkezip: “Pitnäniň başynda duran şu adam bolmaly” diýip pyşyrdady. Anuş-tegin oňa ünsli seredip, keşbini ýadynda saklady. Ol: “Şeýle adamlardan ägä bolmaly” diýip içinden özüne öwüt beren boldy.

Agşama golaý köşk emeldarlaryndan başga adamlar dagaşdylar. Omar Haýýam daşary çykanlarynda Anuş-tegini öýüne myhmançylyga çagyrdy. Anuş-tegin:

-Sag, boluň, möwlana. Men bolýan ýerime baryberäýin. Sizem dynjyňyzy alyň. Entek, soltanymyzyň jaýlanyş merasymlarynda duşarys-diýdi. Nämedir ýüregine sygman içini hümledip barýan Omar Haýýam:

-Barsaňyz, gürrüňi edilmeli däl zatlary gürrüň beräýjekdim-diýdi. Ýoldaşynyň “Gürrüňi edilmeli däl zatlar” diýeni Anuş-tegini özüne çekdi, bilesigelijiligini oýardy. Ol Omar Haýýamyňka bararman boldy. Bardylar. Omar Haýýamyň maşgalasy ýokdy. Ol özüniň bazardan satyn alan Saýyda atly gözel gyrnagy we bir bagbany bilen ýaşaýardy. Saýyda naharyna ökde ekeni, juda tagamly naharlar taýýarlap berdi. Omar Haýýamyň rubagylarynyň esasy mowzugy bolan gülgün reňkliden hem biraz süzdüler. Emma Omar Haýýamyň ýolda beren wadasyndan derek bolmady. Anuş-tegin hem ahyr özi dil ýarar diýip, çydap garaşdy. Omar Haýýam myhmanynyň ýüzüne bakyp, pikirini okady, onuň sabyrsyzlyk bilen garaşýanyny bilse-de saklandy.

Dogrusyny aýdanda, ýolda ol gepiň dilinden sypanyna ökündi. Şonda diline erk edip bilmändiginiň sebäbi-de ylmyň, alymlaryň howandary, Omar Haýýam başlyklaýyn alymlaryň asman jisimlerini öwrenmekleri üçin ajaýyp resedhana gurduryp beren, ol ýerde işlemek üçin ähli şertleri döredip goýan, şeýle ylymperwer, beýik hökümdaryň bir jelebiň elinden namyrat gidenligini içine sygdyryp bilmänligi bolsa gerek. Indi bolsa öz öýünde isýankär duýgulary köşeşip, özi aýtmyşlaýyn gürrüňi edilmeli däl, zatlaryň gürrüňini etmegi islänokdy. Emma gürrüň etmese-de, Anuş-tegini aldadygy boljakdy. Şonuň üçin Omar Haýýam:

-Ezizim Anuş-tegin-diýip, söze başlady. Bilýän nämä garaşýandygyňyzy. Ýöne meniň size gürrüň berjek diýen zadym iki adamyň arasyndaky örän gizlin syr. Men ony size gürrüň bersem ol üç adamyň arasyndaky syra öwrüler. Eger ol şundan aňry geçse meniň

kelläm gider. Şonuň üçin siz şu gürrüňiň şu ýerde, ikimiziň aramyzda galjakdygyna söz bermegiňiz gerek.

-Möwlana, eger dostuň saňa ynanyp syryny aýtsa, senem ony äşgär etseň diňe dostuňa däl, ynam diýilýän mukaddeslige hem dönüklik etdigiň bolar. Men entek hiç kime, hiç haçan dönüklik etmedim. Mundan beýlägem etmerin. Meniň ynamym kämildir.

Omar Haýýam Anuş-teginiň sözünden kanagatlanyp, oňa ýylgyryp garady-da:

-Siz ömrüňizde näçe gezek söýdüňiz?-diýip,Anuş-tegini geň galdyran sowal berdi.

-Möwlana, siz söýgi möwsümi bolan ýaşlyk döwründe meniň kim bolandygymy ýatdan çykaraýdyňyz öýüdýän...

Omar Haýýam myhmanyny ynjydanyny duýdy.

-Ezizim Anuş-tegin, meni bagyşlaň, size ýerliksiz sowal beripdirin. Ýöne men söýginiň lezzeti bilen azaby hakynda siziň bilen dertleşip, hälki gürrüňi edilmeli däl diýen wakalara geçmekçidim...-diýip, biraz säginip, dowam etdi.

-Men ony Buhara hakany Şäms ol Mülükiň hyzmatynda mahalym duşurdym. Ol on alty ýaşyndaky gözellikde tenha, ýaşyna garamazdan kämillige ser uran, göze doly görünýän gyzdy. Ol hakanyň süýtdeş dogany Hyzyr Hanyň gyzy bolansoň özüni erkin hem läligiräk alyp barýardy.

Häliden haýran bolup oturan Anuş-tegin gürrüň diňe şu ýere ýetende onuň kim hakdadygyny aňdy Şunda özlerini Soltanyň ýatan jaýyndan gözi bilen ümläp çykaryp goýberen aýalyň Omar Haýýama üýtgeşik nazar bilen seredeni göz öňüne geldi. Şundan soň gürrüňiň dowamyny has gyzyklanyp diňläp başlady.

-Tebigatyň we adamyň näzik duýgularynyň oýanýan bahar aýydy. Men hakanyň derýanyň golaýyndaky mülkünde dynç alýardym. Ol hem hyzmatkärleri bilen şol ýerde ekeni. Bir güni ol guşluga golaý meniň ýanyma geldi-de:

-Omar jan, meniň bu ýerde ýüregim gysýar, bile atda gezelenje gitmeýäsmi?-diýip, birhili jadylaýjy ýylgyrdy. Men bir bada näme diýjegimi bilmän ýaýdandym, soňra:

-Meniň çapyksuwarlygymyň ugry ýok, siz meni birinji öwrümde ýitirersiňiz-diýdim.

-Biz saňa ýuwaşyrak at tapyp bereris. Onsoňam bilip goý, men haýyş etmän buýuryp hem bilerin.

Ol bu sözi bilen özüniň hökmürowan melikedigini ýatlatdy. Maňa bolsa “Hop, melikäm, men hyzmatyňyza taýýar” diýmekden özge çäre galmady.

Gitdik. Atlaryň başyny deň tutup, gürleşip, uzaklara gitdik. Uly öwrüm edip, gaýdyşynymyz ýolumyz bir saýyň üstünden dogry geldi. Ondan geçip barýarkak gyra golaýlaşanymda Melike atdan suwa ýykylyp düşdi. Men bu wagt gyra çykypdym. Derhal donumy çykaryp zyňdym-da melikä kömek bermäge howlukdym. Ýöne maňa suwa düşmek gerek bolmady, melike gyra ýetip, elini uzatdy, men çekip aldym. Soňra atlar gaçyp gidäýmesin diýip, Olary gyrymsy agaçlara daňyşdyryp, yzyma öwrülenimde ilki gözüm gyrymsy agaçlara serilen melikäniň geýimlerine, soňra ýumşak maýsalaryň üstüne ýazylan meniň donumyň üstünde çuw ýalaňaç ýatan onuň özüne gözüm düşüp, aňalyp galdym. Beýle-de uýatsyzlyk bolar eken-ow diýip, dodagymy diýledim. Ol:

-Nämä aňalyp dursyň, gel meniň ýanymda ýat-diýdi, soňra meniň entegem gozganman saňalyp duranyma gaharlyrak äheňde:

-Sen “Çakylyga jogap ber” diýen hadysy bileňokmy?-diýdi.

-Ýok melikäm. Beýle iş etsek bolmaz...

-Näme bolman, sen ýazgyt diýen zada ynanaňokmy? Adamyň ykbaly, ähli edim-gylymlary maňlaýyňa ýazylýan bolsa, ferjä-de[1] oňa dahyl boljak her bir erkegiň ady ýazylandyr. Men onda seniň adyňy gördüm, gel...

Meni, ygtyýarymy elimden alan bir güýç, oňa tarap çekdi. Boljak iş boldy. Men biraz aljyranym hem-de tejribesizligim zerarly onuň bakyradygyny ýa-da däldigini hem bilmedim. Belki, onuň özi aýtmyşlaýyn ol ýere ady ýazylanlaryň biri menden öňürtendir. Ol guran geýimlerini geýdi. Atlarymyza atlanyp, ýola düşdik. Onuň keýpi kökde, özi gepläp, özi gülýärdi, ýylgyrýardy. Men bolsa ömür garaşmadyk bu bolan işden henizem özüme gelibilmän, aljyraňňy ýagdaýdadym. Biziň duşuşyklarymyz günde, günaşa şol “ýazgytda ýazylan” ýerde dowam etdi. Men oňa barha öwrenişýärdim. Dogrusyny aýtsam ony söýüpdim. Bir güni ýatdan çykmajak üýtgeşik bir waka boldy. Biz hemişeki, melike aýtmyşlaýyn ýazgytdaky ýerimizde söýüşmegiň lezzetinden serhoş bolup ýatyrkak, men kimdir biriniň bize dikilen nazaryny ylahy duýgym bilen duýup, öwrülip seretdim. Bizden on bäş ädim çemesi aňyrda, gyrymsy agaçlaryň arasynda gözleri ýanyp duran ýolbarsa gözüm düşüp, inim tikenekläp gitdi. Meniň tisginenimi duýup, melike kellesini galdyryp seretdi, ýolbarsy gördi. Emma gorkmady. Ol: “Bu Türanyň

şasy adamlar meniň mülkimde näme işleýärkä diýip görmek üçin gelendir”-diýip ýylgyrdy. Men bu näzik göwrede şeýle batyrgaý ýüregiň bardygyna haýran galdym. Özüm bolsa içimden bilen dogalarymy okap, gorkup ýatyrdym. Hernä, ýolbars dok ekeni, ol bir salym bize seredip durdy-da, yzyna öwrülip gitdi. Men Hudaýa şükürler etdim[1].

Ähli eşretli döwranlaryň hem bir gün gelip, sowulyşy kimin biziň bagtly günlerimiz hem ömürlik däl eken... Şemis al Mülük dogany Türkan melikäni Mälik şaga aýallyga berip, özü-de onuň tabynlygyna geçdi. Şundan soň melike meniň üçin asmandaky el betmez aýa döndi. Meni-de Mälik şanyň weziri, özüniň danalygy, ökde syýasatçydygy bilen şöhrat gazanan Nyzam äl Mülk iküç alymlar bilen Ispyhana alyp gaýtdy. Bu ýerde ylmy işlerimi has gowy ýola goýdym. Meniň haýyşym boýunça Mälik şanyň emri bilen resedhana[11] gurup berdiler. Meniň ýolbaşçylygymda resedhanada hem işler gowy gidýärdi. Mälik şa biziň ylm0y işlerimize uly üns berýärdi, maddy taýdan höweslendirýärdi. Bir gün  Mälik şa men başlyklaýyn resedhanada, kitaphanadyr medresede işleýän alymlary, müderrisleri köşge çagyryp, meýlis etdi. Hezzet-homatdan soň hemmämize serpaý ýapdy. Soňra şadyýan ýylgyryp:

[11] Resedhana-abserwatoriýa

-Alymlarymyzyň baştutany, feýläsüf şahyr Abul Fatyh Omar ibn Ibrahym al Haýýam jenaplaryna aýratyn bir sowgadymyz bar-diýdi-de, hyzmatda duran hadymlara “getiriň” diýen yşarat etdi. Getirdiler. Oňa

gözüm düşende inim tikenekläp gitdi. Ol saý boýunda melike bilen ýatanymyzda üstümize gelen ýolbarsyň derisi ýaly şiriň derisidi.

-Muhterem Omar Haýýam, men siziň hemişe şir ýürekli, şir kimin gujur-gaýratly bolmagyňyzy arzuw edip, şu şir derisini sowgat bermegi makul bildim-diýip, Mälik şa ony hadymyň elinden alyp, maňa gowşurdy. Men tagzym edip, minnetdarlygymy bildirdim. Ýöne özüme ýolbars derisiniň sowgat berilmegi Mälik şanyň özüniň pikiri bolman, mekir melikäniň maslahaty bilen bolandygyny derä gözüm düşenden aňypdym. Melike bu deri bilen maňa geçen günlerimizi ýatlatmakçydy[12]. Görýäňizmi bu şetdat aýalyň elinden her zat geler. Onuň serkerdebaşy Aýýubi bilen tirkeşip ýörmegi-de, ýöne ýere däl bolmaly...

Omar Haýýam gürrüňini şu ýerine gelende kesdi, dowamyny gybat bolaýmasyn diýen pikir bilen bolsa gerek aýtmakdan saklandy. Aýtmasa-da aňyrsy düşnüklidi.

Anuştegine Omar Haýýamyň özüne eden hezzet-hormatyndanam bu beren gürrüňi has täsirli boldy. Ol bu dünýäniň beýle işlerine haýran galyp oturşyna Omar Haýýamyň rubagylarynda teswir edilen dünýäniň beýleki işleri barada-da eşidesi, diňläsi geldi. Omar Haýýam myhmanynyň haýyşyny ýerde goýman, täze ýazan rubagylaryndan birnäçesini okap berdi. Anuş-tegine aýratyn-da onuň:

Jahana ýetsedi mendäki kuwwat,
Bu harap düzgüni ederdim berbat.
Ýaňadan gurardym şeýle bir dünýä,
Adamlaň maksady bolardy myrat-

-diýen rubagysy has ýarady. Çünki bu setirler onuň häzirki ruhy halaty bilen kybapdaşdy. Anuş-tegin Omar Haýýama myhmandarçylygy üçin minnetdarlyk bildirip, onuň bilen hoşlaşdy.

***

Mälik şanyň ölümi Anuş-tegine agyr degdi. Çünki ony-ýönekeý bir guly terbiýeläp, gadyrlap, uly wezipeler beren, şu güne çenli arkasynda dag ýaly bolup duran howandaryndan aýrylypdy. Indi onuň mundan beýläkki ýagdaýynyň, işiniň nähili boljagy belli däldi. Bir ýagşysy, waly Ekinçi ibn Koçkar bilen soňky döwürde aralary sazlaşypdy, düşünişip işleşýärdiler. Ekinçiniň özü-de ýaman adam däldi, kişä ýamanlygy ýokdy. Şonuň üçin ondan bir zyýan ýeter diýip howatyr etmese-de

[12] Omar Haýýamyň melike bilen söýgi başdan geçirmeleri Moskwada 2008-nji ýylda Eskimo neşirýaty tarapyndan çap edilen "Omar Haýýam" rubagylar kitabynyň yzynda Leo Ýakawlewiň ýazan "Omar Haýýamyň syry" atly çeper terjimehalyndan alyndy

bolýardy. Emma bäride tagtyň töwregindäkileriň, melikäniň özüniň hem oňa garaýşy näbellidi. Ol şeýle alasarmyk oýlar bilen Målik şanyň jaýlanyş merasymy gutarýança YspYhanda galdy. Mälik şa patyşalara mahsus bolan düzgün boýunça örän köp adamyň gatnaşmagynda jaýlandy. Şundan soň Anuş-tegin Horezme gaýtmaly boldy. Emma döwlet başynda oturan melikäni görmän, özi barada habarly etmän gaýdybermek düzgüne dogry gelmeýärdi. Melike bolsa matamda ýas tutup otyrdy. Garaşmalydy. Aradan bir hepde geçip-geçmän melike zerur işli adamlary kabul edip başlady. Anuş-tegin hem melikäniň huzuryna girmek üçin köşge barýarka nätanyş, onda-da aýal hökümdaryň özüni nähili kabul etjegi, iş meselesiniň nähili boljagy baradaky oýlary ädimlerini öňe däl-de, yza çekýän ýalydy. Onuň bagtyna köşkde, resedhananyň işi boýunça diwana gelen Omar Haýýam sataşdy. Ol Anuş-teginiň howatyrly görnüşinden melikäniň kabulyna gelenini aňdy. Ol:

-Näme beýle howatyrly görünýäňiz, dostum, ýa melikeden görkýaňyzmy?-diýip, degişip ýylgyrdy.

-Melikäňiz öň kim bolan bolsa-da, häzir hökmürowan, şonuň üçin çekinmänem duramok.

Omar Haýýama-da melikäniň huzuryna girmäge bahana gerek bolsa gerek, ol:

-Çekinýän bolsaňyz, özüm bile girip tanyşdyraýyn-diýdi.

-Şeýitseňiz-ä gowy bolardy, möwlana-diýip, Anuştegin haýyş äheňinde dillendi. Olar tagt eýwanynyň tylla çaýylyp islimi nagyşlar bilen bezelen belent gapysynyň öňüne baranlarynda ol ýerde duran nöker Omar Haýýamy tanap salam berdi. Ol gulluga iküç ýyllykda gelen bolmaga çemeli, sebäbi on bäş ýyl öň Horezmine giden taşdar Anuş-tegini tanamady. Nöker:

-Jenaplar, melikämiziň huzuryna ikiňiz bile girmekçimi, ýa aýrymy?-diýip sorady. Omar Haýýam bile girmekçidiklerini aýtdy. Nöker içeri girip, Omar Haýýam ýanynda bir adam bilen kabul edilmegini soraýandygyny aýdanymda melikäniň gaşy çytylsa-da, rugsat berdi. Anuş-tegin bilen Omar Haýýam içeri girip, tagtda däl-de, gapdaldaky oturgyçda oturan melikä baş egip, salam berdiler. Düzgün boýunça tagt eýesi bolmadyk, täçsiz hökümdara patşalara edilýän tagzym edilmeýänligi üçin şeýitdiler. Melike ýerinden turup, ýüzünde bir hili kinaýa bilen olary ýekän-ýekän gözden geçirdi, soňra Omar Haýýama ýüzlenip:

-Möwlana, näme arz bilen geldiňiz-diýdi. Omar Haýýam:

-Melikäm, ýoldaşym Horezminiň şyhnysy hem mütässerifi Anuş-tegin Gärçistany jenaplaryny, onuň haýyşy boýunça siziň bilen tanyşdyrmaga alyp geldim-diýeninde melikäniň ýüzünde ajy ýylgyryş peýda boldy:

-Men bilýän-ä bu guly. Taşdar mahaly Mälik şanyň ýatagyna gyzlary, müşk-anbar sepip, eltip berýärdi-diýdi.

Anuş-tegin gaty erbet boldy. Bir bada näme dijegini bilmän dili tutuldy. Emma salym geçmän özüni ele aldy. Tas bolmasa "müşki-anbaryň güýji bilen Soltana deşik teňňesini geçiren biri hem bolan eken" diýipdi. Emma beý diýse Omar Haýýama beren sözüne dönüklik etjekdi. Onsoňam, onuňam özüniňem başlaryna näme belalar geljegini oýlanyp, dilini dişledi. Soňra:

-Melikäm, nähak aýtdyňyz. Men onuň ýaly iş edemok. Gaýtam, gyrnaklaryň abhanasyna müşk-anbar goýmanym üçin soltandan gep eşitdIm-diýdi. Melike:

-Ony-da bilýän. Heremde aýallar: soltan Anuş-tegini Horezmine müşki-anbar üçin pul ýygnamaga iberdi-diýip gürrüň edýärdiler-diýip, sypaýysyrap ýylgyrdy. Soňra:

- Bu ýerde başga işiňiz bolmasa gaýdyberiň, işiňize baryň-diýdi.

Anuş-tegin baş egip, çykjak mahaly Omar Haýýam "men hem gaýdyberäýinmi?" diýen manyda melikä garady, ol başyny atdy. Omar Haýýamyň eden tamasy çykmady. Ol içinden "Melike meniň bilen ikiçäk galmaga Aýýubiden çekinýän bolmaly" diýip, Anuş-tegin bilen bile çykyp gaýtdy. Anuş-tegin ýoldaşynyň şu mahal kalbynda dörän duýgularyny aňsa-da, bu hakda gürrüň gozgamady. Omar-Haýýam hem içindäkini daşyna çykarman dymyp barýardy. Ol mundan bir sagat öňki şähdi açyk, gürrüňçi Omar Haýýam däldi. Olar bir çatryga ýetenlerinde aýrylyşmaly boldular. Omar Haýýam melikäniň özüne biparh seredenine göýä Anuş-tegin günäkär ýaly onuň bilen sowuk-sala hoşlaşdy.

Anuş-tegin Horezme gaýtmak üçin melikeden rugsat bolanyndan soň Ispihanda uzak saklanmady. Tizara ýol şaýyny tutup özüniň iki hyzmatkär-nökeri bilen üç atly bolup, ýola düşdiler. Olar özlerinden bir gün öň Gürgenje ugran kerweniň yzyndan ýetmek üçin atlaryny mazaly haýdap, üçünji güni kerwene goşuldylar. Şeýlelikde güýz aýynyň tomusdan parhly salkynrak howasynda kerwen bilen uzak ýoly söküp Gürgenje ýetip geldiler.

***

Anuş-tegin Ispihandan geleninden öz işini öňküsi ýaly erjellik bilen dowam etdirdi. Emma Ekinçi ibn Koçkar bilen aralary öňküsinden

barha daşlaşýardy. Munnuň sebäbi Anuş-tegine düşnüklidi. Ekinçi Mälik şanyň aradan çykmagy bilen özüni has erkin duýup başlady. Şuňa çenli güýçli hökümdaryň hökmürowanlygynyň labyry onuň üstünden basyp durany üçin özbaşdak hereket edip bilmeýärdi. Öň Anuş-tegin bilen arasynyň gowulygy hem onuň Mälik şanyň adamy bolany üçindi. Indi köpden bäri ýüreginde besläp ýören matlabyny ýüze çykarsa-da bolman durjak däldi. Ol şeýle-de etdi, özüni horezmşa diýip atlandyrdy. Horezmşa hökmünde sebitdäki syýasy meselelere-de gatyşyp, käte güýç ulanyp hem başlady. Öň waly diýip atlandyrylýan döwründe döwlet derejesindäki işleri egindeşleri, emirler bilen maslahatlaşyp, edýän bolsa, indi hiç kimden geňeşmeýärdi. Onuň beýle tiz howalanyp gitmegi käbir emirleriň närazylygyna sebäp boldy. Adatda öz içiňde agzybirlik bozulsa, mundan daşardakylar peýdalanmagyň ugruna çykýarlar. Mälik şanyň ölüminden soň özbaşdaklyk yglan eden Horasanyň häkimi emir Dadbek Hebeşi Horezmdäki ýagdaýdan habar tapyp, Ony özüne tabyn etmek maksadynda çäre gözläp başlady. “Gözlän tapar” diýilişi ýaly ol oýlap tapan çäresini amala aşyrmak üçin Horezme adam iberdi.

Bir güni agşamara Anuş-teginiň öýüne iki nätanyş adam geldi. Gelenleriň biri 40, beýlekisi 50 ýaşlar töweregindäki, gyrçuw sakgal-murtyna entek ak aralamadyk, daýaw, geýnüwli pyýadalardy. Anuş-tegin olaryň ýadaw görnüşinden şu gün Merwden kerwen bilen gelen adamlardygyny aňdy. Ýöne näme maksatda gelendiklerini çakdanam bilip bilmedi. Salam-alekden soň gelenleriň ekabry:

-Muhterem Şyhny hezretleri, bizi myhman alarsyňyz diýen tama bilen öňünden habar etmänem göni geliberdik-diýdi.

-“Gelen döwlet” diýipdirler, hoş geldiňiz, geçiberiň-diýip, Anuş-tegin olary myhman hökmünde öýüniň törüne geçirip, hezzet hormat etdi. Olaryň bolup oturşyndan bir möhüm gepiň bardygy duýulýardy. Ýöne oňa derek Anuş-teginiň ogly Muhammet barada söz açdylar. Olar hamana Muhammedi gowy tanaýan ýaly biri alyp biri goýup öwüp başladylar.

-Şunuň ýaly ylymly, edermen ogly bar adamyň armany bolmaz, jenap Anuş-tegin-diýip, Myhmanlaryň ekabry soňundan: -Ol sizden aýry ýaşaýarmy, görnenok-la?-diýip sorady. Anuş-tegin:

-Ýok, ýeke ogul aýry ýaşarmy. Ol gullukda eger bir ýere gitmedik bolsalar geler öz-ä-diýdi. Şundan soňam, naharyň omyny edilenden soňam myhmanlar öz habarlary barada dil ýarmadylar. Ahyr sabyr käsesi dolan Anuş-teginiň özi habar sorady:

-Myhmanlar, indi özüňizi tanyşdyraýsaňuz, onsoňam menlik näme ýumuşyňyz bolsa aýdyp oturyň, çekinmäň-diýdi. Olar çekinmegiň näme zatdygyny bilýän adamlar däldi. Ýöne orta atyljak mesele örän möhüm bolany üçin öý eýesiniň özi habar soraýança garaşypdylar. Çünki garaşdyryp aýdylan gep has täsirli bolýar.

-Hormatly jenap Anuş-tegin, biz bäri ýöne-möne ýumuş bilen gelmedik. Bize özüne özi Horezmşa diýip at dakyp, sebitde bulagaýçylyk edip ýören Ekinçini aýyryp sizi Horezminiň tagtyna çykarmak wezipesi tabşyrylan-diýip, myhmanlaryň ekabry söze başlady, beýlekisi onuň sözüni dowam edip:-Horezminiň tagty, horezmşa unwany Ekinçi ibn Koçkara däl, size mynasyp-diýdi.

Ýedi ýatyp turanda-da oýuna gelmejek bu habar Anuş-tegine gündiziň güneşli güni ýyldyrym çakan ýaly boldy. Birdenem köňlünde bir şübhe döredi. Myhmanlaryna seredip ajy ýylgyrdy, kellesini ýaýkap:

-Gaty täsin gürrüň edýäňiz, ýigitler!-diýdi. -Meniň tagt dawam ýok, hiç haçanam bolmandy. Eger Ispihana Ekinçiden başga horezmşa gerek bolsa ony başga ýerden gözläň.

Myhmanlar bu gepden soň Anuşteginiň özlerine ynanmaýandygyny aňdylar. Olar biri-birine manyly seredişip, kelle kakyşanlaryndan soň ekabry dillendi:

-Jenap Anuş-tegin, siz bize nähak ynanmazlyk edýäňiz. Gepimiziň hakdygyna Gurhany Kerimden ant içmeli bolsa-da içeli.

Gurhan agzalandan soň Anuş-teginiň göwnündäki şübhesi biraz aýrylan ýaly boldy. Ol: “Göreýin, hany, soňunda näme diýerkä” diýip, içini gepletdi-de:

-Ant içmek gerek däl, aýdyberiň-diýdi. Myhman sözüni dowam etdi.

-Onda açykçasyna gürleşeli. Ekinçiden başga Horezmşa siziň aýdyşyňyz ýaly Ispihana däl, Merwe gerek. Häzir Ispihanda baş-başdaklyk. Horasan Ispihanyň tabynlygyndan çykyp emir Dadbek Hebeşiniň başçylygynda özbaşdak döwlet boldy. Indi Horasan bilen Horezmin birleşse onuň öňünde durup biljek güýç bolmaz. Iki ýurdy birleşdirmek üçin Horezminiň başynda şu maksada eýerýän adam bolmaly. Emirimiz Dadbek Hebeşi şeýle adam hökmünde sizi nazarda tutýar. Munuň birinji sebäbi, ol sizi Mälik şanyň köşgünde hyzmatda wagtyňyzdan bäri tanaýan ekeni. Siziň ýüregi arassa, dostlaryna wepaly adamdygyňyza göz ýetiripdir. Ikinji sebäbi, siz işiňize erjelligiňiz, adalatlylygyňyz, ynsanperwerligiňiz bilen halkyň arasynda uly abraý gazanypsyňyz. Eger siz Horezmşa hökmünde tagta çyksaňyz halk hem

sizi iki elläp goldar... onsoňam emirimiz Dadbek ogluňyz Muhammet barada hem gowy sözler aýtdy. “Mert, edermen ýigit bolmaly ol” diýdi.

Daşarda at aýagynyň sesi eşidildi. Myhman howatyrlanyp, sözüni kesdi. Anuş-tegin:

-Howatyr etmäň. Bu gelen Muhammet bolmaly, käte şunuň ýaly gullukdan giç gaýdýar-diýdi. Myhman sözüni dpwam etdi.

-Muhammediň sözümiziň üstüne gelmegi, işimiziň oňjagynyň alamaty, jenap Anuş-tegin. Çünki işimiziň bir tarapy Muhammede hem degişli.

-Muhammede nämesi degişli?-diýip, Anuş-tegin geňirgäp sorady. Myhman jogap bermezinden öň ýoldaşyna manyly seredip aldyda, dogry jogaby soňa goýup, başga göçüm etdi.

-Aý näme, Alla nesip etdirse, sizden soň Muhammet, ondan soň agtyklaryňyz, çowluklaryňyz Horezminiň tagtyna çykyp, asyrlar aşa Anuş-teginler nesilşalygy gider oturar.

Myhmanyň bu sözüne Anuş-tegin ýylgyryp, kellesini ýaýkady. Şol wagt atyny ýerleşdirip, öýe giren Muhammet bu nätanyş myhmanlaryň kakasy bilen edip oturan bir möhüm gürrüňiniň üstüne gelenini aňdy. Ol myhmanlar bilen görüşip soraşanyndan soň, gaty ýadawlygyny aýdyp, uzur sorady-da, dynç almaga öz otagyna gitdi. Myhmanlar onuň gidenini kemem görmediler. Ilki kakasyny yrsalar, kakasy ogluny yrar öýütdiler.

-Jenap Anuş-tegin-diýip, myhman Muhammediň gelmegi bilen kesilip galan sözüni dowam etdirdi. -Size, geljek nesilleriňize şeýle beýik ykbala ýol açyp bermegi Alla biziň emirimiz Dadbek Hebeşiniň gursagyna salan bolsa bidiňizmi! Size-de bu ykbaldan gaçyp gutulma ýok bolsa gerek.

Myhmanlar bilen edilen gürrüňiň dowamynda Anuş-teginiň olar baradaky şübhesi aýrylypdy. Olaryň synçy däl-de, öz bähbidini araýan hökümdarynyň buýrugy bilen gelendiklerine göz ýetirdi. Bularyň hem hökümdarynyň hem gaýgysy Anuş-teginler nesilşalygyny döretmek däl-de, Horezmini Horasana tabyn etmekdi. Indi oňa arkadaýanjy, howandary Mälik şadan soň Horezminiň kime tabyn bolanynyň kän bir parhy ýokdy. Eger ykbalynda Horezminiň tagtyna çykmaklyk bar bolsa tabynlyk hem uzaga gitmez.

Anuş-teginiň dymyp, oýlanyp oturanyny razylyk alamaty diýip düşünen myhmanlaryň ekabry ýene-de söz açdy:

-Jenap Anuştegin, täji-tagt diýilýän zat, diňe Allanyň nazary düşen adama miýesser bolýandyr. Sizem Allanyň nazary düşen adamlaryň biri bolmaly.

-Ýeri, şeýle ekeni-dä, ýöne biriniň eýeläp oturan tagtyny diňe Allanyň nazary bilen alyp bolmaz-diýip, Anuş-tegin çalarak ýylgyryp, myhmana synçy nazaryny dikdi.

-Siz meseläniň o ýanyny gaýgy etmäň, bu işde Allatagalaga kömek etjekler bar. Muhammet hem biraz kömekleşip goýberse iş hamyrdan gyl sogurlan ýaly biter.

Anuş-tegine myhmanyň soňky gepi ýaramady. Ol kellesini ýaýkap:

-Meniň oglum katyllyga goşulmaz-diýdi.

Myhman soňky gepini sähel öňräk aýdyp, Anuş-tegini üşendirenini duýdy. Emma indi gaýtmyşym etse-de boljak däldi.

-Jenap Anuş-tegin, "Janyňy gaýgyrsaň janana nirde" diýipdirler. Janan sizdenem beter Muhammede gerek. Siziň ýaşyňyz ötüşip barýar, Muhammet ýaş ýigit. Sizden miras galjak Horezmşa ady bilen, Alla miýesser etse, uzak ýyllar höküm sürer. Muhammet özüniň şeýle parlak geljegi üçin bu işe birazrak baş goşmaly bolar. Beýle diýdigim, Ekinçiniň gol-aýagyny daňyp bermeli diýdigim däl. Ol indi iküç ýyl bäri Ekinçiniň golaýynda gullukda. Ol onuň ähli hereketlerine, endiklerine, meýillerine belet bolmaly. Ol haçan nire ýa-da şikara gidýär, kimler bilen gidýär, näçe günlik gidýär. Ine şu zatlardan bizi habardar edip dursa bolany. Onsoňam, jenap Anuş-tegin, Ekinçini aradan aýyrmak üçin gylyç ýa hanjar ulanmak hökman däl. Waly hezretleri bir bagtsyz hadysa zerarly dünýäsini täzelemegi-de ähtimal.

-Munyňyz hem katyllygyň bir görnüşi-dä-diýen Anuş-tegine myhman ajy ýylgyryş bilen garady:

-Eýsäm nätmeli? Baryp, Ekinçiniň özünden "Tagtyňyzy bize beriň" diýip haýyş etmelimi?

Anuş-tegin söhbetdeşiniň ajy kinaýa bilen aýdan bu gepine bir bada jogap tapmady, soň:

-Özüňiz görüň-dä... Maňa galsa onuň özü-de, tagty-da gerek däl-diýdi. Bu gepe beter jany ýanan myhman janygyp dillendi:

-Size gerekmese Muhammede gerek, geljekki nesilleriňize gerek! Adam yzynda galjak nesilleriniň ykbalyna biparh bolmaly däl-ä. Siz nä şuňa düşüneňizokmy?!

Anuş-tegin özüniň hem islemän durmadyk zady üçin mundan soňam nyrh kesişip oturmagy islemän:

-Düşünýän. Şonuň üçin ýaňy "özüňiz görüň-dä" diýdim-ä-diýdi. Şundan soň myhmanlar uzak eglenmediler. Meseläni çözüldi hasap edip, gaýtmak üçin rugsat soradylar.

Myhmanlaryny ugradan Anuş-tegin hemişekisinden gijiräk ýatsa-da dürli oý-hyýallaryň ummanynda ýüzüp, uzak wagt uklap bilmedi.

***

Şol günüň ertesi irden çaý başynda oturan kakasyna salama gelen Muhammede Anuş-tegin:

-Gel oglum, özüňem maňa ýakynrak otur, bir möhüm gep bar-diýdi.

Muhammet kakasynyň görkezen ýerinde oturdy-da:

-Möhüm gep diýýäniňiz gijeki myhmanlaryňyzyň gepi bolsa men ony bilýän, kaka-diýip, ýeserlik bilen ýylgyrdy.

Muhammediň gepini geň-taň gören Anuş-tegin oňa çiňňerilip seretdi-de:

-Sen ony nirden bilýärsiň?-diýdi.

-Men myhmanlaryňyza nazarym düşenden olaryň horezminli däldigini, ilerden gelen adamlardygyny aňdym. Häzir goşunyň içinde-de olaryň adamlary bar. Ekinçiden närazy emirler bilen olaryň bir hyşy-wyşylary bardygyny men duýýan. Maksatlary Ekinçini agdarmak bolmaly. Başga gürrüňiň beýle gizlin bolmajagy belli. Ol adamlaryň siziň ýanyňyza gelmegi bolsa, siz Ekinçiden soňky ikinji emeldar. Abraýyňyz halkyň arasynda onuňkydan zyýada. Şonuň üçin agdarlyşyk bolaýsa sizden başga tagta çykarmaga mynasyp, halkyň goldajak adamy ýok.

Oglunyň beýle duýgurlygyna, parasatyna ýüreginde buýsanç dörän Anuş-tegin Muhammede atalyk mähri bilen seredip:

-Tüweleme oglum, akyl-paýhasyňa göz degmesin-diýdi.

Ataly-ogul çaýyň başynda mundan soň boljak-goýjak ýagdaýlary bir salym ara alyp maslahatlaşanlaryndan soňra Muhammet gullugyna ugrady.

## VI BAP

Gürgenjiň howasynda bir üýtgeşikligiň bardygy duýulýardy. Asmany kä gara bulutlar, käte ak bulutlar gaplasa-da ýagman geçýärdi. Göýä tebigat jemgyýetde bir üýtgeşikligiň boljakdygyny öňünden duýdyrýan ýalydy. “Bulut ýagmaz, buýruk ýagar” diýenleri dek ýokardan buýruk boldymy nämemi adaty güýzde juda seýrek bolýan hadysa-gök gümmürdäp, ýyldyrym çakyp, şeýle bir çagba guýdy welin, daş-töwerek göýä derýa joşup suw alana döndi. Birden başlanan çagba birdenem dynyp, şeýle bir harasat turdy welin, ejizräk agaçlar garçyldap jomurlyberdi. Ine şu harasat güni döwülip ýykylan diňe agaçlar bolman, şikarda ýören Horezminiň walysy Ekinçi ibn Köçkar hezretleri hem

atyndan ýykylyp heläk boldy. Onuň ýanyndaky emirleriň aýtmagyna görä at birden turan harasatdan ürküp, çarpaýa galanynda ýykylan Ekinçiniň bir aýagy üzeňňide galypdyr. Aty ony süýräp ençeme ýere çapypdyr. Ana şonda kellesi ýerdäki daşlara degip ýarylypdyr. Şol günüň ertesi Ekinçini walylyk derejesine laýyk hormat bilen jaýladylar. Emma onuň on iki ýaşyndaky ogly Togrul-tegin kakasynyň namazyna gelen emirleriň, köşk emeldarlarynyň ýüzünde gynanç alamatlaryny görmedi. Muny synlan duýgur oglan kakasynyň ölüminiň guralandygyny aňdy. Ol bu ýagdaýda geljekde tagta dawagär adam hökmünde özüniň hem janynyň howp astyndadygyny ejesine duýdurdy we şol güni Gürgençden gizlin çykyp gitdiler.

Waly hezretleriniň ýykylan şol harasat güni onuň boşan tagtyna eýe bolmaly Şyhny hezretleri hem ýykylypdy. Munuň birinjisinde adam eli ýok däl bolsa, ikinjisi Allanyň eradasy bilendi. Ekinçi hakyndaky habary hemmeden öňürti kakasyna ýetirmek üçin howlugyp öýüne gelen Muhammet garaşylmadyk elhenç ýagdaýyň üstünden düşdi. Kakasy ölüm düşeginde demini sanap ýatyrdy. Muhammet hassanyň baş ujyna çök düşüp:

-Kyblam, pederim, size näme boldy-diýeninde Anuş-tegin gözlerini mejalsyz açyp, zordan dillendi:

-Allanyň halany boldy. Saňa uzak ömür bersin...

Bu onuň soňky sözi boldy. Ol ogluna garaşyp ýatan ekeni, çala açyk agzyndan soňky demini üfläp goýberdi-de, jan berdi.Muhammet her näçe merdem bolsa-da, duýdansyz gelen ölümiň garşysynda bir bada aljyrady. Ýerinden turup, häzir bolan ejesini gujaklap, onuň agysyna goşuldy. Edil şo mahal içeri iki emir bilen öňräk öýlerine myhman bolan horasanly gelip girdi. Anuş-tegini täji-tagt bilen gutlamaga gelen bu adamlar öýdäki ahwalaty görüp, aň-taň boldular. Olar bir salym başlaryny egip, duýgudaşlyk bildirip durdylar. Soňra Muhammede göwünlik berip, biraz köşeşdirenlerinden soň beýleki otaga geçdiler. Şu ýerde horasanly garaşylmadyk bu ýagdaý zerarly kellesinde dörän pikirini mälim etdi.

-Biradary ezizler, Anuş-tegin hezretleriniň ölümi biziň üçin agyr ýitgi boldy. Emma şeýle bolsa-da, başlan işimizi ahyryna ýetirýänçäk hezretiň ölümini syr saklamagymyz gerek-diýip, soňundan Muhammede ýüzlendi:

-Pederiňizi nätseňizem bir hepde saklamaly. Siz bolsa nähoşlap ýatan pederiňiz Horezmşa hezretleri aýaga galýança onuň wezipesini ýerine ýetirersiňiz. Bir hepdeden soň pederiňiz horezmşa hökmünde uly

hormat bilen jaýlanar we atadan ogula miras hökmünde täji-tagt size galar.

Horasanlynyň bu gepi emirlere hem makul boldy. Şeýlelikde şu ýerde özara gelnen karar boýunça şu güniň özünde aradan çykan waly Ekinçi iban Koçkaryň ýerine şyhny Anuş-tegin Garçistany horezmşa edip bellenendigi barada çar tarapa jar çekdirildi. Anuş-tegini halk hakykatdan hem gowy görýän ekeni, bu bahary bazarlarda, köçelerde uly şatlykly şowhun bilen garşy aldylar. Emma häzir onuň nähoşlap ýatany üçin ýerinde ogly Kutbeddin Muhammediň oturandygyny eşidenlerinde gaýgyrdylar, hassanyň tizräk sagalyp, aýaga galmagyny dileg etdiler. Adatda köpüň dilegi kabul bolýardy. Bu sapar onuň kabul bolmandygynyň sebäbini dilegçiler nirden bilsin...

Bellenilen möhlet-bir hepde geçenden Horezmşa Anuş-tegin Garçay hezretleriniň agyr keselden soň aradan çykanlygy yglan edildi. Bu ajy habary çuňňur gynanç bilen kabul eden Gurgenjiň ilaty kakasynyň ýerine Horezmşa edip, Kutbeddin Muhammediň bellenmegini oňlady, makul tapdy. Bir hepde "şalyk süren" Anuş-tegin hezretlerini Horezmşa hökmünde uly hormat bilen jaýlanlaryndan soň Kütbeddin Muhammedi Horezmiň tagtyna çykaryp, başyna täç geýdirmek dabarasy başlandy.

Köşküň tagt eýwanyna ýygnanan emirler, wezir-wekiller, serkerdeler, şäheriň mähelleleriniň kethudalary, kazy-kelan, Şeýhul-Islam dagylar sap bolup durdylar. Bellenilen wagtda garşydaky nagyşlaryna altyn çaýylan belent gapynyň iki ganaty-da deňine açylyp, Kutbeddin Muhammet girip geldi. Ol jemagatyň garşysynda aýak çekip, başyny egip, salam berdi. Şundan soň Şeýhil-Islam onuň sag elinden tutup, tagta eltip oturtdy. Onuň yzysüre giň ýalpak altyn mejimäniň üstünde getirilen lowurdap duran göwher gaşly jyga sanjylan dört oram ak ýüpek selläni Şeýhul-Islam eline aldy we "Bismilahyrrahmany rahym" diýip, Kütbeddin Muhammediň kellesine geýdirdi[1] Şol bada "Mübärek bolsun! Täji-tagtyňyz berkarar bolsun!" diýen şowhunly sesler köşküň tagt eýwanyny dolduryp ýaňlandy... Bu waka hijri 491-de Mäharrem aýynyň bir sähetli güni bolup, ine şundan hem Horezminde 234 ýyl höküm süren Anuş-teginler nesilşalygynyň başyny başlan Horezmşa Kutbeddin Muhammediň 30 ýyllyk hökümdarlyk döwri başlandy.

***

Taryhda wagt däl-de, wakalar yz galdyrýan eken. Horezmşa Kutbeddin Muhammediň 30 ýyllap şalyk süren döwründe kän bir

üýtgeşik wakalaryň bolmanlygy üçinmi, döwrüň taryhçylary 30 ýyla laýyk uly ýazgy galdyrmandyrlar. Şeýle-de bolsa, bar bolan maglumatlaryň mantygyndan gelip çykýan taryhy hakykatyň çägindäki wakalary çeper hakykat hökmünde kabul etmeli bolýar.

***

Kutbeddin Muhammet entek ýaş bolmagyna garamazdan özüniň salyhatlylygy, daş sypatynyň haýbatlylygy, sözläninde hökmürowanlyk äheňi bilen Ekinçiniň döwründen galan wezir-wekilleriň, beýleki köşk emeldarlarynyň sustuny basyp, özüne tagzym etdirmegi başardy. Onuň bu başarnygy başyna täç geýdirlen güni bolan ilkinji duşuşykda-da ýüze çykypdy. Şonda ol köşküň tagt eýwanyny dolduryp oturanlara ýüzlenip:

-Muhterem jemagat! - diýip, başlan sözüne 1biraz dyngy berip, yzyny salyhatlylyk bilen dowam etdirdi. -Men şu gün Allanyň eradasy bilen Horezminiň tagtyna çykdym. Ýurdy adalat ýörelgeleri esasynda dolandyrmak wezipesini öz boýnuma aldym. Men bu mukaddes wezipäni ynsabymyň, ymanymyň gözegçiligi astynda päk ýürek bilen ýerine ýetirmek üçin ähli tagallalary ederin. Emma ýurdy asuda, abadan saklamak, raýatlaryň parahatlygyny, bähbitlerini goramak, daşardan ýurda çozuş bolan ýagdaýynda duşmana berk gaýtawul bermek we beýleki ýüze çykan meseleleriň oňyn çözülmegini üpjün etmek diňe patyşanyň ýeke özüne bagly bolman, döwlet gullugyndaky ähli adamlaryň işine yhlaslylygyna, erjelligine, päk ýürekliligine hem baglydyr. Şonuň üçin her ugryň öz weziri, öz sahyby öz işine gara kellesi bilen jogap bermelidir. Men goşun serkerdelerini, olar bilen iküç ýyl bile islänim üçin gowy tanaýan, ýöne köşk emeldarlarynyň köpüsini tanamak. Elbetde, olar hem gowy işleri bilen özlerini bize tanadarlar. Ýene bir zat: -emeldarlardan, serkerdelerden kimem bolsa özüniň bikanun het-herekedi bilen halkyň ýa-da goşunyň arasynda döwletden närazylyk döretse, döwletiň duşmany hökmünde aýawsyz jezalandyrylar.

Tagtynda arkaýyn gürläp oturan Kutbeddin Muhammediň soňky gepi has täsirli bolan bolmaga çemeli adamlar biri-birine manyly seredişip goýdylar. Şundan soň Horezmşa esasy meselelere geçdi. Ol ilki bilen goşunda tertip-düzgüni berkleşdirmek we onuň üpjünçiligini gowulandyrmak meselesine ünsi çekdi. Soňra daýhançylyk, hünärmentçilik, söwda-satyk, ýurtdan alyp gidilýän we getirilýän harytlar, ilatdan alynýan salgyt, şäherdir obalaryň abadançylygy, metjit-medreseleriň işi, ylym we bilim, edebiýet we sungat ýoly ugurlar barada

togtalyp, olary ýene-de ýokary götermek boýunça wezipeler goýup gepledi. Ol sözüniň soňunda baş wezire ýüzlenip:

-Muhterem weziri büzrük, meniň ähli het-hereketlerime, ýaňy aýdyşym dek özümiň ynsabym, ymanym gözegçilik eder. Şu aýdylan ähli işlere bolsa siz gözegçilik edersiňiz. Onda-da Ekinçi ibn Koçkar hezretleriniň döwründäkiňizdenem güýçliräk gözegçilik etmeli bolarsyňyz.

Ady tutulan baş wezir ýerinden turup, bir elini gursagyna goýdy, baş egip, ýene ýerinde oturdy. Horezmşanyň täsirli nutugyndan soň ilki ony ýaş görüp, şalygy oňararmyka diýen pikirdäki adamlaryň müňkürligi zym-zyýat boldy, hemmeleri onuň hakyky hökümdar bolup biljekdigine göz ýetirdiler. Dabaranyň soňunda Şeýhul-islam horezmşa Kütbeddin Muhammediň tagtynyň berkarar bolmagyny, ýurdynyň asudalygyny dileg edip, Gurhany kerimden uzyn bir aýat okady. Şundan soň adamlar “Indi patyşadan gönendik” diýişip, kanagatlanma bilen dargaşdylar.

Kutbeddin Muhammet özüni-de az tolgundyrmadyk dabaradan çykyp, onuň üçin tolgunyp oturan ejesiniň huzuryna geldi. Ejesi ýerinden turup, ony bagryna basdy, gujagyna gysyp, mähirli sözler bilen gutlady, dilegler etdi. Kutbeddin ejesiniň gujagyndan çykyp, onuň öňünde dyza çökdi, ellerini tutup ogşady. Ejesi oglunyň başyndaky täji görüp, ertirden tolgunan kalby karar tapdy, tolgunmanyň ýerini buýsanç duýgulary eýeledi. Eýsäm, ykbalyň bu öwrümine onuň kalby buýsançdan dolmasynmy. Gul bilen gyrnakdan dörän çagany öňüne alyp başyny sypap oturanynda şu başa wagty gelip täç geýdiriljegi mähriban enäniň ýedi ýatyp turanda huşuna geljek zatmydyr.

-Tur, oglum. Patyşalar dyza çökmeýärler-diýdi.

-Patytşa men diýip, enäniň öňünde dyza çökmeýän ogul haramydyr. Men halal perzent, ahyryn! Şeýle dälmi eje?-diýip, Kutbeddin aýaga galyp, ejesiniň mähirli gözlerine görejini dikdi.

-Elbetde, oglum. Sen kakaň bilen ikimiziň perzent hakyndaky arzuwlarymyzdan, Allatagaladan eden dileglerimizden dörän perzentsiň. Şonuň üçin hem Alla saňa şeýle belent mertebäni miýesser edendir.

Kutbeddin Muhammet käbesiniň huzuryndan çykyp, aýalynyň tamyna geçdi. Onuň kakasynyň alyp beren bu aýalyndan entek perzent ýokdy. Kutbeddin otaga girende aýaly äwmezlik bilen ýerinden turdy. Äriniň başyndaky täje ümläp: “Mübärek bolsun!” diýip ýuwaşja dillendi. Bu aýal görünişinden ýuwaş äwmezek bolsa-da, içi pikirlidi. Ol

äriniň patyşa bolanyny halap duranokdy. Sebäbi, indi onuň ýeke özüniň äri bolmajagyny bilýärdi.

Kutbeddin hiç zat diýmän çykyp gitmezlik üçin:

-Erte, indin köşge göçürerler, jaý taýýarlap ýörler. Senem zatlaryňy serenjamlap goý-diýip, çykyp gitdi.

***

Belent mertebe adama belent ruh, täze güýç, täze başarnyk bagyşlaýar. Kutbeddin Muhammediň öňdenem güýç-gaýratdan, pähim-parasatdan kemi ýokdy. Täji-tagtyň eýesi bolanyndan soň onuň ruhuýetiniň, güýç-kuwwatynyň has ýokary galmagy tebigy ýagdaýdy. Indi ol ýurduň, raýatlaryň asudalygy, geljekki ykbaly barada jogapkärçilik duýgusy bilen ýaşaýardy. Ýurtda asudalygy saklamak iň esasy wezipedi. Bu bolsa ähli işlerde, ähli ýerde adalatlylygyň saklanmagyna baglydy. Adalatlylygyň bozulan ýerinde närazylygyň döremegi ikuçsyzdy. Munuň netijesinde asudalygyň bozulmagy ähtimaldan daşda däldi. Şonuň üçin döwlet emeldarlarynyň arassa, halal, adalatly adamlar bolmagy döwletiň binýadynyň berkligini, ýurduň asudalygyny saklamakda örän möhümdi. Bu pikirleri kellesinde aýlaýan şa Kutbeddin Muhammet işi ilki köşk emeldarlaryny ýekän-ýekän öwrenip, kimiň kimdigini bilip almakdan başlamaly diýen karara geldi. Munuň bilen ol adaty köşk pitneleriniň öňüni alyp, köşkde agzybirlik ornatmakçydy, eger pitneçilige meýilli adamlar bar bolsa, olary köşkden daşlaşdyrmakçy, has howplyragy anyklansa ýok etmekçidi. Emma bu iş aňsat däldi. Çünki häzir onuň üçin köşgüň içi töweregiňi saýgaryp bolmaýan ümürlikdi. Indi oňa bu ümürligi dargadyp, ähli zady aýyl-saýyl etmäge kömek berjek ynamly adam gerekdi. Onuň bagtyna şeýle adamy uzak gözlemeli däldi. Ol şu ýerdedi. Ol pederiniň kömekçisi Hoja Huseýin al Horezmidi. Ol häzirem öz ýerinde şyhnynyň edarasynda arza-şikaýatlary kabul edip, geljekki şyhny üçin maglumat toplap otyrdy.

Kutbeddin Muhammet adam iberip, ony köşge çagyrtdy. Huseýin hojanyň özi hem şeýle çakylyga garaşypdy, has dogrusy ýüregi syzýardy. Ýöne näme mesele boýunça çagyrjagyny çaklap görse-de, bir pikire gelip bilmändi. Çünki ol Kutbeddin Muhammediň häsiýetine ýetik däldi. Ony kä wagtlar kakasynyň ýanyna gelende görýärdi, biraz söhbetdeş hem bolupdy. Göräýmäge akyl-parasatly, ýumşak häsiýetli ýigitdi. Emma käbir adamlar hakynda “At münse atasyny tanamaz” diýenleri ýaly ol hem patyşalyk tagtyna münenden soň häsiýetini üýtgemezmikä?... Allanyň emri blen goýun gurda öwrülse häsiýeti üýtgemezmi. Emma Huseýin hojanyň ony gurda meňzedesi gelmedi.

Haýwanlaryň şasy ýolbarsa meňzedesi geldi. Ýolbars hem daşyndan göräýmägä ýuwaş haýwan. Onuň ähli güýji-kuwwaty, gahar-gazaby içinde. Onuň şol içindäki gizlin güýç-gudraty ýüze çykanda ýolbarsdygy göze görünýär. Ine häzir ol özüniň ýolbarsa meňzedesi gelýän adamyň garşysynda otyr, özäm ikiçäk. Kutbeddin Muhammet ony adatdaky ýaly köşgiň tagt eýwanynda däl-de, özüniň hashanasynda kabul etdi. Ol:

-Muhterem Huseýin hoja-diýip, salam-alek soraşylandan soň ýaşula ýüzlendi. -Siz jaýy jennet Pederimiziň diňe işgäri bolman, onuň ýakyn dosty hemdiňiz. Pederimiz size dost hökmünde ýürekden ynanýardy hem gadyr goýýardy. Menem sizi dost tutunsam, menden dostlygyňyzy aýamarsyňyz diýip umyt edýärin.

-Aly hezret, elbetde, men gadyrdan dostum Anuş-tegin hezretleriniň oglundan dostlugymy aýamaryn. Emma Horezmşa hezretlerine dost bolmak mümkin däl. Çünki patyşalaryň dosty bolmaýar.

Kütbeddin Muhammet ýaşulydan beýle jogaba garaşmandy. Ol “pederim ony dogry sözli adam diýýärdi. Onuň aýdýany kimin eken bu adam” diýip, içini gepletdi-de, oňa ýylgyryp garady. Huseýin hoja hem beren jogaby üçin beýle mylahatly ýylgyryşa garaşmandy. Ol gaharlanar ýa-da öýkelär diýip pikir edipdi.

-Ýaşuly, kakam sizi dogry sözli adam diýýärdi. Dogry sözli bolmak gowy, emma häzirki maňa beren jogabyňyz dogry däl, has dogrusy maňa degişli däl. Sebäbi, meniň size teklip edýän dostlugym patyşanyň ýönekeý raýat bilen dostlugy däl-de, ogulyň ata dosty bilen dostlugy. Eger siz şeýle dostlygy hem ret edýän bolsaňyz, meniň zorlugym ýok, çünki zorluk bilen dost bolup bolmaýar. Ýöne siz pederimiň dosty hökmünde maňa tüýs ýüregiňizden birazrak kömek etseňiz sizden juda minnetdar bolardym.

Patyşanyň özüni ulumsylykdan şeýle daşda tutuşy we ýürekden syzdyryp aýdan sözleri Huseýin hoja gaty täsir etdi. Ol özüniň gödegräk jogap berenine ökündi.

-Aly hezret, meni dogry düşünmegiňizi haýyş edýärin-diýip, ol gödekligini ýuwmarlamaga başlady. -Men sözümiň başynda dostumyň oglundan dostlugymy aýamaryn diýmek bilen sizden dostlugymy aýamajagymy aýtdym. Soňunda patyşalaryň dosty bolmaýar diýmegim bolsa patşanyň hakyky dosty kanundyr, onuň kanundan başga dosty bolmaly däldir. Kanuny bozan adam kimem bolsa jezalandyrylmaly diýdigimdir.

Kutbeddin Muhammet Huseýin hoja synçy nazaryny dikip, bir salym dymdy. Bu dymyşlyk hojanyň ýüregine howsala saldy, ýolbarsy ýadyna düşürdi: “Alla janlarym, ýolbarsy gyjyndyraýdymmy?” diýip, sakawyň soňuna garaşdy.

-Muhterem hoja, kanuny bozan adamyň jezalandyrylmalydygyny diňe hojalar däl, patyşalar hem bilýär-diýip, Kutbeddin Muhammet kynaýaly ýylgyranda Huseýin hoja soňky sözüni nädogry aýdanyny, patyşa ýönekeý bir zatda akyl öwreden ýaly bolanyny aňdy, indi uzur soramaly boldy:

-Aly hezret, meni bagyşlaň, men bir...

-Bolýa-da, bu gepi goýaly, hojam, esasy meseläni gepleşeli-diýip, Kutbeddin Muhammet hojanyň sözüni kesdi. Huseýin hoja patyşanyň özüne “hojam” diýip, dostana sözlänine göwni göterilip, ýüzi açyldy. Horezmşa sözüni dowam etdirdi.

-Siz dostuňyz Anuş-tegin hezretleriniň oglundan dostlugyňyzy aýamajagyňyz çynyňyz bolsa, oňa döwlet işinde zerur kömegiňizi hem aýamarsyňyz, ahbetin!

-Aly hezret, menden näme kömek gerek bolsa başym bilen ýöräp ederin.- diýip, Hüseýin hoja ýerinden turup, bir elini gursagyna goýup, başyny egdi.

-Oturyň, hojam, sag boluň! Kömegi başyňyz bilen däl, aýagyňyz bilen ýöräp etseňiz hem bolýar-diýip, patyşa degişip ýylgyrdy. Huseýin hoja oturanyndan soň ol köşgüň özüne nätanyş ýagdaýy barada gürrüň edip, hojadan emeldarlaryň häsiýetlerini, niýetlerini ýagny kimiň kimdigini aýyl-saýyl etmäge kömek bermegini haýyş etdi. Haýyşynyň soňunda:

-Adatda patyşalaryň köşki pitnäniň öýjügi bolýar. Biziň köşgümizde hem pitneçilige meýilli adamlaryň bolmagy ähtimal, hojam. Eger şeýle adamlar bar bolsa, köşki olardan arassalamaly. Köşkde agzybirlik, asudalyk höküm sürse, ýurtda hem agzybirlik, asudalyk bolýar-diýdi. Huseýin hoja birden jogap bermedi, bir salym dymdy. Ol öň diwanda işläni üçin köşk emeldarlarynyň köpüsini tanaýardy, käbirleriniň hüý-häsiýetine hem ýetikdi. Emma häzirki wagtda olaryň näme niýetleriniň, näme pikirleriniň bardygyny ol nirden bilsin. Muny bilmek üçin olaryň içinde bolmagy gerek. Ol bu hakda dil ýaranynda Horezmşa onuň pikirini makullady.

-Muhterem hojam, sizi pederimiziň ýerine şyhny bellemek niýetim bardy. Indi bu işi wagtlaýynça özümiz amal edip durarys. Sizi bolsa

maksadymyza laýykykda büzrük hajyp wezipesine geçirip, köşge getireris.

Huseýin hoja ýerinden turup, tagzym etmek üçin gozgananynda Horezmşa:

-Oturyň hojam, gerek däl. Bir zat gaýtalanyberse ähmiýeti gaçýar-diýdi. Horezmşa Kutbeddin Muhammediň kiçi göwünliligi Huseýin hojanyň göwnünden turdy, oňa bolan hormaty has artdy.

Duşuşyk uzaga çekmese-de, birnäçe möhüm meseleler ara alyp maslahatlaşyldy. Patyşa hojanyň beren maslahatlary üçin minnetdarlyk bildirip, ony hormat bilen ugradyp goýberdi.

***

Huseýin hojanyň baş hajyp wezipesine bellenilip, köşge getirilmegi emeldarlaryň köpüsine ýokmady. Baş wezir Omar al Nyzamy bolsa Huseýin hojany halamaýanlaryň hatarynda däldi. Ol hojany dogry sözli halal adam bolany üçin hormat edýärdi. Onuň özü-de halal, hakykatçy, şahyr terbigatly adamdy, parsyda, türkide gazallar hem ýazýardy. Huseýin hoja onuň gowy adamdygyny, oňa ynansa bolýandygyny patyşa aýdypdy. Emma bu gowy adam sähel zady göwnüne alýan, öýkeçiräk häsiýete eýedi. Ol Horezmşanyň Huseýin hojany oňa maslahat salman şeýle ýokary wezipä çekenini özüne hormatsyzlyk hasap edip, iküç gün içini hümledip gezdi. Ol öýkesini patyşanyň özüne aýtmaga milt edip bilman, Huseýin hoja bilen ikiçäk duşanlarynda oňa dil ýardy:

-Biradary eziz, men sizi juda hormat edýärin, siziň köşge geleniňize biçak begendim. Emma Horezmşa hezretleriniň siz barada weziri büzrük hökmünde maňa maslahat salmanlygy göwnüme geldi. Dogrusy bu baş wezire hormatsyzlyk, pisint etmezlik boldy. Men büzrük wezir hökmünde waly Ekinçi ibn Koçkara, Horezmşa Kutbeddin Muhammede däl, ata Watanym Horezmin ýurdyma hyzmat etdim. Indi biziň hyzmatymyz Horezmşa hezretlerine gerek däl bolsa, ol hezretden dynç almaga rugsat sorajak.

Huseýin hoja büzrük weziriň öýkesini ýazmak üçin oňa mylakatly ýylgyryp garap, delilli sözler aýtmaga çalyşdy:

-Gadyrdan weziri agzam, siz nähak edýäňiz. Horezmşa hezretleriniň men barada siz bilen maslahatlaşmanlygy meniň hatam, men oňa siz barada ilki aýtmandyryn. Ol hezret sizi gowy tanamanlygy, nähili adamdygyňyzy bilmänligi üçin maslahat salmandyr. Ýaňy ýakynda men siz hakda Aly hezrete aýtdym, düşündirdim. Mundan beýläk Aly hezret siziň hormatyňyzy ýerine goýar. Şonuň üçin gitjek-

goýjak diýen gürrüňi etmäň. Ýaş patyşamyza, häzirki wagtda ikimiziň hyzmatymyz, kömegimiz juda zerur.

Huseýin hojanyň sözlerinden soň büzrük wezir bir salym oýa çümdi, köşeşen bolmaga çemeli, kellesini galdyryp:

-Hä, patyşamyz entek ýaşlyk edip, käbir işlerde hata goýberäýmegi ahmal, oňa dogry ýoly salgy berip durmaly bolar-diýdi.

Omar al Nyzamy bilen Huseýin hojanyň arasynda bolan gürrüňiň ertesi büzrük wezir hemişekisi ýaly irden köşge işe geleninde özünden hem öň hökümdara salama gelen emeldarlaryň tagt eýwanyndan çykyp barýanlaryny görüp: “Täze patyşanyň göwnüni awlajak bolýanlar köpeldow” diýip hüňürdedi. Ol hem köşgüň tagt eýwanyna girip, Kutbeddin Muhammede adatdaky patyşalara edilýän tagzymy berjaý edeninden soň kellesini galdyryp, salam bereninde patyşanyň özüne bir hili manyly ýylgyryş bilen garap oturanyny gördi. Ol bu manyly ýylgyryşyň sebäbini şol bada duýdy. “Hah, zaluwat, düýnki gürrüňi eýýäm ýetiripdir-ow” diýip içini hümletdi. Onýança patyşa:

-Waleýkim essalam, salamatmysyňyz, muhterem weziri agzam?-diýip soraşdy. Soňra oňa mylakatly nazar bilen, garap:

-Muhterem weziri agzam, bizden bir hata geçipdir, munuň üçin sizden uzur soramakçy bolýan-diýdi.

-Aly hezret, patyşalar raýatyndan uzur soramaýarlar, çünki olar has beýikdedirler.

-Ýok, weziri agzam. Dünýäde hakykatdan beýik närse ýokdyr. Ol patyşalardan hem beýikdir. Men şu hakykatyň hatyrasyna sizden uzur soraýaryn, çünki siziň bizden närazylygyňyz hak, biziňki nähak bolupdyr.

Horezmşanyň bu sözünden soň büzrük weziriň köňlündäki kitüw bätamam aýryldy.

-Aly hezret, siz hem meni bagyşlaň. Adam garradygy saýyn ýüregi ýukalýan ekeni...

-Ýüregi ýukalsa-da akly, danalygy goýalýandyr, möhterem weziri agzam-diýip, patyşa weziriň sözüni böldi. -Biz siziň we Huseýin hojanyň danalyklaryňyzy, durmuş tejribeleriňizi döwletimizi dolandyrmakda peýdalanarys. Siz we Huseýin hoja meniň iki ganatym bolarsyňyz. Guş hem iki ganaty bolmasa asmana göterilip uçup bilmeýär.

Büzrük wezir Omar al Nyzamy onça-munça hoşamatlara ynanýan adam däldi. Ýöne şeýle bolsa-da, özüni monça bolan kimin görkezdi.

-Muhterem weziri agzam, bu günki işi nämeden başlasak makul? Siziň taýýarlan näme meseleleriňiz bar?-diýip, Horezmşa resmi äheňde sorady.

-Aly hezret, mesele hem bar, ýöne ilki sizi gutlamak üçin Horasandan emir Dadbek Habaşiniň iberen wekillerini kabul etseňiz gowy bolardy.

-Biziň häzir olaryň gutlagyna zerurçylygymyz ýok. Başga möhüm mesele bolsa ilki şoňa seredeli.

-Aly hezret, size uly hormat goýup, mübäreklemek üçin uzak ýoldan gelen myhmanlary garaşdyryp goýsak, bir hili bolaýmasa.

-Siz näme, olaryň diňe bizi gutlamak üçin gelmändiklerini bilmeýäňizmi! Meniň gaharym gelýäni tagta çykanymyza entek doly bir aý hem bolanok. Alty aýdan dagydan gelenlerinde bolmaýarmy!

Büzrük wezir şundan soň özüniň sadalygyna, gutlagyň aňyrsynda patyşanyň gaharyny getirýän zadyň bardygyny aňdy. “Eý Omar, Omar, garrap pähimiň kütelipdir. Şujagaz ýönekeý zada-da aklyň ýetenokmy” diýip içini hümletdi. Horezmşa Kutbeddin Muhammet hem Dadbek Habaşa bolan gaharyny ýüze çykarsa-da, “Nämä gaharyň gelýär. Ol eden hyzmatynyň hakyny soraýandyr, bermezlige hakyň ýok” diýip içini hümletdi. Bu iç hümletmelerden soň dymyşlygy büzrük wezir bozdy:

-Aly hezret, siziň ýaňy adam garradygy saýyn akly goýalýar diýeniňiz maňa degişli däl öýüdýän. Men ol wekilleriň gelmeginiň düýp maksadyny siz aýdýançaňyz pähimlemändirin.

-Onda, siziň teklibiňiz boýunça ilki wekilleri kabul edeli, ana şonda olaryň gelmeginiň asyl maksadyna göz ýetirersiňiz.

Şu pursatda büzrük wezir özüni nalajedeýin, ukypsyz, eýeleýän belent wezipesine nälaýyk adam ýaly duýdy.

-Muhterem weziri agzam, indi wekilleri kabul edýän bolsak, ähli hadymlar ýygylsyn. Olary adatdaky düzgüne görä dabaraly kabul edeli.

-Emriňiz bir sagada berjaý ediler, Aly hezret-diýip büzrük wezir ýene bir gezek tagzym bilen tagt eýwanyndan çykdy. Çykan ýerinde-de baş hajyp Hoja Huseýin gabat geldi. Salam-alekden soň baş wezir:

-Düýünki eden gürrüňimizi ýetiren ekeniňiz-ow-diýip, kellesini ýaýkady.

-Näme, ýetirip ýaman edipdirinmi?

-Bir hasapdan ýamanam etmänsiňiz. Patyşamyzyň meniň öýkelegiräk häsiýetimiň bardygyny bilip goýany gowy bolupdyr.

-Hä, şeý diýiň-de. Ýogsa, siz maňa minnetdar bolmakdan ötri, kelläňizi ýaýkap, nägile boljak bolýaňyz.

-Ýok, ýok! Muhterem Hoja, sizden nägile bolamok. Kelle ýaýkamak meniň gowy däl endiklerimiň biri. Ine siziňem gije galýan bir gowy däl endigiňiz bar eken, şol sebäpli siz häzir Aly hezretleri bilen duşup bilmeýäňiz-diýip büzrük wezir degişip güldi.-Aly hezret maňa bir sagada ähli hadymlary ýygmagy tabşyrdy. Özi oňa çenli hashanasyna çykan bolmaly.

-Näme, meşweret[13] geçirmekçimi?

-Ýok, Horasandan gelen wekilleri dabaraly kabul etmekçi. Eşidensiňiz Horasandan kyrk atlynyň goragynda iki wekil gelenini?

-Hä, eşitdim, habarym bar.

Büzrük wezir Huseýin hoja bilen gürrüňini gutaryp, patyşanyň buýrugyny ýerine ýetirmäge girişdi. Ol köşk sahybyny ýanyna çagyryp, ähli emeldarlary tagt eýwanyna ýygnamagy tabşyrdy, özi diwana baryp, köşkden daşardaky döwlet işine dahylly kişilere adam iberdi. Şeýlelikde bir sagadyň içinde ähli hadymlar tagt eýwanyna ýygnandy. Horezmşa hem adamlary uzak garaşdyrmady. Onuň gelýänligini yglan eden saraýbanyň sesi ýaňlananda eýwandaky şowhun ýatyp, adamlar tagzyma taýýar bolup durdylar. Salyhatly ädimläp, girip gelen Horezmşa özüne tagzym edip duran jemagata salam berip, tagtyna geçip oturdy. Şundan soň öz mertebesine görä tagtyň sag we çep tarapynda duran emeldarlar hem dyz epip ornaşdylar. Horezmşa özüniň sag tarapynda oturan büzrük wezire baş atyp, "başlaberiň" diýen yşaraty etdi.

-Muhterem emirler, begler, ulamalar-diýip, büzrük wezir söze başlady. -Size mälim bolsunki, bu ýygnanyşygymyzyň sebäbi Horasanyň emiri Dadbek Habaşy jenaplarynyň adyndan biziň hökümdarymyz Kutbeddin Muhammet Horezmşa hezretlerini Horezminiň tagtyna çykmagy mynasybetli gutlamak hem-de sowgat-salamlaryny gowşurmak üçin gelen wekilleri dabaraly ýagdaýda hormat bilen garşylamakdyr.

Büzrük wezir sözüne dyngy berip, eýwana esewan etdi. Hiç kimden seda çykmady. Bu dymyşlygyň närazylyk alamatydygyny şa-da, wezir-de duýdylar. Kimdir biriniň horasanlylaryň diňe Horezmşany gutlamak üçin gelmändiklerini, olaryň Horezminiň gaznasyna we degnasyna degýän talaplarynyň hem bardygy barada gep ýaýradandygy belli boldy. Şonuň üçin bu adamlaryň wekilleri ýerlerinden turup, hormat ilen garşy almajaklary ýa-da ýarysynyň turup, ýarsynyň turman bir gelşiksiz ýagdaýyň ýüze çykmagy ähtimal diýen pňikir bilen şeýle ýagdaýyň öňüni almak üçin Horezmşa oturanlara ýüzlendi:

[13] Meşweret-ýygnak, geňeş

-Muhterem jenaplar, “Myhman atańdan uly” diýen ata-babadan gelýän nakyl bar. Şoňa görä olary hormat bilen kabul edeli. Bizi gutlamak üçin gelen bolsalar, gutlagyny diňläli, sowgat-salamy bar bolsa ony-da gaýtarmaly, alaly. Onsoň bizden näme talaplary bolsa inçelik bilen jogap berip, sag-aman yzyna ugradaly. Soňra-da öz bilenimizi edibereris.

Horezmşanyň sözleriniň manysyny, äheňindäki kinaýany duýan adamlar patşanyň hem özleri bilen pikirdeşdigini düşündiler. Şundan soň Horezmşa wekilleriň hormat bilen garşy alynjakdygyna ynanç hasyl edip, olary teklip etmegi buýurdy. Patyşanyň kabul etmegine düýnden bäri garaşyp ýatan wekiller bu gün kabulhana gelip otyrdylar. Köşk sahyby çykyp, olary içeri teklip etdi.

-Essalamu-aleýküm!-diýip, gapydan içeri ätlän iki sany elleri ýol torbaly daýaw pyýada Horezmşa oturan tagtyň öňüne gelip, torbalaryny ýerde goýdylar-da, tagzym etdiler. Olaryň biri gara gytyk sakgaly, beýlekisi ösgüniräk çal sakgaly kişilerdi. Tagzymdan başlaryny galdyranlaryndan soň çal sakgally wekil:

-Muhterem Kütüb-äd-Din Muhammet horezmşa Aly hezretleri!-diýip söze başlady. -Siziň Horezminiň tagtyna çykmagyňyz mynasybetli biziň beýik emirimiz, Horasan ýurdynyň hökümdary Dadbek Habaşi hezretleri özüniň mähirli gutlagyny we sowgat-salamlaryny size gowşurmak üçin bizi Horezmine iberdi.- Wekil sözüne dyngy berip goltugyndan naý şeklinde dolanan, bir ujy zer gotazly gutlagnamany çykardy.- Ejaza berseňiz özüm okap bereýin - diýip, Horezmşanyň başyny atanyndan soň okap başlady:

-Gadyrly, gymmatly inimiz Kutub-ed-Din Muhammet horezmşa, biz kim, Horasan ýurdunyň hökümdary Dadbek Habaşi agaňyz, sizi, Horasandan biziň uçuran Döwlet guşunyň başyňyza gonmagy bilen Horezmin ýurdynyň täji-tagtyna eýe bolmagyňyz mynasybetli çyn kalbymyzdan mähirli mübärekbad edýäris. Indilikde Horezmin ülkesiniň Horasan döwletiniň howandarlygynda bolmagy ýurdyňyzyň asudalygyny berkarar edip, üstüňizden guş uçmaz...

Gutlagnamanyň yzy-da şeýle howaýy-dabaraly sözlerden ybarat bolup, wekil ony barha belent ses bilen labyzly okamaga çalyşýardy. Horezmşa bolsa gutlagnamada Habaşiniň özüni “aga” ony “ini” diýip atlandyrmagynda “Sen meniň garamagymdaky adam, maňa doly boýun egmelisiň” diýen manylaryň bardygyny aňyp, içinden gaharlansa-da, gaharyny daşyna çykaranokdy, çykarmaga-da hakynyň ýokdugyny duýýardy. Çünki, özüniň Horezminiň tagtyna, gutlagnamada ýatladylan

“Horasandan uçurlan döwlet guşunyň” sebäp bolandygy dogrudy. Emma Kutbeddin Muhammet hem beýleki taçdarlar ýaly özüne edilen hyzmatyň, ýagşylygyň ýatladylmagyny islänokdy. Aýratyn-da,onuň üçin özüni bergidar duýmagy halanokdy. Taryhda näçe täçdarlar özüni tagta çykaran adama bergidarlyk duýgusyndan dynmak üçin şol adamyň özüni ýok edipdirler. Eýranyň meşhur şalarynyň biri Kir hem şeýle edipdir. Eýranda däbe görä tagta dalaşgärleriň münen atlaryny atbakarlary idip, paýtagtyň baş meýdanyna çykýan ekenler. Şonda kimiň aty ilkinji kişňäp, çarpaýa galsa şol adam şa bolýan ekeni. Şalyga dalaşgärleriň meýdana çykmaly gününden bir gün öň Kiriň atbakary oňa “Sahyp, siziň atyňyz ilkinji bolup kişňär, siz şa bolarsyňyz” diýipdir.

Kir şol wagt “bu bir ýagşy dilegdir-dä” diýip kän bir ünüs bermändir. Ertesi irden ähli dalaşgärler jylawynda atbakarlary bilen meýdana gelip, hatar durýarlar. Baş eminiň: “Julawdarlar, atlaryň jylawuny goýberiň!” diýen sesi eşidilenden Kiriň atbakary jylawy goýberen badyna at kişňäp, çarpaýa galýar. Şeýdip şa bolan Kir atbakaryny çagyryp:

-Sen bu boljak işi nädip öňünden bildiň?-diýip soraýar.

-Kyblaýy älem, atyňyzy özüm kişňetdim. Men gijesine bir baýtaly ýatyryp, onuň farjine sag elimi sokup ýatdym. Ertesi meýdana atyňyzy çep elim bilen idip bardym. Eminiň buýrugy eşidilenden çep elimi jylawdan aýryp, sag elim bilen atyň tumşugyny sypap goýberdim. Baýtalyň ysyny alan at kişňäp, çarpaýa galdy-diýip, atbakar öz başyna ýeten syry açypdyr.

Horezmşa Kutbeddin Muhammet bu taryhy biläýende-de, onuň bergidarlyk duýgusyndan Kir kimin dynmaga mümkinçiligi ýokdy. Onuň algydary eliniň aşagynda däldi, has belentdedi. Şonuň üçin ol diňe berip oňmalydy. Emma beresi gelenokdy, özü üçin däl, ýurdyň bähbidi üçin beresi gelenokdy. Galyberse-de, ol Horezminiň tagtyna eýe bolmagyny pelek işidir, ykbalyma ýazylandyr, Dadbek Habaşy bolsa Allanyň eradasyny ýerine ýetirijidir diýip düşünýärdi. Onsoňam ýaňy ýakynda özi Ispyhanyň tabynlygyndaky ülkäniň häkimi bolup, Soltanyň öňünde gol gowşuryp duran adamyň indi ülkesini özbaşdak eden bolup, Horezmine-de agalyk etjek bolýanyna pisindi oturanokdy.

Wekil gutlagnamany okap bolup, ony öňküsi ýaly dolady-da, iki elläp Horezmşanyň eline berdi. Soňra torbasyndan çykaran gymmat bahaly zerbap dony, ýakut, zümret daşlar bilen bezelen gaýyş kemeri eline alyp, Horezmşaga ýüzlendi:

-Hezreti Alylary, Size emirimiz Dadbek Habaşi hezretleriniň hormatynyň nyşany bolan şu teberrik sowgatlary gowşurmaga ejaza beriň!

Ol tagtyndan turup özüniň golaýyna gelen Horezmşanyň egnine dony geýdirip, kemeri biline dakdy, soňra:

-Hezreti Alylary, bagtyňyz, ykbalyňyz şu zerbap don ýaly hemişe ýalpyldap dursun. Bu keramatly daşlar bilen bezelen kemer bolsa biliňize egsilmez kuwwat bersin!-diýip tagzym bilen yza çekildi. Horezmşa tagtyna oturanyndan soň ikinji wekil öz torbasyndan zer seçekli namazlyk halyny alyp, Horezmşanyň aýagynyň aşagyna ýazup:

-Hezreti Alylary, şu namazlyk halynyň üstünde okan her bir namazyňyz Allatagallanyň dergähinde müň bolup kabul edilsin-diýdi. Soňra goltugyndan gutlagnama ýaly dolanan kagyz çykaryp, ony iki elläp Horezmşanyň eline berdi:

-Hezreti Alylary, eliňizdäki iki nusgada ýazylan Horasan bilen Horezminiň hyzmatdaşlygy, gatnaşyklary dogrusynda ýazylan şertnamadyr. Onuň bir nusgasyna möhüriňizi basyp, ony we onda görkezilen närseniň ýarysyny bizden berip ibermelidigiňizi emirimiz Dädbek Habaşy hezretleri size duýdurmagy bize tabşyryp goýberdi-diýip wekil tagzym edip yza çekildi. Horezmşa wekiliň soňky sözlerine dişini gysyp zordan çydady, emma syr bildirmedi. Ol berip goýbermeli diýen närsäniň möçberini bilmek üçin şertnamanyň birini açdy, ondaky: “Adymyzy hutbä goşmak bilen ýylda otuzmüň altyn dinar paç...” diýen setirlere gözi düşende tas gaharyny ýüze çykarypdy, ýene özüni basdy. “Işdäsi ýaman däl ekeni bu Habaşi diýenleriniň. Öň Ispyhana-da munça paç tölenen däldir. Hany, bizem bilenimizi ediberäli, soňunam görübereris” diýip, içini hümleden Horezmşa wekillere garap, makullaýjy manyda başyny atdy. Soňra elindäki kagyzlary tagtyň sag tarapynda oturan büzrük wezire berip, köşk sahybyna buýurdy:

-Wekillere serpaýlar ýapylsyn! Emir Dadbek Habaşi hezretlerine niýetlän sowgadymyz hem getirilsin!

Salym geçmän öňden taýýarlap goýlan sowgatlary getirdiler. Wekilleriň egnine düýe ýüňünden nepis dokalyp tikilen çäkmenleri atdylar. Emire niýetlenen ýalpyldap duran sur baganadan tikilen içmegi ak ýüpek mata düwüp çal sakgally wekiliň eline berdiler. Şundan soň Horezmşa wekillere ýüzlendi.

-Muhterem biradarlar, Biz sizi mümkinçiligimize görä hezzet etdik. Ýapan serpaýlarymyz az bolsa-da, köpüň ýerinde görüň. Dadbek hezretlerine niýetlän bu kiçijik hedýämizi uly sowgat hökmünde kabul

etmegini haýyş edýänimi we köp-köp dogaýy salamlarymyzy ol hezrete aýdyň. Ýöne siziň şertnamada görkezilen närsäniň ýarysy diýeniňizi size berip goýbermäge häzir biziň mümkinçiligimiz ýok, ony ýygnamak üçin köp wagt gerek. Şonuň üçin siz häzir gaýdyberiň. Nesip bolsa ýylyň aýagyna çenli ýarysyny däl, barysyny-da berjek bolarys. Indi size rugsat, ýoluňyz ak bolsun!

Wekiller bir bozaryp, bir gyzaryp, biri-birine garadylar, soň çal sakgally wekil Horezmşa ýüzlenip:

-Aly hezretleri, bizi boş gaýtarsaňyz, emirimiz Dadbek hezretleri bir hili görmezmi?-diýdi. Horezmşa çalarak ýylgyryp, arkaýyn gürledi.

-Ýok, bir hili görmez. Emiriňiz örän sabyrly, beýik adam. Ol biziň ýagdaýymyza düşüner, ýylyň aýagyna çenli sabyr eder. Sizi, ýol harajadyňyzy, berip, ugradarlar. Ýoluňyz ak bolsun!

Horezmşanyň bu sözünden soň wekillere aýdara zat galmady. Olar däbe görä başlaryny egip, götin basyp, çykyp gitdiler. Wekiller çykandan eýwanda janlanyş başlandy. “Berekella, Aly hezretleri, oňardyňyz!” diýip biri seslendi. Emma başga biri: “Aly hezretleri, häzir-ä oňaryşyňyza oňardyňyz, ýöne ýylyň aýagy-da geler alty-ýedi aýdan” diýdi.

Horezmşa tagtyndan turdy, bir elini galdyrdy, gowur ýatdy:

-“Almany asmana at, ýere düşýänçä ýa pelek” diýipdirler. Ýedi aý hem az möhlet däl. Meniň pikirimçe şu wagtyň içinde Mälik şanyň ogullary Ispyhanda Barkýaruk, Merwde Sanjar birigip, Horasany Habaşa berip goýmazlar.

Horezmşanyň bu delili adamlary kanagatlandyran bolmaly, köpleri başlaryny atyp, “Dogry, Aly hezretleri hak aýdýa” diýişdiler. Şundan soň Şanyň rugsady bilen baş hajyp we büzrük wezirden başga adamlar işli-işine dargaşdylar. Horezmşa olaryň ikisi bilen döwletiň öňünde duran möhüm meseleler barada uzak oturyp maslahatlaşdy.

## VII BAP

Kutbeddin Muhammet başyna täç geýeli bäri-indi ýarym ýyldyr Ekinçi ibn Koçkardan galan birneme çagşan döwlet arabasyny düzedip, özüniň çygyryndan ýöretmek üçin işden başga zada üns bermän ýaşady. Tagta çykan güni eden çykyşynda ähli ugurlar boýunça döwlet emeldarlarynyň öňünde goýan wezipeleriniň aglabasynyň berjaý edilmegini gazandy. Baş hajyp Huseýin hojanyň kömegi bilen köşgi käbir napäk adamlardan arassalady. Şundan soň biraz arkaýynlaşyp, maşgalasyna, şahsy durmuşyna özüniň ruhy lezzet alýan ugurlary-edebiýata, sungata, ylyma hem üns berip başlady. Her wagt köşkde

guralýan meýlislere ol şahyrlary çagyryp muşaýyralar[14], alymlary çagyryp ylmy söhbetler geçirýärdi. Bu meýlislere gatnaşýan alymlara, şahyrlara aýratyn hormat görkezip, olaryň döredijiligine hemaýat edýärdi.

Aýratyn-da, ol Horezminiň buýsanjy bolan beýik alym Abul Kasym ibn Umar Mahmyt az Zamahşariniň sarpasyny has belentde goýýardy. Alym bir näçe wagt Mekgede, Medinede bolup, Watanyna gaýdyp geleninde Gürgençde ony uly dabara bilen garşy aldy. “Zer gadryny zergär biler” diýenleri dek ylmyň, sungatyň şygryýetiň gadryny şu ugurlara dahylly adam bilýär. Horezmşa Kutbeddin Muhammet bu ugurlara gaty bir degişli adam bolmasa-da, ol şu ugurlaryň muştagydy. Şonuň üçin olara howandarlyk edýärdi. Ol kakasynyň döwründe Merwde medresede tälim alan ýyllary şahyr tebigatly adam bolansoň edebiýata aýratyn yhlas goýupdy. Ol nusgawy we öz zamanasynyň meşhur şahyrlarynyň köp gazallaryny ýatdan bilýärdi. Özü-de dürli tahaluslar bilen gazallar ýazýardy. Merwden geleninden soň harby gullukda wagtynyň bolmanlygy, soňam patşalykda işleri ýola goýýança uly aladalar bilen bent bolanlygy sebäpli ylhamdan daşlaşan arasy ýene ýakynlaşypdy. Bu hem sebäpsiz däldi.

Musulmanlaryň iň dabaraly geçirilýän Gurban baýramy ýetip gelipdi. Ertirden başlap baýramçylyk şagalaňy başlanýardy. Köşgüň giň bagynyň içinde häremdäki gyzlar üçin Gürgenjiň meýdanlaryndaky ýaly hiňňildikler hem guruldy. Şonda Kutbeddin Muhammediň köňlünde edil ylahydan buýruk bolan ýaly häremhanada Ekinçiniň döwründen bäri saklanýan gyzlara baýram mynasybetli sowgat etmek islegi döredi. Kä mahal köşgüň uzyn dälizlerinde gabat gelýän käbir gyzlaryň özi geçip gidýänçä tagzyma egilip duranlaryny görýärdi. Emma işiniň köplügi sebäpli olara kän bir üns bermeýärdi. Indi eli birneme boşan, işinden göwni dok, hökmürowan ýaş ýigidiň aýal-gyzlar bilen gyzyklanmagy tebigydy. Şol gün irden harem agasyny çagyrtdy.

-Lepbeý, Aly hezretleri-diýip, aýallaryňky ýaly inçe ses bilen dillenen bu köse adamy synlaýarka Horezmşanyň oňa rehimi geldi. “Bu görgülini haremhana gözegçi etmek üçin biçenlerinden soň sesi üýtgedimikä?” diýip içinden öz-özüne sowal beren Horezmşa garşysynda iki epilip duran adama ýüzlendi:

-Haremhanada näçe gyz bar?

-Aly hezretleri, häzir ýedi gyz bar, öň sekizdi. Biri siziň jübti halalyňyza Melikämize kenizlige berildi.

[14] Musaýyra-goşgy okaşmak

-Ony bilýän. Sen şol gyzlaryň kimlerdigini, nireden, nädip hareme düşendiklerini aýdyp berip biljekmi?

-Lepbeý, Aly hezretleri, aýdyp bereýin-diýip haremagasy gyzlary ýekän-ýekän taryplap, olar hakda Horezmşanyň islän maglumatyny berdi. Olaryň içinde Zülpizer atly bir gyzyň ykbaly Horezmşany has gyzyklandyrdy. Haremagasynyň aýtmagyna görä Zülpizer şu ýerli-Gürgençli bir baýyň gyzy ekeni. Onuň humarbaz kakasy Waly Ekinçi ibn Koçkar bilen humar oýnap, köp mukdarda karzdar bolýar. Ekinçiniň talap etmegi boýunça karzyny töläp bolýança gyzyny girewe goýýar. Tölejek bolup, bar zadyndan aýrylýar. Soňuna çenli töläp bilmänem dünýäden ötýär. Onuň yz ýanyndan Waly hem aradan çykýar. Gyz öz islegi bilen haremde galýar.

-Dagy, nirä barsyn-diýip, haremagasy sözüni soňlajak boldy-da, bir zat ýadyna düşen ýaly ýene dowam etdi.-Ol üýtgeşik häsiýetli gyz. Men onuň özüniň keç ykbalyndan nalanyny hiç eşitmedim. Gaýtam gyzlaryň içinde iň şohy. Özem mert, bir sözli. Şahyrlykdan hem habary bar. Kä mahal gyzlara ýazan gazallaryny okap berip oturanyna duş gelýän.

-Bäh! Gazalam ýazýa diýsene. Ertir gyzlara baýram mynasybetli sowgat etmekçi. Şonda göreris ol üýtgeşik gyzy-da. Indi gaýdyber. Sowgat barada öňünden aýdyp begendirip bilersiň gyzlaryňy-diýip Horezmşa haremagasyna rugsat berdi. Haremagasy iki epilip, götin basyp çykyp gideninden soň Kutbeddin Muhammet onuň taryp eden gyzyny göz öňüne getirjek bolup, gözlerini ýumdy. Göz öňüne ýylgyryp duran şähdiaçyk bir sahypjemal geldi. Ertir oňa beýleki gyzlaryňkydan üýtgeşik sowgat etmekligi ýüregine düwdi. Ol köşk sahybyny çagyryp, bir gowy zergäre alty sany ýakut gaşly, bir sany-da göwher gaşly gulakhalka buýuryp gelmegi tabşyryp, soňundan:

-Gulakhalkalar ertir azana taýýar bolsun. Puluny häzir hazynadan alyp gidiň-diýdi.

Patyşanyň emri wajyp. Zergär gijesine-de işläp, gulakhalkalary aýdylan wagtyna taýýar etdi. Köşk sahyby olary getirip, Horezmşanyň özüne gowşurdy.

Guşluga golaý hiňňildik uçmaga çykan gyzlar Horezmşanyň gelýän habaryny eşidip, hatara durdylar. Patyşanyň garasy görünenden tagzyma egildiler. Kutbeddin Muhammet gyzlaryň öňüne gelip:

-Baýramyňyz mübärek bolsun, gyzlar! Katdyňyzy göteräýiň. Gyzlar dikelseler-de, patşanyň ýüzüne seretmäge milt etmän, gözlerini aşak salyp durdylar. Emma hataryň başynda duran sahypjemal gyz mähir doly gözlerini gyrpman patşanyň ýüzüne seredip durdy. Kutbeddin

Muhammet “Megerem Zülpizer sen bolsaň gerek” diýip içini gepledip onuň deňine geldi. Gyz bir elini arkasyna tutup, nämänidir gizläp durdy. Muňa üns beren Kutbeddin Muhammet:

-Aý gyz, arkaňa tutup duran eliňde näme bar? Hanjar dälmi, maňa süýkast* etjek dälmi?-diýip ýylgyrdy.

-Ýok, Aly hezret, hanjar däl. Men size bagyşlap kasyda ýazdym. Entek size kasyda ýazan köşk şahyrlary ýokdyr. Şonuň üçin size birinji kasydany özüm ýazmagy isledim. Diňleseňiz okap berjek.

-Men öwgüleri gowy görmeýän. Şonda-da diňläýin, okaý. Gyz şirin owazy bilen kasydany şeýle bir labyzly okady welin, öwgüleri gowy görmeýän diýen Kutbeddin Muhammet pagyş-para eredi. Kasydanyň soňundaky:

-Biçäre Zülpizer kasyda ýazyp,

Maksada ýetmeýin gitmesin tozup-

-diýen setirleriň gizlin manysyna düşünen Horezmşa “Sen maksadyňa mynasyp gyz” diýip içini gepletdi. Gyzyň uzadan kagyzyny alýarka:

-Berekella, Zülpizer! Sen hakyky şahyr ekeniň. Kasydanyň hakyny soň bererin. Häzir bu saňa baýram sowgady-diýip, göwher gaşly gulak halkany onuň eliniň aýasyna goýdy. Soňra beýleki gyzlara-da sowgatlaryny gowşurdy. Patyşadan sowgat alyp, monça bolan gyzlar:

-Teşekkür Size Aly hezret! Ömrüňiz uzak bolsun!-diýişip, alkyş aýtdylar. Kutbeddin Muhammet şu tapda gyzlar bilen bälçireşip, olar bilen, aýratynda Zülpizer bilen hiňňildik uçasy geldi. Emma bu mümkin däldi. Patyşalyk mertebesi muňa ýol bermeýärdi. Ol gyzlar bilen başyny atyp, Zülpizer bilen bolsa gözler arkaly hoşlaşdy.

***

Zülpizer Gürgenjiň atly baýlarynyň biri Syddyk söwdagär diýeniň iki oguldan soň bolan ýeke-täk gyzydy. Çaganyň daşky görnüşi göze ýakymly bolsa ol artygyrak söýülýär. Zülpizer hem çagalygynda-da göze ýakymly hoşroý keşbi bilen ata-enesiniň artykmaç söýgüsinden peýdalanyp, biraz lälik, öz diýenli, agalarynyň abyr-zabyryndan özüni gorap bilýän, dili duzlyja bolup ösdi. Uly gyz çykanynda çagalykdaky häsiýetleri üýtgäp, edaly, haýaly gözellikde tenha sahypjemala öwrüldi. Ol daşyndan ýuwaş, äwmezek görünse-de, içki dünýäsi joşgun, özüne ynamy güýçlidi. Kakasy ony ogullaryndan hem gowy görýärdi. Ogullarynyň garagollugy, özüne olardan hakyky hormat görmeýänligi üçin birneme kinelidi. Emma perzent perzent bolýar. Iň ýaman diýen perzendiň hem ölümi ata-ene üçin juda uly urgy bolýanyny Syddyk baý

iki oglunyň derýa gark bolanynda duýdy. Bu ajy aýralyga döz gelip bilmän aýaly hem dünýäsini täzeledi. Zülpizer başlaryna düşen bu külpetden ýüregi näçe gysylsa-da, mert durdy. Emma kakasy hasratyny basjak bolup, äfýun çekip başlady. Neşe onuň ýaşlykdaky humarbazlyk endigini oýardy. Ol oýunda ähli zady, hat-da hasratyny-da unudýardy. Şonuň üçin günde humar onamaga gidýärdi. Zülpizer kakasyndan nirä gidip gelýänini soramagy biedeplik saýyp soramaýardy.

Bir güni ony özi ýaly humarbaz Waly Ekinçi ibn Koçkar bilen duşurdylar. Bu duşuşyk tötänden bolan ýaly bolsa-da, Walynyň tabşyrygy bilen öňden oýlanylyp, guralan bolmagy hem ähtimaldan daşda däldi. Ine şundan soň onuň işi gaýdyp başlady. Ekinçi bilen näçe sapar oýnasa-da, utan sapary bolmady. Şeýdip ol bar baýlygyny utduryp, uly bergä-de batdy. Waly bergisini töleýänçä gyzyny girewe goýmagyny talap etdi. Şundan soň Syddyk baý “Bagrynda daş, gözünde ýaş” diýilýän ýagdaýda gyzynyň ýanyna geldi.

-Zülpizer, gyzym, meniň ýeke-täk halasgärim sen. Sen meniň aýdanyma razy bolmasaň, kakaňy zyndana taşlaýarlar-diýip, bassyr-bussursyz bolan wakany gürrüň berdi.

Zülpizer garaşylmadyk bu aýylganç ýagdaýyň öňünde ilki aljyrady, soň kakasyna gaty gahary geldi. Şonda-da oňa igenmedi, mertlik etdi, ýöne:

-Sen onsoň bergiňi nädip tölejek, nädip meni girewden alyp çykjak?-diýdi.

-Meniň söwdagär dostlarym bar. Howlymyzy girewe goýup, olardan pul alaryn, alan pulumy dolanyşyga goýbererin, gelen peýdadan bergimi üzüp, seni girewden çykaryp alaryn gyzym. Alty aýdan aňry geçmez.

Zülpizer kakasyna dözmedi, alty aý uzak müddet däl diýip, girewde oturmaga razy boldy.

Zülpizer haremhanadaky gyzlar bilen tiz-iküç günüň içinde öwrenişdi. Olar bilen öňden boýdaş ýaly bolup gitdi. Ol özüniň ruhan güýçliligi sebäpli başyndan geçen külpetleri bildirmän, şähdaçyk, şadyýan görünýärdi. Emma aradan bir hepde geçip, geçmän parahat gezip ýören gyzyň rahatlygyny bozan bir ýakymsyz waka boldy. Gijäniň ýaryna golaý orta ýaşlaryndaky bir aýal gelip, Zülpizeri haremhanadan çagyryp çykdy-da, elinden tutup, uzyn däliziň ugry bilen alyp gidip ugrady. On ädim çemesi ýörelenden gyzyň göwnüne güpbe bir güman geldi-de, takga togtady, elini ol aýalyň elinden çekip aldy.

-Näme durduň? Ýör, tizräk!

-Nirä barýas?

-Saňa Waly hezretleri garaşyp otyr.

-Şeýlemi?!

-Hawa, seniň bagtyň getirdi.

-Maňa onuň ýaly bagt gerek däl! Waly hezretleriňe baryp aýt, men haremhanadaky gyrnaklaryň biri däl. Men girewe goýlan baýyň gyzy. Kakam Waly bilen üzlüşensoň men bu ýerden gidýän. Eger ol meni öz günüme goýmajak bolsa üstünden Soltana arza goýbererin. Şonda onuň humarbazdygynyň hem üsti açylar. Soltan hem humarbaz walyny aýap oturmaz-diýip, Zülpizer gahar bilen yzyna öwrülip gitdi. Şundan soň oňa ýüzüň üstünde burnuň barmy diýen bolmady.

Aradan köp wagt geçmän, pelegiň çarhynyň aýlanyşy köp zatlary üýtgedip goýberdi. Zülpizeriň kakasy-da, waly-da yzly-yzyna dünýäsini täzelediler. Walylygyň ýerine şalyk döredilip, ýurdyň tagtyna Horezmşa unwany bilen täze patyşa çykdy.

Bu patyşanyň kimdigi, nähili adamdygy hemmeleriň hatarynda haremhanadaky gyzlary hem gyzyklandyrýardy. Gyzlaryň käbirleri ony görmek üçin köşgüň uly dälizine bir bahana bilen çykyp, patyşanyň şu ýerden geçerine garaşýardylar. Haçanda onuň däliziň aňyrky başyndan salyhatly ädimläp gelýänini görenlerinde ol geçip gidýänçä tagzyma baş egip duran gyzlar göz astyndan seredip, ony synlap galýardylar. Şondan soň görenler görmediklere onuň tarypyny ýetirip, gyzlaryň arasynda uly gürrüň edildi. Gyzlaryň biri: “Patyşamyz şeýle syratly, owadan ýaş ýigit bolsa-da, onuň birje, özem görmeksizräk aýaly, barmyş. Ondan çagasy ýokmyş” diýip, niredendir eşidenini aýtdy. Zülpizer hem beýleki gyzlar ýaly bilesigelijilikden mahrum gyz däldi. Ol gürrüňi edilýän bu ýaş patyşany öz gözi bilen görmegi isläp, onuň geçýän wagty, geçýän ýerine çykdy. Ol uzun däliziň aňry çetinden gelýän patyşa özüniň deňine golaýlanda tagzyma eňilmezinden öň bir bakyşda onuň göze ýakymly keşbini kalbyna möhürläp aldy. “Eşiden deň bolmaz gören göz bilen” diýleni dek, ony öz gözi bilen gören Zülpizeriň oňa içi imrenmän durmady. Şundan ol haremhananyň bir çetinde duran uly aýnanyň öňüne gelip, öz keşbini synlady. Aýnadan oňa gözellikde taýsyz bir sahypjemal ahmyrly garaýyş bilen bakyp durdy. Ol öz-özüne göwünlik berip:

-Hiç zatdan ahmyr çekme, eý sahypjemal, sen şu hüsni-jemalyň, şu akyl-huşuň bilen melike bolmaga haklysyň-diýdi içinden. Şundan köp wagt geçmän, harem agasynyň Nowruz baýramy mynasybetli Horezmşanyň gyzlara sowgat etjekdigini, sowgatlary gowşurmak üçin ertir özüniň geljekdigini aýdanynda Zülpizeriň ýüregi atygsap gitdi.

Göýä onuň arzuwyna tarap ýol açylan dek boldy. Iň aňsady, elinden gelýäni kasyda ýazmakdy. Ol gijesi bilen oturup Horezmşanyň şanyna ýüz setirden ybarat kasyda ýazdy.

Horezmşa Kutbeddin Muhammet bagdan-gyzlaryň ýanyndan gaýdyp gelende özüni başga bir dünýäden gelen ýaly duýdy. Ol elindäki kasyda ýazylan kagyzy açyp, ünüs bilen okamaga durdy. Gözleri kagyzdaky setirleri yzarlaýarka sözleri Zülpizeriň ýakymly şirin owazy bilen gulagynda ýaňlanýardy.

Kasyda çeperçilik taýdan kämil bolmasa-da, ýürekden çykan sözler ýürege baryp ornaşýardy. Kasydanyň özündenem ony ýazanda galam tutan näzik barmaklar ezizdi oňa.

Şu tapda ol şu näzik barmaklardan tutasy, olary ýekän-ýekän ogşasy geldi. Bu islegini amala aşyrmak onuň üçin kyn zat däldi. Emma patyşalaryň hem islän zadyny islän wagty amala aşyrmaga ejizleýän wagty bolýar. Sebäbi patyşalyk salyhatlylygy olar üçin islegden möhümdir. Şoňa görä Kutbeddin Muhammet hem biraz sabyr etmeklige karar berdi. Aradan bir hepde geçdi. Ol döwlet işleri bilen näçe bent bolsa-da, hyýalynyň bir çetinden Zülpizeriň keşbi aýrylmady. Iňrik garalyp, has hanasynda şemler ýakylanda hantagtynyň üstündäki kagyz-galama, şol ýerde oralyp ýatan Zülpizeriň kasydasyna gözi düşüp, kalbynyň töründe ýatan gizlin küýseg, arzuw gazal setirlerine öwrülip, guýulyp gelip başlady. Oturup ýazdy. Köpden bäri gazal ýazmadyk Kutbeddin Muhammet bu gazalynyň şeýle aňsat, tiz ýazylanyna haýran galdyy. Ol gazaly gaýta okap çykyp: “Ine Zülpizeriň kasydasyna jogap” diýip içini gepletdi we ony şy wagtyň özünde çagyrasy geldi. Ýöne bu mahal gije bolansoň, çagyrsa gyzyň göwnüne başga zat geler öýdüp, goýbolsun etmekçi boldy. Emma bu sapar onuň islegi endişesinden güýçli çykyp, Zülpizere adam iberdi. Bir hepde bäri bu çakylyga intizarlyk bilen garaşan, indi tamasyny üzere gelen gyz ýüreginiň urgusyna demi içine sygman gapydan girip geldi. Kutbeddin Muhammet ony elinde gazaly bilen otagyň ortasynda dik durup, garşy aldy. Zülpizer onuň garşysyna gelip, tagzyma egildi. Kutbeddin Muhammet gyzyň eňeginiň aşagyndan bir eli bilen göterip, başyny ýokary galdyrdy. Şonda şanyň göreçlerine göni sereden gyzyň şahla gözlerinde bir enaýy ot lowurdaýardy. Bu ot, oňa gözi düşen Kutbeddin Muhammediň bütin endamyna tutaşdy. Şunda gyzy çekip alyp bagryna basasy, ýaňaklaryndan ogşasy geldi. Emma birden beýle herekete geçmeklik gödeklik bolaýmasyn diýip saklandy. Ol elindäki gazal ýazylan kagyzy güjeňlän ýaly tutup görkezdi:

-Zülpizer, ine, seniň kasydaňa jogap ýazdym, okap görjekmi?-diýip, kagyzy gyzyň eline berdi.

Çykdy kalbym älemine, ýar, yşkyň kuýaşy,
jilwelendi gözlerimde jady çeşmiň garaýşy.
Hiç muhabbet bülbüline ýokdy köňlümde äşiýan[15],
Men ýesiriň, eý gözel, gelmez eradam berdaşy...-

-diýen setirleri tolgunyp okan gyzyň bagtyýarlykdan gözleri parlap, ýaňaklary elwan öwüsdi. Ol gazaly soňuna çenli okap, begençden ýaşaran gözlerini Kutbeddin Muhammede dikdi-de:

-Aly hezret, şu gazaly maňa ýazdyňyzmy?-diýdi.

-Başga kime ýazaýyn, elbetde saňa ýazdym, Zülpizer.

Mylaýym, mähirli äheň bilen aýdylan bu jogap, gyzy dyzyna çökerdi. Ol Kutbeddiniň ellerini, eliniň aýasyna alyp, ogşaýardy, maňlaýyna degirýärdi. Kutbeddin Muhammet gyzyň göz ýaşlary daman elleri bilen ony goltugyndan göterip, aýaga galdyrdy:

-Näme üçin beýtdiň, Zülpizer? Sen däl, men seniň öňüňde dyza çökmeli. Çünki sen meniň birinji muhabbetim, ilkinji söýgüm. Söýgüni dyza çökermeýärler, onuň öňünde dyza çökýärler. Çünki söýgi dünýädäki ähli zatdan beýikdir...

Adamyň tebigaty täsin. Käte iň arzyly zada-da şübhe bilen garalýar. Zülpizeriň hem arzyly duşuşygyň başyndaky tolgunmalar, guwançlar biraz ýatyşansoň Patyşanyň bu belentperwaz sözleriniň aňyrsynda näme maksadynyň bardygyny bilmän, köňlünde bir hili ynamsyzlyk döredi. “Ol meni oýnaş hökmünde saklajak bolaýmasyn. Muny anyklamagym gerek” diýip içini gepletdi-de:

-Aly hezret, söýgi ähli zatdan beýikdir diýdiňiz, mukaddesdir hem diýmediňiz-diýdi.

-Dogry, söýgi hemmezatdan beýikdir hem mukaddesdir...

-Ol şäri bolanda mukaddesdir, Aly hezret. Men söýgimiziň diňe şäri söýgi bolmagyny isleýän. Maňa naşäri söýgi gerek däl, şahym.

Kutbeddin Muhammet Zülpizeriň köňlünde dörän şübhäni aňdy. Onuň öz pikirini batyrgaýlyk bilen aýdanyny hem ýaman görmedi.

-Biziň söýgimiz şäri hem mukaddes bolar, Zülpizer. Göwniňe başga zat gelmesin. Sen meniň şäri, nikaly aýalym bolarsyň, maňa dogumly, gerçek ogullar, özüň ýaly gözel gyzlar dogrup berersiň.

Zülpizeriň uýalyp aşak bakan gözlerine, ýüzüne hakyky bagtyň nury çaýyldy. Ol başyna bagt guşunyň gonanyna ynam hasyl etdi.

## VIII BAP

[15] Äşiýan-gonalga, mekan

Horezmşa Kutbeddin Muhammediň synan Syddyk baýyň ýetim galan gyzyna öýlenendigi, dabaraly toý edilmese-de, bütin Gürgenje ýaýrady. Köp adamlar: “Ýetim gyzyň bagty getiripdir” diýseler, “Patyşa bolanyna bir ýylam bolman eýýäm azyp başlapdyr” diýenler hem tapyldy.

Patyşalaryň, baýlaryň şerigata esaslanyp, aýal üstüne aýal almaklary adaty bir zat hasaplansa-da, käbir adamlaryň nazarynda azgynlykdy. Emma Kutbeddin Muhammediň halkyň arasynda tarapdarlary köpdi. Ol özüniň adalatlylygy, halkperwerligi, işjeňligi bilen özüni aldyrypdy. Onuň özi-de bir sapar muhtäsip,* şäher häkimi we beýleki degişli adamlar bilen Gürgenjiň bazarlaryny aýlanmaga çykanynda halkyň özüne garaýşynyň oňaýlydygyny duýdy. Şonda üç-dört sany ak sakgally moýsepid adamlar onuň öňünden çykyp sakladylar. Horezmşa bir elini gursagyna goýup, olara salam berdi. Şol bada satyjylardyr alyjylardan bir topar adam patyşany görmek, onuň sözlerini diňlemek üçin olary gurşap aldy. Öňünden çykan ýaşulularyň biri:

-Aly hezret, “Patyşanyň gadamy düşen ýere bereket inýär” diýen gadymdan gelýän hikmetli söz bar. Bu hak aýdylan hikmet. Siz birinji sapar bazarlara aýlananyňyzdan soň bazarlarymyza bereket inip nyrh-nowa arzanlap gitdi. Biz siziň adalatly hökümdardygyňyzy bilýäris. Siziň pederiňiz Anuş-tegin hezretleri şyhny wagtynda köp adalatly işler etdi. Jaýy jennetde bolsun! Adama ýagşy-ýaman häsiýetler atadan geçýär. Size-de adalatlylyk pederiňiden geçendir. Adalatly şalar hemişe halkynyň aladasy bilen bolup, halky üçin elinden gelenini edýärler. Biziň hem sizden tamamyz uly. Biz size şu pirli bazarda bir gowy doga-dilegler etmek üçin öňüňizden çykdyk. Hany, eliňizi galdyryň, omin!- diýip, Horezmşanyň ömrüniň uzak, täji-tagtynyň berkarar, işleriniň rowaç bolmagyny dileg edeninde beýleki ýaşulular bilen deňine töwerekde olary gurşap duran adamlar hem “omin” diýişip, dilege goşuldylar.

-Taňyrýalkasyn, muhterem moýsepidler-diýip, Horezmşa ýaşulylara, soňra: - hemmäňize-de teşekkür, eziz adamlar-diýip töwerekde duranlara minnetdarlyk bildirdi.

-Allanyň eradasy bilen Horezmşa adyny alanymyzdan soň Horezmin ýurdynyň we onuň halkynyň ykbalyna jogapkärdiris.. Şonuň üçin siz aýtsaňyz hem, aýtmasaňyz hem, ýurdyň we halkyň aladasy bilen bolmak biziň borjumyzdyr. Ýakynda hyraç hakynda täze kanun kabul etmekçi. Onda daýhanlara birnäçe ýeňillikler göz öňünde tutulýar.

Bazarlarda-da daýhanlara öndüren önümlerini satmaklary üçin oňaýly şertler bolmaly. Bazarlarymyzda gowy söwda resteleri bar. Ýöne olar söwdagärler, hünärmenler üçin edilipdir. Daýhanlar üçin hem şolar ýaly üsti saýawanly hatarlar ederis. "Ýurdy bazaryndan tana" diýen gep bar. Biziň ýurdymyza dünýäniň çar künjünden söwdagärler, jahankeşdeler gelýärler. Gelenler bazarlarymyza at däkyp gitmezligi üçin olar abat we arassa bolmaly-sözüniň şu ýerine gelip, ol bir dem säginen mahaly märekäniň çeträginde duran biri:

-Horezmşa hezretleri, gul bazary hakynda aýtmadyňyz-a, ony has abatlamak gerek-diýip kinaýaly seslendi. Onuň äheňinde Horezmşanyň gelip çykyşyna yşarat bardy. Muny köpçülik duýdy. Halkdan aslyňy gizlejek gümanyň ýok. Anuş-tegin Horezmine şyhny bellenip geleninde onuň asly bilen gyzyklanyp, ýaşlygynda gul bolandygyny anyklapdylar.

Horezmşa birhili oduksa-da, syr bildirmedi, arkaýyn gürledi:

-Düşnükli. Bu sözüň bilen sen biziň aslymyza yşarat edýäň dälmi? Biz aslymyzy hiç kimden gizlejek bolmadyk, onuň üçin kemsinmeýäris hem. Çünki gul diýilýäni başga toprakdan ýaradylan däl. Ol hem öz ýurdynda azat, erkin adam bolan. Ol basybalyjylygyň, zoruň ejize zulmunyň netijesinde gul bolan. Şeýle bolansoň gul ýaman, asylzada ýagşy diýip aýtmaga näme esas bar? Asylzadalardan çykan zalymlar, ýaman adamlar ýokmy? Gullardan çykan adalatly, ýagşy kişiler azmy? Ýaňy şu ýerde biziň pederimiziň şyhny hökmünde nähili adalatly adam bolandygy aýdyldy. Diýmek, asly gul bolan adam hem halkyň söýgüsine mynasyp bolup biljek ekeni. Ýöne sen aslyň kim bolsaň hem ýurduň patyşasynyň mertebesini kemsitjek bolanyň üçin jeza çekmeli bolarsyň. Tutuň ony!-diýeninden märekede gowur turdy. Adamlar ony näletläp, urup başladylar. Horezmşa bir elini galdyryp: "Adamlar! Köşeşiň" diýdi. Gowur ýuwaşady. "Ol nejisi öldürmeli! Dara asmaly!" diýen sesler gaýtalandy. Patyşanyň sakçylaryndan ikisi ony adamlaryň arasyndan çykaryp alyp gitdiler. "Aly hezret, ony hökman dara çekmeli!" diýip, biri batly seslendi.

-Dara çekerismi, başga jeza bererismi, entek teftiş* edip göreris. Çünki ol adam oýlanman, agzyna gelenini şeýle aýdyp goýberen däldir. Ony öjükdiren, belki mejbur eden adamlar bolmaly. Eger ony dara çekmeli bolsa şol adamlar bilen bile çekmeli. Sebäbi ýandagy köki bilen aýyrmasaň, üstüni aýranyň bilen ýene ösüp çykýar. Dogrymy? Ýa-da Horezmşa bir agyz söz üçin bir däl, birnäçe adamy jezalandyrmakçy bolýar, bu adalatdan däl diýen pikiriňiz bolsa-a aýdyň, adamlar!

Hiç kimden seda çykmady. Ýaňyja “asmaly”, “öldürmeli” diýip dyzap duran adamlaryň beýle lam-jim bolup duranlaryna haýran galan Horezmşa garşysynda duran ýaşulylara sowal nazary bilen garady. Ýaşulularyň biri:

-Aly hezret, köp adamyň jezalanmagy gowy däl. Sebäbi köpüň içinde günälem gider, günäsizem. Bu duran adamlaram köpüň içinde biziňem dogan-garyndaşlarymyz bolaýmasa ýagşy diýen ýaly dymyşyp durlar öýüdýän-diýdi.

Horezmşa özüne nädogry düşünen adamlara gaýtadan düşündirmäge çalyşdy:

-Muhteremn jemagat, günäsiz adamy jezalandyrmak zalymlykdyr. Günäli adamy jezalamak bolsa adyllykdyr. Çünki, jenaýat jezasyz galsa adalatyň ýoýuldygydyr. Biz hiç haçan bigünä adama jeza bermeris. Ýadyňyzda bolsa, tagta çykan günümiz köşkde sözlän nutugymyzda “Meniň ähli hereketlerime ymanym we ynsabym gözegçilik eder” diýipdim. Häzirem biz şol iki gözegçiniň göz astyndadyrys. Olar bize hakykatyň ýolundan gyşarmaga idn bermez. Emma başga bir zat bar. Eger-de teftiş mahaly ol adamyň meslekdeşleriniň ýaman niýetleri ýüze çykarylsa ol jezadan çetde galmaz. Çünki, ýaman niýet bir gün gelip, herekete geçer, ýurtda agdarylyşyk etmäge synanyşylar. Şonuň üçin biz bu zadyň öňüni almalydyrs. Özüni, täji-tagtyny gorap bilmeýän patyşa emelsiz biçäredir.

Şundan soň adamlar patyşanyň sözüni makullap, dumly duşdan seslendiler. Horezmşa:

-Indi bize ýol berseňiz, beýleki bazarlary hem aýlanyp göreli-diýdi. Adamlar dargaşdy. Horezmşa şol güni paýtagtyň ähli bazarlaryna aýlandy. Gözüne ilen kemçilikleri düzetmekligi ýanyndaky muhtäsip bilen şäher häkimine tabşyrdy. Bazarlaryň birin-de ýene bir topar adam ony gurşap aldy. Alkyş etdiler, arzlaryny aýdanlar hem boldy. Olaryň arasyndan bir daýhan adam Horezmşanyň öz göwnünde hem bar bolan meseläni gozgady:

-Aly hezret, men Jeýhunyň gaýrasynda Gürgenjiň dogrusyndaky obalaryň birinde ýaşaýaryn. Biziň obalarymyz giden bag-bakjalyk. Eger-de bäri atly arabaly geçer ýaly bir köpri gurulsa, biz Gürgenjiň bazarlaryny galla, ir-iýmiş bakja önümleri bilen ýene-de baýadardyk.

-Hak gepi aýtdyňyz, biradar. Bu mesele biziň hem ýadymyzda bar. Derýadan gaýykda, salda köp zat geçirip bolmaýar. Şonuň üçin köpri gerek. Mämünler döwründen başlap, Jeýhuna birnäçe gezek köpri gurupdyrlar. Emma olar ýönekeý bir zat bolup, derýanyň joşgun

akymyna uzak wagt berdaş berip bilmändir. Indiki guruljak köpri has berk, has çydamly bolmaly, Biz bu meseläni muhandisler* bilen maslahatlaşyp göreris. Köpri gurular!

***

Horezmşa Kutbeddin Muhammediň “Demiri gyzgynynda ýenç” diýenleri ýaly ýadyna düşen işi gaýra goýman amal edýän häsiýeti bardy. Ol bazarda köpri hakda gozgalan gürrüňi köşge gelip, muhandisler we gurluşyk hünärmenleri bilen dowam etdirdi.

-Aly hezret, ejaza berseňiz men öz pikirimi aýdaýyn-diýip, söz alan baş muhandis teklibini beýan etdi. -Häzir bahar aýy, derýanyň has joşup akyp duran wagty, oňa sütün kakyp, siziň aýdan berk köprüňizi gurup bolmaýar. Şonuň üçin häzirlikçe, gämiler geçjek mahaly ortasy açylýan, ýene gaýym sepleşýän sal-köpri guraýaly.

-Ony nädip gurjaksyňyz, görnüşi nähili bolar?

-Aly hezret, ýurdumyzda uzynlygy kyrk geze golaý boý derekler näçe diýseňiz bar. Şolardan bir müň iki ýüz töweregi derek alyp, olary ýigrimi bäş gezden gyra deň kesip, keseligine biri-birine demir bilen sepläris, iki ýan gyrasyna-da germew ederis. Ony suwa taşlap derýanyň iki kenaryna kakylan sütünlere zynjyr bilen daňarys. Şeýlelikde atly, arabaly geçibermeli ini ýigrimi bäş gez köpri bolar.

-Ýagşy, makul. Muny häzirlikçe diýdiňiz, müdümilik köprüni nähili gurjaksyňyz?

-Aly hezret, Ata-babalaryň döwründen bäri sütünleriň üstüne gurulýan köprüden başgaça “asma köpri” diýilýäni hem bar. Şeýle köpri Bagdatda Tigir derýasynyň üstüne gurulypdyr. Eger ejaza berseňiz birkimiz gidip, onuň gurluşyny öwrenip gelsek, bizem Jeýhunyň üstüne şeýle köpri gurardyk.

Horezmşa baş muhandisiň teklibini makullap:

-Onda haýyr işi gijä goýman sal-köprüň gurluşygyny başlabermeli-diýdi. Bagdada-da näçe adam ibermegi makul görseňiz, ertiriň özünde iberiň, öwrenip, tarhyny[16] çyzyp getirsinler. Sal-köpri diýeniňizi bolsa ekin-dikiniň bişip ýetişýän döwri-güýze çenli gurup gutarmak gerek. Ine şonda, Jeýhunyň gaýrasyndaky daýhanlara ýetişdiren önümlerini Gürgenjiň bazarlaryna getirip satmaklaryna uly kömek etdigimiz bolar-diýdi. Soňra sag tarapynda oturan baş wezire ýüzlendi:

-Weziri agzam jenaplary, köprüň gurluşygyna, Bagdada gitjekleriň ýol harajadyna näçe pul gerek bolsa hasaplap, hazynadan alyp beriň.

Horezimşa bu meseläni gutarnykly gepleşip, adamlara jogap berdi.

---

[16] Tarh-taslama

***

Horezmşa Kutbeddin Muhammet bazarda adamlar bilen söhbetdeşlik mahaly bir ýalňyşlyk goýberdi, muny şol wagt özü-de duýmady. Ol mertebesine dil ýetiren adamyň meslekdeşleri barada hiç zat aýtmaly däldi, aýdyp olary ägä etdi. Ol bazardan gelip, ol ýerde gozgalan köpür gurmak baradaky mesele boýunça köşkde muhandisler bilen maslahat geçirýän wagty köşkden daş bolmadyk bir öýde-de ona golaý adam gyssagly ýygnanypdylar.

-Ol haramzadany haýsyňyz küşgürdiňiz, kim?!-diýip, ýygnanlaryň ekabry gaharly gygyrdy. Ol soragyny iküç ýola gaýtalasa-da hiç kim boýun almady. Bular Kutbeddin Muhammet tagta çykan güni howp edip, Gürgençden gizlin çykyp giden Ekinçi ibn Koçkaryň ogly Togrul teginiň tarapdarlarydy. Olaryň maksady Ekinçiniň ýerine entek kämillik ýaşyna-da ýetmedik oglany oturdyp, ýurdy özleri dolandyrmakçydylar. Emma bu işi şol wagtda amala aşyrmagyň mümkinçiligi bolmany üçin “Indäm bir pelle” diýişip, nähili ýol bilen bolsa-da Togrul tegini getirip, tagta çykarmagyň hyýalynda ýören adamlardy.

-Al indi, bu gün erte ony sorag ederler, sorag edende-de, ýöne möne edip etmezler. Olam gynaga çydaman baryňy satar. Men-ä ol tanamaýar, oňa derek meni siziň hemmäňiz tanaýarsyňyz. Meni-de biriňiz bolmsa biriňiz satarsyňyz. Şonuň üçin häziriň özünde Gürgençden garaňyzy saýlaň. Togrul teginiň ýanyna baryň. Indi olam ýigit ýetdi, oňa goşun toplamaga kömek ediň!-diýip, olaryň ekabry buýruk beriji äheňde aýtdy...

Bu buýruk hökman ýerine ýetiriler, çünki jan şirin. Horezmşa bolsa goýberen ýalňyşy sebäpli duşmanlaryny ele salyp bilmez. Tutulanyň ýeke özi jezalandyrylar.

***

Ikindä golaý köpri baradaky ýygnak gutarandan soň Horezmşa dynç almak üçin gaýtmakçy bolup duran mahaly nirdendir gelen ilçileri garşylamak üçin giden baş hajyp Huseýin hoja geldi. Onuň şähdi açykdy. Bir hoşhabar bilen gelendigi bildirip durdy. Ol patşa salam bilen tagzym etdi-de:

-Alyhezret, siziň welilikden hem habaryňyz bar bolmaly-diýdi.

-Beýle diýmegiňiziň sebäbi näme, hojam?

-Ilçiler Ispyhandan geldiler. Siziň Horasandan gelen Habaşynyň wekillerini ugradanda aýdan sözüňiz yjabat bolupdyr.

-Bäh! Mälik şanyň ogullary Habaşynyň ýoguna ýanypdyrlar-da onda.

-Şeýle bolupdyr. Soltan Barkýaryk Sizi Horezminiň kanuny hökümdary diýen permany berip goýberipdir ilçilerden. Men olary “dem-dynjyňyzy alyberiň” diýip ýerleşdirip gaýtdym. Ertir olary dabaraly ýagdaýda kabul edersiňiz.

- Getiren hoş habaryňyz üçin teşekkür, hojam-diýip Huseýin hoja bilen hoşlaşdy. Ol bu hoş habardan wagty hoş bolup öýüne geleninde oňa ýene bir şatlyk garaşýan eken. Aýaly Zülpizer utanypmy ýa-da näzlenipmi göni aýtmaly sözüni boýnundan gujaklap, gulagyna çawuş çakdy. Kutbeddin Muhammediň ýüzi ýagtylyp, gözleri nurlanyp gitdi. Ol aýalyny gujagyna alyp, ýaňaklaryndan ogşaýarka:

-Eger ogul bolsa, ol meniň mirasdüşerim bolar, täji-tagtymyň eýesi bolar...

-Eger gyz bolaýsa ýaman görersiňizmi?

-Ýok, ýok. Gyzym bolsa, ol meniň mähribanym bolar. Gyz oglan ogula garanda pederine has mähriban bolýandyr. Öleniňde üstüňde zar-zar aglajak hem şoldur.

-Hökümdarym, ölümden sözlemäň. Siz hiç haçan ölmäň! Ölüm ýaman, men gorkýan.

. Çaganyň gepini aýtdyň, Zülpizer. Hiç haçan ölmeýan adam bolmaýar. Onsoňam ölüm diýilýän zat seniň oýlaýşyň ýaly ýaman däl. Ol hem Allanyň ýer ýüzüne iberen zerur zatlarynyň biri. Ölüm-täzeleniş diýmekdir. Onuň bilen dünýä, ýagny adamzat we ähli mäwjudat täzelenip, ýaşaryp durýar. Onsoňam adamlar bu bäş günlük ömürinde-de biri-biri bilen oňuşanoklar. Eger-de ýaşaýyş ebedi bolsa, onda nähili bolar, gaty aýylgançlyklar bolar, Zülpizer.

Zülpizer bu hakda hiç haçan oýlanyp görmän ekeni. Ol adamsynyň aýdanlaryny ykrar etse-de, bu mowzukdan daşyrakda bolanyny kem görmedi:

-Hökümdarym, siziň aýdanlaryňyz hak, ýöne men ony boýun alasym gelenok. Gowusy, gowy zatlar hakynda, nazm, gazal, sungat hakynda sözleşeli. Men siziň depderleriňiziň arasyndan talyplyk ýyllaryňyzda ýazan gazallaryňyzy tapyp okadym. Juda gözel gazallar ýazan ekeniňiz.

-Aý ýok-la, olar ýöne bir maşklardy-leý

-Ýöne-möne däl.

Janyma melhem meniň, janan seniň bakyşlaryň,
Bakmasaň azar maňa yşk odyna ýakyşlaryň-

-diýip başlanýan gazalyňyz galamyňyzyň kämildigini bildirip dur, şahym. Bu kämil ýazylan gazaly merwli bir kämil gözele bagyşlan bolsaňyz gerek. Şeýle dälmi?

-Ýok, şeýle däl. Men ähli gazallarymy hyýalymda ýaşaýan bir kämil gözele bagyşlap ýazypdym. Indi ol gözel hyýalymdan aýrylyp, öýümize düşdi oturyberdi-diýip, Kutbeddin Muhammediň mylaýym ýylgyrmagy Zülpizeriň ýüzüne bagtyýarlyk nuryny çaýdy. Aýalynyň keşbindäki bagtyýarlyk alamatyny gören Kutbeddin Muhammediň hem göwün guşy al asmana göterildi.

***

Bagtyýar adamlar wagtyň geçenini duýmaýarmyş diýýärler. Emma Kutbeddin Muhammet aýalynyň hamylasynyň aý-gününiň dolmagyna howlukdygyça wagt geçmeýän ýalydy.

Wagt geçirmek üçinmi ýa-da köňli şikar isläpmi Horezmşa emir-şikär başlyklaýyn ýigrimi adam bilen Gürgençden daş bolmadyk tokaýlyga awa çykdy. Jeýhunyň boýlary giden gyrymsy we iri tokaýzar bolup, bu ýerlerde awdan köp zat ýokdy. Kutbeddin Muhammediň tagta çykaly bäri bu ilkinji şikäridi. Ýöne öň Ekinçiniň döwründe aram-aram özi ýaly serkerdeler bilen bu ýerlere awa çykýardylar. Şonuň üçin ol bu ýerlere beletdi.

Käte, adamyň köp garaşan zadynyň garaşmadyk mahaly ýüze çykaýmasy hem bolýar. Horezmşanyň hem awa kellesi gyzyp, çar tarapa at salyp ýören mahaly yzyndan buşlukçy geläýmezmi, ol şol badada atynyň başyny Gürgenje tarap burdy. Awçylaryň hemmesi-de patyşanyň yzyna düşdiler. Olar şähere ýetip gelenlerinde galanyň üstünde çalynýan goşa-goşa kernaý-surnaýlaryň owazy al asmana galýardy. Bu patyşanyň oglunyň-mirasdüşeriniň dünýä inenini dabaraly buşlamagyň alamatydy. Köşküň öňündäki meýdana toplanan jemagatyň şadyýan şowhuny hem ýer-zemini tutýardy. Ýigrimi atlynyň öňünde gelýän Horezmşany gören jemagatyň şowhuny ýene-de belende göterildi: “Ogul mübärek, Alyhezret! Ýaşasyn biziň adyl şamyz!” diýen sözler gaýta-gaýta ýaňlanýardy. Horezmşa bir elini gursagyna goýup, başyny egmek bilen adamlara minnetdarlygyny bildirýärdi.

Kutbeddin Muhammet tolgunmadan gözleri ýaşaryp, köşküň özi ýaşaýan bölümine geleninde Zülpizeriň hashanasyndan çykýan bäbegiň “Iňňä-iňňäsini” eşidip, ýüregi jigläp gitdi. Ol gapyny ýuwaşja açyp, içeri esewan edeninde giň nagşynkär ýatalgada per düşekleriň üstünde gül ýaly açylyp ýatan aýaly Zülpizere, onuň ýanynda oturan käbesine, ýatalganyň aýak ujynda gar ýaly akja mata gundalan bäbegi diňdirjek

bolup, elinde iki ýana yralap duran enekä gözi düşdi. Ol bosagadan ätläninden çaga göýä kakasynyň gelenini duýan ýaly sesini tapba kesip, hemmäni haýran galdyrdy. Enege başyny egip tagzym etdi-de, bäbegi kakasynyň eline berdi. Kutbeddin Muhammet özüne uçganaklap duran gözlerini diken bäbegi synlaýarka:

-Tüweleme dogumlyja-diýdi tolgunyp. Soňra çaganyň maňlaýyndan ogşap,-Alla saňa uzak ömür, egsilmez bagt bersin oglum!-diýip, bäbegi enekä gaýtaryp berdi. Onýança ýerinden turup onuň garşysyna gelen käbesi:

-Ogul mübärek, oglum!-diýdi.

-Sizede agtyk mübärek, Käbäm!-diýip, ejesiniň ellerini ogşady. Soňra Zülpizeriň ýatalgasynyň bir çetine baryp oturdy, aýalynyň bir elini tutup, ýuwaşja gysdy:

-Ogul dogurmak kyn ekenmi Zülpizer?

-Aňsadam däl eken, şahym-diýip, Zülpizer adamsynyň mähirli ýylgyryp beren sowalyna gülümjiräp jogap berdi.

## IX BAP

Ony dogran zenanyň aýdany deý dünýä inmegi aňsat bolmadyk adam Allanyň eradasy bilen dünýä indi. Ýaş çaga uly ady göterip bilmez diýen yrym bilen ilki oňa ýönekeýje Atsyz diýen ady dakdylar. Taryha bolsa Al Mälik Abu Müzäffär Ala ad-Din Jelal ad-Din Atsyz diýen at bilen giren Anuş-teginler nesilşalygynyň zeberdest şalarynyň biri bolan bu adam Horezminiň garaşsyzlygy ugrunda aýgytly göreşler alyp bardy. Emma... Emmasyny soň beýan ederis, häzir bolsa beýany bir başdan başlabereli.

Dünýä inen güni ony eline alyp: “Ömrüň uzak bolsun, bagtyň, ykbalyň hiç haçan egsilmesin, oglum!” diýip, maňlaýyndan ogşan pederi, ol 29 ýaşa ýetende, dünýäsini täzeledi. Otuz ýyllap adalatly höküm süren, ylymly, ötgür zehinli pederiniň terbiýesini alan, onuň durmuş ýoluny özüne sapak edinen mirasdüşer ogul sene 522-nji hijride Horezminiň tagtyna oturdy. Pederi ony öz wagtynda özi tälim alan medreselerde okadyp, bilimli, ylymly, hemme taraplaýyn kämil ynsan edip ýetişdiripdi, Öýli-işikli edipdi. Ömüriniň soňky ýyllarynda ondan bolan  alty ýaşly iki ogul agtygy-Il Arslan bilen Süleýman şahy, her haýsyny bir dyzynda oturdyp, söýgülemek nesip edipdi oňa. Bir sapar atasynyň sag dyzynda oturan Arslanjyk onuň indi mazaly agaran sakgalyny sypap:

-Ata, sen patyşamy?-diýip, atasynyň ýüzüne garamyk ýaly garagyny dikdi.

-Ýok, men çopan, oglum.
-Sen goýun bakaňog-a.
-Men adamlary bakýan.
-Näme berip bakýaň?
-Adamyň iýýän zatlaryny.
-Aldaýaň, sen çopan däl, patyşa.
-ony saňa kim aýtdy.
-Ejem aýtdy. Enekämem aýdýa.
-Bäh, olar bilýän ekenow meniň patşadygymy.
-Patyşa bolsaň gowymy?
-Özüň gowy bolsaň gowy.
-Onda menem patyşa boljak, ata.

-Ata, menem boljak patyşa-diýip, çep dyzynda oturan Süleýmanjyk çasly seslendi. Entek sada düşünjeli, päk ýürekli bu oglanjyklaryň sözleri Kutbeddin Muhammedi iňkise batyrdy: “Bir zada iki adamyň göz dikmegi arada erbet duşmançylygy döredýändigi ikuçsyz. Ylaýta-da ol zat täji-tagt bolsa. Häzir onuň öňünde, iki dyzynyň üstüne sygyp oturan bu oglanjyklar erte ulalyp, ata çykanlarynda bir ýurda sygarlarmyka? Ýa-da täji-tagt dawalaşyp, biri-birine gylyç götermekden hem... Ýok, Alla saklasyn!”

-Ata, geplesene, nämä gepläňok?-diýen Arslanjygyň sesi onuň pikirini böldi. Ol:

-Iki adam deňine patyşa bolup bolmaýar. Siziň biriňiz patyşa bolsaňyz biriňiz onuň kömekçisi bolmaly. Şeýdip agzybirje ýaşamaly. Ana şonda hemme zat gowy golýa-diýdi.

Atasynyň bu pendi ulalanlarynda olaryň hakydasynda saklanarmyka?...

***

Atsyzyň kakasynyň dyzynda oturan iki oglundan başga-da iki ogul-Il Kutlug (oňa Atlyk hem diýilýärdi) atly iň ulusy, Hutaý han diýen iň kiçisi hem bardy.

Dört ogluň kakasy bolan Atsyzyň özü-de entek kakasynyň ygtyýaryndaky oguldy, inileri Ýusup we Inal-Tegin bilen kakasynyň hyzmatyndady. Ol diňe kakasynyň däl, Horezm indi Merwiň garamagyndaky ülke bolany üçin soltan Sanjaryň hem hyzmatyndady. Merwden kakasyna berilýän tabşyryklaryň köpüsini ol ýerine ýetirýärdi. Bu bolsa oňa birneme ýokuş degýärdi. Ahyryn, bir gün, ol göwnündäkini diline çykardy:

-Biz haçana çenli Merwe paç bermeli? Haçana çenli Soltan Sanjaryň aýdanlaryna “lepbeý” diýip gezmeli, kaka?! Horezmin geçmişde garaşsyz beýik döwlet bolan. Biz onuň beýikligini gaýtadan dikeltmegimiz gerek.

Kütbeddin Muhammet men diýen ýigit ýaşyna ýeten oglunyň ýüzüne dykgatly seretdi. Atsyzyň göwnünde beýle arzuwyň, niýetiň bardygy ony bir hili geň galdyrdy. Çünki onuň özi Soltan Sanjara juda wepaly bolup, Soltanyň garşysyna gitmek diýen zat hiç haçan serine gelmändi.

-Gatyrak gidýäň-ä sen. Eger Soltan biziň şeýle niýetimiziň bardygyny bilse, näder öýdýäň, biziň ýogumyza ýanar. Eger şu niýeti amala aşyrjak bolup, herekete geçsek, Horezminiň külüni göge sowurar. Şonuň üçin bu pikiriňi seriňden aýyryp taşla, oglum.

-Men bu işi häzir edeli diýmedim-ä, käkä. Assa-ýuwaş güýjimizi deňläli, belki onuňkydan hem agdygyrak ederis. Onsoň...

-Bes et!-diýip Kutbeddin Muhammet Atsyzyň sözüni böldi.-Bize beýle mümkminçilik bermezler. Bu ýerde Soltanyň, gör, näçe jansyzy bar. Biz goşuny gereginden artyk güýçlendirip başlasak derhal oňa habar ýetirerler. Bardy-geldi güýjiňi deňäp, meýdana çyksaň, bu söweşde näçe müňläp adamlary gyrgyna bermeli bolar. Şeýle ýitgi bilenem ýeňiş gazanyp bilmesek, häzirkimizden hem beter güne düşeris. Soltanyň mährinden mahrum bolarys. Dostumyz duşmana öwrüler. Häzir bolsa soltanyň howandarlygynda ýurdymyz asuda. Hiç kim oňa göz dikip bilmeýär, Soltanyň güýç-gudratyndan çekinýärler. Şonuň üçin uly gandöküşligiň öwezine geljek garaşsyzlyk gerek däl. Men-ä öz döwrümde seniň aýdanyňa ýol bermen. Menden soň saňa-da ol işi maslahat bermeýärin.

***

Horezmşa Kutbeddin Muhammediň ogly Atsyz bu maslahaty ümsüm oturyp diňläpdi. Emma horezmşa Atsyz bolsa bu maslahaty düýbünden unutdy. Onuň gije-gündiz oý-hyýaly özbaşdaklyk we beýiklikdi. Ol bu pikirini yzly-yzyna ýigit ýetip gelýän ogullarynyň hem beýnisine siňdirmeklige çalyşýardy:

-Biz ömrümiz ötýänçä Soltan Sanjara gulluk edip gezmeris, ogullarym. Men ony ilkinji sapar görenimde şeýle adama paç berip, gulluk edip ýörenimize haýpym geldi. Biz onuň bilen ir-u-giç bir ýanly ederis-diýip, ol entek Soltan Sanjar bilen çaknyşyp görmedik wagtynda çalarak güpläpdi.

-Kaka, soltan Sanjara ilki haçan duşdyňyz, ol nähili adam eken?-diýip, kiçi ogly Hytaý han bilesigelijilik bilen sorady. Atsyz soltan bilen şol ilkinji duşuşygy ýadyna düşüp, kinaýaly gülümjiredi:

-Haýsy ýyldadygy şu wagt ýadymda ýok, öz-ä tomsuň jöwzasy gaýdyşyp güýzüň başlanan bir güni pederim meni huzuryna çagyrdy, ýüzüme dykkatly seredip durdy-da:

-Oglum Atsyz, sen indi başga hökümdarlar bilen duşuşyp, gepleşikler geçirmäge ýaraýan ýaşa ýetdiň. Şu ugurda saňa ilkinji tabşyrygym: Merwe her ýylda berilýän pajy eltersiň hem-de bir mesele boýunça gepleşip gelersiň. Mesele diýýänim, özüňiň hem habaryň bar, ilerimizdäki göçmençiler biziň çetiräkdäki obalarymyza çozuş edip, alamançylyga başladylar. Biz şolaryň üstüne goşun çekip, temmisini bermesek bolmaýar. Ine şuňa soltanyň razylygyny almaly bolýar diýdi kakam. Men pederimiň şunuň ýaly işde-de soltana tabynlygyny görkezýänine gaharym gelip:

-Muňa soltanyň razylygy näme gerek, kaka!-diýdim-Maňa goşuny beriň, özüm olary Horezmin tarapa gaňyrlybam seretmez ýaly ederin.

Pederim maňa ýaman göz bilen garady:

-Häläm ýagşy “Kül ederin”, “Külüni göge sowraryn” diýmediň. Birneme şepagatly geplediň-diýdi kinaýa bilen. Soňra:

-Sen ýene meni soltanyň garşysyna gozgajak bolýaňmy?! Ol ýerler soltanyň gol astyndaky ýurtdygyny bileňokmy?! Ondan birugsat ol ýere goşun çekmeklik ony hasap etmezlik bolýar-a. Sen şuňa düşüneňokmy?! Bar, ýol şaýyňy tut-da, ýola düşüber-diýip, bir dem sägindi, soňra:

-Sag-aman baryp gel, ýoluň ak, ýoldaşyň hak bolsun!-diýdi. Şol günüň ertesi irden pederimiň ak patasyny alyp, ýanymda on iki sany nöker bilen ýola düşdüm. Merwe ýetip barýançak men bir näçe güniň dowamynda soltan bilen duşuşanymda özümi nähili alyp barmalydygym, nähili edep saklap gepleşmelidigim barada oýlanyp, barşyma, entek onuň bilen ýüzme-ýüz bolmankam, onuň dabarasy dag aşan beýik soltan diýen ady sustumy basýardy. Emma onuň huzuryna girip, tagzymdan başymy galdyranymda, öň göz öňüme getirýänim: giň maňlaýly, nurana ýüzli, haýbatly soltana derek garaýagyz ýüzüni mama dişlän bir adama nazarym düşdi. Şonda “beh, beýik soltan diýýänleri şumy” diýip, içimi çekipdirin. Ol meni gowy garşy aldy:

-Hä, geldiňmi Kutbeddiniň zürýady. Kakaň saňa dakmana at tapman Atsyz diýäýipdir öýüdýän-diýip degişdi. Soňra saglyk amanlyk soraşdy. Ýurdyň ýagdaýyny, ilatyň güzeranyny, bu ýylky ekin-dikin, alynýan hasyla çenli sorady. Söhbetimiziň soňunda pederimiň sargap

goýberen meselesini aýdanymda Soltan bir salym dymyp, oýa çümen ýaly bolup oturdy. Soňra kellesini galdyryp, maňa seretdi-de-:

-Ol milleti men özüm jylawlaryn, kakaň ol ýere goşun çekip, gandöküşlik edip ýörmesin. Ýakyn günlerde maňa onuň kömegi gerek bolar. Şonuň üçin goşunyny bäri, Horasana çekmeli bolar. Gerek wagtynda habar ederis-diýdi.

Merwde üç gün dem-dynjymyzy aldyk. Gaýtmak üçin soltandan rugsat soramaga onuň huzuryna girenimde, ol güler ýüz bilen rugsat berdi, kakama salamyny ýetirmegimi sargady. Soňra:

-Şazadanyň serpaýyny getiriň!-diýip buýruk berdi. Bir gymmat bahaly dony getirip, egnime geýdirdiler. Don näçe gymmat bolsa-da meniň elten otuz müň dinardan ybarat pajyň ýanynda hiç zat däldi. Şeýle-de bolsa, men däbe görä, serpaý üçin minnetdarlyk bildirip, tagzym etdim. Şundan soň soltanyň ak patasyny alyp, ýola düşdik.

Ýurda gaýdyp gelenimden pederime Merwde bolan gep-gürrüňleri, Soltanyň bizden harby kömek soramakçydygyny aýdyp berdim, salamyny gowşurdym, haçanda Soltanyň görnüşine, keşbine pisindimiň oturmandygyny aýdanymda pederim:

-Adamyň daşky görnüşine garap baha berip bolmaýar-diýip, pederim kellesini ýaýkap gülümjiredi:

-Sen ýalňyşýaň, oglum. Soltan Sanjar bütin dünýäde parasatly hökümdar, söweş tälimini bäş barmagy ýaly bilýän ezber serkerde hökmünde tanalýar. Ol örän erjel, gaýduwsyz, batyr adam.

Pederimiň soltan Sanjara beren bahasyny ümsüm diňledim, emma içimden onuň aýdany bilen razylaşmadym:

-Taryp edişiňiz ýaly soltan söweş talimini bäş barmagy ýaly bilýän beýik serkerde bolýan bolsa sizden näme üçin kömek sorajak bolýar?-diýdim.

-Söweş tälimini bäş barmagy ýaly bilýän ýeke soltanyň özi däl, ahyryn! Onuň garşydaşlary hem bu ugurdan gömük däldirler. Onsoňam, söweşde ýeňiş gazanmak üçin goşun güýjüň hem ýeterlik bolmaly. Şonuň üçin ol saňa “Goşuny bäri çekmeli bolar” diýipdir.

Pederimiň bu sözünden Horasana goşun çekip gitmäge taýyndygy bilinip dursa-da soradym:

-Eger çagyrsa gitjekmisiňiz?

-Soltan kömege çagyrsa gitmän bolýamy, gideris. Bu birinji sapar däl, sen entek ýaş wagtlaryňda Seljuklylaryň arasyndaky çaknyşyklarda, beýleki garşydaşlary bilen bolan uruşlarda soltana kömege baran wagtym az bolmady-diýip, soňunda Togrul Teginli wakany ýatlatdy.

-O nähili waka, kaka?-diýip, atasy hakyndaky gürrüňleri juda gyzygyp diňläp oturan Hytaý han ýene sorag berdi.

-Sen meni ýene gepletjeg-ow. Bolýa, şu wakany hem aýdyp bereýin, oňa çenli huptan namazynyň wagty hem bolar-diýip Atsyz gürrüňe başlady:

-Togrul Tegin diýen adam ataňyzdan öň Horezmine hökümdarlyk eden Ekinçi ibn Koçkar atly adamyň ogly. Ol ataňyz tagta çykan güni özünden howp edip, Gürgençden gaçyp gidýär. Ýyllar geçip, ol özüne goşun toplaýar. Ataňyz leşgeri bilen Horasana soltana kömege gideninden peýdalanyp, ol ýurda girýär, Gürgenji gabaýar. Ol galanyň üstünde duran nökerlere ýüzlenip:

-Eý biradarlar! Men Horezminiň öňki kanuny hökümdary Ekinçi ibn Koçkaryň ogly Togryl Tegin iben Ekinçi. Horezminiň tagty maňa ata miras bolmaly. Kutbeddin Muhammet kanuny patyşa däl. Ol Mälikşanyň gulunyň ogly. Derwezäni açyň! Men tagta çyksam halkymy hemme taraplaýyn goldaryn. Eşretli durmuşa ýetirerin!-diýip sesiniň ýetdiginden gygyrypdyr.

-Aý, seniň kakaňdan-a gowulyk görmändik, Senem şondan artyk bolmarsyň. Derweze saňa açylmaz. Wagtyň barynda gelen ýoluň bilen gaýt, ýogsam Horezmşa Kutbeddin Muhammet hezretleri ýetip gelse külüňizi çykarar-diýip, galanyň üstünde duranlaryň biri jogap beripdir. Şundan soň ol şäheri güýç bilen almak üçin synanyşyp başlapdyr.

Bu habar ataňyza Horasandan gaýdyp gelýärkä ýolda ýetipdir. Ol Togrul Tegin uly goşun bilen gelen bolsa özümiziň güýjümiz ýetmez diýen pikir bilen soltandan kömek sorap, yzyna Merwe çapar ugradypdyr. Emma kömegiň gelerine garaşman Gürgenje tarap haýdap gaýdýar. Şähere golaýlap geleninde goşuny saklap bir emirini ýanynda iki nöker bilen Togrul Tegine ilçi edip iberýär. Ilçi Togrul Tegine Horezmşanyň gandöküşlik bolmazlygy üçin gabawy aýryp, ýurtdan çykyp gitmegini teklip edýändigini aýdanynda Togrul Tegin: “Eger Kutbeddin Muhammet gandöküşligiň bolmazlygyny hakykatdan hem isleýän bolsa, özi maşgalasyny alyp, ýurtdan çyksyn. Horezminiň tagty maňa ata miras, onuň haky ýok” diýýär. Ilçiniň alyp gelen bu habaryndan soň söweşe girmekden özge çäre galmaýar. Ataňyzyň goşuny Togrul Teginiňkiden azrak hem bolsa, esgerleriniň gaýduwsyzlygy, özüniň jeňde gatnaşyp, görkezen batyrgaýlygy duşmanyň goşunyny ýeňlişe sezewar edýär. Togrul Tegin derbi dagyn bolan leşgeriniň aman galanlary bilen gaçyp, ýurtdan çykyp gidýär. Şundan soň ataňyz soltana ikinji çapar gönderip, kömegiň gerek

däldigini, duşmany öz güýji bilen ýurtdan çykaryp kowandygyny habar berýär. Togrul Teginiň üstünden gazanylan bu ýeňiş atañyzyň abraýyny soltanyň nazarynda ýene-de belende göterýär.

-Onsoň näme bolýar, kaka?-diýip, Hutaý han ýene sorag berdi. Ata çykmaga ýarap barýan oglunyň ýaş çaganyň soragyna meňzeş sorag berşine Atsyz kellesini ýaýkap güldi-de:

-Onsoňmy, onsoňam bolan zat kän. Häzir bolsa huptan namazynyň wagty boldy, hany turuň!

Horezmşa Atsyz ogullarynyň öňünde ymam bolup, huptan namazyny okap, soňky sejdeden başlaryny göterenlerinden soň yzyna öwrüleninde hatar oturan biri-birinden dogumly dört ogluna seredýärkä birden dörän buýsanjyny kalbyndan kowup bilmedi. Ol:

-Astagfurylla, astagfurulla-diýip, ýakasyny tutup, içine tüýkürdi, soňra namazyň yzyndan okalýan aýatlary okap, Allatagala hamdu-senalar aýtdy. Şazadalar atalary hakyndaky gürrüňiň dowamyny diňlemegi isläp, gozganman oturdylar.

-Kaka, ýaňy ondan soňam bolan zat kän diýdiňiz, şolardanam birazrak gürrüň beräýseňiz-diýip, bu sapar kakasyna Il Arslan ýüz tutdy.

Atsyzyň özü-de ogullarynda aslyna bolan buýsanjy artdyrmak üçin pederi hakyndaky gürrüňi dowam etdirmekçidi.

-Bolýa, ogullarym, gije uzak, men size isläniňizçe gürrüň bereýin, ýöne gulagyň garny ýok, ony doýryp bolmaýa - diýip, Atsyz gülümjiredi.

-Bu gün gulagymyz çalarak doýsa-da bolýa, kaka-diýip, Hytaý han bälçiredi.

-Tüweleme, sen şu gün mendenem köp geplediň. Atlyk bilen Süleýman şah ýeke agyz hem geplänoklar, olaryňam gep paýyny sen alaýypsyň öýüdýän-diýip, Atsyz kiçi ogluna degişdi. Uly ogly Atlyk:

-Süleýman şah bilen ikimiz gepländen diňlän gowy diýip otyrys-diýdi. Atsyz başyny atyp ýylgyrdy:

-Tüweleme, bu salyhatlylygyň alamaty. Indi men size Horasana baryp, soltan bilen duşuşyp gaýdanymdan soň bolan wakalary gürrüň beräýeýin. Men Horasandan gelenimden soň aradan bir aý geçip-geçmän, pederim:

-Atsyz, Soltan kömege çagyryp, çapar gönderipdir. Meniň bilen gidermiň?-diýip, ýüzüme dykgatly seretdi. Men:

-Patyşalar soramaýarlar, emir edýärler dälmi, siz emir etseňiz, emriňizi berjaý etmek meniň borjum-diýdim. Pederim:

-Berekella, gepiň-ä tapyp aýtdyň-diýdi. -Seni alyp gitmekçi bolýanymyň sebäbi: sen indi ýigit ýetdiň, söweş tälimini öwrenmegiň, jeň diýen zady gözüň bilen görüp, ýüregiňi beketmegiň gerek. Çünki sen menden soň köp söweşler etmegiň mümkin.

Pederim aýtmasa-da, bu meniň arzuwymdy. Söweşlere gatnaşasym, gahrymanlyk görkezesim gelýärdi.

-Kaka, kim bilen, nirede söweş ediljek?-diýip, bilesigelijilik bilen soradym. Pederim kellesini ýaýkap:

-Muny menem bilemok. Soltan öňem öňünden aýtmaýardy. Aýdylan ýere barandan soň bileris.

-Barmaly ýerimizi bilýänsiňiz-le, kaka.

-Bilýän, ony aýdyp goýberipdir. Merwden soňam ýene şonça ýol, Sawe şäherinden bir günlik bäridäki ýer. Şeýdip, 513-nji ýylyň tomsynda agyr goşun bilen ýola düşdik. Birnäçe günüň dowamynda uzak ýoly söküp, menzile ýetip baran goşunymyz öňümizden çykan soltanyň adamlarynyň görkezen ýerinde goş taşlady. Bu ýere Merwden soňam iki hepde ýol ýöräp geldik. Pederim bilen meni Soltanyň çadryna alyp gitdiler. Onuň goşuny hem çadyrynyň öňündäki uly meýdany tutup ýatyrdy. Şahana bezelen çadyryň töründe aramkürsüde oturan Soltan Sanjar bizi gyzgyn garşylady, mähirli soraşdy, soňunda maňa üm edip, pederime:

-Bu dogmaňam alyp gaýdypsyň-ow. Dogry edipsiň, jeň görsün, gan görsin, bekesin. Häzir munuň tüýs gylyç oýnatmaly wagty-diýdi. Soňra naz-nygmatly saçagyň başynda soltan bilen pederim gürrüňi dowam etdirdiler. Menem ýaňy Atlygyň aýdany ýaly gepländen diňlän gowy diýip, olaryň gürrüňini üns berip diňläp oturdym. Soltanyň pederime berip oturan gürrüňinden onuň garşydaşy ýat bir kimse bolman, özüniň ýegeni Soltan Mahmyt ibn Muhammetdigini aňdym . Seljuklaryň biri-biriniň ganyny dökmäge taýýardygyna ilki düşünmedim, bir salymdan Soltanyň gürrüňiniň arasynda:

-Soltan Mahmyt soňky wagtda bizi äsgermän, gaty hetdinden aşdy. Ol özüniň soraýan sebitleri bilen kanagatlanman, merkezi häkimýeti eýelemek hyýalyna münüp ýöräni maňa mälim boldy. Şonuň üçin oňa bir göz görkezip goýmasak bolmady-diýeninden soň mesele aýdyň boldy.

Biz şol ýerde üç gün bolduk. Şu wagtyň içinde soltan bilen pederim iki goşunyň hem serkerdelerini çagyryp, ertirki söweşiň rejesini ara alyp, maslahatlaşdylar. Her iki goşunyň sag, sol ganatlaryna, merkezi toparlaryna başçylyk etmeli serkerdeleri bellediler. Ätýaçlyk toparlar

nirede bolmaly, biziň Horezminiň goşuny haýsy tarapdan hüjüm etmeli, gepiň gysgasy, söweşi alyp barmagyň ähli tärini biçip goýdylar. Maňa bolsa hiç bir emel ýetmedi, hiç bolmasa on başy edip hem goýmadylar. Meşweret gutaransoň men pederime närazylygymy bildirenimde, ol:

-Bu sapar sen söweşe gatnaşmarsyň. Soltanyň söweşe gözegçilik edýän depesinde senem jeňiň gidişini, uruşyjylardan kimiň nähili gylyç uruşyny, naýza işledişini synlap durarsyň, öwrenersin-diýdi.

-Men bu zatlary harby maşklarda öwrendim, ahyryn-diýdim.

-Maşk başga, söweş başga!-diýip pederim bir salym dymdy-da:

-Bardy-geldi, jeňde kazam ýetse, täji-tagtyma sen eýe bolarsyň. Soltan eglenmän sen hakda perman çykarar. Onuň bilen bu hakda gepleşildi. Pederimiň bu sözüne bir hili boldum:

-Ýok, kaka, beýle diýme! Gowysy senem söweşe girme-diýdim.

-Girmesem bolmaýar. Soltanyň özü-de, leşger bir neme asgynlyk etjek bolsa urşujylaryň ruhuny götermek üçin söweşe girýär-diýip, pederim bu gürrüňe nokat goýdy. Men gol gowşuryp pederimiň çadyryndan daş çykdym. Günuzyn zemine gyzgyn howruny pürkup, indi gözýetimiň aňyrsyna çümüp barýan Günüň al elwan şapagy entek jahany ýagtyldyp durdy. Howanyň yssysy gündizkisinden biraz tapawut edýärdi. Bu-da demirgazykdan ýuwaşja öwüsýän şemalyň hasabynady. Gözýetime çenli meýdany tutup ýatan leşger şapagyň ýagtysynda örän uly güýç bolup duýuldy maňa. Öz çadyryma tarap barýarkam leşger tarapa ýene göz aýlap; “bu güýç bilen dünýäni zabt etse bolar” diýip içimi gepletdim.

Emma ertesi söweş meýdanyna çykanymyzda garşymyzdan ýer süýşen ýaly bolup gelýän sansyz leşgere gözüm düşende, dünýäni zabt etmek bärde dursun, garşydan gelýän goşunyň üstünden ýeňiş gazanmak hem hylalla bolup duýuldy maňa. Men pederimiň aýdyşy ýaly soltanyň gözegçilik depesindäki adamlaryň arasyndadym. Hemmämiz at üstündedik. Pederimiň özi bolsa goşuny bilen yzdady. Bu bolsa meniň pederim üçin howatyrymy birneme kösdiripdi.

Garşydan gelýän leşger ses ýetime gelip aýak çekdi. Soltan ýanynda duran hajybyna:

-Ol gepleşmekçi. Baryň. Eger gandöküşligi islemeýän bolsa, pälinden gaýdanyna kasam etsin hem-de biziň we Horezminden çagyran leşgerlerimiziň ýol harajady üçin otuz müň dinar tölesin-diýdi. Hajyp Soltana baş egip, ýanynda iki adam bilen garşydaky goşun tarapa at salyp gitdiler. Bardylar. At üstünde durup, gepleşdiler. Emma köp

saklanmadylar, ýene at salyp yzyna dolandylar. Hajyp gelip, at üstünde soltana başyny egip, habaryny aýtdy.

-Kyblaýy älem, soltan Mahmyt maňa seniň bilen gepleşmeýän, soltanyň özi gelsin-diýdi. Soltan Sanjaryň gaharyna ýüzi üýtgäp gitdi.

-Ýene näme diýdi?!-diýip, boguk ses bilen gygyran soltan, göýä hajyp günäkär ýaly, ony gözi bilen iýäýjek boldy.

-Meniňem soltanyňa aýtjak zatlarym bar, özi gelsin-diýdi.

-Men barmalymy. Ol deýýusyň ýanyna! Ine barmaly bolsa bararys. Söweş nagaralary kakylsyn!-diýip Soltan belent ses bilen emir etdi. Kernaý çalynyp nagaralar kakylanda leşger öňe ömzady. Hä diýmän iki tarap garpyşdy. Ine şonda meniň gözümiň öňünde jeň diýilýän, söweş diýilýän elhenç hadysa peýda boldy. Gylyçlaryň şarkyldysy, urşujylaryň gohy, ahy, çirkin sesler gulagyňy kamata getirýärdi. Käbir kelleleriň göwresinden pyzylan kädi ýaly togalanyp gidişine gözüm düşende söweşlerde gahrymançylyk görkezmek baradaky öňki islegimden öz kellämi aman saklamak islegi rüstem geldi.

-Çyndanam gorkduňyzmy, kaka?-diýip kikirdäp gülen Hytaý han pederiniň sözüni böldi. Atsyz güldi, oňa goşulyp beýleki ogullaram güldi.

-Aý näme, gorkagy köp kowsaň batyr bolar diýipdirler. Menem bu zatlary göre-göre batyr boldym öýüdýän. Ýöne söweşde “gözsüz batyr” diýenleri uzaga gitmeýär, gorkak batyr bolmaly, kelläňi duşmanyň gylyjyndan gorap, zarba urmaly. Eý ogullarym, zamanamyz uruşlar, jeň-jedeller zamanasy. Entek sizlerem mundan çetde galmarsyňyz, wagty gelip, jeňlere girmeli, söweşmeli bolarsyňyz.

-Ol söweşiň soňy nähili boldy, kaka? Atamyz hem söweşe goşuldymy?-diýip, Atlyk sorady.

-Soňunda Mahmudyň goşuny derbi dagyn edildi, özi gaçyp gutuldy. Ýeňiş atańyzyň hemaýaty bilen gazanyldy. Duşmanyň sag ganaty güýçlidi. Atańyz şu güýçli tarapyna hüjüme geçip, duşmany has asgynlatdy. Şundan soň duşman goşuny ýeňlişe sezewar boldy.

Merwe gelenimizde soltan ýeňşi uly dabara bilen belledi. Dabaradan soň ýurda gaýdarman bolanymyzda soltan eden kömegimiz üçin uly minnetdarlyk bildirip, atańyza, maňa-da gymmat bahaly serpaýlar ýapdy. Egnime serpaý dony geýdirýärkä özümi bir hili oňaýsyz duýdym. Meniň bu ýagdaýymy aňan soltan:

-Atsyz, “maňa näme serpaý” diýip gysynma. Gadym Eýranda öýlere aýlanyp, adamlaryň odunyny aýryp berýän günlikçiler bolýan eken. Olaryň odun aýyrýany her sapar palta uranynda ýanyndakysy

“hah!” diýip durýan eken. Şonda odun aýrana on teňňe, ýanynda “hah!” diýip durana-da on teňňe berýän ekenler. Sen gylyç urmasaňam içiňden bolsa-da “hah!” diýip duransyň-diýip, degişip güldi.

Ol bu degişmäni meniň söweşe goşulmandygymy ýaňzytmak üçin aýtdymy ýa-da ýöne maňa degişesi geldimi, bilmedim. Emma ataňyzyň onuñ bu degişmesini halamandygyny ýüz-gözünden aňdym. Men-ä onuň özüni öňden halamaýardym. Eger ol maňa bir däl, müň serpaý ýapsa-da, oňa bolan garaýşym üýtgemezdi.

Bu söweşden soň ataňyzyň abraýy soltanyň öňünde has belende galdy, ol onuň iň ýakyn, ynamly adamlarynyň birine öwrüldi. Muny-atañyzyň soltanatdaky agramyny goňşy ýurtlaryň hökümdarlary hem bilýän bolmaga çemeli. Olaryň käbirleri soltan Sanjara haýyşlary bolsa, atañyzyň üsti bilen bitirmäge çalyşýardylar. Şeýle hökümdarlaryň biri-Samarkandyň patyşasy Muhammet Arslan han ýanynda wezir-wekilleri, gymmat bahaly sowgat-salamlary bilen uzak ýoly söküp, Gürgenje geldi. Atañyz ony kabul edeninde köşkde menem bardym. Gadyrly salamlaşyp soraşdylar. Myhmanlaryň hormatyna giňden saçak ýazyldy. Arslan han bir hili aladaly görünýärdi, saçak başynda-da açylyp oturmady. Onuň bir ýumuş bilen gelendigini aňyp oturan atañyz oturlyşygyň soňunda:

-Gadyrly myhmanlar, bizlik ýumuşyňyz bolsa aýdyp oturyň-diýdi. Şundan soň Muhammet Arslan han dil ýardy.

-Muhterem, gadyrdan Kutbeddin Muhammet hezretleri, biz bir möhüm haýyş bilen geldik. Soltan Sanjar hezretleriniň biziň üstümize ýörüş etmek üçin taýýarlyk göräýndigini eşitdik. Eger ol Mawarannahyra goşun çekip geläýse uly gandöküşlik bolar. Sizden şu gandöküşligiň öňüni almagyňyzy towakga edýäris. Soltany bu raýyndan gaýtarmak diňe siziň eliňizden gelýändigini bilenimiz üçin size ýüz tutmagy makul bildik.

-Soltan ýöne ýere üstüňize goşun çekjek däldir, sebäbi bardyr. Sebäbini bileňizokmy?-diýip atañyz Arslan hana dikanlap garady.

Arslan han birden jogap berip bilmän, ýanyndaky adamlaryna bir-bir garady. Ol kime seretse, seredeni kellesini aşak saldy.

-Aý, sebäp diýer ýaly uly bir sebäbem ýok-la-diýip ardynjyrady, soňra-kimlerdir baryp, Soltana biziň üstümizden raýatlaryň adyndan şikaýat edipdirler. Sebäbi şumy ýa bu bir bahanamy, bilmedik-diýdi.

-Bahana däldir, han. Soltan bir iş etjek bolsa bahana gözläp oturmaýar. Raýatlaryň adyndan şikaýat edilen bolsa siz adalat

ýörelgesinden sowulansyňyz-diýip, atańyz oňa temmi beriji äheňde aýtdy.

-Tutuş ýurtda adalaty saklamak diňe bir hökümdaryň elinde däl, welaýatlardaky emeldarlaryň hem adalaty bozmaklary mümkin dälmi?-diýip Arslan han özüni aklamaga çalyşdy. Atańyz bir salym oýa çümüp, dymdy. Soňra Arsalan hana göni seredip, gepledi:

-Han, men siziň şu sözüňize jogap hökmünde bir rowaýat aýdyp bereýin, diňläň, diýdi. Gadymda bir hökümdar ölüm düşeginde ýatanynda ogluny ýanyna çagyrypdyr. Ol: "oglum men indi dünýäni täzelemeli bolup durun. Täji-tagtym saňa galýar. Meni jaýlanyňdan soň ýedinji gije düýşüňe girip ýurdy nädip dolandyrmalydygyňy düşündirerin" diýipdir-de jan beripdir. Ogly ýedinji gün huptan namazyny okap, pederi bilen düýşünde duşuşmak üçin hemişekisinden irräk ýatypdyr. Emma pederi wadasynda tapylmandyr, düýşüne girmändir. Ogul şundan soňam her gün pederiniň düýşüne girmegine umyt edip ýatypdyr. Aýlar, ýyllar geçipdir. Ahyryn, ýedinji ýylyň bir gijesi pederi oglunyň düýşüne giripdir. Ogly: "Kaka, näme üçin aýdan wagtyňda, ondan soňam gelmediň? Men saňa köp garaşdym" diýeninde, pederi: "oglum, ýurduň gaýrasyndaky uly ýabyň köprüsinde bir deşik bar eken, raýatlarymyzyň biri şol köprüden goýunlaryny sürüp geçip barýarka bir goýnynyň aýagy şol deşige girip gidip döwlüpdir. Men ýedi ýyl ana şonuň jogabyny berip bilmän eglendim" diýipdir.

Atańyz rowaýaty şu ýerinde tamamlap, Arslan hanyň ýüzüne synçy nazaryny dikdi. Han ýüzüni aşak salyp: "Düşündim, Hezreti alylary-diýdi. Atańyz şundan soň oňa soňky sözüni aýtdy:

-Muhterem Han, men siziň haýyşyňyzy, enşalla, bitirerin. Emma mundan soň ähli welaýatlaryňyzdaky "köprüler" abat bolsun.

Arslan han başyny egip, atańyza çuňňur minnetdarlyk bildirdi. Iki gün dowam eden hezzet-hormatdan soň myhmanlary ýurdyna ugradyp, atańyzyň özü-de Merwe-soltan Sanjaryň huzuryna ugrady. Ol özüne ynamy bolmasa Arslan hana "Siziň haýyşyňyz, enşalla bitirerin" diýip aýtmazdy. Ol aýdyşy ýaly sözüniň üstünden çykyp, Gürgenje sag-salamat dolanyp geldi. Soltan Sanjar bolsa Arsalan hana Horezmşanyň haýyşy boýunça günäsini geçýändigini mälim edip nama ýollapdyr.

Soltanyň namasyny alan badyna Arsalan han atańyza sowgat salamlar bilen teşekkürnama iberdi.

Ine ogullarym, atańyz şeýle ynsanperwer, diňe öz halkyna däl, başga halklara-da elinden gelen ýagşylygyny aýamaýan beýik adamdy. Siz şeýle atanyň nebereleri bolanyňyza buýsanmalysyňyz. Menem şeýle

beýik adamyň perzendiligime buýsanýaryn. Ine on ýyl bäri pederimiň soltan Sanjara wepalylyk däbini saklap gelýärin. Ýöne... Ýönesini sözümiň başynda aýdypdym-diýip, Horezmşa Atsyz ogullary bilen eden söhbetini jemledi.

**X BAP**

Dünýewi we dini ylymlardan baş çykarýan, edebiýaty, sungaty söýýän, arap, pars dillerini suwara bilýän, parsyda ne gözel gazallar, kasydalar ýazýan, öz döwrüniň we geçmişdäki beýik şahyrlaryň gazallarynyň, rubagylarynyň köpüsini ýat bilýän Horezmşa al Mälik abu Müzaffar Jelaleddin Atsyz bir bisowat, ne ýazyp, ne okap bilýän soltan Sanjara* özüniň aýdyşy ýaly, tagta çykanyndan bäri on ýylyň dowamynda gulluk edip gelýärdi. Elbetde, hakyna seredeniňde bu adalatdan däldi. Ýöne adalat güýçdedi. Egsilmez güýç kimiň elinde bolsa adalat hem şonuň tarapyndady. Güýç eýesiniň eden ähli işi adalatly hasap edilýärdi. Oňa seniňki däl diýilmeýärdi. Zamana şeýledi. Emma Horezmşa Atsyzyň köşgünde aram-aram guralýan meýlisler çagy ol güýç hem, güýçli hem unudylýardy. Ol ýerde saz-söhbet, şygryýet höküm sürýärdi. Meýlisde muşaýyreni[2] Horezmşa Atsyz özüniň parsyda ýazan gazallary bilen başlap berýärdi. Bu günki meýlisde Horezminiň tanymal şahyrlaryndan başga-da Ispihandan, Merwden gelen şygryýet ussatlarynyň iküçisi bardy. Muşaýyrede şahyrlara Horezmşanyň münşisi zeberdest şahyr Reşiteddin Watwat başçylyk edýärdi. Köşkde wezipeli adam bolansoň ol muşaýyreli meýlislerde hemişe öňe tutulýardy. Ýogsa ol görgüliniň daşky sypaty orta çykarar ýaly däldi. Şahyrlar "ony Allatagala degişip ýaradypdyr" diýip, öz aralarynda gülüşýärdiler. Onuň kep-kelte göwresiniň üstündäki ullakan togalak kellesi, köseleç gyzyl ýüzündäki wäşilik alamatlary göreniň gülküsini tutdyrýardy. Emma Allatagalanyň bu betnyşan göwrä şeýle üýtgeşik zehin salany haýran galdyrýardy. Hakykatdan-da, ol şygryýetde köp şahyrlary ompa oturdýan ajaýyp şahyr, köp ylymlardan başy çykýan bilimdan, dilewar we ökde hatdatdy. Watwat onuň ady däl-de, lakamydy. Ýarganat diýen manyny berýän lakamyna laýyk uçup-gonup duran çakgan, işjeň, guramaçy adamdy. Ol ine şu meýlisde-de şahyrlaryň serdary bolan bolup, olaryň her biriniň alkymyna baryp, muşaýirede okajak gazalyny, aýratyn-da, Horezmşa Atsyza bagyşlanan kasydalaryny soraşdyryp çykdy. Bu işi boldum edip, Horezmşaga ýüzlendi:

-Aly hezret, indi muşaýyreni özüňiziň täze ýazan dürdäne gazallaryňyz bilen başlap beräýseňiz.

-Jenap Reşiteddin, bu sapar men gazallarymy size okatmakçy-diýip Horezmşa ýeserlik bilen ýylgyrdy. - Sebäbi siz gazaly juda labyzly okaýarsyňyz, meniň okan gazallarym çeperçilik taýdan siziňkiden pes bolmasa-da, siziň okaýşyňyzyň ýanynda bir hili öçügsiräk duýulýar. Şonuň üçin siz meniňkinäm, özüňiziňkinäm bir meňzeş äheňde okaň! Onsoň netijesini göreris.

Reşiteddin Watwat Horezmşanyň teklibine başyny egip, onuň uzadan gazallary ýazylan kagyzlary aldy. Soňra meýlisler eýwanyny dolduryp oturan adamlara ýüzlendi:

-Möhterem jemagat, Horezmşa hezretleriniň teklibini eşitdiňiz. Ine meniň elimde Aly hezretiň mübärek elleri bilen ýazan üç gazaly bar. Ilki men size şu gazallary okap bereýin. Soňra özümkini-diýip, ol belent owaz bilen Horezmşanyň gazallaryny labyzly okap başlady. Her gazaly okap, bir salym dyngy bereninde oturanlaryň arasyndan “Aperin! Aperin! Juda gözel gazal, inçe duýgulara ýugrulan” diýen seslenmeler eşidildi durdy. Haçanda Reşiteddin Watwat öz gazallaryny okanynda oňa hiç hili seslenme bolmady. Muňa gahary gelen Watwat Horezmşaga ýüzlenip:

-Aly hezret, bu oturan jemagat meniň gazallaryma düşünmedi öýüdýän-diýdi.

-Ýok, jenap Reşiteddin - diýip Horezmşa ýylgyrdy.-Siziň gazallaryňyz meniňkiden hem näzik duýgulara ýugrulanlygy, gözellikde taýsyz bolanlygy üçin tarypyna söz tapman haýran bolup otyrlar.

Horezmşanyň sözüni ýaňsylama diýip düşünen Watwat beter gaharlandy.

-Aly hezret, maňa meýlisden çykyp gitmäge rugsat ediň-diýip, gapa tarap iki ädim ädeninde Horezmşanyň “Duruň!” diýeni ony saklady.

-Reşiteddin jenaplary, siz juda zehinli, dana adamsyňyz, şeýle bolsaňyzam, meniň sözüme düşünmän gaharlandyňyz. Meniň gazallaryňyz hakynda aýdanym çynym. Adamlar hakynda aýdanym size däl-de oilara degişli-diýip, Horezmşa soňundan oturanlara ýüzlendi:

-Ezizler, dünýäde hakykat diýen zat bar. Aslynda ol hemme zatdan üstün, hemme zatdan ýokarda bolmaly. Emma köp ýagdaýlarda ol bähbit diýen zadyň aşagynda galyp gidýär. Häzir, şu ýerde hem şeýle boldy. Näme üçin diýseňiz, münşüge ýaranandan patyşaga ýaranan bähbitliräk görüldi.

Horezmşa bu sözi bilen Reşiteddin Watwatyň göwnüni göterip, oturanlary duzlady. Emma şu pursatda hemmeleriň uly sarpa goýýan

ýaşuly alymy we şahyr Abul Hasan ibn Abu Aly al Horezmi gepe goşulmadyk bolsa tas meýlisiň mazasy gaçypdy.

-Muhterem Horezmşa hezretleri, jenap Reşiteddin-diýip, ol ikisine deňine ýüzlendi.-Meniň şygryýete düşünýändigime ynansaňyz, okalan gazallar biri-birinden gözel, ajaýyp. Şonuň üçin öýke-kinäni goýalyň-da, muşaýyreni dowam etdireliň. Ellerinde gazallary, kasydalary bilen şahyrlarymyz nobatyna garaşyp durlar.

Köpçülik ýaşulynyň gepini makullap: "Muşaýyre bolsun! Diňläliň!" diýip seslendi. Horezmşa hem ýylgyryp, başyny atdy. Şundan soň Reşiteddin Watwat şahyrlara söz bermäge başlady. Ilki bilen gazallar okaldy. Okalan gazallara şahyrlaryň ylhamyny joşdurýan öwgüli sözler bilen baha berdiler. Horezmşanyň özi hem berlen bahalary başyny atyp, makullap oturdy. Gazallardan soň kasydalara gezek ýetdi. Reşiteddin Watwat ilkinji nobaty "Fahri Horezm" (Horezmiň buýsanjy) diýilýän dünýä belli alym Mahmyt az Zamahşarynyň ussady alym hem şahyr Abul Hasan Aly ibn Muhammet al Horezmi jenaplaryna berdi. Ýaşy bir çene baran, ap-ak tegelek sakgally, nurana ýüzüne biraz gussa çaýylan şahyr Abul Hasan ýerinden turup Horezmşaga tagzym etdi-de, Kasydasyny okap başlady. Kasyda Horezmşa Atsyza bagyşalanan bolup, onda Atsyza mahsus bolan, hatda bolmadyk häsiýetler göge göterip öwülýärdi. Kasydany diňläp oturan Horezmşa Atsyz käte ýylgyryp, kellesini ýaýkap goýýardy.

Abul Hasan Aly kasydany okap bolup, ony Horezmşa Atsyza iki elläp gowşurdy. Horezmşanyň yşaraty bilen bir çetde duran hazynaban üsti tylla teňňelerden doly mejimäni goýan ýerinden alyp, ýaşuly şahyryň alkymyna getirdi. Horezmşa:

-Muhterem Abul Hasan jenaplary, kasydanyň haky üçin şu tyllalardan penjäňize syganyny alyň!-diýdi. Abul Hasan ibn Muhammet mejimeden birje tyllany aldy-da:

-Maňa şu hem ýeterlik, Aly hezret, çünki, men kasydany pul üçin ýazmadym. Size bolan garaýşymy, hormatymy, söýgimi ýüregim emir etdi, ýazdym-diýdi.

-Onuň ýaly bolsa teşekkür size, möwlana-diýip Horezmşa ýerinden turdy, baryp ýaşuly şahyryň elini gysyp minnetdarlygyny bildirdi. Olar ýerlerine baryp oturanlaryndan soň Reşiteddin Watwat nobatdaky şahyra söz bermekçi bolanynda Horezmşa bir elini galdyryp, ony saklady, özi jemagata ýüzlendi:

-Ezizler, öwgüni götermek aňsat däl. Möwlana Abul Hasan jenaplarynyň kasydasyndaky öwgüler hem maňa ýeterlik boldy. Şonuň

üçin kasydabazlygy bes edäýeli. Ýöne meýlise kasyda ýazyp gelenler tyllaly mejimäniň üstüne kasydalaryny goýup, tylladan isläninçe alsynlar-diýip, ýeserlik bilen ýylgyrdy-da. -Ýöne ynsap bilen -diýdi. Reşiteddin patyşanyň ýarym çyn, ýarym degişme sözüne jogap bermän durup bilmedi, ol hem degişmä salyp şahyrlaryň bähbidi arap gepledi:

-Aly hezret, mejimeden özüňiz alyň, onda-da ynsap bilen diýmegiňiz öýe gyssagly gelen adama "çöregiň duzuny dadyp gidiň" diýen ýaly bolýar. Çöregiň duzuny dadan adam birje döwümden köp almaga çekinýär. Şonuň üçin öz eliňiz bilen näçe berseňiz bular "ýok" diýmeýär. Çünki patyşanyň elini gaýtaryp bolmaýar.

Patyşanyň huzurynda pakyrda beribermek edepsizlik bolýanyny bilýän adamlar näçe gülesi gelseler-de, özülerini basyp, ýylgyryşyp oňdylar. Horezmşanyň özi bolsa hezil edip güldi. Soňra:

-Jenap Reşiteddin, meniň özüm bermeli bolsam, siz men bolup, mejimedäki tyllalary şahyrlara paýlaň. Özüňizäm ýatdan çykarmaň-diýdi.

Watwat Horezmşanyň emrine baş egip, tagzym etdi. Soňra mejimäni hazynabana göterdip, şahyrlaryň hataryna bardy. Mejimedäki altynlary şahyrlara paýlap berdi. Özüniň aýdyşy ýaly hiç kim "ýok" diýmedi. Şol wagt daşardan giren köşk sahybynyň Horezmşanyň ýanyna baryp, bir zatlar diýmegi oturanlaryň ünsüni çekdi. Horezmşa hem oňa bir zatlar diýdi, ol baş egip çykyp gitdi.

-Ezizler!-diýip Horezmşa jemagatyň ünsüni özüne çekdi. -Bir hoş habar geldi. Şu gün irden kerwen bilen, özüni tanatman, gelen bir agsak mysapyryň Horezminiň fahry-buýsanjy bolan beýik allama* Abul Kasym Mahmyt az Zamahşary hezretleri ekenligi mälim boldy. Biziň bilişimizçe, ol hezret bir näçe ýyldan bäri Mekkeýi mükerremede Megineýi münewerede ýaşap, araplara özleriniň arap diliniň kadalaryndan sapak berýärdi. Indi Watana dolanmagy ygtyýar edip, ilki bilen Gürgenje gelipdir. Men ol kişini meýlisimize alyp gelmegi buýurdym. Bir az tagapyl etsek ol hezret bilen didarlaşmak bagtyna miýesser bolarys. Horezmşanyň bu habaryna hemmeler begendiler.

Adamlar öz aralarynda ol kişi hakda bilenlerini, eşidenlerini biri-birine gürrüň berýärdiler. Horezmşanyň iň ýakyn maslahatçysy hem lukmany ymam Zeýneddin Ismaýyl al Jürjany Horezmşaga araplaryň az Zamahşary hezretlerine Jarullah-(Allanyň goňşysy ýagny iň ýakyn adamy) diýen lakam berendikleri barada gürrüň berýärdi.

Allama az Zamahşary köp garaşdyrmady. Saraýbanyň: "Fahr al Hwarazm, al Allama, Jarullah Abul Kasym Mahmyt ibn Umar ibn

Muhammet al Harezmi az Zamahşari hezretleri geldi-diýen habary ýaňlandy. Ol köşk sahyby bilen gelip girende jemagat ony ör turup, hoş sözler bilen garşy aldy. Ol giren ýerinde aýak çekip, jemagata goluny gursagyna goýup salam berenden soň adamlara göz aýlanynda ilki ýerinden turup, dik duran Horezmşaga gözi düşdi, soňra şahyrlaryň, alymlaryň öň hatarynda duran halypasy Abul Hasan ibn Muhammet al Horezmini gördi, gören badyna baryp, ol kişiniň elini maňlaýyna degirip togap etdi. Şundan soň Horezmşanyň garşysyna gelip, tagzyma egiljek mahaly Atsyz oňa iki elini deňine uzadyp, tagzymdan saklady-da:

-Siz bize däl, biz size tagzym etmeli, möwlana-diýdi.

-Ýok, Alyhezret, "Taňry nazary salmaý kişi soltan bolmaz" diýipdirler. Siz Allanyň nazary düşen adam, size tagzym etmek hemmeler üçin hem parzdyr-diýip, az Zamahşary ýene tagzym etmäge synanyşdy, Horezmşa bu sapar hem ony tagzymdan saklap.

-Möwlana-diýdi.-Taryhda galan bir nusgawy hekaýat bar. Abbasylar nesilşalygyndan bolan islam äleminiň hökümdary Mutadid hezretleri bagda alym Sabyt ben Kurranyň elinden tutup barýarka birden elini çekip alypdyr. Alym oňa "Näme üçin eliňizi birden çekdiňiz?" diýip soranynda, ol hezret "Görsem meniň elim siziň eliňiziň üstünde ekeni. Ylym menden ýokarda durýar, ahryn" diýipdir.

Mahmyt az Zamahşary "meni ýeňdiňiz" diýen manyda başyny atyp: -Ylyma şeýle uly sarpa goýýanlygyňyz üçin size müň keren teşekkür, Alyhezret-diýdi. Horezmşa alyma özüniň sag tarapyndan ýer berdi. Şundan soň meýlis aýdym-sazly dowam etdi. Dutaryň, gyjagyň, udyň bir perdeden gopýan owazlary meýlisler eýwanyny dolduryp ýaňlananda bu gadymy nusgawy heňiň täsiri adamlaryň gözlerini süzdürip, iki ýana yrandyrýardy. Iküç ýyllap Mekkede, Medinede ýaşap Gurhanyň süreleriniň okalyş heňinden başka heň diňlemedik Zamahşary hezretleri bolsa, öz halkynyň döreden aýdym-sazlaryndan aýratyn lezzet alyp, ýuwaşja çaýkanyp otyrdy.

Bir dem saz, bir dem söhbet diýleni ýaly, arada aýdym-saza dyngy berlende Zamahşarynyň halypasy Abul Hasan al Horezmi:

-Aly hezret-diýip, Horezmşaga ýüzlendi:-Eger makul görseňiz, aýdym-sazyň arasynda Möwlana Zamahşariniň Şygyrlaryndan, şonuň dek onuň "Ýagşyzadalaryň bahary" atly eserinden parçalar diňlesek. Ýogsa bu kişi bize hemişe tapdyranok. Ony bu gün biziň meýlisimize Alla ýetirdi

Bu teklibi barça gollady. "Dogry teklip, makul, makul" diýişdi.

Horezmşa Zamahşary hezretlerine seredip:

-Möwlananyň özi näme diýer-diýdi.

-Men ustadymyň we jemagatyň raýyny ýykmaga hakym ýokdur-diýip, az Zamahşary ýerinden turdy.-Men näçe şygyr, näçe parça oka, aýt diýseňiz okaýyn, aýdaýyn. Ýöne meniň ýazuw kelamym araby. Bu jemagatyň içinde arap dilini bilýänler köpmikä?

-Siz, Möwlana, köp wagtlap arabystanda bolanyňyz sebäpli Horezminiň zyýalylarynyň* ýeten derejesinden bihabar bolsaňyz gerek. Okaberiň, arap dilini bilmeýän ýok bu ýerde.

-Bu sözüňiz bilen meni juda begendirdiňiz, Alyhezret. Indi ejaza berseňiz, ilki size bagyşlap ýazan bir kasydamy ýatdan okaýyn. Ony uly yhlas bilen ýazanym üçin, ol setirme-setir hakydamda saklanypdyr-diýip, az Zamahşary Atsyza ýüzlendi. Horezmşa ýaňy "kasydabazlygy bes edeli" diýenem bolsa özüniň arap dilinde nähili öwülýändigini bilesi gelen bolmaga çemeli başyny atyp, razylyk berdi. Şundan soň Zamahşary kasydany arap diline mahsus bolan kyraat bilen şeýle bir labyzly okady weli arap diline düşünmeýän adam hem ony aýdymsyz sazy diňlän ýaly diňläp, lezzet almagy mümkindi. Kasyda Horezmşa Atsyza hem ýarady. Onda suwjyk öwgüler ýokdy, Atsyzyň hakyky boluşy, ynsanperwerligi, adalatlylygy, mertligi, batyrlygy, Watansöýüjiligi wasp edilýärdi. Emma sahawatlylygy hakynda kelam-agyz söz ýokdy. Muny patyşanyň ýakyn nedimleriniň biri ýaranjaňlyk edip, aýdanynda az Zamahşary şeýle diýdi:

-Alyhezretiň sahawatlylygy barçaga aýan. Men ony kasydamda taryp etdim. Ýöne ol setirleri bu ýerde dile almadym. Sebäbi, sahawaty taryplap, sahawatdan tamakin ýaly bolmaýyn diýdim.

Horezmşa Zamahşarynyň gepine kellesini ýaýkap gülüp:

-Möwlana-diýdi.-Tamakinçiligiňiziň ýokdygy üçin size sylagymyz köp zat däl birje bedew at. Islän wagtyňyz onuň julawyny eliňize tutdurarlar. Indi "Ýagşyzadalaryň baharyndan" parçalar diňläýsek. Ondaky paýhasly pikirler paýhasymyza paýhas goşardy.

Zamahşary hezretleri Horezmşanyň we jemagatyň islegi kanagatlandyrylýança özüniň dürdäne eseri "Ýagşyzadalaryň baharyndan" parçalar okap berdi. Arasynda aýdym-saz bilen meýlis tä adamlar ýadaýança dowam etdi.

## XI BAP

Horezmşa Atsyz uzaga çeken meýlisden soň taşdaryny çagyryp, gyzgyn hammamda ýuwundy-da, özüniň aram otagyna bardy. Gapynyň öňünde häzir bolan sakçylara "Hiç kimi goýbermäň, men dynç aljak"

diýip, içeri gireninden şahana düşelen ýatalgasyna uzaldy. Adatda, günuzyn iş bilen gümra bolan adamyň kellesine gerek-gerekmejek pikirler agşam düşege geçeninde gelýär. Atsyzyň hem beýnisine köpden bäri ornaşan, entek ile äşgär etmedik pinhan pikiri garaşylmadyk myhman ýaly serinde ýene peýda boldy: “Ýurdy baknalykdan gutarmaly. Horezmin meniň dogduk mekanym, göbek ganymyň daman ýeri, ony ata Watanymy öz erkli, Garaşsyz ýurda öwürmek meniň perzentlik borjum. Soltan Sanjar bize öz ygtyýary bilen erkinlik bermez. Biz ony göreşip, söweşip gazanmaly bolarys. Goşunymyzy pederimiň döwründäki ýaly soltan Sanjaryň bähbidini goramak üçin däl, öz bahbidimiz üçin ulanmaly. Goşunymyzy onuň goşunynyň hatarynda söweşlere sürüp pederim näme gördi? Dogry, men onuň permany bilen pederimiň tagtyna çykdym. Ýöne bu meni ýokdan bar etdi diýen ýaly zat däl, ahyryn! Bu atadan ogula miras galan-kanuny hakykat. Şeýle bolsa-da, ol meni bir ýurdyň hökümdary diýmän, özüniň serkerdeleriniň biri hökmünde ulanyp geldi...”

Hakykatdan hem Soltan Sanjar Atsyzyň ýaşlygyndan, entek erkiniň bekeşmediginden peýdalanyp, Horezminde emin-arkaýyn hökümdarlyk etmegine maý bermän, ony öz ýanyna çagyryp aldy, goşunyň çep ganatyna serkerde edip belledi. Söweşlerde görkezen edermenligi, batyrlygy üçin ony gowy görýärdi. Aýratyn-da, Mawarannahyra ýörüşi mahalynda Atsyzyň özüni ajalyň penjesinden sypdyrany üçin oňa bolan mähri, ynamy has atdy. Bu waka şeýle bolupdy. 1130-njy ýylyň baharynda Samarkandyň hökümdary Arslan han Muhammet baş göteren garlyklaryň garşysyna soltany kömege çagyrýar. Soltan Sanjar tabynlygyndaky ýurtda parahatçylyk ornatmak üçin goşun çekýär. Goşun Buharanyň golaýyndaky bir meýdanda dynç almak üçin goş ýazdyrýar. Soltan awa höwesli emirleri bilen şikäre çykýar. Ol bir ýeke gapany kowalap, topardan biraz daşlaşanda gapdaldan iki atly çykyp oňa hüjüm edýär. Ýeke özüniň iki adamyň hüjümine bäs gelmegi has kynlaşan pursatda niredendir Atsyz peýda bolup, olary ýeke-ýekden naýza bilen atdan agdarýar. Soltan bilen Atsyz atlaryndan böküp düşüp, ýerde ýaraly ýatanlaryň üstüne gylyç ýalaňaçlap abananlarynda olaryň biri:

-Beýik Soltan, öldürmäň, bala-çagamyz bar, şolara rehimiňiz gelsin-diýip ýalbarýar.

-Onda dogrusyny aýt, meniň ölümim kime gerek boldy. Kim size buýurdy.

-Öldürmeseňiz dogrusyny aýdaly.

-Aýt! Öldürmen.

-Bize Arslan han buýurdy. Şu işi etseňiz sylagyňyzy aňyrýany bilen ýetirerin, etmeseňizem ýogyňyza ýanaryn diýdi...

Soltan Sanjar bu gepe haýran galyp, Atsyza seretdi:

-Bu nähili gabahatlyk! Özi bizi kömege çagyryp, ýene-de meni öldürtmekçi bolýany nämeden-kä?!

-Kyblaýy älem, bu iki nejisiň kellesini Arslan hana "sowgat" edip ibereli "Sowgady" açyp göreninde ýüregi ýarylyp ölmese näme üçin beýdenini özünden sorarys.

-Ýok, men bulary öldürmen diýip söz berdim. Soltanyň sözi bir bolmaly. Gitdik-diýip, Soltan Sanjar atyna atlandy. Atsyz hem atlanyp, başyny galdyrmaga-da milt etmän ýatanlara başga üns bermän gitdiler. Şikara çykyp, awy oňmadyk soltan Sanjar tas bolmasa özüniň awlanjakdygyny, hälem bagtyna Atsyzyň wagtynda ýetip gelenini oýlanyp, dymyp gelişine öňünden çykan emirlere-de üns bermän atynyň başyny goşa garap burdy...

Goşun Samarkanda baryp ýetende soltan Sanjary öldürtmekligiň küýüne düşen Arslan hanyň özüni Allatagala ölüm düşegine süýndiren eken. Ony Soltanyň öňüne tagtarowanda getirdiler. El-aýagy ysmaz bolup, gözgyny ýagdaýda ýatan Arslan hana Soltan bir seretdi-de, ýüzüni kesä sowup:

-Munuň jezasyny Alla beripdir, men günäsini geçdim-diýdi.

Soltan Sanjar Arslan hana garşy baş göteren garlyklaryň gozgalaňyny ýatyryp, Mawrannahrdan gaýdyp geleninden soň Atsyzy öňkisinden hem gowy gördi. 1132-nji ýylyň baharynda Soltan Sanjaryň baş göteren ýene bir ýegeni Muhammet Tapar bilen Hemedanyň golaýynda bolan jeňde Soltanyň ýeňişine Atsyz uly goşant goşdy. Şundan soň ol soltanyň iň ýakyn ynamdar adamyna öwrüldi. Soltan her sapar oňaýy gelende ony öwüp arşa çykarýardy. Bu bolsa köşkdäki käbir emeldarlary, emirleri ynjalykdan gaçyrýardy. Adaty köşk pitnelerinden soltan Sanjaryň köşki hem halas däl ekeni. Atsyz soltana ýakynlaşdygy saýyn pitneçiler oňa garşy hüjüme geçdiler. Olar soltanyň dürli tarapyndan baryp, Atsyzy ýamanlap başladylar. Ilki soltan bu gep sözlere kän bir gulak gabatmady. Emma bir nyşana garap yzly-yzyna ok atylyberse olaryň biri degmese biriniň degmegi mümkin. Ine şunuň ýaly emirleriň biriniň Atsyzyň aýtmadyk sözüni aýtdy diýmegi soltanyň ýüregine ahyr kitüw saldy. Bu-da Mawarannahra ýörüş wagtyndaky şikarda bolan waka hakyndady. Hamana Atsyz "şonda soltany men ölümden gutardym. Gutarmasam boljak ekeni, onuň ýerine Muhammet

Tapar gelen bolanda men bir eýýäm ýurdumda-Horezminde bolardym" diýenmiş. Bu gepe soltan ilki ynanmady. Emma Atsyzyň bu gepini eşiden iki adamyň atlary tutulyp, şaýat görkezilensoň ýüregi çişdi. Ýöne bir salymdan sowukganlyk bilen pikir öwürdi: "Atsyz ol sözi aýdan bolsa-da, aýtmadyk bolsa-da boýun almaz. Şaýatlaram bularyň öz adamlary. Şonuň üçin ýüzleşdirip, gelşiksiz ýagdaý döretmegiň geregi ýok. Gowusy Atsyzy bularyň gözünden daşlaşdyraýyn, meniňem gulagym dynsyn" diýip Atsyzy Balha kutwal (harby häkim) edip ibermek kararyna geldi. Ol Atsyzy huzuryna çagyryp, gelen kararyny oňa mälim edeninde Atsyz soltanyň nazaryndan onuň özüne bolan garaýşynyň üýtgänini duýdy.

-Beýik soltanym, näme üçin meni özüňizden daşlaşdyrjak bolýaňyz, men näme günä etdim?

-Men seni özümden däl, howp-hatardan daşlaşdyrjak bolýan.

-Ol nämäniň howp-hatary?

-Hökümdaryň gazabynyň howp-hatary.

-Men siziň gazabyňyza duçar bolar ýaly iş etmedim-ä, soltanym.

-Belki şeýledir. Şonuň üçinem seni dar agajynyň aşagyna däl, Balha iberýän.

Atsyzy sowuk der basdy. "Maňa dar hem guran ekenler-ow" diýen pikir kellesine uranda, dili tutulyp, soltana näme diýjegini bilmän galdy. Soltan:

-Gaýdyber. Allaýaryň bolsun!-diýip, soltan ony kabul edendäki sowuk nazaryny üýtgetmän ugratdy.

Atsyz özüni soltana oňaryp ýamanlandyklaryny bildi, ýöne duşmanynyň kimdigini bilmedi. Soltany gepe gidýänlikde günäledi, eden ýagşylyklarymyň gadyryny bilmedi diýip ahmyr çekdi.

***

"Gämiçi han boldy, biz nöker bolduk, Allanyň emrinden suw döker bolduk" diýenleri kimin soltanyň söweşlerde sag goly, ýeňişlerine uly goşantlar goşan serkerde Horezmşa Atsyz Balhda esgerlere azyk, atlara ot-iýim taýýarlaýan kutwal bolaly bäri onuň soltan Sanjara bolan garaýşy barha buza dönýärdi. Ol nähili ýol bilen bolsa-da, Horezme gaýtmagyň kül-küýüne düşdi. Sag-aman ýurda dolanyp baraýsa etjegi içindedi.

1136-njy ýylyň tomsunda soltan Sanjar tabynlykdan çykmak üçin baş göteren gaznaly Bahram şanyň üstüne ýörüşi mahalynda Balha degip geçmeli boldy. Atsyz soltany garşy almak üçin şäheriň birnäçe kethudalary bilen galanyň derwezesiniň öňüne çykdy. Soltan leşgerden

ýarym çakyrym öňde kyrk-elli atlynyň öňdäki sapyň ortasynda gelýärdi. Ol derwezä golaýlaşanlarynda Atsyz ýanyndaky adamlar bilen atlaryndan düşüp, tagzym edip durdylar. Tagzymda duranlaryň garşysyna gelip, atynyň jylawyny çeken soltan Sanjar:

-Essalamu-aleýküm, Balhyň asylzada kişileri-diýdi. Tagzymda duranlar kellelerini galdyryp:

-Waleýküm-essalam, hoş geldiňiz şähri Balha beýik Soltanymyz!-diýişip, gollaryny gursaklaryna goýdylar. Şonda Soltanyň sag tarapyndaky gara tegelek sakgally hajyp:

-Kyblaýy älem, Horezmşa jenaby alylary siziň mübärek salamyňyzdan çetde galaýdy öýüdýän-diýdi. Atsyz onuň mekirlik bilen uçganaklap duran gözlerinden duşmanlarynyň biri şu adamdygyny aňdy.

-Ol biziň salamymyzdan hem, merhemetimizden hem çetde galmaz. Onuň bilen soň aýratyn salamlaşarys-diýip, soltan Atsyza düşnüksiz ýylgyryş bilen garady. Atsyz soltanyň çotur ýüzünde peýda bolan bu ýylgyryş ajy ýylgyryş bolmasa-da, tüýs ýürekden däldigini duýdy. Ýöne soltan şähere girip ýerleşeninden soň aýdyşy ýaly ony aýratyn kabul etdi. Ine şonda soltan ýüreginde saklanyp gelýän kitüwe sebäp bolan gepi anyklamak üçin aňyrdan aýlap, gürrüň gozgady:

-Jelaletdin, (ol Atsyzy adynyň öňündäki at bilen atlandyrýardy) men seni bäride köp sakladym. Eger şol şikarda men öldürilenimde tagtyma çykan Muhammet Taparmy ýa başga birimi seni bir eýýäm ýurduňa goýbererdi.

Atsyz bu gepe ilki aň-taň boldy. Birdenem kellesine bu gep ýöne ýere aýdylan däldir, munuň bir emmasy bardyr diýen pikir geldi.

-Beýik Soltanym, näme üçin beý diýýäňiz, eger ýurdyma gidesim gelse sizden jogap sorardym.

-Sen meniň jogap bermejegimi bilýärdiň, şonuň üçinem jogap soramadyň.

-Ýok, beýik Soltanym, bilmeýärdim, ýöne indi özümiň size ýaraman başlandygymy bildim. Şonuň üçin maňa jogap beräýiň.

Soltan Sanjar dymdy. Ol özüniň aýlawly gepi bilen Atsyzy özi hakynda aýdan sözüni ýatladyp aljyratmakçydy. Emma Atsyzyň murtynyň bir gyly hem gymyldamady. Soltan indi Atsyzyň şol sözi aýtmandygyna ynanaýmalydy. Emma şübhe diýilýän zadyň özi aýrylsa-da, kölegesi galýandygy üçin soltan ýüregini açyp geplemedi. “Belki ol özüni sowukganlylyk bilen tutmagy başarýandyr” diýip çaklady. Bu sapar hem bilmekçi bolýan zadyny bilip bilmäninden soň onuň üstüni açyp oturmagyň hajaty ýok diýen karara geldi-de “Ýagşysy men oňa

jogap beräýeýin, ýogsam ol hakda ýene-de gep-söz köpeler, meniň ganymy gyzdyrarlar, bir gün bolmasa bir gün men onuň nähak ganyna galaryn" diýip, pikir öwren Soltan:

-Bolýa, ýurdyňy juda küýsän bolsaň jogap bereýin. Bu gün demdynjymyzy alaly, ertir irden biz Gazna, senem Horezmine tarap ýola düşeris-diýdi. Atsyz minnetdarlyk bildirip, ýerinden turdy, tagzym edip, gapa tarap ýöneleninde Soltan:

-Gije ägäräk bolup ýat-diýdi. Atsyz bir hili boldy, öwrülip soltana seretdi, soltan gepini taşdyklan ýaly başyny atdy.

Atsyz soltanyň huzuryndan çykyp, Horezminden gaýdanynda özüne ýoldaş edinip alyp gaýdan ýigitlerini ýygnady, olara ertir ýurda gaýdýandyklaryny buşlady. Soňundan soltanyň soňky aýdan sözüni aýtdy. Muňa ýigitler hem bir hili boldylar. Olaryň biri:

-Aly hezret, onuň ýaly howp bar bolsa, siz bolýan tamyňyzyň üçegine çykyp ýatyň, menem merdiwanyň golaýynda gylyjymy ýalaňaçlap ýataryn. Janyňyza kast etmäge geleniň merdiwandan kellesi görnenden kellesini aşak togalap goýbererin-diýdi. Ýigitler onuň gepine gülüşdiler, käbirleri "dogry-dogry" diýdi.

-Ýok, ol bolmaz. Kelle togalamak gerek däl, eýitsek gep ula gider-diýip Atsyz ýigitlerini köşeşdirdi. Gowusy, üçege hemmämiz bile çykyp ýataly. Üçek giň kyrkymyzam sygarys. Merduwany-da ýokary çekip alaly. Şeýitsek başga ýerden merdiwan getirip, kyrk adamyň üstüne gelmäge hiç kim milt edip bilmez. Ýigitler patyşasynyň gepini makulladylar, şeýle-de etdiler. Atsyz üçekde kyrk adamyň gurşawynda howp-hatasyz ýatsa-da, uzak wagtlap uklap bilmedi. Ol Horezmşa bolup tagta çykaly bäri geçen döwürde durmuşynda bolan wakalary bir-bir ýatlady. Bärde Soltanyň gullugynda geçen döwrüni ömrüniň köýen ýyllary hasaplady. Sebäbi şu ýyllarda ol şa bolsa-da tagtynda arkaýyn oturyp höküm sürüp bilmedi. Sag-aman ýurda dolanyp baraýsa, soltana baknalykdan dynmagyň ugruna çykmaga äht etdi. Ol beýnisini gurşap alan şeýle endişeli oýlar bilen diňe daňa golaý irkildi.

Ertesi irden çalynan kernaý-surnaý galanyň öňündäki giň meýdany tutup ýatan goşuny aýaga turuzdy. Atsyz şäherden soltan bilen bile çykdy. Soltan adatdakysy ýaly emirlerdir nedimleriniň öň hatarynyň ortasynda Atsyzy hem sag tarapyna geçirip ýola düşdi. Atsyzyň ýigitleri Soltanyň adamlarynyň yzyna tirkeldi. Goşun bolsa bu topardan ses ýetim yzyrakda ýer süýşen ýaly bolup gelýärdi. Tä ýoluň aýrytyna çenli Atsyz "Soltan sözünde tapylarmyka ýa-da bizi-de özi bilen alyp gidiberermikä" diýen howatyrly oýlar bilen içini it ýyrtyp gelýärdi.

Soltan Sanjar iki ýoluň aýrytyna gelip, atynyň jylawuny çekende Atsyz ýeňillik bilen dem aldy.

-Jelaletdin,- Soltan hemişekisi ýaly Atsyzyň adynyň öňündäki adyny tutup ýüzlendi. Ine iki ýol, biri Gazna tarapa, biri-de Horezmine. Bize ýoldaş bolup Gazna gitjekmi ýa-da Horezmine?

Atsyzy howsala basdy. “Sözünden dänjekmikä” diýen pikir bilen, soltana keýpi gaçyp seretdi, soňra:

-Beýik Soltanym, siziň bilen köp ýoldaş boldym, ýene bol diýseňiz bolyberärin. Ýöne düýn beren sözüňize görä ýigitlerim bilen göwnümiz Horezmine-ýurdumyza telwas edip dur-diýdi. Soltan Sanjan ajy ýylgyrdy:

-Soltanyň sözüniň bir bolýandygyny ýatladýaň-da. ...Aý, bolýa-da. Ýoluňyz ak, boldaşyňyz hak bolsun!-diýip, Soltan rugsat bereninden soň Atsyza bir hili düşnüksiz manyly nazar bilen garap: “Men seni öz inim ýaly görýärdim” diýdi. Atsyz Soltanyň bu gepine jogap hökmünde elini gursagyna goýup, başyny egdi-de, atynyň başyny Horezminiň ýoluna sowdy. Atsyzyň soň eşitmişine görä, şonda onuň yzyndan seredip duran Soltan: “Men ony indi hiç haçan görmesem gerek” diýipdir. Emirleriniň biri bolsa: “Kyblaýy älem, şeýle pikiriňiz bolsa onuň Horezmine gitmegine näme üçin rugsat berdiňiz?” diýip sorapdyr. Soltan: “Onuň bize eden hyzmatlary bizi-de oňa borçly edýär. Şeýle bolansoň oňa zyýan ýetirmek biziň alyjenaplyk[17] we geçirimlilik ýörelgämize ters gelýär” diýipdir.

Atsyz nökerleriniň öňünde atyny öz maýdalyna sürüp barşyna özüni ajalyň penjesinden sypan adam kimin duýup, Hudaýa şükürler edip gelýärdi. Şeýle hem ol soltanyň “Seni inim ýaly görýärdim” diýeniniň haýsy manyda: seni inim ýaly görsemem sen gadyr bilmediň diýen manydamy ýa-da göni manydamy bilip bilmedi. “Aý haýsy manyda aýdan bolsa-da, menem sizi agam ýaly görýärdim diýäýsem boljak ekeni” diýip içini gepletdi.

Ýol uzak, wagt köp, näçe iç gepletmeler, arzuw-hyýallar, mundan soň edilmeli işler, garaşsyzlyk ugrunda göreşler barada pikirler bilen ýol söküp barýan Horezmşa özüni şu pursatda bagtly duýýardy...

Atsyz Horasanda başyndan geçen şu wakalary ýatlap ýatyşyna gapynyň aňyrsynda bir wagyrdy peýda boldy. Diň salsa, ol şetdat gyz-Zübeýda bilen sakçylarynyň galmagaly ekeni. “Beh, bu wagt-bimahalda näme diýip geldikä ol?” diýen bilesigelijilik bilen ýatalgasyndan turdy-da gapa baryp: “Goýberiň!” diýdi.

[17] Alyjenaplyk-sahawat görkezmek

Içeri giren gyz ilki bilen özüne öwredişleri ýaly tagzym etdi, soňra şähdiaçyklyk bilen söz başlady:

:-Şahym, siz maňa haçan Islamy kabul edip, kelimäni ýatlan wagtyň gel, diýipdiňiz, dogrumy?

Çekinmek, gypynç etmek diýen zady bilmeýän bu sähraýy gözeliň özüni tutuşyna ýylgyran Atsyz:

- Dogry, dogry-diýdi.

-Men köp oýlandym. Ahyr Islamy kabul etdim, kelimäni hem ýat aldym. La ylaha...

-Boldy, boldy. Tüweleme, kelimeýi şahadaty ýat alypsyň. Juda gowy. Ýöne bu hoş habary maňa ertir irräk gelip aýtsaň bolmazmydy?

-Siz maňa Islamy kabul edip, kelimäni ýat alan wagtyň geläý diýipdiňiz, ahryn! Dogrumy? Men ony edil şu wagt ýat aldym-da!

Atsyz bu şetdat gyzyň wagt düşünjesine özüçe düşünenine ýylgyryp:

-Munyňam dogry, Zübeýda. Men seni çyn dine girmegiň bilen mübärekleýän! Indi bar, dynjyňy al, gije ýarydan agdy-diýdi. Gyzyň gaşlary çytyldy:

-Şahym, siz maňa sen Islamy kabul etseň, menem seni kabul edýän diýmänmidiňiz? Eger şu gepiňiz çyn bolsa, söýüşmek üçin gije ýarydan agdy näme, agmady näme...

“Bäh! Tüýs şetdat-how bu gyz!” diýip, içini gepleden Atsyz onuň bihaýalygyny bir hili görse-de, taýsyz gözelligiň jadylaýjy güýjinden sypyp bilmedi... Howa, gözelligiň özüne çekiji jadysy bu gyza ilki duşanynda Atsyzy tas kellesinden dyndarypdy. Bu şeýle bolupdy:

Horezmiň töwerek daşynda göçüp-gonup ýören bidin türki taýpalar ýaşaýardy. Atsyzyň Horasanda mahaly ýurdy dolandyryp oturan inisi Ýynal Teginiň gowşaklygyndan peýdalanyp, ol taýpalaryň at-ýaragly toparlary Horezmiň çeträkdäki obalaryna çozup, talaňçylyk edýärdiler. Atsyz Horasandan özbaşdaklygy ýüregine düwüp, dolanyp geleninden soň bu çapawulçylyklara jogap edip hem-de Soltanyň rugsadysyz öz başdak hereket hökmünde ol taýpalaryň üstüne ýörüş etdi. Olaryň hem özüne laýyk at-ýaragly goşuny bardy. Iki goşun Mangyşlagyň golaýyndaky giň sähradа duşuşdy. Gazaply jeň başlandy. Goşunynyň sag ganatynda söweşe giren Atsyz görnüşinden taýpanyň baştutanyna meňzeş gür sakgal-murtly orta ýaşlaryndaky daýaw adama gylyç göterip topulanynda nirdendir ýyldyrym çaltlygynda ýetip gelen atly ara düşdi-de Atsyzyň kellesini nazarlap gylyç saldy. Eger Atsyz galkanyny tutup, ýetişmedik bolanda kellesiniň atynyň aýagynyň aşagyna togalanyp

düşjegi ikuçsyzdy. Atsyzyň jogap zarbasy bolsa garşydaşynyň basyp geýlen süýri telpegini uçrup goýberdi. Telpek kelleden gaçandan şar gara saçlar ýeňsesine ýaýlyp düşdi. Muny gören ýaňky gür sakgally adam: “Zübeýda, saňa gelme diýmedimmi, git! Güm bol!” diýip gygyrdy. Gyz şol bada atynyň başyny günbatara tarap tutdurdy. Garşydaşynyň zenandygyny gören badyna gylyjyny aşak goýberen Atsyz bilesigelijilikdenmi ýa başga bir içki duýgynyň täsiri bilenmi gyzyň yzyndan at saldy. Atsyzyň saýlama bedewi bir salymda onuň atynyň yzyndan ýetdi, taýak atym öňe geçip, yzyna öwrüldi. Gyzyň aty dik boýuna çarpaýa galyp, çasly kişňedi. Ahmal galan gyz sypyrlyp atyň syrtyndan aşak düşdi. Atsyz hem atyndan böküp düşdi, Gyz gylyjyny göterip oňa topuldy. Atsyz gylyjyny aşak taşlady-da:

-Ýaragsyz adama gylyç çekmek namartlyk dälmi?-diýdi.

-Al, onda, gylyjyňy eliňe!

-Men ökde gylyçbazdyryn, sen ýeňilersiň. Gowusy gepleşeli?

-Näme gepleşjek?

-Ýaňy saňa “git! Güm bol!” diýen adam kim?

-Meniň kakam.

-Ol taýpaňyzyň baştutanymy?

-Hawa, a sen kim?

-Men Horezmşa Atsyz.

-Horezmşa! Atsyz?-Gyz bir hili aljyrajak ýaly boldy.

-Näme, ynanaňokmy?

-Horezmşa Atsyz gowy, adyl şa diýýärdiler. Eger sen şol aýdyşlary ýaly bolýan bolsaň, näme biziň üstümize goşun çekip geldiň?

-Gowy adama-da degseň, olam deger-de. Biziň obalarymyza çozup, talaňçylyk edeniňiziň jogaby by.

Şol wagt şanyň gorag topary ýetip geldi, olar töwerekläp, atlaryndan düşdüler.Toparyň serkerdesi Atsyzyň öňüne gelip, dyza çökdi-de:

-Aly hezret, jeň tamam boldy. Taýpanyň baştutany “ýaraglary taşlaň, teslim bolýas!” diýip buýurdy. Ýöne urşujylarynyň köpüsi gaçyp gitdi, bäş ýüze golaýyny ýesir aldyk-diýdi.

Atsyz taýpanyň baştutanynyň näme üçin beýle buýruk bereniniň sebäbine düşündi. Ol gylyjynyň ujuny ýere diräp duran gyza garap:

-Zübeýda, pederiňiň buýrugyny eşitdiň gerek, senem taşla ýaragyňy. Pederiň ikimiziň hem ýaraşmagymyzy isläp, şeýle buýruk beripdir.

-Ýaraşsak näme bolýar?

-Ýesir alnan bäş ýüz adamy azat edip, olaryň ýerine seni alyp gidýän

-Alyp gidip satjakmy?

-Ylahydan eline düşen göwheri satmaýarlar, ony aýap goltugynda saklaýarlar.

Gyz Atsyzyň sözüniň manysyna düşünen bolmaga çemeli häliden çytyk ýüzünde çalaja ýylgyryş peýda boldy.

-Ýesiriň ykbaly ýeňijiniň elinde bolýar. Ykbalymda näme bolsa görerin-dä - diýip, gyz gylyjyny ýere taşlady. Atsyzyň yşaraty bilen nökerleriň biri gylyjy aldy. Atlanyp ýola düşdiler.

Bir topar nökerleriň öňünde, Atsyzyň ýanynda gelýän gyzyna gözi düşen taýpanyň baştutanynyň gamaşyk ýüzi biraz açyldy. Perzendiniň başynyň amandygyna begenip, bir zatlar diýip hüňňürdedi.

Atsyz uly goşunyň gurşawynda atlarynyň jylawyndan tutup, aşakda oturan ýesirleriň öňüne gelip, atynyň başyny çekdi.

-Eý, Hudaýyň asy bendeleri! Men Horezmşa Jelaletdin Atsyz, siziň obalarymyza girip, talaňçylyk eden günäňizi şy sapar geçýän. Emma Allatagala siz Islam dinini kabul edip, musulman bolýançaňyz günäňizi geçmez. Eger siz ähli mahlukady ýaradan Allany tanap, hak dini kabul etseňiz, biziň bilen hem gowy gatnaşykda bolarsyňyz.

-Eger diniňi kabul etmesek näme, bizi gyrjakmysyňyz?-diýip, taýpanyň baştutany gödegiräk dillendi.

-Ýok, musulman dininde zorluk ýok. Dine girmek her kimiň öz ygtyýarynda.

-Onda bizi näme iş etjek?

-Ýaňy aýtdym-a, günäňizi geçýän diýip. Baryňyzy, ýekeje ýesiriň hasabyna, azat edýän-diýip, Atsyz Zübeýda yşarat etdi.

-Onsoň, ol ýekeje ýesiriňi näme etjek

-Onuň özi nämäni islese şony etjek.

Atsyzyň bu sözünden soň gyzyna hiç howp-hataryň ýokdugyny aňan taýpanyň baştutanynyň göwni ynjalyk tapdy. Atsyz:

-Biz gaýdýas, sizem Allany tanajak bolup görüň-diýip, atynyň başyny Horezmine tarap burdy. Agyr goşun patyşasynyň yzyndan ýer süýşen ýaly bolup gaýtdy. Azat edilen ýesirler hem atlaryna atlanyp, yzyna dolandylar.

Gaýdyşyn goşunyň ýoly talanan obalaryň üstünden düşdi. Horezmşanyň talaňçylyk eden bidin türki taýpalaryň jezasyny berip gelýändiginden habarly bolan oba adamlary goşunyna baş bolup gelýän

Atsyzy mübärekläp, öňünden çykdylar. Atsyz bir salym atynyň başyny çekip, ol adamlara ýüzlendi:

-Eziz Watandaşlar! Mundan beýläk siziň parahat durmuşyňyzy bozmaga milt edip biljek bolmaz. Sizi kesekä horlatmarys, goşunymyz hemişe sizi gorar. Kethudalaryňyzy Gürgenje, meniň huzuryma iberiň. Talaňçylykda çeken zyýanyňyzyň öwezini dolar ýaly hazynadan pul bereris.

Atsyz sözüni gutarandan, adamlar uly şowhun bilen ony alkyşladylar, dowamly alkyşlar bilenem ugratdylar.

Horezmşa Atsyz köşgüne gelip düşeninden Zübeýdany ýuwundyryp, geýindirip, häremden gowy ýer bermegi buýurdy. Giň sährada, çadyrlarda ösüp ulalan gyzy ilki kaşaň kö’şgüň içki haşamlary gyzyklandyrdy. Iküç günden soň bu gyzyklanma geçip, dört diwaryň içinde içi gysyp başlady. Häremdäki gyzlar bilenem kän bir dil tapyşyp bilmänindenmi, özüniň ýabany ýaşaýşyny küýsäp ugrady. Emma şu arada ony Horezmşanyň huzuryna çagyrmagy we onuň bilen bolan mylakatly söhbetdeşlikden soň köňlündäki ol küýsegiň ýerini başkaça arzuwlar eýeledi. Ine şu arzuwlarynyň wysal boljak wagty geldi öýdüp, ol şol güni gije ýarydan aganyna garamazdan Atsyzyň aram otagyna barypdy...

## XII BAP

Söýgi hem, aýşy-eşret hem öz ýoluna. Täji-tagt eýesiniň bu zatlardan has möhüm işleri, öňünde goýan maksatlary bolýar. Horezmşa Jelaletdin Atsyz hem indi seljuklaryň tabynlygyndaky ülkäniň däl-de, özbaşdak, gudratly Horezm döwletiniň şasy, öz erkli hökümdary bolmak baradaky arzuwyny amala aşyrmagyň wagty ýetdi hasap edip, bu meseläni maslahatlaşmak üçin uly meşweret[1] çagyrdy.

Köşgüň tagt eýwanyny dolduryp oturan wezir-wekiller, emirler, serkerdeler, beýleki döwlet emeldarlary patyşanyň bir möhüm meseläni gozgajak bolýanyny çak edýärdiler. Horezmşa köp garaşdyrmady. Onuň geleni yglan edilenden oturanlar harman jaýdan göterlen torgaý toplumy ýaly gürre örüp, tagzyma baş egdiler. Horezmşa salam berip, tagtyna geçip oturdy. Adamlara bir laý göz aýlap, söze başlady.

-Muhterem jenaplar! Sizleri ýurdumyzyň ykbalyna dahylly wajyp bir meseläni maslahat etmek üçin çagyrdyk. Horezmin döwletiniň taryhyny hemmäňiz gowy bilýärsiňiz. Onuň gadymda özbaşdak, gudratly döwlet bolandygy, hatda, dünýäni zabt eden Isgender Zülkerneýe-de tabyn bolmandygy taryhdan mälim. Ýöne soňky döwürlerde bu jepakeş ýurduň gaznalylara soňra seljuklara tabyn bolup

gelýändigi her bir horezminliniň ýüreginiň armany bolsa gerek. Biziň pederimiz Kutbeddin Muhammet horezmşa hezretleri otuz ýyllap seljuklara paç-hyraj töläp, tabyn bolup geldi. Men hem başyma şu mukaddes täji geýelim bäri, on ýylyň dowamynda soltan Sanjara gulluk edip geldim. Indi besdir, mundan beýläk Horezmini özbaşdak, garaşsyz döwlet etmek üçin biziň güýjümiz ýeterlik. Ýöne güýjümiz ýeterli diýip, soltan Sanjaryň üstüne ýörüş etmekçi däl. Horezmini uly, güýçli döwlet etmek üçin biz hem başga ülkeleri özümize goşup almagymyz gerek. Şonuň üçin ilkinji nobatda Jend hem-de Maňgyşlak zeminini feth ederis. Elbetde, biziň bu özbaşdak hereketimizden soltan Sanjar habardar bolan badyna dergazap bolar, üstümize goşun çemegi hem mümkin. Goý, gelsin. Ine şonda onuň bilen güýç synanşyp göreris.

Horezmşa sözüne dyngy bereninden emirler, serkerdeler we beýleki köşk emeldarlary bir agyzdan makullap seslendiler. Emma ýanaşyk oturan wezir Abul Müzäffär Säýid an Nyşapury bilen Seýhulyslam özara bir zatlar diýip pyşyrdaşdylar. Bu Horezmşanyň nazaryndan sypmady. Ol wezire ýaman gözi bilen bir garap goýdy. Seýhulislam Atsyza ýüzlendi:

- Muhterem Horezmşa hezretleri, özbaşdaklyk, garaşsyzlyk gowy zat, emma özüni jahan soltany saýýan soltan Sanjaryñ tabynlygyndaky ýerlere el gatsañyz, ol gaharyna ýurdymyzyñ başyna köp külpetler getimezmi?

Sowal dogrydy, emma Atsyzy beýle howp-harar bilen raýyndan gaýtaryp boljak däldi. Ol:

- " Serçeden gorkan dary ekmez " diýipdirler -diýip , pert jogap berdi. Şeýulyslam hem patyşadan haýpygyp durmady:

- Aly hezret, soltan Sanjaryñ serçeden has uludygyny, özüñiziñ etjek bolýan işiñiziñ hem dary ekmek ýaly ýönekeý iş däldigini oýlanyp görüñ! - diýdi. Atsyzyñ gaty gahary geldi, emma garşydaşynyñ baş dini hadym bolany üçin gaharyny daşyna çykaryp bilmedi.

Ol bu garşylygyň diňe Seýhulyslamdan çykmandygyny, onuň aňyrsynyň öz wezirinden gaýdýandygyny aňdy. Wezir asly horasanly bolany üçin Horezmiň hemişe Horasanyň tabynlygynda bolmagyny isleýärdi. Atsyz wezirine hyrsyz nazaryny dikip:

-Weziri agzam jenaplary, biz halkymyzyň islegini bir adamyň islegine çalşyp bilmeris. Garaşsyzlyk halkymyzyň islegi!-diýdi. Soňra Seýhulislama ýüzlendi:

-Möwlana, size maslahatym: syýasata goşulyp, azara galyp ýörmäň. Onýança bize Alladan ýeňiş diläp, dogada boluň!-diýip

gödegiräk äheňde gepledi. Şundan soň Seýhulyslam lam-jim boldy. Emma baş hajyp Şemsetdin Abul Fath Horezmşanyň niýetine garşy çykmasa-da, başgaçarak pikir bildirdi:

-Aly hezret, bir ýörüşde hem Jendi, hem Mangyşlagy feth edenden olaryň arasyna wagt salyp, ýekän-ýekän alan dürüs bolar. Eger şeýle edilse munuň iki gowy tarapy bar...

-Näme gowulygy bar?

-Birinjiden, arasyna wagt salyp ýekän-ýekän zabt edilse goşun ýadamaz, köp ýitgi bolmaz. Ikinjiden Soltan Sanjar birje ýer üçin üstümize goşun çekip gelmez, köp gandöküşlik bolmaz. Ikinji ýörişe çenli bolsa....

-Muhterem Şemsetdin jenaplary, - diýip, Atsyz hajybyñ sözüni böldi, çünki, kyrk ýaşyň bosagasyndaky gujur-gaýrata dolan şanyň kalbyndaky hyjuw durmuşdan tejribesi ýetik, ýaşy bir çene baran hajybyñ pikiri bilen çapraz geldi. -"Demri gyzanda ýenç" diýipdirler, Soltan Sanjardan gorkup, demri sowatsak ýenjilmez. Ir-u-giç edilmeli işi maýdalap oturmak gerek däl.

Işiň aňsadyna garap, hajybyñ pikirini içinden goldap oturan baş serkerde Bedretdin Muhammet Horezmşanyň pikirine goşulman bilmedi.

Şeýlelikde bir hepdäniň içinde ýörüşe taýýarlyk görmek dogrusynda karara gelindi. Bellenen möhletde tabşyrylan işleriň berjaý edilip, goşunyň ýörüşe taýýardygy habar berlende Horezmşa goşuny Gürgenjiň günbataryndaky meýdanda nyzama duruzmagy buýurdy. Buýruk ýerine ýetirildi. Aňyrsy gözýetimi etekläp oturan giň meýdany tutup duran leşger Horezmşa ýanynda iki atly bilen ses ýetimde peýda bolanynda "Ýaşasyn Horezmşa Atsyz! Ýaşasyn şahymyz Jelaletdin Atsyz!" diýen alkyşlar tekrar-tekrar ýaňlandy.

Horezmşa nyzamda duran agyr goşunyň öňüne gelip ýetende sag elini gursagyna goýup, baş atyp salam berdi. Şanyň salamyna jogap hökmünde alkyşlar ýene ýaňlandy.

Horezmşa Leşgeriň ençeme ýere uzap giden hatarynyň aňry çetine baryp, gaýdyp gelýärkä ýanyndaky baş serkerdä ýüzlendi:

-Bu ýerde näçe?

-Ýigrimi müň atly, bäş müň pyýada, Aly hezret. Özüňiziň aýdanyňyz.

-Men piýada diýmedim-ä, diňe atly leşger bilen gidýäs. Patyşaga "Aýtdyňyz-a" diýip bolýamy. Şonuň üçin baş serkerde:

-Men ýalňyş düşünendirin, Aly hezret, bagyşlaň. Diňe atly goşun bilen gidýän bolsak, pyýadalary-da goraga goýan bäş müň atlynyň hataryna goşaýarys.

-Sen-ä tüýs nadan ekeniň, jenap Bädreddin. Gorag üçin şol bäş müň atlynyň özi ýeterlik. Eger köpräk ýagy gelse, olar açyk söweş’e çykman galada goranarlar. Gürgenjiň galasyny nähili ýagy bolsa-da, iküç aýsyz alyp bilmez. Oňa çenli bizem ýetip geleris. Şonuň üçin bäş müň adamy zerurlyk ýok ýere bakyp oturmak nämä gerek. Olara öýlerine jogap berip goýberiň, gerek mahaly çagyryp alaýarys-diýip, Atsyz temmi beriji äheňde aýtdy, yzyndanam, hakyna tutulan türkiler bilen özümiziňkileriň arasynda oňşyksyzlyk ýokmy?-diýip sorady.

-Ýok, Aly hezret. Beýle ýagdaýyň ýüze çykmazlygy üçin berk çäreler görüldi. Muňa weziri-agzam jenaplary şaýat-diýip, baş serkerde Horezmşanyň sag tarapynda barýan Abul Müzäffär Säýide yşarat etdi. Soňra - Aly hezret, ýörüşiň maksadyny leşger siziň öz diliňizden eşitse has gaýrata galardy-diýip, baş serkerde sözüniň üstüne goşdy.

-Jenap Bädreddin, şu gün seniň aňyň özüňde däl ýaly. Sen näme, men şu ýere goşunyň öňüne diňe “Ýaşasyn Horezmşa Atsyz!” diýen sözleri eşitmäge gelendir öýüdýäňmi? Elbetde, leşgere maksadymyzy gysgarak nutuk bilen bolsa-da beýan ederis-diýip, Horezmşa goşunyň hatarynyň ortasyna geleninde atynyň başyny çekip, leşgere tarap öwürdi. Patyşanyň söz sözlemekçidigini aňan leşgeriň özara hümürdisine suw sepilen ýaly boldy.

-Batyrlarym!-diýip, Atsyz belent owaz bilen söze başlady.
-Batyrlarym diýmegimiň sebäbi biziň bilen bu ýörüşe diňe batyrlar gider. Gorkaklara öýlerine jogap!

-Aramyzda gorkaklar ýokdur, Aly hezret-diýen sözler ýaňlandy.

-Berekella, gerçeklerim! Biziň bu ýörüşimiziň maksady eziz Watanymyz Horezminiň geçmişdäki beýik derejesini dikeltmek ýagny ony beýik, gudratly döwlet etmekdir. Taryha nazar aýlasak Horezmin geçmişde özbaşdak gudratly döwlet bolupdyr. Emma ol soňky ýüz ýylyň dowamynda kesekileriň tabynlygyndaky ülke bolup gelýär. Indi Horezminiň tabynlyk müddeti tamam boldy hasap ediň. Şu günden başlap biz hiç kime tabyn däl, özbaşdak Garaşsyz döwletdiris. Indi bu garaşsyzlygymyzy berkitmek, ýurdymyzy güýçli, özbaşdak uly döwlete öwürmek üçin serhetlerimizi giňeltmegimiz gerek. Munuň üçin biz bir näçe ülkeleri özümize tabyn etmelidiris. Biz başgalary tabyn etmesek başgalar bizi tabyn ederler. Biz muny ýurdumyzyň taryhynda gördük. Biziň bu ýörüşimiz şu beýik maksat ýolundaky ilkinji ädimimizdir.

Adatda ilkinji ädim golaýyňa ädilýär. Şoňa görä gaty daş bolmadyk Jend bilen Maňgyşlak taraplara aýlanyp gaýdarys. Bu iki ülkäni özümize goşup alsak, ýurdumyzyň baýlygy has artar, serhedi giňär. Ine şonuň üçin münejimleriň aýtmagyna görä ýörüşe sähetli gün ertir irden başlarys!

Horezmşa sözüni tamamlandan:“Ýaşasyn Garaşsyz Horezmin!" "Ýaşasyn beýik şahymyz Jelaletdin Atsyz!” diýen sedalar ýaňlandy. Şundan soň Atsyz baş serkerdäni goşunyň ýanynda galdyryp, baş weziri bilen şähere gaýtdy.

***

Horezmşanyň bir uly ýörüşe taýýarlyk görýändiginden Zübeýdanyň habary bardy. Ýöne ýörüşiň haçan başlanjakdygyny bilmeýärdi. Sährada ösen söweşjeň ruhly gyza Horezmşanyň köşgi barha darlyk edýärdi. Şonuň üçin ol bu ýörüşe gatnaşmagy tüýs ýüregi bilen isleýärdi. Bu isleg bir tarapdan Atsyz bilen bile bolmak islegi bolsa, ikinji tarapdan giň sähra çykmak, ol ýerde boljak jeň-u-jedelleri görmek we oňa gatnaşmak islegidi. Onuň söweşjeň ruhy şu zatlary talap edýärdi. Şu talap, şu isleg ony ýörüşiň haçan başlanjagyny bilmäge gyssaýardy. Bu durmuşyň oýny kän. Käte bela-kazanyň duýdansyz gelşi ýaly arzuw islegler hem garaşylmadyk prusatda wysal bolýar. Zübeýdanyň hem garaşmadyk wagty gökdäki dilegi ýere düşdi, Atsyz ony huptan namazyndan soň huzuryna çagytdy. Zübeýda begenjine gül ýaly açylyp bardy.

-Gel, Zübeýda!-diýip, Atsyz ony güler ýüz bilen garşy aldy. Gyz tolgunany üçinmi patyşaga tagzymy-da unudyp:

-Geldim, şahym-diýdi özüniň ajaýyp näzli ýylgyryşy bilen. Bu jadyly ýylgyryş tagzymyň ýerine geçen bolmaga çemeli, Atsyz gyzyň bu dessury berjaý etmedigine üns hem bermedi. Ol gyzy boýdan-başa synlap durşuna:

-Tüweleme, Zübeýda, gün-günden gül ýaly açylýarsyň, biziň köşgümiziň durmuşy saňa ýaraýar öýüdýän-diýdi.

-Ýok, şahym, tersine bu belent diwarlar meni gün-günden gysyp-gowuryp barýar. Giň sährany, onuň sergin şemallaryny küýseýän.

-Onuň ýaly bolsa, seni ertiriň özünde giň sähralara alyp gidýän. Ýöne gezelenje, şikara däl, söweşe gidýäs, gitjekmi?

-Janym bilen gitjek, ýöne goşunyň yzyndaky ýükli, maşgala toparda däl, siziň ýanyňyzda atda, söweş geýminde gitjek. Atsyz Zübeýdanyň öz sährasynda erkek geýiminde atda gylyç oýnap ýören

wagtlaryny küýseýändigini aňdy. OL gyza seredip ýylgyrdy-da, degişme äheňinde:

-Bolýa, hanym siziň islegiňiz berjaý bolar-diýdi.

***

Agyr goşun Seýhunyň aşakky akymyny ýakalap, Jende tarap barýardy. Goşunyň öňüni öz kömekçileri bilen baş serkerde Badreddin Muhammet çekip barýardy. Horezmşa wezir-wekilleriniň gurşawynda ýanynda Zübeýda bilen goşunyň orta gürpünde barýardy. Zübeýda sähra çykaly bäri öňküsinden hem gül ýaly açylyp, gözelligine gözellik goşulan ýalydy. Wagty hoşdy. Ol öňde jeň-jedel, howp-hatar bardyr diýip, serine-de getirmeýärdi. Eger söweş bolsa oňa häziriň özünde girmäge taýýardy. Ol özüniň Horezmşa diýip beýgeldilýän beýik adamyň söýgüsini gazananyna, häzir hem onuň ýanynda at başyny deňäp barýandygyna içinden buýsanýardy. Atsyz aram-aram, oňa, içini gysdyrmazlyk üçin bir zatlar diýip ýüzlenýärdi. Bu sapar ol:

-Zübeýda, uzak wagt atda ýöremek hem adamy ýadatýar, sen ýadamadyňmy?-diýip sorady.

-Ýok, şahym, ýadamadym. Ýadasam söweşe girip bilmen, ahyr.

-Belki işimiz söweşsiz hem biter. Şeýle bolsa has gowy.

-Eýý, sapar söweşsiz bolsa gyzygy bolmaz-a, şahym.

Atsyz kellesini ýaýkap güldi-de:

-Gyzykly söweşi Gürgenje gaýdyp baranymyzda ikimiz edäýeris-diýdi. Zübeýda munuň ýaly söze gyzarýan, utanýan gyz däldi. Ol Atsyza garap bir ýylgyrdy-da, ýüzüni beýlesine sowdy.

Atsyzyň “belki, işimiz söweşsiz hem biter” diýeninde bir keramat bar kimin ýol ugrundaky ilatly etraplaryň birnäçesi garşylyksyz Horezmiň tabynlygyna geçdi, käbir garşylyk görkezenleri bolsa gylyç bilen boýun egdirildi. Zübeýdanyň keýpi ýokdy. Atsyz onuň keýpini götermek üçin degişdi:

-Hä, batyr gyz? Söweşsiz gyzygy ýok diýýädiň-le, näme söweşe girmediň?

-Men ejize ganym bolmagy halamaýaryn. Bu ýerde “söweş” diýer ýaly söweşem bolmad-a. Esgerleriňiz gylyjyny gynyndan çykarandan ol biçäreler teslim boldylar. Şonda-da bir näçe adamyň gany döküldi. Beýitmeli däldi, şahym.

-Şeýdip gözlerini gorkuzmasak, biziň tabynlygymyza geçmezdiler. Biz ýurdumyzyň serhetlerini giňeldip, güýçli döwlet bolmagymyz üçin ähli amallardan peýdalanmalydyrys.

Zübeýda geplemän, Atsyza bir garap goýdy, Bu garýyş öňküler kimin näzli, jadyly garaýyş däldi. Bu onuñ şanyñ soñky sözüni halamandygyny añladýardy.

Sapar ýitgisiz, şowly geçýärdi. Emma Jendiň galasyna ýetip baranlarynda hakyky garşylyk şol ýerde görkezildi. Gurşalan galanyň üstünde duran elleri ok-ýaýly nökerler Horezmşanyň goşunynyň hereketini synlap, gaýşaryp durdylar. Atsyz baş serkerde Bädreddin Muhammede: "Gepleşip gör, belki teslim bolarlar" diýdi. Baş serkerde bäş ädim öňe saýlandy, bir elini galgadyp söze başlady:

-Eý, Jendiň batyr goragçylary! Siziň batyr ýigitlerdigiňiz durşuňyzdan belli bolup dur. Emma diňe batyrlyk bilen ýeňiş gazanyp bolmaýar. Uly güýjiň öňünde batyrlyk hiç zat. Sz häzirki ýagdaýda gözsiz batyrlyga däl, akyl-paýhasa bil baglamagyňyz gerek. Şonuň üçin ýaragyňyzy taşlaň, derwezäni açyň. Biz size aman bereris. Hiç bir gandöküşiklik bolmaz şonda. Ýagşylyk bilen bitjek işi ýamanlyga eltmäli. Biziň şu teklibimizi emiriňize ýetiriň. Onuň özi çykyp, Horezmşa hezretleriniň öňüne gelsin. Eger şu teklibe razy bolmasaňyz, soňy gaty pajygaly bolar. Maslahatlaşyň, size bir gün purja berýäris. Badreddin Muhammediň sözüni diňläp duran nökerleriň içinde biri elini galdyryp:

-Eý, ykmanda horezminliler!-diýdi. - Sizler hakykatdan hem gandöküşiklik bolmagyny islemeýän bolsaňyz, gelen yzyňyzy tozan basmazdan yzyňyza dolanyň. Ýogsam biziň ganymyz däl, şu galanyň düýbünde siziň ganyňyz döküler. Menem şu sözleri hezreti emirimiziň adyndan aýdýaryn.

Horezmşa galany dynçlyk ýoly bilen alyp bilmejegine gözi ýetip, hüjüme geçmäge buýruk berdi. Merdiwançylar biri-birine seplenen uzyn merdiwanlaryň aşagyna on-onaş bolup girip göteren badyna galanyň düýbüne bakan okduryldylar. Olaryň yzy bilen iküç müňe golaý söweşiji eňdi. Ine şonda ýokardan ýagdyrylan peýkamlaryň galkanlara degenleriniň darkyldysy gulaklary kamata getirýärdi. Atylan peýkamlaryň hemmesi-de diňe galkanlara däl, adamlara degýänleri hem bardy, olar ajaly ýetenleri bu dünýä bilen hoşlaşdyrýardy, ýetmedikleri ýaralaýardy. Diwara goýlan merdiwanlardan ýokary dyrmaşyp barýan söweşijileriň köpüsine galanyň üstüne çykmak başardanokdy. Çykdym-çykdym diýende bir zarp bilen merdiwandan gaýdyryp goýberilýärdi. Ýokary çykmagy başaranlaram azçylyk bolansoň köpçiligiň garşysyna durup bilmeýärdiler. Bu tarapdaky söweşde sowşusyzlyk bolsa-da derwezä edilen hüjüm netije berjege meňzeýärdi. Derweze bozujylar

alty tigirli ýörite arabany tigirläp, onuň üstündäki ujuna demir bentlenen ýogyn pürsi bat bilen urup derwezäni çagşadyp ugrapdylar. Bir mahal derweze çagşap ýykyldy, goşun şähere girdi. Indi galanyň depesindäki goragçylara ol ýerde iş galmady. Jany şirinleri gaçdy, gözsiz batyrlary söweşip gurban boldylar.

Horezmşa şäheriň orta arasynda howalanyp duran köşgüň öňündäki meýdana ýetip gelende ýurduň emiri emeldarlary we birnäçe ulamalar bilen piýadalap onuň öňünden çykdy. Şol wagt Atsyzyň aty göni garşysyna gelip aýak çeken adamlardan ürkdimi nätdimi kişňäp çarpaýa galdy. Bu bilen Horezmşa göýä eňişini dabaralandyran ýaly boldy. Emir adamlary bilen bile baş egip, aman diledi. Ap-ak sakgaly döşüne düşüp duran, nurana ýüzli moýsepit kişi-Jendiň Seýhulyslamy Atsyza ýüzlendi:

-Merhemetli Horezmşa Alyhezretleri! Ata-babalardan galan bir hikmetli söz bar: “Ýagşylyga ýagşylyk her kişiniň işidir, ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işidir”. Siziň beýik we är kişidigiňiz dünýäge mälim. Är kişiler geçirimli bolýandyrlar. Bu ulamalar siziň ärligiňize bil baglap, Hudaýyň bir bendesiniň ganyny geçmegiňizi dileýäris.

-Hudaýyň bendesi diýeniňiz şu duran emiriňiz dälmi?-diýip, Atsyz kinaýaly dillendi, jogabyna garaşman, sözüni dowam etdi.-Biz bu Hudaýyň bendesiniň ganyny geçsek, onuň kesirligi, men-menligi zerarly ýüzlerçe adamlaryň dökülen gany bizi tutmazmy? Biz şäheriň ilatyna aman berdik, goşunymyza talaňçylygy gadanan etdik. Emma biziň parahatçylykly teklibimizi tekepbirlik bilen ret edip, şunça adamyň ganyna galan adamyň ganyny geçip bolmaz, muhterem ulamalar.

Özüne geçirimlilik edilmejegine gözi ýeten emir barybir ölmeli bolsa “Ýatyp galandan atyp gal” diýilenini edip:

-Muhterem Horezmşa hezretleri, bu dökülen ganlar üçin günäkär birinji nobatda sen, ikinji nobatda men-diýdi. Çünki, parahat oturan iliň üstüne gylyç göterip gelmedik bolsaň, bir damja hem gan dökülmezdi.

Adamlar emiriň birden beýle Horezmşanyň ýüzüne gelenine aň-taň boldylar, şoňunyň nähili boljagyna demlerini içine ýuwdyp garaşdylar. Atsyz aňyrsyndan dyzap gelen gazabyny daşyna çykarmady, parahat gepledi:

-Men gan dökmek üçin gelmändim. Iki ýurdy birleşdirip, uly, güýçli döwlet gurmak maksadynda gelipdim. Bu siziň üçin hem, biziň üçin hem peýdaly dälmi? Bir taýagy eliňe alyp, sähel güýç bilen döwüp bolýar. Iki taýagy jübt tutup, döwmek her kese başartmaz. Şuňa aklyň ýetýändir-ä, seniň.

-Muhterem şa, seniň hem aklyň gan dökmän ýurt alyp bolmajagyna ýetýän bolsa gerek.

Atsyz emiriň ýüzüne synçy nazaryny dikip bir salym dymdy. “Mert adam ekeni. Men ony indi jezalandyrsam hakykaty aýdany üçin jezalan ýaly bolaryn” diýip, pikir öwreninden soň:

-Mert durup, köňlüňdäkini aýdyp bileniň üçin ganyňy geçdim. Ýöne sen indi emir däl. Bir günüň içinde maşgalaňy alyp şäherden çykyp git. Biz bu ýerde başga tertip-düzgün ornadarys-diýdi.

Emir janynyň aman galanyna içinden şükür edip, özüni gurşap duran adamlaryň arasyndan ýuwaşlyk bilen çykyp gitdi. Şundan soň köşk emeldarlary dyza çöküp, Horezmşaga gulluk etjekdiklerine kasam etdiler.

Atsyz Jendiň köşgünde üç gün gözel Zübeýda bilen dem-dynjyny aldy. Şu arada özüniň ynamdar bir hajybyny ýurda häkim belledi, onuň ygtyýarynda serkerdesi bilen bäş ýüz atly esger galdyryp, Maňgyşlak sary ýörüş etdi.

Maňgyşlak Atsyzyň öň görmedik ýeri däldi. Ol esasan çarwa ilatly, dowarly, gylýal sürüli ýarym ada bolup, özüni goramak üçin at-ýaragly toparlary hem bardy. Atsyz ol ýere pederi Kutbeddin Muhammediň döwründe hem bir gezek iküç müň atly leşger bilen aýlanyp gaýdypdy. Elbetde, keýpine däl, döwletiň gaznasynyň kem-kösiniň üstüni doldurmalydy. Ýöne munuň ýaly kiçiräk ýörüşler hem Soltan Sanjardan bidin edilmeýärdi. Soltan Horezmşa Kutbeddin Muhammede beýle zatlara ejaza berýärdi. Horezmşa Atsyza bolsa, indi onuň ejazasy gerek däldi, ol öz ygtyýary bilen hereket edýärdi. Horezmşanyň goşuny Magyşlaga baryp ýeteninde uly bir garşylyk görkezilmese-de, Jendiň emiriniň aýdany ýaly gan dökmän ýurt alyp bolmajagy bu ýerde-de belli boldy. Şeýlelikde Magyşlagy hem Horezminiň tabynlygyna geçirip, Atsyz Gürgenje dolandy.

Ol bu eden işiniň Soltan Sanjaryň gazabyndan çetde galmajagyny bilýärdi. Şonuň üçin ol Magyşlakdan sürüp gaýdan gylýallaryna eýer salyp, olara täze toplan söweşijilerini oturtdy. Şeýdip, goşunyny has güýlendiren Atsyz öz göwnüne Horasandan ýadap gelen goşuny derbi-dagyn ederin öýütdi.

Horezmşanyň merkezi häkimiýeti äsgermezlik bilen özbaşdak eden ýörüşleri hakyndaky habar Merw bilen bir wagtda Bagdada hem baryp ýetdi. Bu habar Soltan Sanjary dergazap eden bolsa, halyf Al Mustarşidi begendirdi. Ol özüniň seljuklaryň garşysyna göreşinde Horezmşany ýaran edinmek maksadynda Gürgenje ilçiler bilen gymmat

bahaly sarpaly serpaýlar iberdi. soltan Sanjar bolsa, eden işi üçin ötünç soramagyny talap edip, setirlerine gahar-gazaby siňdirlen nama gönderdi.

Namany getiren çapar ony soltanyň Gürgençdäki bir ulama adamdan goýan wekiline berip, Horezmşa bilen “gowuja” gepleşmegini tabşyrandygyny aýtdy. Wekil namany okap görüp, kellesini ýaýkady, özüni iki oduň ortasynda galan ýaly duýdy. Çünki, soňky döwürde Horezmşanyň özüni alyp baryşy howplydy. Bir bahana tapsa ähli horasanlyny yzyna it salyp kowmagy ýa-da jeza bermegi hem ähtimaldy. Ýöne soltan “gowuja gepleşsin” diýen bolsa gepleşmän hem bolmaýardy. Ol bir karara gelip, wekiliýetiň agzalaryny maslahata çagyrdy.

-Jenaplar, Soltanymyz Horezmşanyň eden işlerinden gaty närazy bolup, nama iberipdir. Men size ony okap bereýin, soň ony näme etmelisini maslahatlaşarys-diýip, wekil haty okap berdi. Wekiliýetiň agzalary bir salym biri birine seredişip, näme diýjeklerini bilmän durdylar. Soňunda olaryň biri:

-Meniň pikirimçe, bu ýerde müşgul zat ýok, tagsyr. Namany eltip, Horezmşanyň özüne gowşuryň. Onsoň özi ondan näme netije çykarsa çykarar-da-diýdi.

-Eger, mesele namany Horezmşaga gowşurmakdan ybarat bolan bolsa, ony getiren çaparyň özi-de gowşuryp giderdi. Soltan haty Horezmşaga däl, bize bermegi, biziň hem şu hata daýanyp, onuň bilen gowuja gepleşmegimizi, eden işi üçin soltandan uzur soratmagymyzy tabşyryp goýberipdir. Şonuň üçin siziň dördüňiz, meniň bilen bäş kişi bolup, onuň huzuryna baraly. Men namany okap berip, ony gowşuranymdan soň aýtmaly geplerimi aýdaýyn, siziňem heriňiz bir agyz söz bilen meniň gepimi tassyklaň. Soňunam görüberäris. Ýöne onuň bizi sylap gepleşmejegini bilýän.

-Bizi sylamasa, soltany sylamaly bolar, biz soltanyň adyndan gepleşeris, ahyryn-diýen wekiliýetiň agzasyna wekil şeýle diýdi:

-Soltanymy? Öňräk men oňa soltanyň gaznasyna berilmeli pajyň wagtynda iberilmändigini ýatladanymda, ol: “Soltanyň güzerany Horezminiň pajyna garap duran däldir” diýip, ýüzümi aldy. Ine şondan onuň soltany nähili sylaýanyny biläýmeli. Ýöne, jenaplar, ol bizi sylasa, sylamasa-da, soltanyň tabşyrygyny ýerine ýetirmelidiris.

Wekiliň bu sözünden soň maslahat uzaga çekmedi. Ertesi irden Horezmşanyň huzuryna barmaklyga ähtleşip, dargaşdylar.

***

Horezmşa Atsyz düzgüne görä ir säher köşgüň tagt eýwanyna geleninde ol ýerde häzir bolan wekil-wezirler ör turup, ony tagzym bilen garşy aldylar. Ol salamlaşyp, tagtyna geçip oturdy. Onuň keýpi kökdi. Jend bilen Mangyşlaga edilen ýörüşiň üstünlikli geçmegininiň hoşnutlygy entek serinden gitmändi. Munuň üstesine düýnki Bagdatdan gelen ilçiler, Halyfyň goýberen sarpaly serpaýlary onuň göwnüni göge göteripdi. Çünki bu serpaýlar diňe bir maddy sowgat bolman, uly manyly ruhy medet hemdi. Indi ol külli musulman äleminiň ymam-emiri halyf Al Musterşidiň goldawyna bil baglap biljekdi. Horezmşa gün tertibindäki meselelere geçmezinden öň goluny gursagyna goýup, bir zatlar diýmekçi bolup duran köşk sahybyna ýüzlenip:

-Ýeri, näme gep?-diýdi.

-Aly hezret, Soltanyň wekili adamlary bilen kabul etmegiňizi haýyş edýär.

Horezmşanyň Merwden bir adamyň gelip gideninden habary bardy. Ýöne onuň köşge gelmänligi üçin özüne dahylly mesele bilen gelendir öýtmändi. Indi soltanyň wekiliniň beýle irden ýene-de adamlary bilen kabulyna gelmeginden ol adamyň ýöne ýere gelip gitmändigini aňdy. Ol öz ýanyndan “Gelibersinler bakaly” diýip, köşk sahybyna:

-Çagyryň, gelsinler-diýdi.

Başlaryny çalarak egip, tagt eýwanyna giren bäş kişi Horezmşanyň oturan tagtynyň öňüne gelip, salam bilen tagzym etdiler. Hatara duran dört kişiniň bir ädim öňünde duran wekil Horezmşaga ýüzlenip, söze başlady:

-Möhterem Horezmşa äl Mälik Abu Müzäffär Jelaletdin Atsyz aly hezretleri, biziň beýik soltanymyz Abul-Fath Sanjar ibn Mälikşa hezretleri size bir nama göndermiş, ony okap bermegime ejaza berseňiz...

-Men beýik soltanymyz kimin bisowat däl, özüm okaryn, Aberiň bäri namany-diýip, Atsyz kinaýaly gepledi. Wekil nalaç namany iki elläp Atsyza gowşurdy. Atsyz:

-Teşşekür, indi gaýdyberiň-diýdi. Wekil hem, onuň adamlary hem näderini bilmän, bir hili boldylar. Şeýle gidip bilmejek wekil Atsyza ýüzlendi:

-Muhterem Horezmşa aly hezretleri, biz namanyň jogabyny soltanymyza ýetirmelidiris. Şonuň üçin siz ony häzir okap, ondaky aýdylan şerti berjaý etmegiňiz gerek.

Atsyz namany okamasa-da, eýýäm onda nämeler ýazylandygyny, ondaky şert diýenini-de çakdan bilip otyrdy. Eger ol häzir namany açyp

okasa, ondaky şerti berjaý edip, Jend bilen Mangyşlak üçin soltandan gaýybana bolsa-da, ötünç sorasa ýene-de öňküsi ýaly Horezm seljuklaryň garamagynda, onuň özü-de soltan Sanjaryň tabynlygynda galmaly. Ýok, ol muňa razy däl. Eger-de ötünç hem soraman, başga-da soltanyň gaharyny getirýän işleri etse, ol goşun çekip geler, ana şonda aňyrdan ýadap gelen goşuny derbi-dagyn edip, soltanyň özüni-de ýesir alsa, hakyky garaşsyzlygy şonda gazanyp boljakdygyny serinde aýlady. Ol jogaba garaşyp duran wekillere seredip:

-Jenaplar, men gaýdyberiň diýenimde gaýtmadyňyz. Indi size gaýtmaga kömek etmeli boljak-diýdi-de, köşk sahybyna yşarat etdi. Şanyň yşaratlaryna düşbi sahyp tagtyň sag tarapyndaky gapyny açyp, iki eliniň on barmagyny görkezdi. Şol bada ol ýerden on sany nöker çykdy-da, köşk sahybynyň bir agyz-sözi bilen wekilleriň hersiniň iki ýanyna ikisi geçip, idirdedip alyp ugradylar. Bu edilen gödeklik gülküli däl bolsa-da, wezir-wekiller Horezmşanyň bu işini makullap gülüşdiler. Soltanyň wekili çykyp barýarka:

-Atsyz, bu edeniň üçin hem soltanyň öňünde jogap berersiň!-diýip gygyrdy.

## XIII BAP

Horezmşa Atsyz wekiliň aýdany ýaly eden işleriniň jogabyny däl-de, jezasyny çekmeli bolaýmasa ýagşy. Ol Jend bilen Mangyşlagy feth edeni üçin uzur soramasa-da, soltanyň bir sapar geçirimlilik etmegi mümkindi. Atsyz onuň şeýle häsiýetiniň bardygyny bilýärdi. Atsyza bolsa onuň geçirimliligi däl-de, Horezme goşun çekip geleni gerekdi. Munuň üçin ol soltany has dergazap edip, uruşa mejbur etmelidi. Şeýle-de etdi. Wekiliň we onuň adamlaryň emlägini ellerinden alyp, özlerini tussag etdi. Horasanyň ýoluny bekletdi, derýadan geçmäge gelen horasanlylar geçelgede hyzmatda duran döwlet işgärlerinden horluk baryny gördüler. Bu gabahat işleriň habary şol wagt Balhda bolan Soltan Sanjara baryp ýetende onuň gazapdan dili tutuldy, gany ýüzüne urup gyzardy. Şeýle-de bolsa, sowukganlylygyny ýitirmedi, gazabyny daşyna çykarman gepledi:

-Ol biziň gulumyzyň agtygydygyny unutdymyka? Özüni kimdir öýüdýärkä? Horemşa edip, ony men belledim. Muňa ýagşylyga ýamanlyk diýilýär. Goşuny ýörüşe taýýarlaň! Onuň bu etmişlerini jezasyz goýsak bolmaz. Goý, bu başgalara-da sapak bolsun!

-Kyblaýy älem, - diýip, ýaşuly emirleriň biri soltana ýüzlendi.- Atsyzyň maksady hem siziň goşun çekip barmagyňyz bolsa gerek. Ol

jeňde üstün çykyp, doly özbaşdaklyk gazanmakçy bolýar çememde. Şu maksatda ol güýçli goşun hem toplan bolmaly.

-Biz hem güýçsüz goşun bilen barmarys!-diýip, Soltan bu sapar sesni biraz gataldyp aýtdy. Şeýlelikde 533-nji hijiriniň Mäherrem aýynda soltan Sanjaryň Horezme birinji ýörüşi başlandy.

***

Horezmşa Atsyz Soltan Sanjary Horezme goşun çekmäge mejbur edişine etdi welin, ýöne Balhdan gelen bir adamyň soltanyň uly goşun toplany hakynda getiren habary onuň bu söweşde ýeňiş gazanjagyna bolan öňki ynamyny biraz gowşatdy. Bu habardan öň onuň Soltan öz tabynlygyndaky ülkäniň goşuny 20-30 müňden köp däldigini bileni üçin uly goşun bilen gelmez diýen pikiri bardy. Emma ol, söweş täliminiň ussady, beýik serkerde Sanjaryň özüni göz-görtele söweşe çagyrýanyň bir ynanýan daýanjy bardygyny bilmez ýaly samsyk däldigini unudypdy. Şeýle-de bolsa, ol serkerdeleriniň ýanynda özüni ynamly tutup, uly söweşe taýýarlyk görüp başlady. Goňşyçylykdaky türki taýpalardan urşujylary hakyna tutup, leşgeriniň sanyny ýene-de köpeltdi. Şundan soň Atsyzyň köňli birneme jem bolup, irden meşweret çagyrdy. Köşküň tagt eýwanyna ýygnanan wezir-wekiller, emirler, serkerdeler, ulamalar Horezmşanyň etjek bolýan urşynyň zyýany bilen peýdasy barada bir hörpden gopmadylar. Ylaýta-da ulamalar bu urşa närazylyk bildirdiler. Atsyzyň Jend bilen Maňgyşlaga ýörüşiniň öň ýanyndaky meşweretde ol ýörüşe garşy çykan Şeýhulyslam bu sapar hem geplemän oturyp bilmedi:

-Aly hezret! - diýip, ol Horezmşanyň ýüzüne göni bakyp, söze başlady - Islamda jihätden özge uruşlar ýazgarylýandyr. Musulman musulmanyň ganyny dökse, bu günahy äzimdir. Şonuň üçin siz soltany-da, özüňizi-de bu uly günäge batyrmaň. Uruşyň öňüni almak gerek. Siz uzur sorap, soltana bir nama ýazyň. Biz ulamalar ony alyp, soltanyň huzuryna baraly. Ol biziň sözümizi syndyrmaz, uzuryňyzy kabul eder. Eşitmişimize görä ol kişi geçirimli adammyşyn. Gandöküşiklik bolmasyn. Siz hem şu sapar biziň towakgamyzy kabul ediň, Aly hezret!

Atsyz Şeýhulyslamyň sözüniň adamlara nähili täsir edendigini bilmek üçin oturanlara göz aýlady. Adamlaryň ýüzünde üýtgeşik bir alamat ýokdy. Olar patyşanyň jogabyna garaşýardylar.

- Möwlana - diýip, Atsyz sözüni agraslyk bilen başlady.-Men size öňki meşweretde hem syýasata goşulyp, azara galmaň diýip aýdypdym. Bu sapar hem şuny aýtmaly bolýan. Çünki bu uruş ýöne uruş däl, bu garaşsyzlyk ugrundaky syýasy çäre hemdir. Men siziň aýdyşyňyz ýaly

baş egip, uzur sorasam, soltanyň uzurumy kabil etmegi hem mümkin. Men onuň geçirimlidigini hem bilýän. Ýöne onsoň näme? Horezmşa ötünç sorady, indi Horezmine özbaşdaklyk bereli diýip, bizi tabynlygyndan boşadar öýüdýäňizmi! Asla boşatmaz. Biz öňkimiz ýaly ýene oňa paç-hyraç tölemeli, otur diýse oturyp, tur diýse turup gün görmeli. Indi besdir! Biz garaşsyzlygy söweşip, söweşde ýeňiş gazanyp almalydyrys. Başga ýol ýok!

Horezmşanyň birneme gyzyp aýdan bu sözlerinden soň hörpi basylan Şeýulyslam goldaw isläp, ulamalara garanjaklady. Emma olardan hem seza çykmajagyny aňan Şeýhulyslam kellesini ýaýkap, ýene Atsyza ýüzlendi:

-Eger müň-müňläp adamlaryň ganyny döküp, garaşsyzlyk gazanjagyňyza ynamyňyz bar bolsa, görüň-dä, Aly hezret.

Aslynda ol, “Müň-müňläp adamlaryň ganyny döküp, hem garaşsyzlyk gazanyp bilmeseňiz, özüňizden görüň” diýmekçidi. Ýöne Atsyzyň hökümdarlyk mertbesi dilini baglady.

Atsyz hem özüne beýle garşy gidýäniň Şeýhulyslamdan başga adam bolanynda etjegi bellidi, ýöne garşydaşynyň diniň ýurtdaky baştutany bolany üçin oňa erbet söz hem aýdyp bilmedi.

-Nesip bolsa, Allanyň eradasy bilen garaşsyzlygy ýeňiş bilen gazanarys, möwlana. Indi ejaza berseňiz biz emirler, serkerdeler, döwlet adamlary bilen harby meseleleri maslahatlaşmakçy. Şonuň üçin siz ulamalar bilen gaýdyberseňiz hem bolýar-diýip, Atsyz Şeýhulyslamy, ulamalary ugratdy. Din hadymlaryndan başga-da, bu urşa oturanlaryň arasynda hem garşy adamlar bardy. Emma Horezmşanyň Şeýhulyslama beren jogabyndan soň olar söz aýtmaga milt edip bilenokdylar. Atsyz bu adamlaryň hem köňlündäki garşylygy aýyrmak üçin ýüreginden syzdyryp nutuk sözledi. Ol sözüniň soňyny şeýle jemledi:

-Jenaplar! Bu uruş eziz Watanymyzyň ykbalyny çözjek mukaddes uruşdyr. Bu uruşda dökülen ganymyz hem mukaddesdir. Şonuň üçin biz bu söweşe aýratyn aýgyt, aýratyn hyjuw bilen girmegimiz gerek. Şeýle aýgyt, şeýle hyjuw bilen gylyç çalsak, inşalla ýeňiş biziňki bolar. Bu ýeňiş bolsa Watanymyza garaşsyzlyk, halkymyza azatlyk getirer.

Atsyz sözüni soňlanyndan ony köpçülik goldap seslendiler. Onuň adyna hamdu-senalar ýaňlandy.

-Teşekür, ezizler, teşekür-diýip, ol bir elini gursagyna goýup, minnetdarlyk bildirdi. Soňra boljak söweşiň tärleri barada pikir alyşyldy. Emirler, serkerdeler soltan Sanjaryň goşunyny paýtagta golaý getirmän, Hazarasp galasynň eteginde garşy almagy teklip etdiler. Bu teklip Atsyza

hem makul boldy. Şonda häliden bäri ümsüm oturan wezir Abul Müzäffär an Nyşapury özüniň Şeýhulislam bilen pikirdeşdigini, ýurduň garaşsyzlygyna garşydygyny bilýän Horezmşanyñ özi hakdaky pikirini üýtgetmek maksadynda ara goşuldy.

-Aly hezret, ejaza berseňiz men hem öz pikirimi aýdaýyn.

-Aýdyň, möhterem weziri büzrük-diýdi Atsyz.

-Aýtjak bolýanym meniň öz pikirimem däl. Ol geçmişde dünýäniň ençeme ýurtlaryny feth eden jahangir, söweş täriniň ussady Mahmyt Gaznalynyň pikiri. Taryhy ýazgylarda aýdylyşyna görä ol Horezmini feth edeninde ýesir düşen baş serkerdä garap:

-Sen näçe söweşleri gören adam, hökümdaryň bolsa entek söweş görmedik ýaş oglan. Ol bilmese-de, sen Mahmyt Gaznalyny açyk meýdanda söweşip, ýeňip bolmajagyny bileňokmy? Seniň ýeriňe men bolsam açyk söweşe çykmazdym. Gürgenjiň galasynda goranmak üçin iküç müň nöker goýup, leşgeriň baryny göz ýetmez ýere çekerdim. Duşman gelip Gürgenji gabardy. Galanyň üstündäkiler bilen atyşyp, çapyşyp ýadan leşgeriň üstüne dökülüp, baryny bolmasa-da ýaryna golaýyny hatardan çykarardym. Güýji gaçan duşman söweşmäge milt etmän ýaraşyk teklip etmäge mejbur bolardy-diýipdir.

Wezir sözüniň soňunda “soltan Sanjar hem söweş täliminde Gaznalydan gaýra durýan däldir, açyk meýdandaky söweşde ony ýeňmek başardarmyka” diýmekçi boldy. Emma Horezmşanyň gaharyny getirmekden gorkup, dilini dişledi. Ol bu pikirini açyk aýtmasa-da hemmeleri oýlandyrdy. Çünki onuň teklibinde mantyk bardy. Atsyz köpçüligiň eden ilkinji teklibini makullany üçinmi ýa-da paýtagty gabawa bermegi islemedimi, weziriň teklibini kabul etmedi. Ol:

-Muhterem weziri agzam, Gaznalylar döwrüniň taryhyny menem okadym. Siziň aýdanyňyz durmuşda bolan, söweşde synap görlen usul däl, ol bir ýöne aýdylan gep. Şonuň üçin paýtagty duşmana taşlap çekinmek bolmaz. Biz Jeýhunyň Hazaräspyň öňündäki bentleri açyp Soltanyň goşunynyň geljek ýoluny suwa basdyrarys. Ýolsyz ýerlerden ýöräp, ýadap gelen goşuna duýdansyzdan hüjüm etsek, inşalla ýeňiş biziňki bolar. Şundan soň ters pikirli adamlar bilen hem hasaplaşarys-diýdi. Weziriň ýüzi ak daşa döndi.

Horenşanyň bu sözünden soň goşuny ertiriň özünde Hazarasp galasy tarap çekmäge karar edildi. Meşweretden soň özüniň aram otagyna gelen Atsyza gapynyň öňünde duran goragçy:

-Aly hezret, Zübeýda “şahym maňa günortan gelip garaş” diýip, girip, gitdi-diýdi. Atsyz kellesini ýaýkap, ajy ýylgyrdy. Içeri gireninde

ýatalgada gözüniň ýaşyny köýneginiň ýeňiniň ujy bilen süpürip oturan Zübeýda gözi düşdi. Ol:

-Ýene näme diýip geldiň, Zübeýda?-diýip, gatyrganybyrak sorady.

Jogap bolmady. Atsyz ýene sorady:

-Näme boldy, näme üçin aglaýaň?

-Şahym, düýn Siziň “seni alyp gitjek däl, bu Jende eden ýörüşimiz ýaly oýunjak söweş däl” diýeniňizden bäri meniň rahatlygym gaçdy. Gijesi bilen uklap bilmedim...

Düýn ikisiniň arasynda şeýle gürrüň bolupdy. Horezmşanyň uly söweşe taýýarlyk görýänini eşidip ýören Zübeýda hemişekisi ýaly Atsyzyň aram otagyna göni girip bardy we özüni hem bu söweşe alyp gitmegini haýyş etdi. Şonda Atsyz:

Seni alyp gitjek däl... Münejimler: “Bu söweşde siziň nökerleriňiziň üçden biri gurban bolýar” diýip aýtdylar. Sen bu söweşde üçiň biri bolsaň, men Zübeýdasyz galaryn diýip gorkýan. Şonuň üçin hem seni alyp gitjek däl.

-Siz “özümem üçiň biri bolmazmykam” diýip gorkaňyzokmy?

-Ýok. Men söweş tälimini gowy bilýän.

-Meniň bilen ilki ýüzbe-ýüz bolanyňyzda “Al gylyjyňy” diýenimde etmediňiz. Eger şonda ýere taşlan gylyjyňyzy alan bolsaňyz meniň hem söweş tälimini nähili bilýänimi bilerdiňiz.

-Bilmänim üçin hem alyp gitjek däl. Gepiňi köpeltme, Zübeýda, ýeriňe bar. Men ýadadym, dynç aljak-diýip, Atsyz ony zordan ugradypdy. Atsyz onuň ýene gelip, aglap oturanyna bir hili ýüregi awap, oňa mähirli nazar bilen seretdi, ony köşeşdirip ugratmak üçin gowy sözler ýaňy diline gelende Zübeýda öňürtiledi:

-Şahym, meniň ýüregim bir zatlary duýýar. Meni alyp gidiň, men size gerek bolaryn.

-Gerek bolmarsyň, Zübeýda. Ol ýerde seniň ýüregiňi rahatlandyrmaga meniň birem wagtym bolmaz.

-Men o manyda aýdamok!-diýip, Zübeýda ör gökden geldi. -Dogrusyny aýtsam, meniň ýüregim bir erbetligi duýýar. Eger goşunyňyz derbi-dagyn bolsa, biziň taýpalara bararys. Meniň bilen barsaňyz Sizi kabul ederler.

-Siziň taýpalaryňka barmaly bolmaz. Ýeňiş biziňki bolar!

-Hudaýdan uly geplemäň, şahym.

-Inşalla, biziňki bolar.

-Onda, meni alyp gitjek dälmisiňiz?...

Atsyz jogap bermän dymdy, oýa çümdi: “Pelek işidir... Bilip bolmaz...”

-Zübeýda-diýip, Atsyz gyzyň ýüzüne bir hili düşnüksiz nazar bilen seretdi.-Eger juda gidesiň gelýän bolsa alyp gideýin, taýýarlanyber. Ertirden ugraýas.

Zübeýdanyň ýaşly gözleri parlap, ýüzi gül kimin açyldy. Ol ýerinden turup tagzym etdi-de:

-Ýaşasyn Şahym!-diýip ýylgyrdy. Soňra ýene tagzym edip, guş kimin uçup gitdi. Atsyz onuň yzyndan kellesini ýaýkap, ýylgyryp galdy.

***

Ertesi ir kernaý-surnaýlar çalynyp, nagaralar kakylyp, leşger ýörüşe ugralýan ýere jemlendi. Horezmşa leşgeriň ruhyny götermek üçin düýnki meşweretde sözlän nutugyny has belent ses bilen gaýtalady. Atsyz sözüni tamamlanyndan onuň adyna hamdu-senalar ýaňlandy. Bu leşgeriň ony doly goldaýanyny aňladýardy.

-Teşekkür, gerçeklerim, teşekkür!-diýip, Atsyz bir elini gursagyna goýup, minnetdarlyk bildirdi.

Atsyz töweregine seredeninde özi bilen bile gitmeli nedimleriň içinde weziri Abul Muzaffar än Nyşapuryny görmedi. Ony soranynda kätibi Reşiteddin Watwat:

-Aly hezret, siz oňa meşweretde “weziri büzrük” diýdiňiz, indi ol büzrükligi göterip bilmän ýatan bolmaly ýa-da gorkup gaçan bolmaly-diýdi.

-Näme üçin gorkýa?

-Siz meşweretde “Ýeňişden soň ters pikirli adamlar bilen hasaplaşarys” diýdiňiz. Ol özüniň ters pikirlidigini siziň bilýäniňizi bileni üçin gorkup gaçandyr.

-Gaçsa owarram!-diýip, Atsyz baş serkerdä “gitdik” diýen manyda başyny atyp yşarat etdi. Baş serkerdäniň buýrugy bilen kernaý-surnaýda “Ýörüş” heňi çalyndy.

**Ýöriş başlandy.** Öňde atlylar, yzynda pyýadalar, iň yzda ýükli ulaglar we patşanyň häremi bilen hazynasy. Şeýle tertipde ýer süýşen ýaly bolup barýan agyr goşun bäş gün diýende Hazaräsp galasynyň etegine ýetip, goş taşlady. Horezmşanyň buýrugy bilen derýanyň bir bendini açyp, duşmanyň geljek ýoluny suwa basdyrdylar. Şeýlelikde garşydan gelýän goşunyň ilerlemegi üçin uly päsgelçilik döredildi. Bu usul bilen Atsyz soltanyň goşunyny ýolsyz, çarkandakly ýerlerden ýöredip, has ýadatmakçydy, ýadap gelen leşgere duýdansyz hüjüm edip, ýeňiş gazanmakçydy. Emma onuň bi pikirini aňan soltan Sanjar suw

basan ýoluň öňünde goş taşlap, leşgere bir hepde dynç berdi. Suw çekilibermäninden soň, gumuň içi bilen assa-ýuwaş süýşüp ugrady. Soltanyň beýle haýal hereket edýänliginiň bir sebäbi goşuny ýadatmazlyk bolsa, ikinji sebäbi onuň geçirimlilik häsiýetine degişli bolup, Atsyzyň aklyna aýlanmagy üçin wagt bermekçidi. Aslynda, soltanyň Horezme ýörüş etmekden maksady gandöküşlik etmek däl-de, Atsyzy gorkuzyp, eden işleri üçin özünden ötünç soratmak, dyza çökermekdi. Emma Atsyzyň soltan Sanjaryň geçirimliliginden peýdalanmak pikiri, asla, ýokdy. Ol seljuk goşunynyň gelmegine sabyrsyzlyk bilen garaşýardy.

Atsyzdan eden tamasynyň çykmajagyna gözi ýeten soltan Sanjar urşuň, gandöküşükligiň gutulgysyzdygyna düşünip, söweşiň tärlerini pikirlenip başlady. Ol Horezmşanyň şu golaýda, daş diýende, ýarym günlük aralykda bir bukuda hüjüme taýýar durandygyny bilýärdi. Soltan goşuny saklap, serkerdeleri ýanyna çagyrdy. At üstünde döwre gurap durup, maslahat edildi.

-Ýigitler, jeň meýdanyna golaýlap barýas-diýip, Soltan serkerdelerine ýüzlendi.-Söweşi nähili terzde alyp barmaly? -Kimde niçik pikir bar, aýdyň:

Soltan Sanjar adatyna görä öz pikiri taýýar bolsa-da, ilki adamlaryň pikirini sorardy. Bu sapar hem şeýle etdi. Serkerdeleriň her haýsysy her dürli pikir bildirdi. Bu aýdylan teklipleriň, pikirleriň hiç biri-de soltana makul bolmandygyny onuň ýüzünden aňan baş serkerde:
-Kyblaýy älem, Siz söweş täliminiň alymy, jeň täriniň ussady. Şeýle bolansoň iň gowy pikiri özüňiz aýdarsyňyz diýip, umyt edýäs-diýdi. Soltan Sanjar öwgüni gowy görmese-de, baş serkerdäniň aýdany göwnüne ýaraman durmady. Çünki, ol ýalan öwgi däldi, dogrysyny aýdypdy.

-Meniň çak edişime görä-diýip soltan pikirini beýan etmäge başlady. -Horezimşa biziň goşunymyzy deňinden biraz geçirip, yzyndan hem gapdaldan duýdansyz hüjüm etmek bilen ýeňiş gazanmakçy. Nesip bolsa biz onuň hüjümini ýeňlişe öwüreris! Munuň üçin häzir goşuny ikä bölüň. Birinji-öňdäki bölümiň ardyny, gapdalyny naýzaly pyýadalar eýelesin. Birinji bölüp ýöräp gözden ýitensoň, ikinji bölüm hem süýşüp ugrasyn. Duşman birinji bölüme, goşunyň hemmesidir öýdüp, bar güýji bilen atly hüjüm eder, pyýada naýzalylar hüjüme garşy durar, naýzalylary gurşawundaky atlylarymyz gurşawdan çykyp, ýeňseden hüjüme geçer. Söweş has gyzan mahaly ikinji bölüm ýetip barar. Şundan soň, nesip bolsa, meniň ýaňky aýdanym bolar, düşnüklimi, pikirim?

-Düşnükli, kyblaýy älem-diýişip, serkerdeler soltanyň rejesini biragyzdan goldadylar.

Soltan goşunyna sabyrsyzlyk bilen garaşýan Atsyz goşunyň garasy görnenden tijenip başlady. Duşmany biraz deňinden geçirip, atlylary hüjüme goýberdi. Duşman goşunynyň hem yzyndan hem gapdalyndan hüjüm eden atlylar özlerine gönükdirilen tikeç ýaly gür naýzalaryň garşylygyna uçradylar. Naýzalar atlar çarpaýa galsa bokurdagyna, ýogsa at üstündäki urşujynyň döşüne dogry gelýärdi. Bir ýagşysy döşleri galkanlar goraýardy. Şol demde bu naýzalylaryň ardyndaky atly leşger aýlanyp gelip, jeňe girdi. Onýança Atsyzyň naýzaly pyýada leşgeri ýetip gelip, duşmanyň atlylaryna hüjüme geçdi. Şundan soň söweş horezminlileriň peýdasyna agyp başlady. Emma bu ýagdaý uzaga çekmedi. Soltanyň ýetip gelen ikinji bölümi Atsyzyň goşunyny iki tarapdan gurşap aldy. Şundan soň söweş şeýle bir gyzdy welin, maslyk maslyga kaklyşdy, aýak astyndaky toprak gyzyl gana boýaldy. Soňky ýüz ýylyň içinde Horezminiň çäginde beýle ganly söweş bolmandy. Bu söweşde Atsyzyň on müň esgeri gurban boldy, özi kyrk-elli goragyndaky esgerleri, iki ogly Il Arslan, Süleýman şah, baş hajyby ymam Mejdeddin, kätibi Reşiteddin Watwat dagylar bilen zordan gaçyp gutuldy. Uly ogly Atlyk bilen Zübeýda gurşawda galdy. 533-nji hijriniň güýzünde bolan bu ganly söweş Horezmiň taryhyna misilsiz pajyga hökmünde ýazyldy. Horezmşa gaçandan soň Soltan Sanjar söweşi togtatmak hakynda buýruk berdi. Soltanyň jarçysy buýrugy bokurdagyna sygdygynça gygyryp yglan etdi.

-Heý, söweşijiler! Soltanymyz urşy togtatmak hakynda perman etdi. Horezminliler, ýaragyňyzy taşlaň, janyňyz aman galar! Ýogsa hemmäňiz gyrylarsyňyz-ow!

Jan şirin. Ölüp gidenden ýesir düşen gowy. Horezmliler ýaraglaryny taşlap, teslim[1] boldular. Söweş tamam boldy. Soltan Sanjar özüniň söweşe gözegçilik eden depesinden bu meýdana seredip durşuna ýeňiş gazananyna ýüreginde ne begenç, ne buýsanç duýýardy. Tersine, ýüregini agyr duýgular, serini agyr oýlar gurşap aldy. “Ah, sen näletkerde, namart Atsyz! Näme üçin sen meni beýle gandöküşiklige mejbur etdiň! Yzyňa tirkäp gelip, gylyjyň demine beren bu müňlerçe bendeleriň gany tutmazmy seni?! Açyk meýdanda soltan Sanjar bilen jeň etmäge kim sen?! Gürgenjiň içinde goranyp oturanyňda munça adam gyrylmazdy. Menem şäheriňi bir aý gabardym, iki aý gabardym, şu arada toba edip, ýaraş teklip edeniňde, menem razy bolardym, yzyma gaýdyp giderdim. Täji-tagtyň ýene özüňe galardy. Indi nirä gaçdyň?

Gürgenje baryp, bukulyp ýatjakdyrsyň, belki. Muny başda etmelidiň. Indi peýdasy ýok. Men indi seniň bilen ýaraşman. Baryp Gürgenji hem alaryn, tagtyňa-da öz adamymy oturdaryn. Ine, seniň eden akmaklygyň öz bagtyňy ýatyrdy.” Soltan şeýle iç gepletmeler bilen arkasyna öwrülip, täze dikilen  çadyryna tarap gitdi.

Soltan Sanjar söweşde gurban bolanlary jaýlamak (bu işe esasan ýesirler çekildi) we leşgere biraz dynç bermek üçin bu ýerde bir hepde saklandy. Şol arada birnäçe täsin, täsin däl wakalar bolup geçdi. Söweşiň tamam bolanynyň dördünji güni serkerdeleriniň biri Soltanyň çadyryna gelip:

-Kyblaýy älem, Horezmşa Gürgenje barman, derýadan gaýra geçip gidipdir-diýdi.

-Kim getirdi bu habary?-diýip, soltan ynanynkyraman sorady.

-Ony derýanyň geçelgesinde gören adam aýtdy.

-Nirede ol adam?

-Şu ýerde, ony siz sorarsyňyz diýip sakladyk.

-Çagyr, özüm gepleşip gňreýin-diýip, soltan bu gepiň anygyna ýetmekçi boldy. Salym geçmän, serkerde ýüzüni soltanyňky ýaly mama dişlän çal sakgal bir adamy yzyna tirkäp geldi. Ol adam başyny çalarak egip salam berdi-de, “näme gepiň bolsa aýdyber” diýen manyda soltana göni seredip duruberdi.

Soltan Sanjar bu adamyň boluşyny gedemligemi, mertligemi haýsyna saýjagyny bir bada bilmän, kinaýaly dillendi.

-Eý, Allanyň halaýan bendesi, Horezmşa hakynda aýdan gepiň dogrymy?

Soltanyň özüne müňkürlik edýänine birneme gahary gelen ol adam:

-Eý, Allanyň ýerdäki saýasy, ýalan sözleýän adam ymansyzdyr-diýip, gödegiräk jogap berdi. Soltana indi bu adamyň gönümenligi, mertligi ýarap başlady, oňa degişesi gelip, ýylgyrdy-da:

-Eý, Allanyň owadan bendesi-diýdi-Allatagala owadanlygy ikimize deň paýlap, bizi keşpdeş edipdir. Indiden beýläk sen ýüzüňi gotur edip görkezse, aýnadan nägile bolup ýörme-de, beýik Soltan Sanjar bilen keşpdeş ekenligiňe buýsanyp ýaşa.

Soltanyň sözüni kinaýaly ýylgyryp diňlän ol adam diline gelen sözi howplyrak hem bolsa gaýtarmady, aýtdy:

-Eý, beýik Soltan, men bir garamaýak adam. Şonuň üçin meniň keşbim gotur bolsa-da, çotur bolsa-da zyýany ýok. Ýöne Allatagala

şeýle uly ýurda Soltan goýamaga keşbi düzüwliräk başga adam tapmadymyka?

Deminde demir eredýän hökümdara beýle söz aýtmaga milt eden bu adama gahary gelen Soltan degişmäni özi başlap, soňunda özüne deglende jeza ulanmak adalatdan däldigini bilse-de, ony gorkuzmak üçin dil ujundan syýasat etdi:

-Eý, ölümini boýnuna alyp, hökümdara dil ýetiren asy bende, ölümiňiň öň ýanynda kimdigiňi, aslyňy aýt! Men kimi öldürenimi bileýin.

-Sen bu meýdanda ýatan müňlerçe adamlary, kimdigini, aslyny sorap öldüren dälsiň, ahbetin. Meni-de şeýle öldüriber. Men kim bolanymda näme parhy bar. Saňa öldürmäge adam bolsa bolýa dälmi?-diýip, ol adam çal sakgalyny sypap goýberdi. Soltan Sanjaryň tüýsi üýtgäp gitdi. Ol bu adamy indi görýän ýaly oňa uzak dikilip galdy. Onuň häliden bäri hökümdara adatdaky hormat-sarpasy, edep-ekramy görkezmän, özüni tekepbirlik bilen alyp baryşynyň sebäbini düşünen ýaly boldy. Sebäbi bolsa bu meýdanda ýatan müňlerçe adamyň ölümi üçin Soltana bolan içindäki , daşyna çykaryp bilmedik ýigrenji, gahar-gazaby bolsa nätjek. Ine, soňunda-da, Soltanyň özi onuň ýüregindäki dykyn bolup duran agyr duýgularyň ýüze çykmagyna öz sözi bilen ýol açdy we ondan eşitmelisini eşitdi.

-Seni öldürmesem kimdigiňi aýdarmyň?-diýip, Soltan ondan gözüni aýyrman gepledi.

-Meniň kimdigimi juda bilesiň gelýän bolsa aýdaýyn. Üst-başym derwüşana bolmasa-da, derwüşligi ygtyýar eden şazada men.

-Şazada?! Haýsy şalygyň şazadasy?

-Häzirki sahta horezmşalaryň däl, hakyky horezmşalaryň neslinden men. Iň soňky horezmşa Abu Abdyllah ibn Mansur hezretleriniň çowlugy bolýan. Taryhdan habarly bolsaň biziň aslymyzy bilýänsiň. Biziň Afrigler nesilşalygynyň düýbüni tutan Siýawuş batyryň ady taryhdaky meşhur atlaryň biridir.

Soltan Sanjar bisowat adam bolsa-da, taryhçy alymlar bilen köp söhbet gurany üçin taryhy, aýratyn-da, Horezminiň taryhyny gowy bilýärdi. Söhbetdeşiniň aýdan Afrigler nesilşalygynyň höküm süren Horezmin döwletini araplar feth edenlerinden soň ony ikä böldiler. Jeýhundan gaýrasyndaky bölegini gadymdan gelýän nesilşalyk bolan horezmşalar nesline galdyryp, derýadan günortasynda özbaşdak emirlik döretdiler. Emirligiň paýtagty Gürgenjiň tagtyna öz dikmesini oturtdylar. Asyrlaryň dowamynda iki döwlet bolup ýaşap gelen Horezmini hijri

385-de Gürgenjiň emiri Muhammet ibn Mämün bir döwlete birikdirip, özüni horezmşa diýip yglan etdi. Mömünlerden soň Horezminiň tagtyna çykanlar hem özlerini horezmşa diýip atlandyrdylar. Soltanyň söhbetdeşi bolsa gadymy Horezminiň paýtagty Kätde höküm sürüp öten hakyky horezmşalaryň neslinden bolup çykdy. Soltan Sanjar onuň aslyna hormat goýsa-da, häzir öňünde duranyň hiç kimdigi üçinmi, nämemi bir hili ýaňsyly äheňde:

-Eý, baýry Şazada, derwüşi zaman, sen aslyňy aýtsaňam, adyňy aýtmadyň-a-diýdi.

-Eý, arypmen diýip, misginleri unudýan Soltan, sen meni ýaňsylap sözleseň-de, men dogry jogap bereýin, çünki ikimiziň söhbetdeşligimize şu demde Alla şaýatdyr-diýip, derwüş bir hili säginip, dowam etdi.--Meniň adym, Şa babamyz Abu Abdyllah hezretleriniň hatyrasyna Abdylmälik dakypdyrlar. Ýöne il içinde ýörgünli adym Abdyl derwüş.

Soltan Sanjar ýaňsyly sözlänine utandy. “Arypmen diýip, misginleri unutma”. Bu Pygamberimiz Muhammet aleýhiessalamyň sözleri. Derwüş meni Pygamberimiziň sözleri bilen urdy” diýip, içini gepleden Soltan indi ýüreginden gepledi:

-Eý, bagtyýar ynsan, sen hakykatdan hem bagtly ekeniň, çünki Allatagala nesilşalygyňyzy syndyryp, seni täji-tagt belasyndan gutarypdyr. Ýogsa bir gün gelip, bu bela seniňem boýnuňa ildirilerdi. Onsoň senem, ynha, meniň ýaly adam gyrmaly, gan dökmeli bolardyň. Bu gabahat işler hökümdarlaryň maňlaýyna ýazylan. Derwüş bolsaň beýle gabahatlykdan daşdasyň. Erkin guşsuň, nirä uçaýyn, nirä gonaýyn diýseň ygtyýar özüňde. Hökümdaryň ygtyýary bolsa özünde däl, onuň ygtyýary syýasatyň elinde. Syýasat nämäni talap etse, ol şony etmäge mejbur. Sen näme, meni bu ýatan adamlary öz keýpine gyrandyr öýüdýäňmi. Ýok. Maňa galsa biriniň pişiginiň burnunam ganatjak däl. Bu işi etmäge meni syýasat mejbur etdi, syýasat!

Abdyl derwüş bu sapar Soltan sözlerini, ýalan bolsun, çyn bolsun, ýüreginden syzdyryp aýdanyny duýup, oňa bolan öňki garaýşyny biraz üýtgetdi, “senden” “size” geçdi.

-Beýik Soltan, meniň maňlaýyma Siziň bilen duşuşmak, bir ömür ýatdan çykmajak söhbetdeşlik etmek ýazylan ekeni. Men muňa örän şat. Indi ejaza berseňiz, men ýolumy dowam etdiriberäýin. Nesip bolsa, gyş düşmänkä Käbe-Tylla ýetip bararyn.

-Haja, zyýarata barýan diýseňiz-le! Gaty gowy, Ýoluňyz ak, saparyňyz bihatar bolsun!

-Taňryýalkasyn, beýik Soltan. Şanyň dilegi Allanyň ýalkanydyr-diýip, Abdyl derwüş başyny egip, yzyna tesip, çadyrdan çykdy. Onuň yzyndan daşary çykan Soltan depeden aşak düşüp, ulagyna tarap barýan bu täsin adamyň arkasyndan seredip durşuna başyny ýaýkap, ýylgyryp goýdy. Şol wagt iki serkerde bir ýigidi öňüne salyp gelip, Soltandan bäş ädim bärde egninden basyp, dyzyna çökerdiler. Soltan geň galyp:

-Kim bu?-diýip sorady.

-Kyblaýy älem, bu Horezmşanyň ogly Atlyk bolmaly ýesirleriň arasyndan tapdyk.

Soltan ol ýigide synçylyk bilen seredip:

-Sen hakykatdanam Atsyzyň oglymyň?-diýdi.

-Ýurduň raýatlarynyň hemmesi hem adyl patyşanyň ogul-gyzlarydyr.

-Müňlerçe adamy gyrgyna berip, özi gaçyp giden patyşany sen adyl patyşa diýýäňmi?

-Uruşda haýsy-da bolsa bir tarap ýeňilmeli bolýar. Ýeňilen tarap aryny almak maksadynda täze söweşe taýýarlyk görmek üçin başyny gutarmaly bolýar.

Bu gandöküşligiň esasy sebäpkäri hökmünde özüni däl-de, Horezmşany günäkärleýän Soltan Sanjaryň oňa bolan gahary entek köşeşmändi. Urnanyň üstüne durna diýenleri ýaly Atlygyň beren ters jogaby ony gazap atyna mündürdi. Ol Atlyga hyrsyz nazaryny dikip:

-Bu sapar seniň kelläň gider, maňa beren gödek jogabyň üçin. Indiki sapar “täze söweş” diýeniňi edäýse kakaňyň öz kellesi gider-diýdi. Soňra Atlygy getiren serkerdelere garap:

-Alyp gidiň!-diýdi-de, “Kellesini alyň” diýen yşaraty etdi. “Gahar gelende akyl gaçýar” diýenleri ýaly soltan Sanjar Horezmşanyň ogluny ölüme buýuryp örän nädogry iş edendigini gahary gaçyp, akly gelende duýdy. Dünýäniň iň uly beýik döwletini parasatlylyk bilen dolandyrmagy başarsa-da, Atlygy öldürmän girewde saklap, Atsyzy dyzyna çökermek boljakdygyna aklynyň çatmanyna gaty ökündi. Boljak iş bolansoň, müň ökünçden ne peýda? Indi Horezmşanyň onuň iň ganym duşamyna öwrüljekdigi, ogly üçin öç almasa ynjalmajakdygy we munuň üçin hiç zatdan gaýtmajakdygy ikuçsyzdy. Bu zatlary serinden geçiren soltan täji-tagtyndan, goşunyndan aýrylan gaçgak Horezmşanyň elinden näme geler diýen pikirinden hem teselli tapyp bilmedi. Emma şu arada bolan garaşylmadyk bir gyzykly duşuşyk Soltanyň göwnünden ähli ünjüleri kowup, ýerine üýtgeşik bir hoşnutlyk getirdi:

-Kyblaýy älem, ýesirleriň arasynda bir gyz maşgala-da bar eken, ol özüni siziň bilen duşurmagy haýyş edýär-diýip, ýesirlere gözegçilik edýän serkerdeleriň biri soltana habar berdi.

-Gyz maşgala? Urşujylaryň arasyna nädip düşüp ýörkä ol?

-Onuň özü-de urşujy bolmaly, kyblaýy älem.

-Getiriň hany, göreli ol enaýy urşujyny.

Soltanyň huzuryna alyp gelnen erkek geýimindäki gyz adatdakydan hem has egilip tagzym edýärkä gara baganadan tikilen başgaby aşak gaçyp, şar gara saçlary aşaklygyna döküldi. Gyz kaddyny rastlap, saçlaryny ýeňsesine atdy-da, jöwherli nazaryny şahana düşelen sekide oturan soltana dikip dillendi:

-Aly hezret, Sizi rehim-şepagatly hökümdar diýip eşidýäs. Men, bir ejiz gyza, rehimiňiz inip, ýesirlikden boşadaýsaňyz...

Bu görmegeý gyzyň husny-jemalyndan, häreminde gözelleriň az däldigine garamazdan, gözüni aýryp bilmän oturan Soltan:

-Sen özüň kimdigiňi, kimiň gyzydygyňy, nädip bu ýere-söweş meýdanyna düşüp ýöräniňi aýdyp ber, galanyny soň gepleşýäs-diýdi.

Zübeýda özüniň kimdigini, kimiň gyzydygyny, Horezmşanyň eline nähili ýagdaýda düşenini, yslamy kabul edip, Atsyzyň söýgülisi bolanyny we bu ýere söweşe öz islegi bilen gelenini gürrüň berdi.

-Atsyzyň seni söýýäni ýalan ekeni-de, ýogsam seni taşlap gaçmazdy-diýip, Soltan kinaýaly ýylgyrdy. Zübeýda bir hili ahmyrly diýdi.

-Belki şeýledir.. Aly hezret. Siziň maňa rehimiňiz inmezmi...

-Meniň saňa rehimim däl, mähir-muhabbetim inip dur. Häremimdäki ýag iýip, ýüpek geýip ýaşaýan gyzlaryň hatarynda ýaşarsyň.

-Aly hezret, men....

-Gep tamam, Zübeýda!-diýip, soltan gyzyň gepini böldi-de, ony getiren serkerdäni çagyrdy.

-Bu gyzy bibiňiziň goşuna alyp baryň, size keniz getirdik diýiň!

Biçäre Zübeýdanyň soňky nesibesi Soltan Sanjaryň häremine çekäýdimikä?

Soltan Sanjar söweşde gurban bolanlar jaýlanyp, meýdan maslykdan täzelenenden soň baş serkerdä göşüny we ýesirleri sapa duruzmagy buýurdy. Soltanyň aýdyşy ýaly ýesirler leşgeriň gurşawynda sapa duruzyldy.

Soltan çadyryndan çykyp, özüniň gyr bedewine atlandy, ýanynda baş serkerde we baş hajyby bilen üç atly bolup giň meýdany tutup duran sapyň öňüne geldiler.

-Horasanyň batyr bahadyrlary!-diýip, ol ilki öz leşgerine ýüzlendi. Siziň söweş meýdanynda görkezen gaýduwsyzlygyňyz, gahrymançylygyňyz bilen horezminlileriň üstünden ýeňiş gazandyk. Horezmşa bolsa ine bu duran garagözli ýigitlerini taşlap gaçyp gitdi. Soltan soňky sözüni ýesirlerde öz patyşasyna nägilelik döretmek üçin has nygta aýtdy.-Indi Gürgenje tarap ýolumyz açyk, bize garşylyk görkezjek tapylmaz. Gürgenji ýekeje damja gan dökmän alarys. Şol ýerde-de ýeňiş toýuny ederis!

-Eý horezminliler!-diýip, Soltan ýesirlere ýüzlendi. -Siz, biziň ýesirimiz hökmünde özüňize näme jeza beriljegini bilýäňizmi? Ýeňijiniň ýesiri gul edip satmaga-da, öldürmäge-de, günäsini geçmäge-de haky bar. Allatagala geçirimlidir. Bizem Allanyň ýerdäki saýasy hökmünde size geçirimlilik etmekçi. Eger-de, siz bize ak ýürekden gulluk etmäge kasam etseňiz, günäňizi geçip, goşunymyza kabul ederis. Soltan sözüni tamamlandan, häliden gorkup duran ýesirler böwrüni diňläp durman kasam edip, Soltanyň goşunynyň hataryna geçdiler. Şundan soň Gürgenje ýöriş başlandy.

## XIV BAP

“Oýunçy utulanyny bilse ýagşy” diýlenini edip, söweş meýdanyndan garasyny saýlan Horezmşa Atsyz howpsuz ýerde galdyran maşgalasy bilen hazynasyny we olaryň goragyndaky kiçi ogly Hytaýy Hanyň başlyklygyndaky esgerleri alyp, göni Jeýhunyň geçelgesine geldi. Özi bilen gaýdan goragyndaky ýigitler derhal atlaryndan düşüp, gämidir sallaryň ugruna çykdylar. Aňyrdan bäri geçen, bäriden aňry geçjek bolýan saldyr gämileri nobatda duran adamlaryň ellerinden alyp, Horezmşany maşgalasy bilen mündirdiler, soňundan özleri-de münüp, gaýraky kenara geçdiler. Sallaryň yzyna tirkelen atlar gyra çykanlarynda bir silkinip, endamyndaky suwlary syçradyp goýberdiler-de ýene eýeleriniň hyzmatyna taýýar durdy janawerler.

Horezmşa Atsyzyň haly perişandy. Ýatan ýylanyň guýrugyny basyp, zäherini mazaly dadan Atsyz “Özüm etdim özüme, hiç kim ynanmaz sözüme” diýip, içini gepletse-de, eden işine puşmany içine sygman, kellesinde dürli oý-hyýallar bilen Horezminiň gadymky paýtagty Kät şäherine gelip ýetenini-de duýman galdy. Bir wagtlar paýtagt hökmünde dünýäniň dürli ýurtlary bilen söwda we syýasy gatnaşykda bolan, baý bazarly, köp ilatly haýbatly şäher aradan bir

ýarym asyr geçip, ýönekeý bir şähere öwrülipdi. Jeýhunyň tiz-tiz joşup durmagy zerarly golaýynda ýerleşen şähere yzygiderli zyýan ýetirlip, ol öňkisinden has kiçelipdi. Bu kiçi şäheriň göwni giň ilaty, belent adamkärçilikli kethudalary Atsyzyň Soltan Sanjardan ýeňilip bäri gaçyp gaýdanyny çak etseler-de, ony özleriniň hökümdary hökmünde uly hormat bilen garşyladylar, köne köşküň biraz abat saklanan otaglarynda ýerleşdirdiler. Patyşalara edilýän hormat-hezzet hem kemsizz berjaý edilýärdi. Atsyz soltan Sanjaryň derýadan geçip, ony yzarlamajakdygyny, şoňa görä bu ýeriň howpsuzdygyny bilse-de, edilýän hezzet-hormatdan lezzet alanokdy. Ençeme esgeriniň gurban bolany, ýesirleriň arasynda ogly Atlyk bilen Zübeýdanyň galany ýüregine sanjy bolup durdy. Şeýle-de bolsa, ol bütünleý ruhdan düşenokdy, ýüregindäki hyjuw, bilegindäki gujur entek egsilmändi. Soltan Sanjar bilen gaýtadan bir darkaş gurup, Horezmini özbaşdak döwlet etmek maksadyndan el çekmek pikiri ýokdy.

Atsyz Käte gelen gününden bir hepde hiç ýere çykman dynjyny aldy. Onuň teni-bedeni dynç alsa-da, beýnisi dyngysyz işleýärdi. Geljekde etmeli işleriniň rejesini düzýärdi, täze goşun toplamagyň çäresini agtarýardy, başga-da meýilleşdirýän zatlary az däldi. Oňa bu işleri amala aşyrmak üçin ýerli emeldarlaryň obadyr şäher kethudalarynyň ýardamy gerekdi. Şonuň üçin ol şu agzalan adamlary we özi bilen gelen nökerleri maslahata çagyrdy. Köne köşküň öňündäki meýdana ýüze golaý adam toplandy. Güýziň soňky aýy bolansoň derýa boýundaky şähere eýýäm salkyn aralaşypdy. Asmany gara bulutlar örtüpdi. Adamlar ýagyşyň ýuwaşlyk bilen çisňeýänine-de üns bermän, Horezmşanyň gelmegine garaşýardylar. Atsyz köne köşküň garşydaky gapysyndan çykyp geleninde adamlar onuň şalyk mertebesine hormat goýup, baş egip, tagzym etdiler.

-Eziz Watandaşlar!-diýip adamlara ýüzlenen Atsyz, howandaryny gören çaga ýaly damagy dolup sägindi. Ejizlänine utanyp derhal özüni dürsäp, söze başlady. -Ata Watanymyz Horezmin hemmäiz üçin mukaddesdir. Mukaddes zada sarpa goýmak, ony goramak elinden iş gelýän her bir ynsanyň borjudyr. Köp zulumlary başdan geçiren, köp jepalary çeken Horezmin atly şu mukaddes topragyň azatlygy, özbaşdaklygy ugrundaky göreşe bil baglap, Soltan Sanjar bilen söweşe girdik. Bilşiňiz ýaly, bu sapar biziňki şowuna bolmady. Emma bu şowsuzlyk bizi syndyryp bilmez. Sanjar baryp, Gürgenji eýelär. Biziň ýerimize öz dikmesini hem goýar. Ol Gürgençde köp saklanmaz, gider. Emma mälim mukdarda goşun hem goýup gider. Gürgenji gaýtaryp

almagymyz üçin bize-de ýeterlik derejede goşun gerek bolar. Ine şu meselede bize ýardam etseňiz, paýtagty duşmandan gaýtaryp alarys. Şundan soň hem garaşsyzlyk ugrundaky göreşimizi ähli çäreler arkaly dowam etdireris. Garaşsyzlygymyz ugrundaky bu göreşi mukaddes saýýan her bir horezminli oňa özüniň goşandyny goşmagy gerek!

Atsyz şeýle äheňde sözüni dowam etdirip, bu ýere ýygnananlaryň kalbynda watanperwerlik duýgusyny oýarmagy başardy. Emeldarlar, kethudalar yzly-yzyna söz alyp, Horezmşaga goşun toplamaga ýardam etjekdiklerine söz berdiler.

Atsyz maslahatdan soň öz jaýynda agşamara özüne has ýakyn ýigitleriniň altysyny, ogullaryny hajyby bilen kätibini çagyryp, başga bir maslahat etdi:

-Ýigitler!-diýdi, maslahatdaky goldawdan has ruhlanan Atsyz-Nesip bolsa, ýakyn arada paýtagtymyzy duşmandan gaýtaryp alarys. Onsoň Sanjar bilen hem bir ýanly ederis. Häzir bolsa başga bir möhüm iş bar. Gürgençdäki ýagdaýy bilmek üçin ol ýere aňtawçy ibermegimiz gerek. Bolsa-da, bir däl, azyndan üç-dört adam ibermeli. Olar Sanjaryň goýan dikmesiniň özüni alyp barşyny, halkyň ol baradaky pikirini bilmeli. Soltan, hemişeki edişi ýaly, ýesir alan urşujylaryň günäsini geçip, olary öz goşunyna goşan bolmaly. Şazada Atlygy girew hökmünde saklaýandyr. Zübeýdany bolsa häremine alandyr. Alajy bolsa şazadany gaçyrmagyň çäresini görmeli. Iň esasy zat Sanjaryň goşunyna goşulan öz esgerlerimizi biz bärden baranda, biz tarapa geçmäge yrmaly. Ine şu işleri kimler oňarar, kimleri goýbersek bolar?

Ýigitler Horezmşanyň sowalyna jogap gözleýän ýaly biri-birine seredişdiler, nazarlary kaklyşandan gözlerindäki manydan hemmeleriniň pikiri birdigini duýdylar. Alty ýigidiň ekabry Atsyza ýüzlendi:

-Aly hezret, bu işe özüňiziň has ynamdar adamlaryňyzy göýbermeli.

-Hany, kimler bar, şeýle adamlardan?

- Siz bizi özüňize has ýakyn adamlar saýyp, bize ynanyp, maslahat salyp otyrsyňyz. Şeýle bolansoň Siziň has ynamdar adamlaryňyz biz bolýas. Biziň altymyz hem şu işe taýyn.

-Berekella, gerçeklerim, sizden tamam hem şeýledi. Ertiriň özünde mysapyr eşigini geýnip, iki bir, iki bir ýola düşüberiň. Işiňiz oňuna bolsun!

***

Adamlaryny Gürgenje iberen Atsyz olardan habar gelýänçä, goşunyň aladasyny edip başlady. “Soltan dikmesine bäş müňden az

esger goýup gitmez. Çünki ol meniň ir-u-giç paýtagtymy almaga synanyşyk etjegimi bilýär. Şonuň üçin bize-de şonça goşun gerek bolar. Eger-de, Gürgenjiň ilatyny aýaga galdyryp bolsa hem-de Soltanyň leşgerine goşulan özümiziňkiler hem söweş mahaly biz tarapa geçseler ýeňiş şübhesiz biziňki bolar, Sanjaryň dikmesini paýtagtymyzdan kowup çykararys”. Atsyz şeýle oý-arzuwlar bilen gümra bolup otyrka huzuryna ogly Il Arslan girdi. Tagzym edip, başyny galdyranynda kakasy onuň öwzaýyndan bir möhüm habaryň bardygyny aňdy.

-Näme gep, Arslanym, eýgilikmi?

-Zübeýdany getirdiler, huşsuz...

-Huşsuz? Atlyk nä? Ýanynda Atlyk ýokmy?

-Ýok, ýeke özi. Ol derýadan geçen ýerde ýykylypdyr. “Horezmşa” diýipdir-de, huşundan gidipdir. Onsoň derýadan bile geçen adamlar araba salyp, bäri getiripdirler...

Atsyz ogly sözüni gutarmanka-da, gyssanyp, gapa tarap ýöneldi.

-Aly hezret pederim, siz çykmaň, ol ýerde her hili adamlar bar. Men ony öz adamlarymyz bilen huzuryňyza getirerin.

Il Arslan aýdyşy ýaly Zübeýdany ýönekeý tagtyrowanda iki adama göterdip, kakasynyň huzuryna getirdi. Atsyz eli bilen özüniň ýatalgasyna yşarat etdi. Zübeýdany şol ýere ýatyryp, adamlar yzyna basyp, çykyp gitdiler. Ýatalganyň golaýyna baran Atsyzyň gözi huşsuz ýatan gözele düşende ýüregi bir hili jigläp gitdi.

Atsyz Zübeýdanyň ýesirlikden gaçyp gaýdanyny, derýadan hem “Horezmşa” diýip, ony yzarlap geçenini çak edýärdi. Ol uzak ýollarda paýy-pyýada görgi baryny görüp, ýöreninden özüni soltana äşgär edeninde onuň husny-jemalyny gören Sanjar ony eliniň aýasynda saklardy. Ol muny bilse-de, ony, Atsyzy diýip, özüni beýle jebri-jepalara giriftar edipdir. Atsyz päk ýürekli bu sähraýy gyzyň wepadarlygyny, özüni çyn ýürekden söýýädigini şu pursatda bütin durky bilen duýdy.

-Zübeýda, gözüňi aç, aýym, gözüňi aç!-diýip, Atsyz bu sözi üç gezek gaýtalanynda Zübeýdanyň gulagyna yzygider giren tanyş, mähirli owazdan gözleri açyldy. Ýatalganyň gyrasynda özüniň ýüzüne delminip oturan Atsyzy gören gara gözlere ýaş indi. Ol:

-Amanmysyňyz, şahym?-diýip, mejalsyz dillendi-de, ýene gözüni ýumdy.

-Zübeýda, Atlykdan habaryň ýokmy? Ol gaçyp bilmedimi?

Zübeýda kellesini çalaja ýaýkady. Ol ýene huşuny ýitirdi, gulagyna gep girmedi. Atsyz “Zübeýdam, mähribanym, saňa näme boldy, gözüňi,

aç, aýym” diýip, gyzyň ýüzi-gözünden ogşaberesi geldi. Emma şu ýerde duran, ýigit çykan oglundan çekinip, beýdip bilmedi. Ol:

-Arslanym-diýip, ogluna ýüzlendi. -Sen häzir git-de, şäher häkimini tap, ol şäherdäki iň ökde tebipleriň birini tapyp bersin. Ony özüň bilen bile alyp gel!

Il Arslan baş egip, çykyp gitdi. Şundan soň Atsyz hem içerde galmaga takaty ýetmän daşary çykdy. Ol Il Arslan tebibi alyp gelýänçä üç-dört gezek içeri girip, Zübeýda seredip çykdy. Atsyz üçin wagt geçmeýärdi. Göwnüne Il Arslanyň gidenine köp wagt bolan ýalydy, sabyr käsesi dolup barýardy. Her-nä, şol wagt Il Arslan paýtunda bir moýsepit kişini alyp geldi. Çuw ak sakgaly döşüne düşüp duran, orta boýly , hortap bu adam Atsyzyň patyşadygyndan habarly bolsa-da, tagzym etmän, elleşip görüşdi. Tebibiň bolşuny Atsyz ýokuş görmedi. Çünki onuň özi hem tebip ýaly, täji-tagtsyz patyşadan patyşa bolýamy, diýen pikirdedi. Il Arslan kakasyna ýüzlenip:

-Hezretim, bu kişini iň ökde tebip diýip, tapyp berdiler-diýdi.

-Juda beýle-de däl, how. Ökdelik hezreti Ibn Sina bilen gitdi-diýip, tebip kiçi göwünlilik bilen dillendi. Soňra: -Bimaryňyzy göreýin, Allanyň eradasy bilen bizden şypa tapsa tapaýar-diýdi. Atsyz:

-Möwlana, bar umydymyz sizden, gaýrat ediň. Men siziň sylagyňyzy ýetirerin-diýip özelendi. Tebibiň dodaklary kinaýaly müňküldedi. Ýöne sözüni kinaýaly äheňde aýtmady:

-Biz bimarlary bejerenimizde sylag üçin däl, tebiplik borjumyzy ýerine ýetirýäris.

Atsyz ýerliksiz söz aýdany üçin gyzardy:

-Uzur, tagsyz, bagyşlaň.

-Zyýany ýok, Aly hezret. Zaman şeýle, bermeli, bermeseň işiň bitmeýär. Ýöne bu zat bize dahylly däl. Bimaryňyzy görkeziň.

Tebibi içeri alyp girdiler. Tebip beýhuş ýatan gyzyň ýatalgasynyň gyrasyna baryp oturyp, onuň ýüzüne bir salym dykkatly seretdi. Soňra gabaklaryny galdyryp gördi, eňeginden tutup, aşak çekdi, agzy açylmady, goşaryndan tutup, damaryny barlady. Soňunda garnyna elini ýetirip, basyp sypap gördü-de, uludan demini alyp, ýerinden turdy:

-Aly hezret, bu gyza Allanyň özi şypa bermese, meniň etjek alajym ýok-diýdi.

-Näme üçin, tagsyz? Bejerip bolmaýan näme derdi bar?

-Özüne gaty zor salyp hereket etmegiň netijesinde içdäki damarlaryň biri ýarylyp, köp gan gidipdir. Akan ganam içinde gatap galypdyr. Häzir damarlaryndaky galan gan diriligi uzak saklap bilmeýär.

-Onda nätmeli, tagsyr, hiç alaç edip bolanokmy?

-Allanyň edenine boýun bolmaly, Aly hezret. Başga alaç ýok.

-Hiç bolmasa, ony az salym bolsa-da, huşuna getirip bolanokmy? Meniň ondan sorajak zatlarym bar.

Tebip bir salym pikirlenip, soň jogap berdi:

-Bu mümkin. Ýöne şundan soň ol gözüni ebedi ýumar.

Atsyz entegem Zübeýdanyň ölümine boýun bolanokdy. Kalbynyň bir ýerinde br kiçijik umyt bardy. Tebibiň "gözüni ebedi ýumar" diýeni ony tisgindirip goýberdi. Ol indi ebedi aýralygyň gutulgysyzdygyna göz ýetirdi. Ol:

-Tagsyr, barybir gidýän bolsa, huşuna getiräýiň, men onuň bilen hoşlaşaýyn-diýdi. Tebip:

-Onda on sany ýassyk getirdiň-diýdi. Atsyz tebibiň gepini geň görüp:

-Ýassyk? Ýassyk diýdiňizmi, tagsyr-diýip sorady. Tebip:

-Hawa, ýassyk diýdim-diýdi. Soňundan maksadyny düşündirdi.-Bimary huşuna getirmek üçin beýnisine gan akar ýaly kellesini aşak, göwresini ýokary edip ýatyrmaly.

Ýassyklaryň näme üçin gerekdigi düşnükli bolansoň, olar derhal getirildi. Tebip Il arslanyň kömegi bilen ýassyklaryň birini gyzyň kellesiniň aşagyna ikisini ýagyrnysyna, üçüsini biline, dördüsini-de baldyrynyň astyna goýup ýatyrdy. Soňra donunyň goltuk kisesinden bir çüýşejik çykaryp, Atsyzyň eline berdi.:

-Gepleşjek bolsaňyz ýüzüňizi ýüzüne ýakynrak edip oturyň, soň çüýşäniň dykynyny açyp, burnuna tutuň, gözüni açandan çüýşäni aýryň-da gepleşiberiň.

Atsyz daşyndan bildirmese-de, içinden uly tolgunma bilen tebibiň aýdanlaryny etdi. Bir mahal Zübeýdanyň uzyn kirpikli gabaklary göterilip, gara gözleri öçügsi ýyldyrady, ýöne ýene ýumuldy.

-Zübeýda, gözüňi aç, gözüňi aç, aýym, iki agyz gepleşeli. -Atsyzyň özelenip aýdan sözleriniň täsiri bilen ýumulan gözler gaýta açyldy.

-Şahym, men ölýän, size uzak ýaş bersin...

-Ölýän diýme, Zübeýda. Alla saňa-da şypa berer, inşalla. Meni diňle sowallaryma jogap berjek bol. Sen gaçypsyň, Atlyk näme gaçyp bilmedimi?

-Ýok. Ony tanap biziň aramyzdan alyp gitdiler. Meni Soltan aýalynyň goşuna iberdi, keniz diýip. Eltenlerinde aýaly "maňa däl, özüne gerekdir. Gyz-gyrnakdan doýman geçdi ol garry öküz" diýip hüňňürdedi. Soňra kenizlerine "Munuň üstündäkileri sypyryp,

geýindiriň. Şu gün bolmasa, ertir agşam çagyrar çadyryna muny” diýdi. Bu gep gaçmak niýetimi has gaýrata galdyrdy. Şol gün gije ýarydan aganda gaçdym. Bir ýolagçynyň Siziň derýadan geçip gidenligiňizi aýdany biz ýesirleriňem gulagyna degipdi. Derýadan geçsem sizi tapjagyma ynanyp, güýjümiň ýetdiginden ylgadym... Zübeýdanyň mejalsyz owazy birden kesildi, gözleri ýene ýumuldy. Atsyz howsala düşüp, özelendi:

-Zübeýda ezizim, gözüňi aç, aç! Zübeýda, gözüňi aç, aýym!

Atsyzyň zaryn sesi Zübeýdanyň gabaklaryny galdyran badyna Atsyz:

-Zübeýda, Atlyk hakynda soň hiç zat eşitmediňmi?-diýdi. Zübeýda Atsyzyň ýüzüne sessiz seretdi. Atsyz onuň bilýän zadyny aýdasy gelmeýänini aňdy.

-Zübeýda, menden gizleme, aýt! Atlyga näme boldy? Aýt, aýym!

-Alyp gidenlerinden soň, ol ýesirleriň arasyna gaýdyp gelmedi... Belki, başga ýerde saklaýandyrlar.

Zübeýda Atsyzyň ýüregini beter ýaralamagy islemän, Atlyk hakynda eşidenini aýtmady. Atsyz muny duýup, ýene gaýtalap soranynda Zübeýda gepi başga ýana sowdy.

-Şahym, siziň bilen jennetde duşuşarmykam, men yslamy kabul etdim ahyryn..- Bu Zübeýdanyň soňky sözi boldy.

Atsyz Zübeýdanyň ebedi ýumulan gözlerine seredip oturşyna özüniň kimdigini unutdy, iki elini ýüzüne tutup, birden möňňürip goýberdi. Il Arslan şeýle edermen, batyr, mert pederiniň ýüreginiň beýle ýukadygyna haýran galdy. Ogullaryň häsiýeti atalaryňka hemişe-de meňzäp duranok. Il Arslan özüniň ýuka ýüreklikden daşda bolan häsiýetine görä pikir ýöredýärdi. Atsyzyň agysy bolsa, diňe ýuka ýüreklilikden däldi, yzly-yzyna urlan zarbalaryň hasraty bir merdiň ýüregine sygardan has uludy. Şonuň üçin Zübeýdanyň ölümi itergi berip ol partlady. Köpi gören goja tebip muňa düşünipdi.

Zübeýdany musulmançylygyň däp-dessurlary boýunça jaýladylar. Biçäre gyzyň ykbaly Soltan Sanjaryň haremine däl-de, Horezminiň gadymy paýtagty Kätiň gabyrystanyna çeken ekeni.

Atsyzyň kalbyny Zübeýdanyň ölüminden hem onuň aýtman giden zady beter örteýärdi. Çünki, beýle ýagdaýda pajyganyň bellisini bilmän çekilen hasrat, bellisini bilip çeken hasratdan hem ýaman bolýar. Emma, Atsyz ýüreginde näçe hasraty bolsa-da, gam-gussa batyp, oturýan adamlardan däldi. Ol ýüregine düwen işini her niçik ýagdaýda-da, amala aşyrmaga çalyşýan, maksadyna okgunlydy. Zübeýdanyň getirilmegi we

onuň ölümi zerarly arasy kesilen Gürgenje ediljek ýörüş baradaky hyýaly täzeden hyjuwlandy. Ol öz ýany bilen alyp gaýdan hazynasynyň ýetdiginden hakyna tutma goşun toplamak üçin ogullaryny, hajybyny we başga-da özüniň ynamdar adamlaryny şäherdir oba kethudalarynyň ýanyna iberip, olaryň kömegi bilen goşun gullugyna girjekleriň sanawyny düzmegi tabşyrdy. Şunda kätip Reşiteddin Watwat Atsyza ýüzlenip:

-Aly hezret, ejaza berseňiz bu möhüm işe menem gatnaşaýyn. Hat-galam işine ýagny esgerlige girjekleriň sanawyny ýazmaga kömekleşeýin-diýdi.

-Ýok, jenap Reşiteddin, bu azyndan bir aýa çeker. Şu wagtda siz meniň ýanymda boluň, Meniň häzirki ruhyýetimiň dartgynly ýagdaýynda siziň şygyrlaryňyzdan köňlüm bir-az teselli tapar.

-Bu başagaýlykda şygyr hem ýada düşenok, Aly hezret.

-Bilýän. Siz maňa köne şygyrlaryňyzdan okap berseňiz hem bolýar.

Hakykatdan-da, Reşiteddin Watwatyň inçe duýgulara, pelsepeli pikirlere ýugrulan şygyrlary Atsyzyň ýangynly ýüregine biraz aram berýärdi. Şol arada Gürgenje giden alty aňtawçynyň biri dolanyp geldi. Gidenler iki aýyň dowamynda Gürgençde assyrynlyk bilen iş alyp baryp, ähli gerekli maglumaty toplanlaryndan soň ony Horezmşaga ýetirmek üçin birini yzyna gönderdiler. Galan bäşisi bolsa ilatyň we goşunyň arasynda teşwikat* alyp barmak üçin galypdylar.

Atsyz Gürgençden habar getiren ýigidi sabyrsyzlyk bilen kabul etdi. Oňa Atlyk hakynda beren ilkinji sowalyna ol:

-Aly hezret, şazadanyň ykbalyna şehitlik ýazylan eken. Ony Sanjar katyl etdiripdir-diýip, başyny aşak egip, jogap berdi.

-Ah! Muny Zübeýda aýtmasa-da, özüm syzypdym-diýip, Atsyz ah çekenini özü-de duýman galdy. Ara agyr dymyşlyk düşdi. Atsyzyň ýüregine gaýtadan çöken oglunyň hasraty durup-durup gazaba öwrüldi. “Sanjar! Zalym Sanjar! Senden oglumyň öjüni alaryn! Hemmesi üçin arymy alaryn! Kelläm göwrämde dursa seniň bilen hasaplaşaryn!” Kellesinde at salýan bu sessiz haýkyryk gözlerinden ot syçradyp goýberdi. Ar almak pikiri ony birneme köşeşdirdi. Bir salymdan soň ol habar getiren ýigidiň gürrüňini diňlemäge durdy.

***

Gürrüňiň mazmunyna görä Soltan Sanjar Gürgenje, eýesiz öýe giren ýaly hiç bir garşylyksyz girip barypdyr. Şäheriň kethudalary ilata aman dileýärler, käbir köşk emeldarlary oňa ak ýürekden gulluk

etjekdiklerine kasam edip, öňki işlerinde goýmagy towakga edýärler. Soltan Sanjar kethudalaryň hem, emeldarlaryň hem haýyşlaryny kanagatlandyryp, köşgüň öňündäki meýdanda toplanan adamlaryň öňünde, at üstünde nutuk sözleýär.

-Muhterem jemagat! Allahym şaýat-biz Horezmine hiç haçan basyp alyjynyň gözi bilen seretmedik. Horezmini öz penahymyzda üstünden guş uçurman geldik. Jaýy jennet Horezmşa Kutbeddin Muhammet (Allanyň oňa rähnetleri bolsun) bilen diňe dost däl, dogan kimin gatnaşdyk. Onuň wepatyndan soň ogly Atsyzy öz permanymyz bilen Horezmşa belledik. Oňa on ýyllap söweş tälimini, döwleti dolandyrmak tärlerini öwretdik. Emma Atsyz soňky döwürde özüne täji-tagty kimiň hedýe edenini, kimiň arkasyndan Horezmşa bolanyny unutdy, hökümdarlyk mertebesini göterip bilmedi, öz howandaryna, ussadyna dönüklik etdi. Ol bizden birugsat, ýurduň daşyndaky ilaty çapdy, Mangyşlak bilen Jendi feth edip, bigünä musulmanlaryň ganyny dökdi. Biz onuň bu eden işlerini ýazgaryp, ötünç soramagyny duýduranymyzda, ötünç soramagyň ýerine biziň wekiliýetimiziň adamlarynyň mal-mülküni musadara[18] edip, baş wekilimizi katyl etdiripdir. Mundan başgada Horasana gidilýän ýoly bekledip, ýolagçylara azar berilmegine ýol beripdir. Derýanyň geçelgesindäki işgärleri bolsa geçelgä gelen adamlary talamak bilen meşgullanypdyrlar. Hat-da, olaryň maşgalalaryna göz dikilen ýagdaýlar hem bolupdyr. Hany oýlanyp görüň, jemaga, şu gabahat işler musulmançylyga sygýamy?! Musulmançylyk beýle-de dursun, adamçylyga-da sygmaýar! Ine, şonuň üçin biz Horezmine ýörüş etmäge mejbur bolduk. Indi bu ýurdy adalatly dolandyrmak gerek. Şu maksatda biz Atsyzyň taşlap gaçyp giden tagtyna öz ýegenimiz Süleýman şahy makul gördük. Mundan beýläk ähli Horezmin oňa itagat[19]etmelidir.

Soltan Sanjar sözüne dyngy berip, sözüniň nähili täsir edenini bilmek üçin jemagata göz aýlaýar. Hiç kimden seda çykmaýar hemmeleriň başy aşakdy. Ol sözüni dowam etdirýär:

-Kethudalar, emeldarlar! Men size ýüzlenýän, biz siziň haýyşlaryňyzy kabul etdik. Indi siz hem biziň käbir talaplarymyzy berjaý etmeli bolarsyňyz. Horezminiň gazaply gyşy golaýlap gelýär. Biz gyşyň iki aýyny şu ýerde geçirmekçi. Şu iki aýyň içinde biz täze hökümdaryňyza ýurtda tertip düzgüni, käbir döwlet işlerini ýola goýmakda kömekleşeris, onuň wezirlerini, hajyplaryny, atabegini

[18] Musadara-elinden almak

[19] Itagat- boýun egmek

belläris. Siz hem şu iki aýyň dowamynda biziň leşgerimizi azyk, odun-çöp, beýleki gerek zatlar bilen üpjün etmeli bolarsyňyz. Türkmende myhmanyň atyna, özüne tä gidýänçä hezzet-hormat edilýändir.

Soltan sözüni soňlanynda öň hatarda duran kethudalar, emeldarlar iki aýyň dowamynda bu agyr leşgeri azyk, atlaryny ot-iým, çadyrlaryny odun-çöp bilen üpjün etmek ilata gaty agyr düşjegini bilselerde soltanyň talabynyň sözsüz ýerine ýetiriljekdigine söz berýärler. Başga alaç hem ýokdy.

Şundan soň Soltan wezir-wekilleri bilen köşge tarap ýönelýär. Köşge gelip, ýerleşenden soň, onuň ilkinji eden işi häli Atsyzy günäläp sözlän sözünden doly Fath-nama[20] ýazdyryp, ony ähli tabynlygyndaky döwletlere gönderýär. Şol sanda onuň bir nusgasyny täze hökümdara itagat etmek hakyndaky permana goşup, Käte hem iberýär.

***

Gürgençden çapar gelip gideninden Atsyzyň habary bardy. Soltan Sanjar hem Atsyzyň ýitirim bolup gitmän, şol töwereklerde bardygyndan bihabar däldi. Belki, şonuň üçin, ol Gürgençde iki aýdan hem gowrak wagt saklanandyr. Bu iki aý Atsyz üçin iki asyra barabar boldy. Adam bagtyýarlyk günlerinde wagtyň nähili geçýänini bilmeýän bolsa bagtsyzlykda adama wagtyň özi geçmän azap berýär. Emma adamyň duýgularyndan daşarda tebigatyň kanuny esasynda geçmişden geljege tarap birsydyrgyn akýan wagtyň sabyrsyzlyk bilen garaşylan pursady hem geldi. Ony Soltan Sanjar ýurdyna ugranyndan Gürgençde galan bäş ýigit getirdi.

-Aly hezret, inşalla, ähli işler siziň göwnüňizdäki ýaly bolar-diýip ýigitleriň ekabyry Atsyzy begendiren gürrüňine başlady:

-Sanjaryň goýup giden üç müňe golaý leşgeriniň üçden biri ýesirlikden soltanyň goşunyna geçen özümiziň öňki esgerlerimiz. Olar eger söweş bolaýsa biz tarapa geçmäge söz berdiler. Gürgenjiň ilaty bolsa Siz bärden bardygyňyz Süleýman şahyň garşysyna aýaga galar. Çünki şu iki aýyň içinde iki gezek salgyt salyp, ilatyň gazabyny bokurdagyna getiripdir. Şonuň üçin köp goşun hem gerek däl bolsa gerek.

-Sanawyňyz näçeräk boldy?-diýip Atsyz Il Arslana seretdi.

-Häzire çenli ýazylanlar üç müň töweregi, ýene-de ýazyljaklar köp.

-Onda, şu ýeterlik, iküç günüň içinde ýazylanlary toplap, goşuny düzüň. Ýörüşe başlaýas!-diýen Atsyz ýüreginde birden peýda bolan hyjuwyň badyna ýerinden turup gitdi. Ol otagyň içini bir aýlanyp,

[20] Feth-nama-ýeňiş haty

eýýäm ýerlerinden turup duran ogullarynyň, ýigitleriň öňünde saklandy-da: “Tizleşiň!” diýdi. Otagda ýeke galan Atsyz bir uludan demini alyp:

-Eý Alla!-diýip, seslenenini özü-de duýman galdy. Ýüreginden atylyp çykan şu bir agyz sözde ýüreginiň jümmüşinde ýatan hasratyň hem, armanyň hem, namysyň hem, aryň hem şu wagt döränhyjuwyň hem äheňi bardy.

## XV BAP

Atsyz üç müňe golaý urşujydan ybarat goşun bilen gelip, Gürgenji gabady. Wagt gijäniň ýaryndan agypdy. Galanyň ýokarsynda her ýerde ýanyp duran çomlaryň ýagtysynda seýregiräk esgerleriň sudury görünýärdi.

-Aly hezret, galanyň depesine kemanlardan peýkam ýagdyralymy?-diýip, goşuna baş serkerde edip bellenen öz goragynyň başlygy bolan Kemaleddin Aýuphan Horemşaga ýüzlendi.

Aýuphan käte häzirkisi ýaly birneme gyzmalyk edýän häsiýeti bar diýmeseň, harby işden başy çykýan, parasatly hem-de ezber adamdy. Şonuň üçin hem ony Atsyz Kätde toplanan goşuna baş serkerde belläp, Mukaddam unwanyny beripdi. Atsyz şäheri, alajy bolsa, uruşsyz, gan dökmän almak niýetindedi. Ol:

-Ýok, gerek däl-diýdi. Belki, depedäkiler horasanlylar däldir, öz adamlarymyzdyr. Daň atýança leşger dynjyny alybersin. Daň atandan soň olar bilen habarlaşarys. Goşunymyzy görerler, ýagdaýy Süleýman şaha ýetirerler. Onsoň olar arkaly Süleýman bilen gepleşip göreris. Ol ýaman adam däl, meseläni parahatçylyk ýoly bilen çözsek has gowy.

Atsyzyň bu gepi bir salymda goşunyň içine ýaýrady. Gylyç ýalaňaçlap, jeňe girmäge gelen ýigitleriň käbirleriniň lapykeç boldy, janyndan howp edip geleneleri bolsa birneme ýürekleri düşüşdi.

Atsyzyň Süleýman şahy ýaman adam däl diýeniniň sebäbi bardy. Ol Horasanda soltan Sanjaryň gullugynda bolan ýyllary Süleýman şah bilen aralary gowudy. Käte-käte awa-şikäre soltandan rugsat alyp, bile giderdiler, käte, (ýigitçilik) göwünaçar ýerlere-de bile barardylar. Ine şeýle duz-çörek iýişip ýören dostlary bu gün pelegiň gerdişi garşydaşlara öwürdi.

Daň tilki guýruk bolandan çalnan surnaýyň sesi esgerleri oýaryp, atlaryna atlandyrdy, galanyň depesindäkileri bolsa howsalaly herekete girizdi. Aşakdaky leşgere gözleri düşenden köşge habar iberdiler.

Atsyz sag ýanynda, at üstündäki baş serkerdä ýüzlenip:

-Indi olara aýtjagyňy aýt!-diýdi. Baş serkerde iki elini agzyna kernaý edip:

-Eý, Allanyň bendeleri! Ýurduň hakyky eýesi, Horezminiň täji-tagtynyň sahyby Al Mälik Jelaletdin Atsyz Horezmşa hezretleri geldi. Derwezäni açyň! Derweze ýagşylyk bilen açylsa, hiç kime hiç hili zyýan ýetirilmez. Horezmşa hezretleri gan döküşlik etmän, parahatçylyk ýoluny isleýär!-diýip, bokurdagyna sygdygyndan seslendi. Baş serkerdäniň sisi depedäkilere anyk ýetip barsa-da, jogap bolmady. Ikinji sapar, eger derweze ýagşylykça açylmasa, güýç ulanyljakdygy, goragçylaryň hem gylyçdan geçiriljekdigi baradaky baş serkerdäniň çasly sesi depä ýetenden soň, goragçylaryň başlygy bolsa gerek, ýogyn göwreli biri galanyň gyrasyna gelip:

-Derwezäni açmaga biziň hakymyz ýok. Horezmşanyň parahatçylyk isleýäni çyny bolsa, biraz sabyr ediň. Köşge habar iberildi. Siziň bilen gepleşjek adamlar geler!-diýip, sesiniň ýetdiginden gygyrdy. Emma köp garaşyldy. Sabyr käsesi dolan Atsyz derwezä hüjüm etmäge buýruk berjek mahaly galanyň depesinde bir topar geýnüwli adamlar peýda boldy. Ona golaý bu adamlaryň öňünde zerbap donly, başy tylla jygaly ýigit bardy. Atsyz onuň Süleýman şahdygyny görenden tanady. Ol goşundan on ädim çemesi öňe saýlandyda, atyny kişňedip, çarpaýa galdyrdy.

-A how, Atsyz jenaplary, beýdip, bizi gorkuzjak bolmaň! Biziň atlarymyz hem çarpaýa galyp bilýär-diýip, Süleýman şah kinaýaly gygyrdy. Atsyz gödek hereket edenine birneme utansa-da, jogabyny nagt etdi:

-Onda, çarpaýa galyp bilýän atlaryňyzy münüp, söweş meýdanyna geliň!

-Jenap Atsyz, biz siziň bilen köne dostlar hökmünde ilki salam-alek edip, soň gepleşsek bolmazmy?

-Eger, salam-alek etmekçi bolsaňyz, derwezäni açyň. Men siziň bilen köne dostlugymyzyň hatyrasyna gujaklaşyp görüşmäge-de, ak ýol arzuwlap, ýurduňyza ugradyp goýbermäge-de taýyn.

-Hoş niýetli arzuwlaryňyz üçin sag boluň, Jelaletdin Atsyz jenaplary! Ýöne beýik soltanymyz meni siz gelýänçäňiz Gürgenjiň köşgüne garawul edip, goýup gidenok. Ol maňa Horezmini ykta hökmünde hedýe etdi. Indi bu ýurduň eýesi-de, hökümdary-da men.

-Süleýman, sen bir hakykata düşün. Horezmin seniň däl, meniň Watanym. Meniň göbek ganym daman ýer meniň üçin mukaddesdir. Men ony hiç kime bermen! Eger ýagşylyk bilen çykyp gitmeseň, läşiň şu

ýerde galar. Söweşip bizi ýeňjek gümanyň ýok. Goşunyň ýarysy horezminliler, olar söweş bolsa, biz tarapa geçer. Mundan başga-da, bizden yşarat boldugy şäheriň ilaty aýaga galar. Şonuň üçin ojagaz horasanlylaryň hem ganyny dökmän, ýagşylyk bilen ýurduňa git!

-Atsyz, sen hem bir zada düşün. Eger söweşde üstün çykyp, meni öldürseň ýa-da aýdyşyň ýaly men çykyp gitsem, nirä barýan? Elbetde, Merwe. Al onsoň, Soltan üstüňe ýene goşun çekip gelmezmi? Geçen söweş saňa sapak bolmadymy? On müň esgeriň gyryldy. Olaryň gany seniň boýnuňda. Özüň zordan gaçyp gutuldyň. Indiki boljak söweşde gaçyp gutulyp hem bilmersiň. Ol sapar ogluň Atlygyň kellesi giden bolsa, indikide öz kelläň gider. Şonuň üçin meniň gidenimden özüňiň gideniň gowy bolar. Pikirlenip gör!

Atsyz oglunyň ady tutulanda titräp gitdi. Gazaby gaýnap, gözlerinden ot syçyrady. Bir peýkam bilen Süleýman şahy ýere ýazasy geldi. Emma gepleşik mahaly muny etse namartlyk boljagyny endişe edip, pälinden gaýtdy. Ol Süleýman şahyň soňky gepine pitiwa etmedik ýaly bolsa-da, bu meseläni Gürgenje ýörüşiniň öň ýanynda oýlanyp görüpdi we munuň Süleýman şahyň aýdyşy ýaly bolmajagyna ynam hasyl edipdi. Bu ynam soltan Sanjaryň ýanynda on ýyllap bolanynda onuň häsiýetleriniň hemme tarapyna: adyllygyna, zalymlygyna hem, geçirimliligine, şepagatsyzlygyna hem, danalygyna, kütekligine hem, aýratyn-da bir işi etjek bolanynda ony ýedi ölçäp, bir kesýändigine hem belet bolany üçin döräpdi.

Atsyzyň ynamy esassyz däldi. Çünki Soltan Sanjaryň Horezmine goşun çekip gelmegi diňe Atsyzy eden etmişleri üçin jezalamak däldi, şunuň bilen birlikde onuň goşunyny derbi-dagyn edip tabynlygyndaky beýleki döwletlere-de göz etmekçidi, edipdi hem. Indi bolsa Atsyz Süleýman şahy zyýan-zähmetsiz kowup, özüniň kanuny tagtyny eýelese, Sanjaryň munuň üçin Horezmine ýene-de goşun çekmejegi bellidi. Çünki ol Atsyzyň ir-u-giç ýurduna eýe çykjagyny bilýärdi.

-Süleýman, maňa “pikirlenip gör” diýeniňi meniň pikirlenip görmegim gerek däl, meniň saňa aýdanymy seniň pikirlenip görmegim gerek - diýip, Atsyz soňky iki sözüni has batly aýtdy.

Süleýman şah Atsyza jogap bermezden öň arkasyna öwrülip, yzynda duran adamlary bilen bir salym maslahat etdi. Ol Atsyzyň daşardaky goşunyna garanda-da, içerdäki ilatdan howp edýärdi. Şäheriň içinde at-ýaragly adamlaryň gaty kändigini eşidipdi. Eger olar aýaga galsa halynyň gaty teň boljagyny bilýärdi. Şonda-da, ol aňsatlyk bilen ýan berjek däldi:

-Atsyz, köne dostlugymyzyň haky, men ýene bir gezek duýdurýaryn. Bäş gün tagtda oturjak diýip, özüňi aždarhanyň agzyna oklama. Soltanyň gazaby ýamandyr.

Muňa Atasyzyň jogaby taýyndy.

-Süleýman, menem saňa dostlarça duýdurýaryn. Özüňe-de, öýläne çenli puryja berýärin, goş-golamyňy, ýygnap, islän derwezäňden çykyp git. Eger şu aýdylan möhletde çykyp gitmeseň, onda sen özüňi aždarhanyň agzyna oklaýarsyň. Bu meniň soňky sözüm!

Süleýman şah ýagşydan-ýamandan hiç zat aýtman, yzyna öwrüldi-de adamlary bilen ötägitdi. Ol gidenden depedäki elleri ýaragly esgerler hem zym-zyýat boldy. Munuň sebäbi salym geçmän mälim boldy. Galanyň içinden “Ýok bolsun seljuklar!” diýen gykylyklar eşidilip başlady. Atsyzyň geleninden habar tapan Gürgenjiň ilatynyň aýaga galyp ugranyny gören Süleýman şah aşak düşüp, güýçli gorag bilen köşge tarap ýelk ýasady. Bir mahal adamlaryň şatlykly gykylygy astynda derweze hem laňňa açyldy. Ondan sil kimin akyp çykan adamlar “Ýaşasyn Horezmşa hezretleri!” “Ýaşasyn Aly hezretimiz!” diýip, gygyryşyp, şatlanýardylar. Sap-sap bolup duran leşgeriň öňünde atynyň jylawyndan çekip duran Horezmşanyň garşysyna gelip aýak çeken jemende ilki oňa baş egip, tagzym etdi. Soňra:

-Märhäba! Hezreti alylary, märhäbo![1]-diýişip ýol açdylar. Şu demde Atsyzyň bar aladasy soltan Sanjaryň gazabyna ýene-de duçar bolmazlyk üçin Süleýman şaha zeper ýetirmezlikdi. Atsyz adamlaryň ortasyndan açylan ýol bilen leşgeriň öňüni çekip, şähere girdi. Derwezeden tä köşgüň golaýyna barýança köçeleriň iki ýan tarapyny dolduryp duran mähelläniň “Märhäbo, Aly hezret, märhäbo!”, “Ýaşasyn Horezmşa hezretleri!” diýen şatlykly owazlary asmana çykýardy.

Köşge ses ýetim aralykda Atsyz atynyň başyny çekdi. Köşgi iki müňe golaý atly esger gylyç ýalaňaçlap, gorap durdy.

Atsyz rejäniň düzüw däldigini duýup, goragçylara ýüzlenip seslendi.

-Eý gardaşlar! Gylyçlaryňyzy gynyňyza salyň. Biz siziň bilen uruşmaga gelmedik, sizi sag-aman ýurduňyza ak ýol arzuwlap, ugratmaga geldik.

Atsyzyň ýüzlenmesi netije bermedi. Gylyçlar gynyna salynmady, gepine jogap beren hem bolmady. Atsyz ikinji sapar has gaty seslendi:

-Eý, horasanlylar! Men Horezmşa Atsyz, size şa hökmünde ýüzlendim. Näme, maňa ynanaňyzokmy? Patyşalaryň agzyndan çykan

söze Alla şaýatdyr. Onda ikilik bolmaz. Siz atyňyzdan düşüp, aýbagdaş gurup otursaňyz hem golaýyňyza hiç kim barmaz.

Atsyzyň şu sözünden soň esgerleriň serkerdesi biraz öňe saýlanyp, jogap berdi.

-Muhterem Horezmşa hezretleri! Esgerlerimiz gylyçlaryny gynyna siziň sözüňiz bilen däl, meniň buýrugym bilen salarlar. Menem beýle buýruk bermedim. Sebäbi bize goragda gylyçlaryňyzy ýalaňaçlap, jeňe taýýar bolup duruň diýip buýruldy.

Bu sapar Atsyzyň sesi has gaharly çykdy:

-Men Süleýman şaha biziň uruşmak niýetimiziň ýokdugyny aýdypdym, ahyryn! Ýene näme, size jeňe taýýar bolup duruň diýýär-kä? Eger jeň etmeli bolsa, meniň arkamda siziňkä garanda iki esse köp leşger dur. Mundan başga-da, jeň başlansa, şäher ilatyndan bäş-alty müň at-ýaragly adamlar häzir bolar. Onsoň ýekejäňiz hem aman galmarsyňyz. Baryňyzyň läşiňiz şu ýerde seriler. Eger şu gandökuşlik bolmasyn diýseňiz, häziriň özünde şäherden çykyp gitmegiňiz gerek. Bar, meniň şu sözlerimi Süleýman şaha aýt!

Horezmşanyň sözi serkerdä mazaly täsir eden bolmaly, ol sessiz-üýnsüz atyndan düşüp, julawyny bir nökere berdi-de, çalt-çalt ýöräp, köşge girip gitdi. Köp garaşmaly bolmady. Bir käse çaý içer salymdan ýanynda bir adam bilen goragçylaryň öňünde peýda boldy. Onuň ýanyndaky adam:

-Essalawmaleýkim, Horezmşa hezretleri! Men atabeg Ärdeşir ibn Omar-diýip, mylaýymsyrap özüni tanyşdyrdy. -Süleýman şah hezretleri hem parahatçylyk ýoluny saýlady. Şonuň üçin bize ýol harajadymyzy tutmaga iki gün puryja bermegiňizi soraýar.

-Ýol harajadyňyzy ýol ugruna obalardan alyp gidiberiň. Puluňyz bardyr, ilata iki gezek salgyt salyp alypsyňyz-a.

-Salgydyň puluny soltanymyz leşgerine paýlap berdi. Bizde birazrak galan gaçany bolaýmasa...

-Eý atabeg! Galan-gaçanyňy bilemok, ilatdan zat alsaňyz, diňe satyn almaly. Eger talaňçylyk etseňiz, yzyňyzdan kowgy ibererin, ýetip külüňizi göge sowurarlar. Häzir bolsa köşgi boşadyň! Gep tamam!

Soňky iki sözden soň atabeg başga-da aýtjak zatlaryny aýdyp bilmän, yzyna öwrülip, köşge girip gitdi.

***

Özüňden zora sataşsaň, zoruň talabyny berjaý etmeli bolýar. Süleýman şah hem zahyr güýjüň öňünde bu ýazylmadyk düzgüne boýun egmeli boldy. Atsyz bolsa şol günüň özünde kowlan horasanlylardan

boşan köşgüne dabara bilen girip ýerleşdi. Ol köşge gireninde ilkinji eden işi-tagtyny maňlaýyna sylyp, togap etdi. Eger şu ýerde danyşmentleriň biri bolanda onuň bu işini şeýtana sežde etmek bilen deňärdi. Çünki dünýädäki iň biwepa zatlaryň biri bolan tagt toýlarda pälwanlary göreşdirmek üçin goýlan baýrak kimin ortada goýlan, özüne çekiji jadyly zat bolup, ony almak üçin ýönekeý göreş däl, ganly göreşler häli-şindi dowam edýärdi.

Hernä, bu sapar onuň üçin gylyç ýalaňaçlap, ganly göreşe girmek gerek bolmady. Oňa derek ötgür söz ulanyldy. Netijede "Gylyç bilen alyp bolmaýan galany söz bilen alsa bolýar" diýen pähim hakykata öwrüldi. Emma munuň bilen Atsyzyň köňli karar tapanokdy. Hazaräspiň meýdanynda gurban bolan müňlerçe esgeri, ogly Atlyk, söýgülisi Zübeýda zerarly ýüregindäki ýangynyny nädip söndürjegini, nädip ar aljagyny oýlanyp örtenýärdi. Bu onuň häsiýetine hem täsir edip, öňküsine garanda gyzmarak, gaharjaňrak bolupdy. Emma köşge girilen gününiň ertesi irden gelen Süleýman şahyň hyzmatynda bolan özüniň öňki emeldarlaryny kabul edeninde gazaba öwrülen gaharyny biraz basyp bildi:

"Ýaşamak islegi adamy her zada mejbur edýär-ow. "Dyza çöküp ýaşandan dik durup ölen ýagşy" diýmek her kesiň elinden gelmeýär" diýip, içini gepleden Atsyz garşysynda baş egip duran öňki köşk emeldarlaryny bir-bir synlaýarka:

-Ýeri, jenaplar, näme diýip geldiňiz? Siziň Süleýman şaha kasam edip, onuň hyzmatyna gireniňizden Horezmşanyň habary ýokdur, diýip geldiňizmi?-diýdi. Horezmşanyň gazabyndan gorkman gelen emeldarlaryň hem bir arkaýynçylyklarynyň bardygy olaryň baştutany mühtasibiň[21] sözünden mälim boldy:

-Ýok, Aly hezret, siziň hemme zatdan habaryňyz bardygyny bilýäris. Biziň Süleýman şahyň hyzmatynda däl-de, Horezmin döwletiniň hyzmatynda bolanymyzdan, halkyň bähbidini arap, iş ýerimizde galanymyzdan habaryňyz bardyr diýip, sizden hoşallyk tama edip geldik.

Gürgenjiň muhtäsibi Osman hojanyň jogaby Atsyzy bir salym dymdyrdy.

Bu dymyşlygyň soňunda Horezmşanyň başyny iküç gezek atany muhtäsibiň gepiniň bir tarapdan hakdygyny boýun alanlygynyň alamatydy. Horezmşanyň biraz ýumşanyny aňan Reşiteddin Watwat degişmä salyp:

[21] Mühtasip-bazarlaryň üstünden serediji emeldar

Halkyň bähbidini aran muhtäsip,
Öz gamyn hem iýen, edenden nesip-

-diýip, hakykatyň ikinji tarapyny hem aýdyp goýberdi. Muny Atsyzyň özi hem bilýärdi. Emma döwlet düzüminiň dargan häzirki ýagdaýynda bu emeldarlary öz wezipelerinde galdyrmaly boldy.

Indi gaçyp giden Abul Muzaffar an Nyşapurynyň ýerine oňa bir dana, wepaly wezir gerekdi. Şeýle wezir edinäýse döwlet düzümindäki kemis-käsleri düzetmegi, gündelik işleri ýöretmägi oňa tabşyryp, özi göwnündäki harby ýörüşlere taýýarlyk bilen meşgullanmakçydy. Onuň bütin oý-hyýaly soltan Sanjardan köýüp ýatan aryny almakdy. Emma häzir onuň bilen darkaşa girmäge mümkinçiliginiň ýokdygy içini ýakýardy. Içini sowatmagyň, häzirlikçe, bir ýoly onuň tabynlygyndaky ýerlere ýörüş edip, basyp almakdy. Şeýdip onuň hem içini ýakyp, degnasyna degjekdi.

Horezmşadan hoşallyk tama edip gelen emeledarlar eden tamalary çykmasa-da, iş ýerlerinde galanlaryna Hudaýa şükür edip, bir çetde durdylar.Olardan soñ Atsyzy täji-tagtyny duşmandan gaýtaryp alanlygy bilen mübäreklemek üçin gelen Gürgenjiñ mähelleleriniñ kethudalarynyñ arasynda Şeýhulyslam başlyklaýyn ulamalar, şahyrlar alymlar, Kazy-kelan we Sanjar bilen bolan söweşde Atsyzyň özünden soň garasyny saýlap, başyny gutaran emirleriň üçüsi bardy. Horezmşa olar bilen aýratyn görüşip soraşdy. Şonda olaryň emir Täjeddin Syddyk diýilýäni:

-Aly hezret, Allanyň halanydyr-da, bu söweşde bize ýeňiş nesip etmedi. Emma bize nesip etjek ýeňişlerimiz öňdedir diýip ynanýaryn-diýdi. Sakgal-murtuna ýek-tük ak aralan bu salyhatly adamyň sözleri Atsyzyň göwnüni göterdi. Ol emiriň elini mäkäm gysyp, minnetdarlygyny bildirdi. Şeýhulyslama bir gezek gözi kakylyşan Atsyz oňa başga seretmezlige çalyşdy. Çünki onuň nazarynda "Meniň pendimi alman, näme peýda etdiň?" diýen igenç bardy.

Atsyz öňki döwri bolanda beýle gutlaglary saz-söhbetli meýlis gurap, şonda kabul ederdi. Şu pursatda, ýüregi ýangynly şanyň köňlüne meýlisem, saz hem syganokdy. Şonuň üçin ol bu gelenleri tagt eýwanynda kabul edip, gutlaglary üçin minnetdarlyk bildirdi we pursatdan peýdalanyp, wezirli mesele barada olara sala saldy. Kethudalar, ulamalar biri-birine seredişip, bir salym pikir alyşdylar. Soňra gelen pikirleri barada Şeýhulyslam dil ýardy.

-Aly hezret, siziň gözleýän zadyňyz eliňiziň aşagynda-diýeninden Atsyz soňuny aýtdyrman ýüzüni aldy:

-Tagsyr, men zat gözlämok, dana, tedbirkär[22] adam gözleýän!

-Uzur, Aly hezret. Ýöne adam hem Allanyň ýaradan zadydyr-diýdi-de, ol başga geplemedi. Atsyz gödeklik edenine içinden ökünse-de, daşyndan bildirmedi. Ol:

-Jenaplar, häzir meniň aýlawly geplere takatym ýok. Bir pikiriňiz bolsa göni aýdyň-diýdi. Sözüniň äheňinde bolsa gödeklik edenine ökünýäni duýulýardy. Şonyň üçin Şehulyslam sözüniň soňuny aýtdy:

-Aly hezret, biziň size teklip etmekçi kişimiz hemişe ýanyňyzdaky, häzirem gapdalyňyzda oturan hajybyňyz Jenap Ymam Majdeddin ibn Muhammet. Biziň bilşimizçe danalykda, tedbirkärlikde ol kişiniň öňüne çykjak ýokdur.

Bu teklibi hemmeler bir agyzdan makulladylar. Özi hakdaky gürrüňe jogap hökmünde bir elini gursagyna goýup oturan hajyba göz aýlan Horezmşa bu pikiriň şu çaka çenli öz kellesine gelmänine haýran galdy. Ol Ymam Mejdeddin, hakykatdan hem wezirlige mynasyp adam diýen karara gelip, Ymam Mejdeddiniň özüne ýüzlendi:

-Jenap Ymam Mejdeddin, indi söz size. Siz näme diýersiňiz. Ymam Mejdeddin ýerinden turup, ilki Horezmşaga tagzym etdi. Soňra özüne göz dikip, ünsli oturan adamlara ýüzlendi:

-Muhterem jenaplar, meni şeýle belent mertebä laýyk görüp, teklip edeniňiz üçin size, siziň teklibiňizi kabul edip, maňa şeýle uly ynam bildiren Horezmşa hezretlerine minnetdarlygym bihasapdyr. Emma örän ýiti zehin, ötgür akyl we danyşmentligi talap edýän bu belent wezipäni oňaryp bilmän, menem öňki wezir Abu Muzaffar kibi gaçyp gidäýmesem ýagşy diýip gorkýaryn. Şonuň üçin, Aly hezret, sizden haýyşym biraz sabyr etseňiz, maňa garanda has dana, has zehinli, has tedbirkär adam tapylardy. Meni bolsa şu hajyplyk wezipämde goýsaňyz size başym bilen ýöräp hyzmat ederin.

Patyşanyň makullan teklibini hajybyň ret etmegi köpçüligi geň galdyran bolsa Atsyzyň gaharyny getirdi. Ol:

-Jenap Ymam Mejdeddin!-diýdi gahar gatyşykly ses bilen gepledi -

-Hajybyň wezipesi weziriň wezipesine garanda has ýeňil we hezil. Siz şu hezilligi goýup, kyn işe baş goşasyňyz gelmeýär, şeýle gerek?! Hakykatdan-da, weziriň wezipesi aňsat däl, kyn. Hökümdaryň işi ondanam kyn. Emma beýik işler aňsatlyk bilen edilmeýär. Biziň maksadymyz, ýolumyz beýiklige tarap. Eziz Watanymyz Horezmini beýiklige çykarmaly. Horezmin ady äleme dolan beýik, Garaşsyz ýurt bolmaly. Bu beýik maksada öz döwrümizde biz ýetip bilmesek, bizden

[22] Tedbirkär-ähli ugurdan başy çykýan, işjeň, oýlap tapyjy

soňky nesillerimiziň ýetmegi üçin biz bu beýikligiň binýadyny gurup bermegimiz gerek. Ýüreginde Watana söýgüsi bolan her bir adam şu maksada gulluk etmelidir!

Horezmşa sözüne dyngy berip, sözüniň hajyba nähili täsir edendigini bilmek üçin oňa ýiti nazaryny dikdi.

-Aly hezret, men weziriňiz has dana, danyşment bolsa ýurda peýdasy köp deger diýjek boldum...

-Siz ýurduň peýdasyny däl, öz peýdaňyzy alada edýäňiz, ýogsa sizde danalygam, danyşmentligem ýok däl. Indi gepi köpeldip oturmaly. Şu günden başlap siz hajyp däl, büzrük wezir-diýip, Atsyz kätip Reşiteddin Watwata seretdi-de -Jenap Ymam Mejdeddin ibn Muhammedi weziri büzrük edip bellemek hakyndaky permany taýýarlaň-diýdi. Soňra ýene Ymam Mejdeddine garap, - Işi oňarmadym diýip, gaçyp gitmekçi bolsaňyz, daşa gidip bilmersiňiz, üç agajyň aşagyna bararsyňyz. Bu meniň hökümdarlyk sözüm...

Ymam Mejdeddin Horezmşanyň sözüniň soňunda dar agajyny diline getirenine gorkmasa-da, bir hili degnasyna degilen ýaly boldy. Ýöne Atsyzyň bolup geçen pajygalar zerarly ruhy dünýäsiniň juda dartgynlydygyny bileni üçin ondan kine etmedi. Ol sag elini gursagyna goýup, edep bilen dillendi:

-Muhterem Horezmşa hezretleri, hökümdarlaryň emri wajypdyr, oňa boýun bolmak her bir raýatyň borjudyr. Menem siziň raýatyňyz hem-de weziriňiz hökmünde Horezmin döwletini siziň aýdan beýikligiňize çykarmak üçin özümiň mynasyp goşandymy goşaryn, inşalla.

Atsyzyň häliden bäri gamaşyp duran ýüzi açyldy, gözlerinde hoşallyk alamaty peýda boldy. Ol başyny atyp:

-Teşekkür, weziri büzrük! Işiňizde rowaçlyklar arzuwlaýaryn-diýdi. Horezmşanyň arzuwyna hemmeler goşulyp, täze weziri belent mertebe bilen mübäreklediler. Adamlar dargaşandan soň şa bilen wezir ikiçäk galyp, döwlete dahylly meseleleri maslahatlaşdylar. Soňunda Atsyz özüniň esasy maksady bolan harby ýörüşlere taýýarlyk işini öz üstüne alyp, gündelik döwlet işlerini weziriň boýnuna atdy.

## XVI BAP

Dargan harby ulgamy dikeltmek Atsyza aňsat düşmedi. Harby meseleler bilen meşgullanýan öňki gurama-Diwan al ard ýokdy. Diňe onuň Gürgenji almak üçin çekip gelen üç müň esgeri bardy. Uly ýörüşler etmek üçin bolsa uly goşun gerekdi, uly goşun toplamak üçin uly pul gerekdi. Hazynada bolsa beýle pul ýokdy. Süleýman şaha iki gezek

salgyt tölän ilata üçünji gezek salgyt salmak ynsapdan däldi. Puly başga çeşmeden tapmalydy. Pul tapylyp, işjeň, hal adamlardan ybarat Diwan al ard dikeldilse goşun toplamakda ygtybarly daýanç boljakdy. Şonuň üçin ilki bilen Diwan al arda ýolbaşçylyk edip biljek ygtybarly sahyp diwan tapmalydy. Bu meseleler boýunça Atsyz bir kelleden iki kelle ýagşy diýip, baş serkerde Kemaletdin Aýuphana maslahat saldy. Serkerde bugdaýreňk ýüzüne gelşik berip duran gara gytyk sakgalyny sypap, bir salym dymdy. Ol Gürgençde doglup öseni we synçylygy üçin şäheri, onuň ilatyny Horezmşanyň özünden hem gowy bilýärdi. Şoňa görä ol şanyň göwnünden turjak jogaby berip biljekdi:

-Aly hezret, pul meselesinde ilata salgyt salmagy nämakul görseňiz, başga bir ýoly bar. Gürgençde meniň bilenimden müňe golaý tüçjar baýlar bar, puly şolardan karzyna alarys. Olaryň köpleri karzyna däl, şeýle hem bererler.

-Rast pikir aýtdyň, jenap mukaddam. Bu pikir meniň hem kelläme gelipdi. Ýöne baýlaryň köpüsi şeýle hem bererler diýeniň nädogry. Pukara berse berer, baýlar zorluk görmese bermez. Öz raýatymyza zorluk etmek biziň adalat ýörelgämize dogry gelmeýär. Karzyna beribersinler-diýip, Atsyz biraz sägindi-de:

-Diwan al arda ýolbaşçy hakynda näme pikiriňiz bar?-diýdi.

-Aly hezret, Diwan al arda emir Täjeddin Syddygy sahyp belleseňiz ol işi aňryýany bilen oňarar, işgärlerini hem özi saýlap-seçip alar.

-Makul. Bu meselede hem ikimiziň pikirimiz bir ýerden çykdy. Emir Täjeddini sahyp diwan al ard edip belleýäs-diýen Horezmşa serkerdesiniň parasatly adamdygyna içinden begendi.

***

Horezmşa bilen  baş serkerdäniň bu gysga maslahatyndan soň bir hepdäniň içinde Diwan al ard dikeldilip, baýlardan kanuny suratda karzyna alnan puluň hasabyna töwerekdäki türki taýpalardan, ilatyň öz içinden hakyna tutma esgerler alnyp başlandy. Bu işde sahyp diwan al ard emir Täjeddin Syddyk öz işgärleri bilen, baş serkerde Kemaletdin Aýuphan öz serkerdeleri bilen işjeňlik görkezip, gysga wagtyň içinde ýigirmi müňe golaý at-ýaragly, on müňem pyýadadan ybarat goşun toplamagy başardylar. Şol bir wagtyň özünde hünärmen ussalar galalara zabt edende ulanylýan Manjanak, dabbabat, mataris, jamalukat we salalym ýaly äpet gurallaryň zatlaryny baran ýerinde gurnalýan edip taýýarlap berdiler. Bu taýýarlyga garanda Horezmşa has uly galalary zabt etmek niýetinde ýalydy. Munuň şeýledigi tiz arada mälim boldy. Ol,

eýle-beýle däl, soltan Sanjaryň tabynlygyndaky ady älemde meşhur Buhara ýörüş etmegiň hyýalyna mündi. Atsyz öňden gelýän däbe görä harby ýörüşleriň öň ýanynda çagyrylýan mäşwereti hem çagyrmady, özüniň wezir-wekilleri we goşun başlyklary bilen kiçiräk maslahat geçirdi-de, ýörüşe atlandy. Munuň sebäbi düşnüklidi. Ol öňki saparlardaky ýaly uly maslahat çagyryp, köpçülige sala salsa, oňa ýene-de garşy çykjaklaryň bolmagy mümkindi. Şonuň üçin ol hiç kime sala salman, tizräk ýüregine düwen ýörüşi amala aşyrmakçydy. Munuň bilen ol soltan Sanjaryň degnasyna degip, biraz bolsa-da, içini sowatmakçydy hem-de özbaşdaklyga bil baglanyny görkezmekçidi.

Horezmşany myradyna ýetirjek agyr goşly goşun güýzüň salkyn howasynda Buharany nazarlap ýola düşdi. Öňde suwarylar*, yzda gala diwarlaryny ýumurýan äpet gurallaryň zatlary we azyk, iým ardylan alty tigirli düýe goşulan arabalar bilen pyýada goşun ýeri sarsdyryp barýardy. Goşunyndan göwni hoş Atsyz atyny öz maýdalyna goýberip, hyýal derýasynda ýüzüp barýardy: “Bu dünýäde hemme zadyň hasap-hesibi bolmaly. Hasaply dünýä diýip ýöne ýere aýdylmandyr. Biriniň ary birinde köýmeli däldir. Eger köýdürse ary köýeniň özi namyssyz biheppedir. Men arymy köýdürmen. Söýgüli perzendim Atlygyň bir jany üçin Sanjaryň janyny müň gezek alaryn” diýip içini gepledip barýan Atsyz Buharany Horezmşanyň basyp alandygy hakyndaky habaryň soltan Sanjara nähili täsir etjegini göz öňüne getirmäge çalyşýardy. Ol göz öňüne getiren zatlaryny amala aşyrmak üçin nazarlan menziline tizräk ýetmäge näçeler howlugsa-da, atlaryň, pyýadalaryň ganaty ýoklugy sebäpli uzak ýoly ýakyn etmegiň mümkinçiligi hem ýokdy. Bir ýagşysy, onuň uçgur ganatly hyýal aty bardy. Ol şol hyýal atyna atlanyp, islän ýerine göz açyp ýumasy salymda baryp, islän işini edip bilýärdi. “Dag başy dumansyz bolmaz, är başy hyýalsyz” diýenleri dek ol dürli hyýallara gümra bolup, menzile ýetenini hem duýman galdy. Şeýlelikde, 534-nji hijriniň güýzünde Horezmşanyň goşuny Buharany gabady.

Buharanyň soltan Sanjar tarapyndan goýlan walysy Zäňgi ibn Aly Horezmşanyň öz üstüne goşun çekip gelýänini birje gün öňünden bilip galdy. Ol gudratly soltanyň tabynlygyndaky şäheriň üstüne goşun çekip gelmäge hiç kim milt edip bilmez diýip pikir edýärdi. Bolsa-da, ýaňy ýakynda soltan Sanjaryň zarbasyna uçran Horezmşanyň bu işe neneň het edenine haýran galýardy. Haýran galsa-da galmasa-da, indi onuň goranmak çärelerini görmekden özge alajy ýokdy. Ol galanyň depesine bar güýjüni çykardy. Okýaýçylar, daş atyjylar hüjüm başlansa garşy herekete şaý bolup durdylar. Bulardan başga-da, uly demir gaplarda gara

ýaglary we oňa batyryp, otlap duşmanyň üstüne oklanýan zatlar hem ýokary çykaryldy. Depedäkiler “degmedige degme” diýlenini edip, horezminlileriň hüjümine garaşýardylar. Horezmşa bolsa walynyň wekilleriniň aman diläp gelmegine garaşýardy. Emma wekillere derek ak kagyz dolanan bir peýkam Atsyzyň atynyň aýagynyň golaýyna gelip, ýere sanjyldy. Horezmşanyň yşaraty bilen kätip Reşiteddin Watwat atyndan böküp düşüdi-de, peýkamy çekip alyp, oňa dolanan kagyzy Atsyzyň eline berdi. Atsyz kagyzy açyp, ondaky ýazga göz gezdirýärkä gaharyna ýüzi gara bagyra döndi, gözlerinden gazap uçgunlary syçrady. Horezmşany beýle dergazap eden ýazgynyň mazmuny şeýledi: “Eý, özüni Horezmşa atlandyryp ýören Mälik şanyň gulunyň neberesi, sen juda hetdiňden aşanyňy bileňokmy?! Men soltanymyza seniň goşun çekip gelýäniň hakynda habar iberdim. Ol tiz arada ýetip geler. Eger janyň gerek bolsa, yzyňa tirkäp gelen bendeleriň ganyna galmajak bolsaň, gelen yzyňy tozan basmazdan yzyňa dolan! Buharanyň walysy emir Zäňgi ibn Aly”

Horezmşa: “Men seniň emir bolsaň emiňi bererin” diýip, elinde titräp duran kagyzy dört epläp, goltuk kisesine saldy-da, hüjüme taýýarlyk görmäge buýruk berdi. Oňa görä muhandisler, ussalar zabt ediji gurallary gysga wagtyň içinde gurnap, hüjüme taýýar etdiler. Şol bada-da, goşunyň ýörite bölümi ol sülsatlary öňe sürüp, hüjüme başlady: Manjalykçylar ýol ugruna ýygnap gaýdan äpet daşlaryny gala diwarynyň bellenen ýerini nazarlap atsalar, matarysçylar we jamalukçylar güýçli urgy bilen diwary bir çetden opurýardylar. Salalamçy bölümiň urşujylary bolsa, salalam-merdiwanlaryny gala diwaryna diräp, ýokary dyşrmaşýardylar. Hüjüm başlanandan ýokardakylar hem garşy herekete geçip, duşamnyň üstüne peýkamlary, kelle ýaly daşlary ýagdyryp ugradylar, munuň üstesine gara ýagyň ýanýan ysyny kükedip, alawly tokgalary inderýärdiler. Togalanyp gelýän otlaryň kä birleri zabt gurallarynyň üstüne düşüp, ýanyp başlanyndan haýdan-haý öçürýärdiler. Merdiwanlardan ýokary dyrmaşyp barýanlary ot degeni merdiwan bilen bile aşak gaýyp gaýdýardy. Emma bir merdiwanyň ýerine ikisi dikeldilip, hüjüm has hyjuwly gidýärdi

Gykuw, zenzele asmana çykyp, söweş barha gyzýardy. Bu aldym-berdimli jeň aram-aram arakesme bilen bir hepdä golaý dowam etdi. Şol arada zabt gurallarynyň ezberlik bilen işledilmeginiň netijesinde gala diwarynyň uly bir bölegi ýykylyp, geçelge emele geldi. Ondan ilki pyýadalar geçip atly goşun üçin derwezäni açdylar. Şähere eňen leşger köçelere ýaýrap, ilata talaň salyp ugrady.

Şähere leşgerden soň girip, goragyndaky iküç ýüz atlynyň öňünde köşge tarap barýan Horezmşanyň birinji maksady peýkama dolap, iberen haty üçin waly Zäňgi ibn Aly bilen haklaşmakdy. Emma köşgiň öňündäki meýdanda duran ak sakgally, ak geýnüwli ulamalara gözi düşende kalbynda öç ody biraz peselen dek boldy. Atsyz olara golaýrak baryp, atynyň başyny çekdi. Emma atdan düşmedi. Onuň öňüne ulamalaryň özleri gelip, çalarak baş egdiler. Sap bolup duran ulamalaryň içinden has salyhatly, eli gymmat bahaly hasaly biri Horezmşaga göni bakyp ýüzlendi:

-Muhterem Ala-ad-din Abul Müzäffär Atsyz Horezmşa hezretleri, Men Buharaýy şarifiň Şeýhulyslamy Bahaweddin Usman ibn Omar Buharydyrmen. Biz şu şähri azymyň ulamalary bolup, sizden etjek birinji towakgamyz: ilata aman beriň we talaňy bes etdiriň!

Şeýhulyslamyň buýruk äheňindäki ýüzlenmesine Atsyzyň myrryhy atlandy we jogaby-da şoňa laýyk boldy:

-Muhterem jenaplar, eger siz ilata aman dilejek bolsaňyz, galadan daşarda, uruşdan öň dilemeli ekeniňiz. Ine şonda, uruş hem bolmazdy, gan hem dökülmezdi. Indi, siz aýtmasaňyzam dynç ilatyň ýekejesine-de, tyg çekilmez. Talaň diýeniňiz bolsa erte-indin bes ediler. Alys ýoluň tanabyny çekip gelen leşger yzyna boş gaýtsa bolmaz, ahryn. Ulamalar ýüzlerine urlan ýaly bolup, biri-birine “bu nähili boldy?” diýen manyda seredişdiler. Atsyz olary mylaýymlyk bilen ýene-de çüýledi:

-Jenaplar, birinji towakgaňyzyň jogaby sizi kanagatlandyrmandygyny bilýän. Nätjek, ýagdaý şeýle. Indi ikinji towakgaňyz bolsa, ony-da aýdyberiň.

Horezmşanyň kinaýasy beýlekilere degmese-de, hökümdarlar bilen dogry durup sözleşip öwrenen Şeýhulyslama gatyrak degdi. Ol arkasynda dil ýetirilmez dini-yslam duransoň gorkman, Horezmşaga dik gepledi:

-Muhterem Horezmşa hezretleri, indi sizden etjek towakgamyz ýok. Ýöne jogap berseňiz bir sowalymyz bar.

-Aýdyň sowalyňyzy, diňleýän.

-Sowalymyz şeýle: Bütin musulman äleminde “Buhara kuwwaty yslamy din-ast” diýip tanalýan bu mukaddes şäherden näme almaly kasdyňyz bar, näme maksatda geldiňiz?

Atsyz Şeýhulyslamyň özüne beýle gödek äheňde sowal bermäge milt edenine içinden dergazap bolan bolsa-da, din wekiline çäre görüp bilmejegi üçin gaharyny daşyna çykarman, ajy ýylgyrdy:

-Tagsyz, siz meniň näme maksatda gelenimi öz gözüňiz bilen görüp dursyňyz. Kast meselesine gelsek, harby ýörüşler, adatda kast almak üçin däl, ýurt almak üçin edilýär. Ýöne bizi bijaý sözler bilen garşy alany üçin walyňyz bilen haklaşmaly bolýas. Ol köşgüň haýsy burçynda gizlenip ýatan bolsa-da, ony taparys.

Şeýhulyslam sowalyna laýyk jogap alanyndan soň, hökmürowan kişi bilen mundan artyk dikleşmegiň howplydygyny duýup, hörpünden düşdi. Ol:

-Aly hezret, waly köşkde ýok. Biz hem ony ol ýerden tapmadyk. Tapan bolsak ony-da siziň öňüňize alyp çykyp uzur soratmakçydyk. Atsyz Şeýhulyslamyň "uzur soratmakçydyk" diýeninden peýkamda iberilen hatdan bu selleli kelleleriň hem habary bardygyny aňdy. "Ah, bu akja selleleri aşagyndaky gara kellelerden azat edäýmeli weli, düzgüne dogry gelenokda" diýip, içini gepleden Atsyz:

-Jenaplar! Biz köşge geçmekçi, eger atlaryň aýagynyň aşagynda galmajak bolsaňyz, ýoldan aýrylyň!-diýdi. Bu gödek buýruk olaryň peýkamda iberilen hata dahyllydygynyň jogabydy.

Ulamalar Horezmşanyň gazaba münenini görüp, derhal bir gyra çekildiler. Atlylar hasyrdaşyp olaryň deňinden geçip gitdiler. Horezmşa köşgüň girelgesiniň öňüne ýetip, atynyň başyny yzyna öwürdi. Ol:

-Ýigitler!-diýip, nökerlerine ýüzlendi.-Buharany aldyk. Indi, onuň köşgüniň içini bir barlap göreli, kim bar, kim ýok. Ýöne içerde, kim bilýä, gireniň kellesini almaga gylyç ýalaňaçlap duranlar bolaýmagy hem ahmal. Şonuň üçin bizem ätiýajy elden bermän gylyç ýalaňaçlap gireli. Hol ýüzbaşynyň ýigitleri atlara seredip galsyn, başgaňyz meniň bilen ýörüň!

Horezmşa atyndan düşüp, gylyjyny gynyndan sogranyndan iki ýüze golaý nökerler onuň göreldesine eýerip köşge eňdiler. Bir sagada golaý wagtyň içinde nökerler köşgüň ähli otaglaryny häremhanadyr, aşhanalaryny, hammamlaryna çenli barlap çykdylar. Hemme ýer kimsesiz bom-boşdy. Ýöne köşgüň bagyna aýlanan nökerler ol ýerden orta ýaşlaryndaky köseleç bir adamy tapyp, Horezmşanyň ýanyna getirdiler. Bu wagt Atsyz tagt eýwanynda hajyplary bilen diwarlardaky altyn çaýylan islimi nagyşlary synlap ýördi. Ol tutup getirlen adama boýdan-başa göz aýlap:

-Sen kim?-diýdi. Ol adam:

-Maňa beýle sorag berýäniň kimdigini bilsem, dogry jogap bererin-diýdi. Atsyz bu adamyň gep uruşyna täsin galyp, ýylgyrdy:

-Men Horezmşa Atsyz. Indi, dogry jogap berjekmi?

Horezmşa adyny eşiden ol adam iki epilip tagzym etdi.

-Uzur, Aly hezret. Men sizi tanamandyryn. Men şu köşgüň bagynyň bagbanydyryn . Ismi şeribim Çakyr Çakany.

-Üýtgeşik adyň bar eken, Çakany. Şahyrana tagallusa meňzeş.

-Dogry meňzetdiňiz, Aly hezret. Bu bendäniň aram-aram şygryýet bossanyna girip çykýan adaty hem bar.

-Hä, şahyrçylykdan hem habarym bar, diýsen-e

-Buharaýy şerifde şahyrçylykdan habary ýok adamyň özi ýok, Aly hezret. Bazardaky restelerde söwda edip oturan bakgallaryň bary gazalhan. Eger gazalyny diňlejek adam bolsa bir kadak halwamy, nabatmy berip, okap berýärler.

Atsyz bagbanyň gepine hahaýlap gülüp goýberdi, soňra:

-Hany, onda şahyr Çakany, bir gazal okap berseň, senden hiç zat talap etmän, mugtuna diňläli-diýdi.

-Aly hezret, meniň gazallarym diňe parsyda. Düşünseňiz okaýyn.

-Sen näme, Horezmşa Atsyzyň parsyda-da, türkide-de, şygyrlar ýazýanyny, arapçany-da suwara bilýänini eşitmänmidiň?-diýip, Atsyz degişme äheňinde aýtsa-da, munuň hakykatdygyny aňan bagban:-Uzur, Aly hezret, uzur. Täçdar kişileriň arasynda siz kimin talyby ylymlar seýrek. Beýik soltan diýýänimiz Sanjar hezretleri hem hat-sowatdan daşda diýip eşidýäris. Şeýle bolansoň siziň hem edebiýat, dil ýaly zatlar bilen meşgullanmaga wagtyňyz ýokdur öýdüpdim diýdi..

-Seniň soltan Sanjaryň bisowatdygyny eşidip, Horezmşanyň onuň tersidigini eşitmändigiň gaty geň.

-Aly hezret, beýik adamlaryň feziletlerine garanda kemçilikleri tiz we giň ýaýraýar. Munuň geňliginiň sebäbi şudur.

-Bu gepiň dogry, şahyr Çakany. Ýöne näme üçin sen gazallaryňy diňe parsyda ýazýarsyň, sözleýşiň-ä türki, ýa milletiň parsmy?

-Ýok, Aly hezret. Aslym türki kowmdan. Gazallarymy parsyda ýazýanymyň sebäbi parsy şygryýet dili, türki dil şygryýete kän bir gelenok.

-Bu gepiň ýalan şahyr. Diňle:

Läli lebiň balyndan dadan kişi beýhuşdyr,<br>Soňra huşa gelenden perwazy[23] belent guşdyr.

Hany şy bendi parsyga öwrüp gör, şunuň ýaly sazlaşykly äheň berermikä? Her diliň öz gözelligi bar, şahyr.

-Uzur, Aly hezret, uzur...

---

[23] Perwaz-uçuş

-Sen “uzurdan” başga söz bilmeýän bolsaň bu mowzugy goýaly. Indi möhüm işlerden gepleşeli. Sen şu köşkde köpden bäri işleýän bolsaň bilýänsiň, waly Zäňgi ibn Aly diýenleri nähili adam?!

-Aly hezret, siziň bu sowalyňyza jogap bermezden öň sizem meniň bir soragyma jogap berseňiz, onsoň men onuň nähili adamdygyny aýdaýyn.

-Be, täsin-täsin gürrüň edýäň, şahyr. Hany, ber soragyňy.

-Aly hezret, siz köşk emeldarlaryňyz bilen ýygnak edip, söz sözläp duranyňyzda birini üsgülewik tutup, üsgürse näderdiňiz?

-Men ol üsgürip bolýança garaşardym, soň dowam ederdim sözümi.

-Waly ibn Aly beýitmedi. Ýakynda bir ýygnagynda meni üsgülewük bogup, dört-bäş gezek üsgürdm. Ol şol watyň özünde “meniň gepimi böldüň” diýip, ýalaňaç tenime näçe üsgüren bolsam şonça gamçy urdurdy. Ine şundan biliberiň onuň nähili adamdygyny.

-Bäh! Şeýle adam diýsene. Gysynma şahyr, ondan seniňem aryňy alarys. Indi, ony tapmaly. Nirede gizlenip ýatyrka?

-Aly hezret, onuň kuhandizden başga barara ýeri ýok. Ol ähli emeldarlary, häremi bilen şol ýerde bolmaly.

-Ä-hä! Özümem şeýle pikir edipdim-diýip Atsyz baş serkerde Aýuphana ýüzlendi - zabt ediji sülsatlary kuhandyza tarap sürüň, diwarlaryny kül-peýekun ediň! Erte özüm hem bararyn. Aýuphan ellerini gursagyna goýup, baş egdi-de, şanyň şahsy hyzmatyndaky we goragyndaky nökerlerden başga egserleri hem alyp köşkden çykdy.

-Şahyr, senem bagyňa baraý. Şu töwerekde bolsaň entek duşuşarys-diýip, Atsyz bagbana jogap berip goýberdi. Horezmşa kuhandizi iküç gün bäri alyp bolmajagyny çaklap, biraz dynç almak üçin nedimleri we nökerleri bilen köşkde galdy. Agşama golaý harç-harajatlar getirilip, köşgiň aşhanasyndaky gazanlar ataryldy.

***

Horezmşanyň buýrugy bilen kuhandize öýle başlanan hüjüm agşama çenli dowam etdi. Hüjümiň garşysyna hiç hili gaýtawul berilmese-de, manjalyklardan atylan daşlaryň diwaryň az-owlak ýerlerini gädenini diýmeseň, başga bitirlen uly bir iş bolmady. Öňdenem ýadaw hüjümçiler şu ýerde-kuhandiziň öňündäki meýdanda şamlyk edinip, şu ýerde-de ýatdylar. Daň atyp, esgerler ýaňy örüp başlan mahaly goragyndaky atlylary bilen Atsyzyň peýda bolmagy hemmeleri aýaga galdyrdy. Horezmşa kuhandizi gözden geçirýärkä onuň diwarynyň gaty berkdigine, buýruk bereninde aýdyşy ýaly ony külpeýekun etmegiň

añsat däldigine düşünse-de, düýnki edilen hüjümiň netijesi üçin baş serkerde Aýuphana närazylyk bildirdi. Ol ähli zabt ediji grallary işe salyp, kuhandiziň garşydaky diwaryny doly ýykmaga, eger şundan soň hem kuhandiziň içindäkiler çykyp, teslim bolmasalar onuň özüni-de ýykmaga buýruk berdi.

Şundan soň kuhandiziň öňündäki ýer hakyky jeň meýdanyna öwrüldi. Dört tigirli arabalarda daşardan daşalýan äpet daşlaryň manjanyklardan atylandaky zarbasyndan, matarys bilen jambulagyň güýçli urgusynyň zarbyndan kuhandyzyň diwary sarsyp ugrady. Hüjüme Horezmşanyň özi başçylyk edip duranyndanmy zabyt barha güýjeýärdi... Iki gün dowam eden hüjümiň netijesinde kuhandiziň garşydaky diwarynyň esli bölegi ýumrulyp, içindäki köşkpisint jaýa giň ýol açyldy. Bir geň galdyran zat ne hüjüm wagtynda, ne indi-de, aman diläp gara beren adam bolmady. Hörezmşa ýanynda duran baş serkerde Aýuphana garap:

-Bu jaýyň içindäkiler, entegem soltan Sanjaryň gelerine garaşyp ýatyrmykalar?-diýdi.

-Aly hezret, göwnüme bolmasa, ol ýerde adam ýok ýaly.

-Goýsan-a, ol bagban bizi aldan-a däldir?

-Belki, aldandyr. Waly Ibn Aly biziň ünsümizi Kuhandize sowup, özi başga tarapdan gaçyp gutulmak üçin ol adamy ýörite goýup giden bolaýmasyn, Aly hezret.

-Aý ýog-a! Onda biz kimsesiz ýere iki günläp hüjüm edip, biderek sunça güýç sarpladykmyka? Hany, manjanaklaryň birini ileri sürüp, jaýyň gapysyna tarap birki daş atyp görüň, näderkä.

Manjanykdan atylan birinji daş jaýyň iki ganatly belent gapysyna baryp gütläp gidenden ol pagyş-para bolup gitdi. Ine şundan soň içerden uwlaşyp ýaş çagalar, aýal-gyzlar, olaryň yzyndan ak, gök selleli, çal, gara sakgally, eginleri gymmat bahaly donly adamlar çykyp ugrady. Olar at üstünde hatar duran Horezmşa dagylaryň alnyna ýetip ýetmän, maňlaýlaryny ýere berip, aman dilediler. Atsyz ýaprylyp ýatan aýal-erkek ululary arasynda aglaşyp duran çagalara dözmedimi nämemi Aýuphana:

-Aýallary çagalary bilen goýberiň, bu sellelileri meniň ýanyma köşge eltsinler. Özüň baş bolup, kuhandiziň içini döküň. Hazyna-da, atýaragam şu ýerde bolmaly. Baryny olja alyň-diýdi-de, atynyň başyny yzyna öwrüp, köşge tarap sürdi. Goragyndaky, hyzmatyndaky nökerler hem onuň yzyna düşdiler. Atsyz ýol ugruna Buharanyň kemsesiz bom-boş köçelerini synlap baryşyna talaňa düşen adamlaryň öýlerini içinden

temmeläp, daşary çykmaga gorkup oturandyklaryny aňdy, özüni bir hili günäkär ýaly duýdy. Dynç oturan ilatyň talanmagyna wyždany gynansa-da, nökerlerine bu işi gadagan edip bilmedi. Sebäbi uzak ýoluň azaryny çekip gelenler ýöne ýere däl, olja tama edip gelýärler. Onsoňam, talaň diýilýän zat basybalyjylygyň aýrylmaz häsiýeti bolsa, nätjek.

Atsyz köşgüň öňüne gelip, atyndan düşeninde gün öýleden agypdy. Ol çaý-suwa-da seretmän, täret kylyp, peýşin namazyny okady. Atsyz namazdan soň okalýan dogalary, okap, dileglerini edip, aram otagyndan tagtly eýwana çykanynda özüniň aýdan sellelilerini getiren ekenler. Olar Horezmşaha gözleri düşenden iki epilip, başlaryny galdyrman durdylar. Atsyz ýeňijiniň buýsançly sesi bilen:

-Kelläňizi galdyryň, jenaplar. Siziň “mübärek” didaryňyzy göreli-diýdi. Olar kellelerini galdyrsalar-da, gözleri aşak goýberilendi. Atsyz aýak üstünde olary synlaýarka bu ýigirmä golaý adamyň haýsynyň Zäňgi ibn Alydygyny biljek bolýardy. Hatara duran adamlaryň ortaragynda duran, sellesiniň maňlaýy sadap ýaly ýakut daşly gara sakgally, gara meňiz adamda nazary eglenen Atsyz “megerem Waly Ibn Aly şu bolsa gerek” diýip çaklady. Ol:

-Jenaplar, kelleleriňizi galdyrdyňyz, indi gözüňizi-de galdyraýyň-diýdi. Gabaklary galdyrylan gözleriň käbirinde asudalyk bolaýmasa, köpüsinde gorky alamaty bardy. Atsyzyň Waly diýip çaklan adamynyň gözleri bolsa bijaý oýnaýardy. Atsyz oňa nazaryny dikip:

-Jenap Waly, bir ädim öňe ädiň-diýdi. “Ol meniň Walydygymy nädip bildikä?” diýip haýran bolan Zäňgi ibn Aly injigi sandyrap bir ädim öňe çykdy. Horezmşa elini goltugyna sokup, dört eplenen kagyzy çykardy-da, ony Waly Ibn Alya güjeňleýän ýaly edip görkezdi-de:

-Jenap Zäňgi ibn Aly, maňa peýkamda gönderen bu “salam hatyňyzy” ýeke özüňiz ýazdyňyzmy ýa bu jenaplaryň hem mundan habary barmy?-diýdi. Waly Ibn Aly ilki näme diýjegini bilmän aljyrap sägindi. Emma Horezmşanyň özüne dikilen ötgir nazaryna döz gelip bilmän jogap bermeli boldy:

-Maslahatlaşyp ýazypdyk...

Beren jogabyndan Atsyz bu adamyň baryp ýatan namartdygyny, eden günäsi üçin jähennem öýüne gitmeli bolsa özi bilen egindeşlerini hem süýräp gitmekçidigini aňdy. Onuň yzynda duranlaryň biri saklanyp bilmän, lak atdy: -Dogrusyny aýdyň, jenap Waly! Waly kellesini aşak salyp geplemän duruberdi. Atsyz lak atana garap:

-Walyňyz-a aýtjak däl öýüdýän, dogrusyny siz aýdaýyň-diýdi.

-Horezmşa hezretleri, dogrusy Walynyň aýdyşy ýaly däl, ol haty özi ýazyp, bize okap berdi we ony size iberjekdigini aýtdy.

-Onsoň siz makulladyňyzmy?

-Ýok, makullamadyk.

-Näme diýdiňiz?

-Hiç zat diýmedik, dymdyk.

-Dymmaklyk razylygyň alamaty-da.

-Ýok, Aly hezret. Biziň dymmagymyz närazylygyň alamatydy.

-Närazylygyňyzy dymman, dil bilen aýdyp bilmediňizmi?

-Aýdyp bilmänligimiziň sebäbini şu bagda bagbanymyz bar, şondan soraň, aýdar. Men aýtsam ynanmazlygyňyz mümkin.

-Ol eýýäm aýtdy. Diýmek, gamçydan gorkypsyňyz-da.

-Munuň ýaly-da gamçy bilen gutulsak hiç-le. Biz kellämizden gorkdyk. Bala-çagamyz bar ahryn.

-Düşündim - diýip, başyny atan Atsyz gapyda duran nökerlere:

-Bagbany çagyryň - diýdi. Bagban gapynyň aňyrsynda duran ekenmi, nöker gapyny açyp, çykjak bolanda, ol içeri girdi. Horezmşa:-Bä! Şahyr, adyňy tutanymy eşidip, uçup geldiňmi?-diýdi.

Bagban ilki tagzym edip, soň dillendi:

-Aly hezret, bilesigelijiligim goýmady, Waly dagyny getirenlerini eşidip, näme gep bolarka diýip, gelip durdym.

-Näme gep bolarka diýip gelen bolsaň, öňürti gepi senden eşideli. Men saňa “Walydan aryňy alyp berýän” diýip, söz beripdim, aýt, näme edeli?

-Aly hezret, size öň gürrüň berenim: meniň ýalaňaç tenime alty gamçy çekdiripdi. Menem şondan köp urjak däl. Ony ýalaňaçlap, maňa bir gamçy bersinler.

-Ýok, şahyr, waly kişini ýalaňaçlap, biabraý etmäli. Onuň mertebesine laýyk “abraýly” bir jeza bereli. Şeýtsek onda seniňem, meniňem arymyz köýmez-diýip, Atsyz nökerlerine-alyp çykyň gözden daşyrak ýere!-diýdi. Özüniň ölüme buýrulanyny düşünen Waly tapba dyzyna çöküp, ýalbarmaga başlady:

-Aly hezret, meniňem bala-çagam bar, rehim ediň. Men bir akmaklyk edipdirin, günämi ötüň, bagyşlaň...

-Diňe özüme dil ýetiren bolsaň bagyşlardym. Sen meniň aslyma, atama dil ýetirdiň. Seni bagyşlasam atamyň ruhy ynjalmaz-diýip, Atsyz elindäki kagyzy dört bölüp onuň ýüzüne urdy-da, - alyp çykyň!-diýdi. Bagyşlanmajagyna gözi ýeten Waly alyp çykyp barýarkalar:

-Atsyz, bu eden işleriň üçin soltan seniňem kelläňi ýerinde goýmaz...- diýip gygyryp gitdi.

Indi Atsyz bu duran adamlaryň hem ykbalyny çözmelidi. Haýsy köşkde bolsa-da, emeldarlar hökümdaryň guly. Hökümdar näme etse, näme aýtsa onuň garşysyna gitmek howply bolup, bu howpdan goranmak üçin emeldarlar ýaranjaňlyk bilen iň akmakana işleri hem makyllamaga mejbur bolýarlar. Emma waly Zäňgi ibn Alynyň bu duran emeldarlary onuň bijaý mazmunly hatyny Horezmşaga ibermegini ýaranjaňlyk edip makullamandyrlar. Söz bilen bolmasa-da, dymmaklyk bilen närazylyk bildiripdirler. Waly muňa düşünse-de, bosagada Horezmşanyň goşuny injigini sandyradyp duransoň, öz emeldarlaryna gazabynyň güýjüni görkezmäge boguny ysmandyr.

Atsyz häzir bolup geçen gep-sözden soň bu bendeleriň hiç biriniň hem waly Ibn Alynyň tarapdary däldigini aňdy. Eger özleriniň başy aman galsa ondan dynandyklaryny kem görenokdylar. Hatda, onuň kysmatyna hiç biriniňem ýüregi awamadygy ýüz-gözlerinden görnüp durdy. Şoňa görä Atsyz olara dostana äheňde ýüzlendi:

-Jenaplar, biziň Buharadaky işimiz ahyryna ýetdi. Nesip bolsa, biraz dem-dynjymyzy alyp, erte-indin Horezmine gaýdarys. Ýurdy dolandyrmak siziň özüňize galar. Kim haýsy wezipede bolsa öňkiňiz ýaly işiňizi dowam etdiriberiň. Walysynyň pälinden tapandygy hakyndaky habar soltan Sanjara ýetip barandan ol sizi walysyz goýmaz, birini iberer. Şoňa çenli özüňiz ýurtda tertip-düzgüni saklap dolandyryberiň.

Horezmşadan beýle geçirimlilige, sahawata garaşmadyk bu adamlar öz wezipelerinde galanlary üçin basybalyjyny adalatlylykda, sahawatlylykda Haruna deňäp, onuň adyna hamdu-senalar aýtdylar.

Atsyz emelinde galanlaryň begenjini synlaýarka “bu adamlara emel berseň, ynsanlyk mertebesini hem unudyp, aýagyňy ýalamaga-da razy boljaklar” diýip, olara bolan ýirgenjini ýüze çykarmajak bolup, sowugyrak ýüzlendi:

-Jenaplar, indi işli işiňize baryberiň.

Horezmşadan beýle ýakymly söz eşiden emeldarlar iki epilip, götin basyp çykyp gitdiler.

Olar çykandan daşarda duran nökerleriň serkerdesi içeri girip, Horezmşaga tagzym etdi-de

-Aly hezret,daşarda iki zenan siziň ýanyňyza goýberilmeklerini haýyş edip durlar -. diýdi.

-Ýaşmy, garrymy?

-Ýüzleri ýaglyklary bilen örtülen, diňe gözleri açyk. Şonuň üçin ýaşyny bilip bolanok.

-Sen onda olaryň zenandygyny nirden bildiň. Belki, olar aýal geýmini geýnip, meni öldürmäge gelen adamlardyr. Senem olary meniň ýanyma goýberjek bolýarsyň.

Serkerde patyşanyň huzurynda uly ýalňyş goýberen ýaly bolup, gorkdy, ýüzi agyp-döndi:

-Aly hezret, beýle däldir... sesleri, owazy aýalyňky. Ýöne türkini çalgyrt gepleýär, pars bolaýmasalar...

-Goýber, hany, göreli. Näme arzlary bolsa eşideli.- diýip, Atsyz güldi. Şundan soň serkerde patyşanyň öňki aýdany degişmedigini düşünip, biraz ynjaldy. Ol tagzym edip, çykdy-da, iki zenany tirkäp geldi.

-Hany, müslimeler, ýüzüňizi açyň, siziň kimdigiňizi bileli-diýip, Atsyz tagzymdan başlaryny göteren zenanlara ýüzlendi. Olar biri birine bir seredip aldylar-da, ýuwaşlyk bilen ýüzlerini örtüp duran ýaglygy aýyrdylar. Ine şonda, köpden bäri beýle del gözellere sataşmadyk, Atsyzyň gujurly göwresiniň damarlarynda akýan gan joşa gelip, gözleri gyzlaryň jemalyna bir dem dikildi.

-Näme arzyňyz bar, gyzlar? Çekinmän aýdyberiň-diýdi. Gyzlar ýene biri-birine seredip, “sen aýt-da, sen aýt” diýen manyda biri birini dürtdiler. Soňra olaryň biri serkerde ýigidiň aýdany ýaly çalgyrt dillenip, özleriniň Buharanyň bazaryndan Walynyň häremine satyn alnan gyrnaklardygyny, ýaňy kuhandiziň öňünde aýallar goýberilenden soň barmaga ýerleri bolmany üçin bäri Horezmşanyň häremine alynmaklaryny isläp gelendiklerini aýtdy.

Şeýlelikde Atsyzyň Buharadan alyp gaýdan oljalarynyň sanawuna iki sany ajaýyp gözel hem goşuldy.

## XVII BAP

Horezmşa Atsyz Buharadan sag-aman ýurda dolanyp geleni üçin köşküniň meýlisler eýwanynda aýdym-sazly, şagalaňly meýlis gurady. Meýlise döwlet işgärleri, paýtagtyň mähelleleriniň kethudalary, serkerdeler, alymlar, şahyrlar, sazandalar, göýendeler, rakkasalar çagyryldy. Meýlisler eýwanynyň mähellesi ýetikdi, hemmeler aýak üstündedi, Horezmşanyň gelmegine garaşýardylar. Köp garaşmaly bolmady. Köşk sahybynyň:

-Horezmşa Gazy Ala ad-Din Abul Muzäffar Jelaletdin Atsyz-hezretleri teşrif* eýleýär-diýip, yglan edeninden meýlisler eýwanyny doldurup, dabaraly saz ýaňlanyp başlady we garşydaky altyn suw berilip

nagyşlanan belent gapynyň iki ganaty hem deňine açylyp, Horezmşa saldamly gadamlar bilen girip geldi. Ol adatdaky tagzymdan başyny galdyran jemagata kellesini gaýta-gaýta atyp, salam berdi. Meýlisler eýwanynyň öň tarapy ini on-onki geze golaý biraz belendiräk bolup, ol ýer hökümdar bilen ýokary wezupeli adamlar üçin niýetlenendi. Horezmşa ýerine geçenden onuň sag tarapyndan wezirler, hajyplar, çep tarapyndan beýleki ýokary wezipeli adamlar ýer aldylar. Şazadalar-Il Arslan, Süleýman şah, Hytayň-han aşakdaky birinji hataryň sag tarapynda ýerleşdiler.

Horezmşanyň wagty hoşdy, keýpi kökdi. Bu onuň gülüp duran gözlerinden, nurlanyp duran ýüzünden bilinip durdy. Onuň wagty hoşlygynyň sebäbi hemmelere düşnüklidi. Buharanyň diwarlaryny ýumryp, olja baryny alyp gaýdan Atsyz soltan Sanjardan biraz bolsa-da, aryny alan ýaly bolup, içini sowadypdy. Entek ol munuň bilen kanagatlanmakçy däldi. Täze-täze ýörüşler edip, ýer ýüzüne Horezmini gudratly, öz ygtyýarly döwlet hökmünde görkezmekçidi. Serindäki bu hyýallar ruhuny howalandyrypdy.

Dabaraly saz soňlanandan Atsyz:

-Muhterem jenaplar!-diýip oturanlara ýüzlendi. - Bolup geçen wakalardan hemmäňiziň habaryňyz bar. Biziň ýurdumyzyň garaşsyzlygy ugrunda äden ädimimiziň biri soltan Sanjaryň gazabyna duçar boldy. Allanyň eradasy bilen elimizden giden döwletimizi, täji-tagtymyzy gaýtaryp aldyk. Şundan soň Buhara eden ýörüşimiz “Ýykylan göreşden doýmaz” diýleni däl-de, tabynlyga boýun däldigimiziň, özbaşdaklyga synanyşygymyzyň subudydyr. Biz mundan beýläk hem soltan Sanjaryň görkezmesi bilen däl, öz ygtyýarymyz bilen hereket ederis. Garaşsyzlyk ugrundaky göreş ata Watanymyz Horezmin doly özbaşdak, beýik döwlet bolýança dowam eder!

Şeýle belent äheňde gürlän Atsyz sakynyň bulguryna guýan meýini başyna çekdi. Hemmeler patyşanyň göreldesine eýerdiler. Naz-nygmatdan doly saçaklara dürli naharlar çekilip başlandy. Belentden ýaňlanýan aýdym-sazlaryň, gözel rakkasa gyzlaryň näzli rakslarynyň täsirinde bulgurlar göterilip, meýlis gyzanyndan gyzdy. “Kä saz, kä söhbet” diýleni dek aýdym-sazlaryň arasynda şahyrlar gazallaryny, Horezmşaga bagyşlanan kasydalaryny okadylar. Şagalaňly meýlis ýary gijä golaý sowuldy.

Meýlisde süzülen meýleriň, aýdym-sazdyr ajaýyp rakslaryň täsirinde keýpi göterilip, özüniň aram otagyna gelen, men diýen ýaşyndaky hökümdaryň köňli nämäni küýsär öýüdýäňiz... Ol küýsän

närsesi-Buharadan alyp gaýdylan gyzlaryň birini çagyrtdy. Gapydan girip, tagzym eden gyza nazary düşende Atsyz täsin bir ýagdaýa düşdi. Wagt bilen mekanyň dogry gelenligi sebäplimi hakydasy oýanyp, gulagynyň düýbünde "Şahym, siz maňa "Sen yslamy kabul etseň, menem seni kabul edýän diýmediňizmi?" diýen gaýypdan gelen dek owaz ýaňlandy. Ol owaz onuň häki küýsegini yza serpikdirdi. Tagzymdan başyny galdyryp duran gyz oňa şu owazyň eýesi-Zübeýdany ýatlatdy. Edil şu günki ýaly, meýlisden gijäniň ýarynda aram otagyna gelen mahaly duýdansyz gelip giren gyzyň gözellikde tenha keşbi göz öňünde janlandy. Onuň şol wagtda aýdan sada, gönümel gepleri gulagynda tekrar ýaňlandy. Ol häzir meýiň keýpi bilen dörän küýsegine ýol berse, ony diýip şirin janyny gurban eden gyzyň hatyrasyny, ýüreginde saklanýan ýagty ýadygärligini depelän ýaly boljagyny duýup, garaşyp duran gyza "Gaýdyber" diýen manyda elini salgady. Haýran gaalmakdan kibtini kakan gyz dodagyny burup, çykyp gitdi. Atsyz özüni ýatalgasynyň gyrasyna goýberdi. Ol tirseklerini dyzlaryna diräp, iki eli bilen kellesini tutup oturşyna Zübeýdanyň soltan Sanjaryň häreminde-de gül ýaly ýaşajykdygyny bilse-de, ilkinji söýgüsini gadyrlap, paýy-pyýada ýesirlikden gaçanyny, ýollarda gören azarlary zerarly heläk bolanyny ýatlap, gözlerine ýaş aýlandy. "Jaýyň Jennetde bolsun, ezizim" diýip, uludan demini aldy-da, çykarnyp, ýerine uzaldy. Elbetde, patyşa kişi şahsy duýgularynyň girdabynda uzak galup bilmez. Oňa garaşýan örän uly syýasy meseleler, döwlet işleri bar. Ol şu meselelere islese-islemese-de dolanmaly boldy. Şundan soň ol şahsy duýgularyna berlip oturan Atsyzdan döwlet işleri we syýasy meseleler barada pikir ummanyna çümen Horezmşaga öwrüldi. Ol solran Sanjaryñ Buhara sebäpli atlanan gazabyny, wagtdan utmak üçin, köşeşdirmelidi. Şonuñ üçin oña öňküsi ýaly tabynlygyny, wepalylygyny beýan edip, säwgatnama ibermekligiň pikirini etdi. Ertesi şeýle mazmundaky säwgatnamany diňe soltan Sanjara däl, Bagdada halyf al Muktafi hezretlerine hem iberdi. Halyfa iberen namasynda özüniň Horezminiň hökümdary derejesini tasdyklaýan perman çykarmagyny haýyş etdi. Şeýle perman çykarylsa bütin musulman äleminde Horezminiň we onuň hökümdary Horezmşa Arsyzyň abraý-mertebesi has belende göteriljekdi. Şonuň üçin Atsyz Halyfyň permanyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Seljuklaryň garşysyna özüne ýaran isleýän halyf al Muktafy Atsyza isleýän permany bilen gymmat bahaly serpaýlar hem iberdi.

***

534-nji hijriniň gazaply gyşy geçip, baharyň sergin şemaly öwsüp başlady. Tebigaty ukudan oýaryp, zemin üzre janlanyşy emele getirýän bu pasyl ýigit-gyzlaryň kalbynda ýaşlyga mahsus duýgulary oýarýan bolsa, hökümdarlaryň köňlünde täze-täze ýurtlary eýelemek, söweşlerde şan-şöhrat gazanmak barada hyýallary ganatlandyrýar. Horezmşa Atsyzyň köňlünde hem şeýle hyýallar ýok däldi. Emma, ýokarda agzalan meýlisden soň gijesine düzen rejelerini, etsem-petsemlerini amala aşyrmaga sebitde dörän syýasy ýagdaý ýol berenokdy. Gündogardan süýşüp gaýdan gara hytaýlar ýol ugruna uýgurlary, gyrgyzlary boýun egdirip, Mawrannahryň ýerlerine aralaşdylar. Olaryň garşysyna söweşe çykan Samarkandyň hökümdary Mahmyt Arslan şahyň goşuny Hojandyň golaýynda derbi dagyn edildi. Atsyzyň göwnüne gezek Horezmine gelen ýalydy. Eger şeýle bolaýsa, olara gaýtawyl bermäge Horezmşanyň entek gurbaty çatjak däldi. Şonuň üçin ol bu belanyň öňüni almalydy. Syýasy pirimlerden bihabar däl Atsyz käbir çäreleri ýüregine düwüp, irden köşgüň tagt eýwanyna geleninde, ony, eýýam bu ýere ýygnanan döwlet işgärleri çuňňur tagzym bilen garşy aldylar. Horezmşa tagtyna geçip oturanyndan emeldarlaryna ýüzlenip, söze başlady:

-Jenaplar! Sebitde dörän häzirki ýagdaýdan hemmäňiziň habaryňyz bar. Al hytalar diňe Mawrannahyr bilen çäklenmez, olar Horezmine hem hüjüm etmekleri ähtimaldan daşda däl. Şonuň üçin Watanymyzyň goranmak kuwatyny has artdyrmagymyz gerek. Bu möhüm işe sizlerden başlap her bir hozezminliniň öz goşandyny goşmagy zerur. Ine şonda hiç bir ýagy ýurdymyzyň serhedinden geçip bilmez, geçäýse-de derdi dagyn ediler. Horezmşa şu gysga sözünden soň her emeldara bu ugurda etmeli işini, görmeli tedbirlerini tabşyrdy. İrden başlanan ýygnanyşyk başga-da döwletiň, ýurdyň gündelik meselelirini ara alyp maslahatlaşmak bilen tamamlandy. Emeldarlar dargaşanlaryndan soň munçisi Reşiteddin Watwat bilen ikişäk galan Atsyz irden ýüregine düwüp gelen ikinji bir pikirini ýüze çykardy:

- Jenap Reşiteddin, ýurdymyzyň çäginde uruş bolmazlygy üçin al hytalaryň ünsüni Horasana sowmagyň ugruny tapmalydyrys. Ine şonda, olar soltan Sanjaryň gudratly goşunynyň zarbasyna uçrap, derbi dagyn bolsalar, bizden bu howp aýrylar - diýip, Atsyz munşisine "Muny nädip edip bolýar?" diýen manyda seredip biraz sägindi-de:-Jenap Reşiteddin, siz diňe zehinli şahyr däl, syýasatdan hem gowy baş çykarýan adam. Syýasat babatdaky zehiniňizi işe salyp, al hytalaryň hökümdary özüni

Gurhan diýip atlandyrýan Eluý Ta-şie hem bir gowy nama taýýarlaň. Meniň näme hakda aýdýanyma düşünýäňizmi?- diýdi.

-Düşündim, Aly hezret. Gur hana iberiljek namany ertire çenli taýýar ederin - diýip Watwat baş egdi. Reşiteddin Watwat aýdylmadyk söze-de düşünýän adamdy. Şonuň üçin Atsyz oňa Gur hana ýazylmaly namanyň mazmunyny aýdyp oturmady. Onuň üçin Horezmşanyň sözüniň başynda “Al hytalaryň ünsüni Horasana sowmagyň ugruny tapmalydyrys” diýeni ýeterlikdi. Gara-hytaýlaryň hökümdary Eluý Ta-şie iberilen namany onuň örän inçelik bilen ugruny tapyp ýazandygy öwgä mynasypdy. Emma atylan ok hemişe-de nyşana degiberenok-da. Degmese-de zyýany ýok welin, gaýdyp özüňe degse ýaman. Gur han Horezmşanyň hatyna jogap hökmünde Horasana däl-de, Horezminiň bir çetinden girip, talaň saldy. Horezmşa Atsyz indi bu güýçli ganym bilen dostlaşmagyň ugruny gözläp başlady. Ahyr soňunda ähli zadyň ugruny tapýan, gadymdan gelýän serişde-pulyň güýjüne daýanmaly boldy. Ol Gur hana ilçiler iberip, ýylyna 30 müň altyn dinar tölemäge borçlandy. Şeýdip, Eluý Ta-şi atly gaýrydiniň “dostlugyny” altyna satyn aldy. Indi oňa Mawrannahyr tarapdan howp ýokdy, şeýle bolansoň, onuň özi Horasan üçin howpa öwrüldi. Indi diňe oňaýly pursat gerekdi. Şeýle pursat hem uzak garaşdyrmady. 536-njy hijriniň Sapar aýynyň 5-inde Samarkandyň golaýyndaky Katawan düzlüginde gara-hytaýlar bilen söweşe giren soltan Sanjaryň ýüz müň adamly leşgeri derbi-dagyn edildi. Soltanyň özi altmyş sany nökeri bilen zordan gaçyp gutuldy.

Adamyň başyna näme bela gelse, men-menlikden gelýär. Soltan Sanjar hem belany öz dilinden, men-menliginden tapdy. Ol bu uruşa alty aý taýýarlyk görüp, öz güýjüne çendenaşa ynanypdy. Ol tabynlygyndaky ýurtlardan hem leşger alyp, toplan ägirt uly goşunyny ýene bir gezek gözden geçirip, keýpi kök halda oturan mahaly Gur hanyň çapary getiren haty gowşurdylar.

-Bu näme, diňe bir namamy? Biziň mertebämize laýyk sowgat-salamy ýokmy, ol gaýrydiniň?!-diýip, Soltan gaharly sorady.

-Başga zady ýok, Kyblaýy älem - diýip, haty alyp giren köşk emeldary jogap berdi. Hemişe haýsy ýurtdan nama gelse, ýanynda sowgat salamy bolýany üçin Gur hanyň namany sowgatsyz iberenini özüne hormatsyzlyk diýip düşünen soltanyň gahary has güýçlendi. Ol:

-Hany, namany getiren çapary çagyryň!-diýip buýurdy.

-Çapar namany beren badyna yzyna dolandy, garaşmady, Kyblaýy älem.

-Diýmek, namanyň mazmuny başgaça. Hany, namany oka, bakaly!-diýip, Soltan münşisine ýüzlendi. Nama şol döwrüň halkara gatnaşyk dili bolan arapça ýazylan bolup, mazmuny şeýledi:

-Muhterem beýik Soltan Sanjar hezretleri! Men kim, al-hytalar hökümdary Eluý Ta-şi Gur han, Size ehtiram bilen ýüzlenýärin. Siziň Mahmyt Arslanyň ýüz tutmagy bilen Mawarannahrda güzeran geçirip ýören garluklary Arslan hanyň zulmuna çydaman baş göterenligi üçin olary jezalamakçy bolýandygyňyz bize mälim boldy. Sizden garluklaryň günäsini geçmegiňizi towakga edýäris. Eger-de, biziň towakgamyzy kabul etmän, garluklaryň üstüne ýörüş etseňiz, biz olary goramaklygy özümiziň borjumyz hasap edýäris...

Soltan Sanjar arapça okap, ýazyp bilmese-de, sözlerine doly düşünýärdi. Ol namanyň soňky jümlesini eşideninden öňki gahary gazaba öwrüldi:

-Boldy, saklan!-diýip, münşiniň sesini kesdi.-Bäh! Bu Gur ham diýýänleri biziň güýç-gudratymyzdan bihabar ýaly-la. Bihabar bolsa, ony habardar edeli-diýen Soltan münşisine kagyz, galam getirdip, Gur hana şeýle mazmunda nama ýazdyrdy: “Jenap Eluý Ta-şi! Siziň bize ýazan namaňyzdan ganly söweşiň ysy gelýär. Siziň beýle mazmunda nama ibermegiňiz, biziň güýç-gudratymyzdan bihabardygyňyzy görkezýär. Bilip goýuň, biziň goşunymyzyň sany bihasapdyr, söweşijilerimiziň gylyçbazlykda taýy ýokdyr, okýaýçylarymyzyň atan peýkamy gyly deň ikä bölýändir. Eger şeýle gudratly goşunyň zarbasyna uçrap, derbi dagyn bolmajak bolsaňyz, haýal etmän Islam dinini kabul edip, musulman bolun! Biziň ýaraşyk şertimiz şudyr”.

Namany alyp baran ilçini Gur han gowy kabul etdi. Emma namanyň mazmuny bilen tanyşanyndan soň bütinleý üýtgedi. Ajy ýylgyryp, çalgyt türkide kinaýaly gepledi:

-Be! Peýkam atdy, gyl iki böldi bar. Bu zor-zor! Muny şunda synap gördi bar-diýip, ilçiniň sakgalyny syrmagy buýurdy. Ilçi özüne tarap gelýän eli päkili adamy görende, onuň näme etjegini aňyp, sakgalyny iki eli bilen tutdy-da:

-Ýok. Ilçi el degirilmezdir. Bu bütin dünýäde kanundyr-diýip jibrindi.

-Ilçi ölüm ýok. Bu kanun bar. Sakgal syrdy kanun ýok-diýip Gurhan dellege ümläp goýberdi. Iki adam bolup, tutup, ilçiniň sakgalyny syrdylar. Onýança Gur han taýýarlap oturan bir iňňäni onuň eline berip:

-Siz şu iňňe bilen sakgal tary sanjyp bildi, biz Yslam dini kabul etdi-diýdi. Aljyraňňy ýagdaýa düşen ilçi edip bolmajak işi boýun alan ýaly kellesini ýaýkady. Gur han:

-Sen iňňe bilen edip bilmedi, niçik peýkam gyly iki böldi bilsin-diýdi.

Şu gysga duşuşykdan soň Gur han ilçini uzak saklaman yzyna gaýtaryp goýberdi. Sakally giden ilçisiniň sakgalsyz gelenini gören soltan Sanjar gazap atyna münüp, gara hytaýlaryñ üstüne goşun çekdi. Netijesini-de, ýokarda aýtdyk.

Sebitde dörän bu ýagdaýdan soň amatly pursata garaşyp ýören Horezmşa Horasana ýöriş başlady. 536-njy hijriniň Rabbigylawal aýynyň başynda Serahsy gabady. Adatda Atsyz gabalan galany, alajy bolsa, gan dökmän almagyň aladasyny edýärdi. OL Serahsa-da hüjüm etmän, aman diläp geljek wekillere garaşdy. Bir mahal galanyň depesinde iki adam peýda boldy. Olar galanyň düýbünde duran agyr leşgere seredip durdylar-da, birden yzyna dolandylar. Şundan köp wagt geçmän, galanyň derwezesi açylyp, ondan üç atly çykdy. Olaryň ikisi üstündäki geýimine garanda nöker bolup, olaryň öňünde gelýän ak selleli, zerbap donly, çuw-ak sakgallynyň ulama kişidigi belli bolup durdy. Olar Horezmşanyň çadyrynyň golaýynda atlaryndan düşüp, iki ýan tarapyndaky emeledarlarynyň ortasynda duran şahana geýnüwli başy tylla jygaly Atsyzyň garşysyna gelip, tagzyma eňildiler. Tagzymdan başyny galdyran ulama kişi sag elini gursagyna goýup, Horezmşaga ýüzlendi.

-Muhterem Horezmşa Ala-addin Atsyz hezretleri! Men kim, ymam Abu Muhammet az Zyýady, Serahsyň ähli ulamalarynyň adyndan şäheriň ilatyna aman diläp huzuryňyza geldik. Siziň Hörasan ülkesine gadam basan çagyňyzdan at-owazaňyz ýurdyň külli künjeklerine ýaýrady. Serahslylar hem siziň şepagatly, adalatly hökümdardygyňyza ynanç hasyl edip, siziň üçin ähli gapylary açyp goýdylar.

Atsyz ymamyň sözlerine hoşallyk bildirip, hormat bilen çadyryna teklip etdi. Oturmaga öz garşysyndan ýer görkezdi.

-Möwlana, siziň şäheriň ymamy, ilatyň wekili hökmünde biziň huzurymyza gelmegiňiz parahatçylygyň nyşany-diýip, Atsyz mylakatly äheňde söze başlady.-Biziň Serahysyň parahat ilatyna zyýan-zeper ýetirmek niýetimiz ýok. Ýöne döwlet emeldarlary, tuçjar baýlary bilen didarlaşmak islegimiz ýok däl. Biziň adamlarymyz şu adamlar bilen duşuşmaga baranlarynda hiç hili garşylyk bolmasa, biz tarapdan hem hiç

hili ýamanlyk bolmaz. Eger-de biziň adamlarymyzyň talabyna garşylyk görkezilse soňy gowy bolmaz.

Ymam az Zyýady Horezmşanyň soňky aýdan “talap” diýen sözüniň manysyna gowy düşündi. Bu “talabyň” ýerine ýetmegi üçin ymamdan Serahsyň içi-daşy barada gerekli maglumatlary aldy. Soňra öz adamlaryny “talaby” ýerine ýetirmek üçin ymama goşup şähere ugratdy. Horezmşa Serahsdan aljagyny alyp, bu ýerden ugrady. Ol Soltan Sanjaryň gara hytaýlar bilen söweşde ýeňlişe sezewar bolanyndan soň Merwde däl-de, Termezdediginden peýdalanyp, gelip Merwi hem gabady. Horemşanyň uly goşun bilen gelenini gören merwliler onuň ýanyna aman diläp, şäheriň tanymal ulamalarynyň birini iberdiler. Galanyň daşynda goş taşlap ýatan sansyz leşgeri gören ulama Horezmşanyň çadyryna iki epilip girdi. Atsyz ol kişini hormatlap garşy aldy. Özüni “ymam Ahmet al Baharzi” diýip tanyşdyran ulama Merwiň ilatynyň adyndan ýüzlenip gepledi:

-Horezmşa Abul Muzäffar Ala-ad-din Atsyz hezretleri! Şähri-azym Merwiň ilaty Siziň bu mukaddes topraga gelmegiňizi gutlap, özleriniň hoşallyklaryny bildirýär...

-Muhterem Ahmet al Baharzy! Siz ymam kişi. Size ýalan sözlemek gelişmeýär-diýip, Atsyz ymamyň sözüni böldi. Aň-taň bolan ymam näme diýjegini bilmän:

-Men ýalan sözlemedim-diýdi.

-Şu sözüňiz bilen siz ikinji gezek ýalan sözlediňiz.

-Aly hezret, men düşünmedim. Men näme diýip ýalan sözledim?

-Jenap al Baharzy, özüňizi sadalyga salmaň. Kim basybalyjynyň ýurdyna gelmegini gutlap, hoşallyk bildirýär? Siz şu aýdanyňyzyň tersine-Merwiň ilaty bir gudrat bilen sizi ýer ýutmagyny dileýär diýen bolsaňyz ynanardym.

Ymam al Baharzy Horezmşadan beýle söze garaşmandy. Çünki, şa basybalyjy bolsa-da, oňa hoşamaý sözler bilen ýüzlenmeklik zamananyň däbine öwrülipdi. Şoňa görä şalar hem hoş sözler bilen ýüz tutup gelen ilatyň wekilini sylag-sarpa bilen kabul edýärdiler. Horezmşa bolsa bu kadadan ýüz öwürdi. Şonuň üçin al Baharzy täwekkel edip, oňa başgaça ýüz tutdy:

-Ala-ad-din Atsyz hezretleri, Men siziň huzuryňyza ýeke özüm üçin aman diläp gelmedim. Merwiň ilaty uly howpyň garşysynda duransoň men şeýle sözler bilen Siziň ýüregiňizde şepagat duýgusyny oýarmak isledim.

-Meni şepagatsyz diýip, size kim aýtdy?

-Beýle sözi aýdan adam ýok. Ýöne hakykatyň hatyrasyna aýdanda, şalar bir ýurda leşger çekip gelse, şepagatsyz hem bolup bilýärler.

Atsyz yman al Baharzynyň hökümdaryň gazabyndan gorkmaýan, dogruçyl adamdygyna sarpa goýup, mylakatly sözledi:

-Möwlana Ahmat al Baharzy, siz indi dogry söz aýtdyňyz. Dogry söze gaharlanmak adalatdan däldir. Indi, biziň hem şepagatsyz bolup bilmezligimiz üçin şäheriňiziň ilaty meniň siziň bilen goşup goýberjek adamlarymyň talaplaryny, garşylyk görkezmän, ýerine ýetirmekleri gerek. Şeýle-de, girew hökmünde meniň huzuryma Hänäfiýa meshebiniň fakyhy Abul Fadla al Kermany bilen dört-bäş tanymal ulama adamlary ibersinler.

Ymam al Baharzy Horezmşanyň girew hakyndaky talabynyň soňunyň gowulyga eltmejegini bilse-de, dil ýarmady. Çünki diliniň ujunda duran, aýtmaly sözüniň hem gowulyga eltmejegini bildi, dymdy.

-Möwlana, näme dymdyňyz, ýa meniň gepim gulagyňyza ýakmadymy?

-Ýok, Aly hezret. Gep meniň gulagymda däl...

-Onda nämede?

-Aly hezret, şu girew diýen meseläňiz ol ulamalara ýokuş degäýmese. Onsoňam olar ilatyň iň sarpaly adamlary.

-Şol ilatyň sarpaly adamlary biziň elimizde bolsa, biziň adamlarymyz hem ol ýerde howpsuz bolar. Şonuň üçin girew gerek. Girewsiz bolmaz.

Ymam Baharzy bu sapar Horezmşanyň sözüne gaýtawul berip bilmedi. Ol bir elini gursagyna goýup, baş egdi-de, gaýtmaga rugsat sorady.

-Siz näme, aýry gitmekçimi? Biziň adamlarymyzy alyp gitmejek bolýaňyzmy?-diýen Horezmşanyň sowalyna ymam al Baharry bir hili düýrükdi.Ýöne salym geçmän jogap berdi;

-Aly hezret, men öňräk baryp, ilata siziň talaplaryňyzy düşündirsem gowy bolar.

Atsyz ymamyň yzyna duşmanyň adamlaryny tirkäp barmaga ilatdan çekinýändigini aňdy.

-Makul. Öňünden düşündirseňiz has hem gowy. Gaýdyberiň. Basym biziň adamlarymyz hem bararlar. Olary gowy garşy alsynlar, aýdylan ulamalary hem biziň huzurymyza ugratsynlar.

Horezmşa bu sözleri buýruk äheňinde aýtdy. Ymam ol Baharzy sözsiz baş edip çadyrdan çykdy-da daşarda duran iki nökeri bilen

atlanyp, şähere tarap ugrady. Öz maýdalyna goýberilen atyň üstündäki Ymam agyr oýlaryň girdabynda iki ýana yraň atyp barýardy.

***

Ymam al Baharzydan soň ara biraz salym salyp, şähere giren ýüze golaý horezminlileri Merwiň ilaty, elbetde, güler ýüz bilen garşy almady. Ýöne garşylyk hem görkezmedi. Köçäniň iki ýan tarapyny dolduryp duran adamlaryň sowuk nazaryna gözleri düşen horezminliler Ymam al Baharzynyň düşündirişi (eger düşündiren bolsa) bu adamlara täsir etmändigini duýdular. Horezminliler köşgüň öňündäki meýdana ýetip, atlarynyň başyny çekdiler. Meýdanda-da mähelle az däldi. Olaryň arasynda Ymam Baharzy görnenokdy. Şol wagt köşkden birnäçe adam çykyp, horezminliler tarapa ýörediler. Horezminlileriň baştutany Nedir sary diýen ýüzbaşy  serkerde özlerine tarap gelýänleriň köşk emeldarlarydygyny aňsa-da görüşmek üçin atyndan düşmedi. Ol adamlar atlylaryň öňüne gelip aýak çekdiler, salam berdiler. Nedir ýüzbaşy başyny atyp salam alan boldy. Gelenleriň arasyndan kellesi gök-mawy selleli, uzyn boýly, gyrma çal sakgally adam özüni soltan Sanjaryň köşkde goýup giden ygtyýarly hajyby diýip tanyşdyrdy-da:

-Bizden näme talabyňyz bar?-diýdi. Nedir ýüzbaşy:

-Horezmşa Ala ad-din Atsyz hezretleriniň birinji talaby Abul Fadla al Kermany jenaplaryny, onuň ýany bilen dört-bäş ulamany Aly hezretiň huzuryna ibermelisiňiz-diýdi. Hajyp jogap berip ýetişmezden öň märekäniň içinden öňe saýlanan boýdan-başa ak geýnen, ak sakgally, nurana moýsepid kişi:

-Gulagyma biziň adymyz çalnan ýaly boldy. Bizden näme isleýärler-diýdi. Nedir ýüzbaşy bu kişiniň al Kermanydygyny aňyp, oňa ýüzlendi:

-Möwlana, Sizi Horezmşa hezretleri huzuryna çagyrýar. Ýanyňyza dört-bäş ady belli ulamalary hem alyp, Aly hezretiň huzuryna barmagyňyz gerek. Meniň ýigitlerim sizleri atlaryna mündürip, özleri jylawyňyzda bararlar.

-Çakylygy üçin taňryýalkasyn. Biz ol kişiniň huzuryna barmarys.

-Möwlana, hökümdaryň sözüni syndyrmak gowulyga eltmez-diýip, Nedir ýüzbaşy haýbat atdy. Al Kermany hem haýbata laýyk jogap berdi:

-Horezmşa meniň hökümdarym däl. Meniň hökümdarym tenha Alla. Meniň şu sözümi hökümdaryňyza baryp aýdaýyň-diýip, ol märekäniň içine aralaşdy. Ýüzbaşy ýigitleriniň ikisine ony getirip ata mündürmegi buýurdy. Iki ýigit atlaryndan düşüp, ol kişini märekäniň

içinden çekip çykarmakçy bolanlarynda, Aly ibn Yshak al Musawi diýen şerif:

-Halaýyk! Gozganyň! Duşmana möwlanamyzy bermeris!-diýip bogazyna sygdygyndan gygyrdy. Ine, şunda turdy bir gopgun, märeke tüweleýe, tupana dönüp, horezminlileriň üstüne çozdular. Al Kermanyny ele aljak bolan iki ýigit urgynyň zarbyndan ýer ýazylyp, aýak astynda galdy. Atlylaryň gylyjjyny gynyndan sogrup ýetişmediklerini atdan çekip alyp ýençdiler. Eli ýalaňaç gylyçlylar goranyp, derwezä tarаň ata gamçy basdylar. Jany aman galan horezminliler çykandan derwezäni berk ýapdylar. Derwezäniň gapdalyndaky basgançaklardan galanyň üstüne çykan bir topar adamlar ellerini galgadyp:

-Eý, horezminli itler! Güm boluň mukaddes Merwiň topragyndan! Näçe aýlap gabasaňyzam size derweze açylmaz!-diýip, gygyryşdylar. Bu bolan zatlary akyl gözi bilen synlan käbir parasatly ýaşulylar bolsa: “Eý nadanlar öz başyňyza belany satyn aldyňyz-a. Galalary ýumuryp, külpeýe-kül edip ýören Horezmşa siziň bujagaz derwezäňiziň külüni çykarar. Içeri giribem başyňyza itiň gününi salar”diýdiler. Şeýle-de boldy. Şäherden gaçyp çykan adamlaryndan içerde bolan wakany eşidip, dergazap bolan Atsyz galanyň üstündäkileriň gykylygyna beter gazaplanyp, hüjüme buýruk berdi.

Urşujylar sülsatlary işe düşürip, derwezäni zabyt edip başladylar. Ujuna demir gaplanan ýogyn pürsleriň bat bilen urulýan zarbyna derwezäniň uzak durup bilmejegi belli boldy. Her sapar urlanda derweze sandyrap, yza süşen ýaly bolýardy. Hüjüm ýarym güne-de ýetmedi. Derweze, bir mahal, çagşap arkan gaýtdy. Leşger böwedi açylan suw ýaly şaglap, şähere indi. Köçelere dolan esgerler ak diýmän, gara diýmän talaňa başlady. Horezmşa Atsyzyň özi bolsa goragyndaky ýigitleri bilen goragsyz köşki eýeledi. Ýigitleri köşküň içini dörüp, iki sany sandyk bilen bir goja kişini onuň ýanyna alyp geldiler. Soltan Sanjaryň tagtynda oturan Atsyza gözi düşen goja tagzym etmäge derek, hyrçyny dişläp, kellesini ýaýkady. Onuň boluşyna Atsyzyň gahary gelmedi. Mert adama meňzeýä diýip pikir etdi-de:

-Ýaşuly, özüňden özgesi gaçypdyr-a, sen nämä gaçmadyň?-diýdi.

-Bilmedim, näme üçin gaçmanymy. Belki, özüme ynanylan şu amanady taşlap gidip bilmänim üçindir-diýip arkaýyn, aljyraman jogap berdi. Ol:

-Hazynabanmy sen?

-Hawa.

-Bu sandyklarda näme bar?

-Altyn-kümüş.

-Bä! Soltan bu baýlygyny saklmaga ýaşyrak adam tapmadymyka?

-Ýaş ýigitler altyn-kümüşe höwesli bolýar. Meniň ýaly aňyrsy görünip duran goja kişilere altyn-kümüş gerek däl. Soltan şuny bilýär. Bu gepiň bir gyrasy Atsyzyň özüne degse-de, ol:

-Hany onda, sandyklaryň açarlaryny ber, göreli. "Ýagşyny gören sogap" diýýärler-diýdi.

-Açarlary size bermäge meniň hakym ýok. Olary diňe Soltanyň özüne berýän-diýip, çüw ak, uzyn sakgalyny tutamlap göýberdi.

-Bermeseňiz, barybir, basyp alarys. Onýança özüňiz beriberiň-diýip Atsyz gülümjiräp aýtdy. Hazynaçy:

-Basyp alsaňyzlar men günäkär bolmaýan-diýdi. Atsyz kellesini ýaýkap güldi, soňra gojanyň ýanynda duran iki ýigide garap:

-Açarlary basyp alyň, ýaşuly soltanyň öňünde günäkär bolmasyn-diýdi. Ýigitleriň biri gojanyň ellerini tutdy, beýlekisi kislerini dörüp, açarlary aldy. Atsyz sandyklary açdyryp, gözden geçirdi-de, olary tugrasy bilen möhürletdi. Elbetde, möhürläp goýup gitmek üçin däl, ýolda el urulmazlygy üçin etdi. Merwde diňe altyn-kümüş, gymmatbahaly oljalar alynman, altyn-kümüşden hem gymmatly, iň gymmatly zat hasaplanylýan kelleler hem alyndy. "Egilen başy gylyç kesmez" diýen nakyla eýermedik Äli ibn Muhammet ibn Arslan, Ibrahym al Märmezi, Ali ibn Ishak äl Müşäwi kibi ulamalaryň hem egilmedik başlary gitdi.

***

537-nji hijriniň baharynyň ýakymly şemaly öwsüp, Horezmiň baglarynda miweli agaçlaryň başlary al-elwan güllere bürendi. Tebigatyň gyş ukusyndan oýanan bu pillesi ösümlik dünýäsinde şeýle ajaýyp janlanyş döretmek bilen ynsan kalbynda hem täze-täze arzuw-hyýallary oýarýar. Bu ýagdaý Horezmşa Atsyzyň ýüregindäki täze ýörüşler we ýeňişler hakyndaky arzuwlaryny oýaryp, Nyşapura tarap goşun çekdi. Baharyň sergin howasynda ýeňil süýşüp barýan agyr goşun Nyşapuryň golaýyndaky Aby Baýrek obasynda goş taşlady.

Atsyz bu ýerde durup, Nyşapuryň ilatyna özüniň taryhyň sahypalaryndan ýer alan meşhur namasyny ýollady. Namada: "Allanyň eradasy bilen biziň ykbalymyza her gün ýagşylyklar etmek ýazylan. Biz muňa minnetdarlyk hökmünde özümiziň adalat nurumyz bilen ýer ýüzünden zulum tümlügini ýok etmäge, hem-de bimöçber mähribanlygymyzyň saýasynda parahatçylyk ornatmaga çalyşýarys" diýen setirlerden soň saltan Sanjaryň ýeňlişe sezewar bolanlygyny

özünden ýagny Horezmşadan ýüz öwrenligi sebäpli diýip düşündirýär. Soňunda Nyşapuryň ilatynyň betbagtlyga sezewar bolmazlygy üçin özüne sözsüz boýun egmekligi we adyny hütbä goşup, adyndan pul zikkelemekligi talap edip, şular barada şertnama baglaşmak üçin özüniň huzuryna ulamalary, kethudalary ibermeklerini nygtaýar.

Horezmlileriň Merwde eden weýrançylygyndan habarly Nyşapuryň ulamalary, kethudalary Horezmşanyň talaplaryny berjaý etmäge boýun boldular. Emma hatyplar metjitlerde Atsyzyň adyny hütbä goşup okanlarynda ilat köpçüligi närazylyk bildirip, gopgun turuzdy. Ulamalar adamlara beýle närazylygyň soňy erbet betbagtçylyga eltjegini düşündirip, tas bolmasa, gozgalaňa öwrüljek galmagaly ýatyrdylar. Bir ýagşysy, bu närazyçylyk sebäpli dörän gopgunyň habary, Horezmşaga ýetirilmedi. Ýetirilen bolsa-da, geçirimlilik eden bolmaga çemeli. Ýöne onuň Nyşapurdan boş gaýtmajagy bellidi. Ol şäherdäki soltan Sanjaryň adamlarynyň emläklerini musadara* etmek barada buýruk berdi. Buýruk ýerine ýetirilende alnan puldyr gymmat bahaly zatlaryň möçberi az däldi.

Nyşapurdan söweşsiz ýeňiş gazanyp gaýdan Horezmşa Atsyzyň wagty hoşdy, keýpi kökdi. Ol indi özüni soltan Sanjara tabynlykdan bütinleý azat, özerkli hökümdar hasaplaýardy. Onuň Horasana ýörüşlerindäki üstünliklere özüniň köşk şahyry Reşiteddin Watwat:

Mälik Atsyz aldy şalyk tagtyny,
Seljuk nesli ýitirdi öz bagtyny-

-diýen setirler bilen başlanýan kasyda bagyşlady. Kasydany Horasan ýeňişlerine bagyşlanan meýlisde okap berip, Horezmşadan bir goşowuç altyn aldy.

Döwlet işlerinden soň şeýle meýlisler gurap, meýler süzüp, näzenin rakkasalaryň ajaýyp rakslaryna tomaşa edip, ýürekleri joşa getirýän aýdym-sazlary diňläp, parahat ýaşamaga ýetýän zat barmy!

Emma döwür asudalygyň, parahatçylygyň uzak dowam edýän döwri däldi. Parahatçylyk bagşynyň çaý owürtlamak üçin aýdymyna dyngy berişi ýalydy, bir sellemden ýene dowam edýän aýdymlar dek jeň-jedeller başlanýardy. Bu ýagdaýdan Horezm hem çetde däldi.

Horezmşa Atsyz soltan Sanjaryň Merwe gelip, häkimiýetini dikeldenini, Nyşapurda onuň adyny hütbeden aýyrdyp, ýene öz adyny goşduranyny eşideninde ýüregine howatyr aralaşdy.

Soltan Sanjar onuň ejize ganym bolup, özi ýok mahaly ýurdyny tozduranyny, hazynasyny alyp gidenini, elbetde, bagyşlamaz. Ol ir-u-giç ar almak üçin Horezmine ýörüş eder. Nätmeli? Söweşe taýýarlyk

görmelimi? Soltan bäri ýeňilip gitmek üçin gelmez. Ol örän uly güýç bilen geler. Bu oý-endişelerden başga-da, Soltan Sanjaryň Horezmine birinji ýörüşindäki söweş Atsyzyň ýadyndan çykmandy. Eger uruş etse, şol sapardaky ýaly, uly ýitgiler bilen ýeňilmegi ähtimaldan daşda däldi. Ol sapar gaçyp, başyny gutarypdy. Bu sapar jeňe girse soltan indi ony gaçyrmaz. Atlygy edişi ýaly depesinden gylyç inderip, deň ikä boldürer. Atsyz tisginip gitdi. Göýä bu zarlar hyýalynda däl-de, häzir bolaýjak ýaly duýuldy.

Atsyzyň beýle ejizläniniň sebäbi-günäsi boýnundady. Günäli adamyň batyrgaý hereket etmäge erki ýetmese gerek.

Ol meşweret çagyryp, masalahat salmakçy boldy. Ýene bu pikirinden gaýtdy. Çünki bu meselede hiç kimden degerli maslahat çykmajagyny bilýärdi. Ol soňunda, soltan Sanjar ýörüş edäýse ykbalyny Gürgenjiň berk galasyna tabşyrmak kararyna geldi. Ýöne bu gelen kararynyň ýeke-täk çykalga däldigine göz ýetiren Atsyz başga çärä ýagny soltan bilen ýaraşyk çäresini gözläp başlady. Ol soltan Sanjaryň geçirimlilik, sahawatlylyk häsiýetine bil baglap, onuň gazabyny birneme gowşatmak maksadynda, münşisine-de aýtman, öz eli bilen bir nama ýazdy. Emma diňe bir nama bilen soltany ýaraşyga razy edip bolmajagyny oýlanyp, oňa täsirini ýetirip biljek emirleri ele almagyň pikirini etdi. Ol şu pikir bilen özüniň ynamdar hajyby Nyzametdin Baýdary huzuryna çagyryp, oňa maslahat saldy. Hajyp:

-Aly hezret, emirleri ele almagyň iň ynamly serişdesi-gymmat bahaly sowgatlardyr.Soltanyň özüne ýakyn emirlerinden ikisini ele alsak, olar ony ýaraşyga yrarlar-diýdi. Atsyz hajyba närazy nazaryny aýlady:

-Näme, seniň şu aýdanyňa meniň aklym ýetmeýändir, öýüdýäňmi? Gep: şu sowgatlary nädip, nirede bermekde. Olaryň eýle-beýle sowgada göwünleri dolmaz. Köp sowgady hem düýä ýükläp eltip bolmaz.

-Uzur, Aly hezret, siziň akyl-parasadyňyz meniň kimin on adamyň aklyndan zyýadadyr-diýip, ýaramsaklyk eden hajyp, kellesine gelen soňky pikirini aýtmaga-da çekinip dymdy.

-Başga degerli pikiriňiz ýokmy, hajyp? Sizi juda ugur tapyjy adam diýip, maslahat salyp otyryn-diýip, Atsyz söhbetdeşini birneme ruhlandyrdy. Hajyp:

-Aly hezret, siz men hakda şeýle pikir edýän bolsaňyz, häzir kelläme gelen pikirlerimi beýan edeýin, onsoň degerli ýa degersizdigini özüňiz kesgitlärsiňiz-diýdi.

-Hany, aýdyň bakaly.

-Aly hezret, birinji aýtjagym sowgat meselesi. Ony siziň aýdyşyňyz ýaly düýä ýükläp eltip, bolmaýar. Şonuň üçin sowgatlary, bahasy on düýäniň ýüküne deň, jübüde ýerleşýän gymmatlyklardan etmeli.

-Meselem nämelerden etmeli?

-Iki sany altyn sapaga düzülen otuz iki ýakut daşdan tesbi. Iki sany-da şänik ýaly göwher gaşly tylla ýüzük. Bu zatlary gowşurjak adam soltan gelip, şäheri gabamazdan öň şähere golaý obalaryň birine baryp, garaşmaly.

-Berekella! Ine bu aýdanyňyz hakyky degerli pikir-diýip, Atsyz hajybyň göwnüni göterdi. Hajybyň aýdan bu pikiri Atsyzyň kellesinde bir eýýamdan bäri taýýar durdy. Hajyby çagyryp, maslahat salmagynyň sebäbi bolsa bu işi amala aşyrmaklygy onuň özüne tabşyrmakçydy.

-Indi esasy mesele bu işi amala aşyrmakda, jenap hajyp. Meniň pikirimçe ýurdumyzy weýrançylykdan halas etmek üçin şeýle ajaýyp çäräni oýlap tapan adamyň özi ony amala aşyrmagyň hem hötdesinden gelse gerek. Siz nähili pikir edýäňiz?-diýip Atsyz ýeserlik bilen çalarak ýylgyrdy.

-Hökümdaryň emri wajyp, Aly hezret.

-Berekella! Indi gep beýle: Meniň tanaýan soltanyñ emirlerinden Burga tegin , Bargudar Gaýly diýenleri bolmaly. Siz şolaryň biri bilen gepleşiň. Beýlekisini özi yrar. Aýdan sowgatlaryňyz iküç güne taýýar bolar. Sizem taýýarlygyňyzy görüberiň, soltan hem köp garaşdyrmaz. Ol eýýam ýola çykan bolmaly. Gideniňizde ýeke gitmäň, ýanyňyza ynançly bir ýa iki adam alyp gidersiňiz. Haçan taýýar bolsaňyz, ak pata berip, ugradarys.

Hajyp Horezmşanyň huzuryndan çykanynda gerdenine agyr ýük ýklenenini duýup, bir uludan demini aldy.

## XVIII BAP

Soltan Sanjar on ýyllap özüniň hyzmatynda bolan çaglarynda Atsyzy gowy görýärdi. Şonuň üçin ol näme etse-de, töweregindäki wezir-wekilleri näçeler ýamanlasalar-da, oňa garşy çäre ulanmaýardy. Çünki, gowy gören ýürek eýle-beýle zat üçin ýaman görüp bilmeýärdi. Belki, bu Mawarannahyrdaky şikarda bolan wakanyň täsiridir. Şonda özüni ölümden halas eden Atsyza ýüreginde bergidarlyk duýgusy bilen bile mähribanlyk duýgusy hem döräpdi. Wagtyň geçmegi we wakalaryň gapma-garşylygy bilen assa-ýuwaş sönen şol duýgunyň kiçijik bir uçguny saklanyp galan bolsa gerek, şonuň üçin onuň Buhara eden ýörüşini ogly Atlygyñ öldürilenliginiñ ary hasap edip, bagyşlapdy.

Horezmine eden birinji ýörüşinde-de, eger Atsyz eden-etdilikleri üçin ötünç soran ýagdaýynda şol bolan weýrançylyklar ýüze çykmazdy. Indi Atsyzyň bu saparky eden-etdiligi-özi ýoklugynda ýurduny tozduryp gaýdany soltanyň etinden geçip, süňküne ýetipdi. Şonuň üçin ol bu sapar ony çynlakaý jezalamak maksadynda goşun toplamaga girişdi. Ol Horezminiň gazaply gyşynyň geçmegine garaşyp, 538-nji hijriniň baharynda uly goşun bilen Atsyzyň üstüne ýörüşe başlady. Soltan Sanjaryň leşgeri Nowruz baýramynyň yz ýanynda Horezminiň bir çetinden girip bardy. Tä ýurduň paýtagty Gürgenje ýetilýänçä hiç ýerde, hiç hili garşylyk görkezilmedi. Şundan Soltan Atsyzyň açyk meýdanda söweşe çykmaga gaýraty çatmandygyny düşündi. Ol: “Bize bu hem ters däl. Açyk meýdanda jeň bolsa köp gan dökülerdi. Galaňy alyp, özüňi jezalandyrsam ýeterlik” diýip, şäheri gabady. Emma Gürgenjiň galasy gaty berkdi. Ony manjannyklardyr jamalukatlar bilen urup, ýakyn wagtyň içinde gädip hem boljak däldi. Galanyň depesinde bolsa elleri dürli ýaragly urşujylar doludy. Depedäkilere salalym-merdiwanlarda çykyp ýa-da mataryslarda baryp, hüjüm etseň hem berk gaýtawul berjekdiler. Şonuň üçin Soltan şähere derwezeleri ýaryp girmekligi niýetläp, bir wagtyň özünde olaryň ikisine-günortadaky hem-de gündogardaky derwezelere zabt etmäge buýruk berdi. Derwezeler hem berk agaçdan daşyna demir gaplanan bolup, eýle-beýle urgulara ýan berjek däldi. Ýöne jamalukatlaryň yzygiderli batly zarbasy olary birneme sarsdyryp ugrady. Emma şol bada-da, derwezeleriň arkasyndan güýçli direg berip berkidilýärdi.

Bir mahal soltanyň duran ýeriniň golaýyna bir parça kagyz dolap daňylan peýkam gelip sanjyldy. Soltan onuň Atsyzyň iberen hatydygyny şol bada aňdy. Ol mürzesine peýkamdan haty alyp, okap bermegi buýurdy. Hatyň mazmuny şeýledi:

“Mertebesi daglardan hem beýik Soltanym! Siziň Horezmine goşun çekip, geljegiňizi bilýärdim. Men siziň öňüňizden leşger bilen çykyp, garşyňyza gylyç götermegi özüme uslyp bilmedim. Çünki günäm boýnymda. Emma bu günäni men bilkastlaýyn etmedim. Men Merwe Siziň ýoklugyňyzda kesekiler gelip, köşgüňizi tozdurmasyn, hazynaňyzy alyp gitmesin diýip, bolaýmagy mümkin ýagdaýyň öňüni almak maksadynda bardym. Köşgüňiziň abatlygyny barlamak üçin adamlarymy iberenimde käbir bozgakçy ulamalar ilaty küşgürip, gozgalaň turuzypdyrlar, biziň adamlarymyzy öldüripdirler. Onsoň bu gozgalaňy güýç bilen ýatyrmaly boldyk. Elbetde, munuň ýaly ýagdaýda esgerler tarapyndan öte geçilýän hallar hem bolmagy mümkin. Hazynaly

sandyklaryňyzy bolsa öz tugraňyz bilen tugralap, alyp gaýtdyk. Olary amanat hökmünde saklap goýduk. Şu bolan wakalarda bilip-bilmän eden günäm bolsa bagyşlarsyňyz, ýene-de öňki ýaly siziň saýaňyzda ýaşamak bagtyndan bizi mahrum etmersiňiz diýip umyt edýärin".

Mürze haty okap bolandan soltan Sanjar ajy ýylgyryp, kellesini ýaýkady-da: "Gör-ä, onuň şapalak atyşyny" diýdi. Ýöne diýse-de köňli öňküsinden biraz ýumşady. Şu ýerde duran wezir-wekilleriň, serkerdeleriň köpçüligi Soltanyň sözüni makullasalar käbirleri "Belki, Horezmşa dogrusyny aýdýandyr" diýdiler. Soltan olara gözüni alardyp seredip goýdy.

Derwezelere hüjüm, arasynda birazrak arakesme bilen gün batyp, garaňky düşýänçä dowam etdi.

Şamlyk iýilip, huptan namazy okalandan soň Gürgenji gabap ýatan leşgeriň giň meýdany tutan düşlegininň günorta çetinde iki atly peýda boldy. Olary sakçylykda duran esgerler saklady. Gelenler atlaryndan düşüp, sakçy ýigitler bilen görüşip, soraşdylar. Soňra gelenleriň ekabry (onuň Horemşanyň hajybydygyny bilen bolsaňyz gerek) sakçylaryň başlygyna ýüzlenip:

-Goşunyňyzda Bugra-tegin Muhammet diýen emir bar bolsa, men ony göräýjekdim-diýdi.

-Siziň soraýan emiriňiz bar, ýöne onuň ýanyna, siziň kimdigiňizi bilmän, goýbermek bolmaýar.

Şeýle jogaby alan hajyba beýleki emiriň adyny aýtmak hajaty galmady. Ol indi şu emire duşmagyň alajyny edip başlady:

-Men emiriň garyndaşy bolýan, ony köp ýyldan bäri görmedim. Meni onuň ýanyna eltmegiňizi haýyş edýän, hyzmat hakyňyzy hem berýän. Sakçy esger "hyzmat hakyna" gyzdymy ýa-da garyndaşyny eltip, emire gowy görünjek boldymy, hajybyň haýyşyny etmäge razy boldy. Hajyp atlaryň ýanynda ýoldaşyny galdyryp, esgeriň yzyna düşdi. Şeýlelikde, Horezmşanyň hajyby salym geçmän, emir Bugra teginiň huzurynda häzir boldy. Burnuňyň gany ýaly türkmen halysy düşelen çaklaňrak çadyryň türünde jüp ýassygy tirsekläp gyşaryp ýatan emir sakçy ýigidiň getirip, aýdyp giden "garyndaşyny" tanajak bolup, dikeldi-de, goşa şemiň ýagtysynda onuň ýüzüne siňe seretdi. Hajyp salam berip, iki elläp görüşdi, Emir oturmagy teklip etmezdenem öň önuň garşysynda dyzyny epip, saglyk-amanlyk soraşdy. Bugra-tegin onuň dilinden horezmli türkmendigini, özüne hiç hili garyndaşlygynyň ýoklugyny, özü-de bir möhüm iş bilen gelendigini aňdy. Ol:

-Ýeri, “garyndaş” habaryňyzy berip oturyň, bizlik näme ýumuş?-diýip ýaňsyly gepledi.

-Möhterem emir jenaplary, men hajyp Nyzameddin Baýdar siziň huzuryňyza Horezmşa hezretleriniň mähirli salamyny alyp geldim. Hökümdarymyň mübärek salamyny size ýetirmek bagtyna miýesser bolanyma begenjim çäksizdir-diýip, hajyp sag goluny gursagyna goýdy. Horezmşa Atsyz hezretleri Merwde soltanyň hyzmatynda bolan ýyllarynda siz onuň gowy görüşýän dostlarynyň biri ekeniňiz.

-Ýalan, men Atsyz bilen dost däldim, ýöne ýakynrak tanyşlardyk.

-Siziň ýakynrak tanyş hasap edeniňizi, ol ýüregine dostluk diýip kabul edendir. Ine şol dostlugyň hatyrasyna size bir ýadygärlik sowgatjyk hem berip goýberdi-diýip, hajyp ýan kisesinden şemleriň ýagtysyna köz ýaly lowurdap duran ýakut daşlardan düzülen tesbini çykaryp emire uzatdy. Şobada emiriň ýüzündäki ýaňsyly ulumsylyk alamatlary zym-zyýat boldy, gözleri nebsewürlik bilen uçganaklady, elindäki adaty tesbini aşakda goýup, uzadylan tesbini aldy. Onuň sanawuny edeninde ýakut daşlaryň biri-biriniň üstüne şyrkyldap düşüşine keýpi göterilip, hajyba ýylgyryp garady-da:

-Jenap hajyp, bu gymmat baha sowgatjygyň bir ýumuşjygy-da bardyr, diňe dostlugyň hatyrasyna däldir-diýdi.

-Ýok, ýok! Jenap emir, diňe dostlugyň hatyrasyna, Ýumuşjygyň haky başga-diýip, hajyp goltuk jübüsinden göwher gaşly ýüzükleriň birini çykardy. Ýüzügiň şemleriň şöhlesi bilen bäsleşýän kimin şöhle saçyp duran göwher gaşyna kaklyşan emiriň gözleri hem şöhlelenip gitdi. Ol ýüzügi eline alyp, bir salym synlady-da, barmaklaryna birin-birin sokup gördi, soňra goltuk jübüsine salyp, hakyny öňünden alan talaban kimin:

-Ýumuşyňyzy aýdyň!-diýdi. Hajyp emiri ele alanyna begenip:

-Ýumuş-ýaraşyk, muhterem Bugra-tegin. Soltany ýaraşyga yrmaly. Eger siz bu sogaply işiň hötdesinden gelseňiz, müňlerçe adamy ölümden halas etdigiňiz bolar. Bu bilen tutuş Horezminiň halkynyň alkyşyna galarsyňyz-diýdi. Emir gara gyrsuw sakgalyny sypap, bir salym dymdy, soňra ardynjyrap:

-Soltan Atsyza juda gaharly. Şeýle bolansoň ol meniň töwellamy alarmyka-diýip, hajyba ünjüli garady.-Muhterem Nyzametdin, bu bir adama başardýan iş däl. Horezmşanyň iberen hatyny okadyp, onuň uzur soraýanyny eşideninden soňam, azajyk bolsada, ýumşamady. Gaýtam beter gaharlanyp, “Gör-ä, onuň şapalak atyşyny” diýdi. Ýogsam, hat örän täsirli ýazylan eken.

Emiriň bu jogaby hajybyň teşwüşini artdyrdy. Ol işi Bugra-tegininiň özi bitiräýse, beýleki sowgatlyklary hazyna tabşyryp, Horezmşanyň öňünde uly abraý gazanjakdy. Bolmady, beýleki sowgatlary-da eçilmeli boldy. Ol emiriň "bu iş bir adama başartmaz" diýeninden many çykaryp, Horezmşanyň at beren ikinji emirini hem agzamaly boldy:

-Muhterem Bugra-tegin, ýanyňyza ýene bir emiri, meselem Bargudar Gaýly jenaby alyp, soltanyň daşyna geçseňiz maksadymyz myrat bolar, enşalla.

Bugra-tegin hajyba Bargudar Gaýlynyň adyny tutanyna geň galyp garady.

-Siz Bargudar Gaýlyny nirden bilýäňiz?

-Sizi bilişim ýaly bilýän, jenap Bugra-tegin.

-Hä, hä. Horezmşa onuňam adyny berdi diýseňiz-le. Emma jenap Bargudar bu işde maňa goşularmyka?

Hajyp goltuk jübüsinden ikinji göwher gaşlyny çykardy-da, emire uzatdy:

-Muny ol jenaba sowgat etseňiz siziň etjek bolýan sogap işiňizden boýun gaçyrmaz, öýüdýän-diýdi hajyp. Ýüzügi eline alyp, synlaýan Bugra-tegin onuň özüne berleninden tapawudy ýokdygyna göz ýetirip, kellesini ýaýkap güldi:

-Bäh, jenap hajyp, ýaman şeýtan adam ekeniňiz. Horezmşadan sowgatlary goşa-goşadan alyp, birisi bilen iş bitirjek bolduňyz-ow. Ýüzügiň ýanynda ýakut tesbi hem bolmaly. Çykaryň onam!-diýdi emir ýarym çyn ýarym degişme äheňde. Nyzametdin hajyp ulurak syry paş bolanda-da, aljyrajak adamlardan däldi. Ol hem emire gülüp gaýtargy berdi:

-Jenap emir, siziň şeýtanlygyňyzam meniňkiden pes däl ekeni, tesbiniň bardygyny hem biläýdiňiz-diýip, bir ýan kisesinden ikinji tesbini çykaryp berdi.

Bugra-tegin ýüzük bilen tesbini egnine ýelbegeý alyp oturan gara mahmal donunyň içki gapdal kisesine saldy-da hajyba ýüzlendi: -Jenap Nyzametdin, enşalla siziň bu işiňiz biter. Bu işi menem, jenap Bergudar hem bujagaz sowgatlaryňyz üçin däl, sogap üçin, gan dökülmezligi üçin halysalla bitirjek bolarys. Biter hem. Ýöne muňa azyndan bir hepde gerek bolar. Şu wagtyň içinde edilýän hüjümlere siziňkiler berk gaýtawul beribermeli. Meniň bu diýänimiň sebäbine düşünýän bolsaňyz gerek. Soltan hiç hili garşylyk görmän, gelen badyna ýaraşyk etmez. Häzir oňa ýaraşyk edeli diýip, aýdyp hem bolmaz. Bugra-tegininiň bu

aýdanynyň jany ýok däldi. Şonuň üçin hajyp onuň bilen ylalaşmaly boldy. Emir sözüni dowam edip:

-Indi esasy mesele-diýdi. -Siz häzirki bolýan ýeriňizden iküç ulamany, kethudany ýanyňyza alyp, bir hepdeden soň soltanyň ýanyna geliň. Ol her gün irden çadyrynyň öňüne çykyp, esgerleri gözden geçirip durýar. Biz hem onuň ýanynda bolýas. Şo mahalam gelip, tagzym edeniňizden soň onuň adyna hamdu-senalar aýdyň. Soňra Horezmşanyň adyndan, öz adyňyzdan ilata aman diläň. Onsoň şu ýerde-de, soltanyň ýaraşyga razylygyny alarys, enşalla.

Nyzametdin hajyp Bugra-teginiň ynam bilen aýdan sözünden kanagatlanyp, onuň bilen hoşlaşdy.

***

Emir Bugra-teginiň aýdan bir hepdesi geçdi. Nyzametddin hajyp emiriň aýdyşy ýaly iki ak selleli ulamany, iki-de ak sakgally ýaşulyny yzyna tirkäp, irden ýaz güneşiniň şapaklary görnip ugran mahaly uly meýdany tutup ýatan leşgeriň goşuna ýetip geldi. Sakçylara aýdyp goýlan bolmaga çemeli, olary atlaryndan düşürip, geçirip goýberdiler. Soltan Sanjaryň şahana çadyry goşuň bir çetinde beýigräk ýerde dikilen bolup, depesinde soltanlygyň tugynyň kiçiräk görnüşi ýuwaş öwüsýän şemalda çalarak pasyrdaýardy. Soltan Sanjar Bugra-teginiň aýdyşy ýaly çadyrynyň öňünde zerbap donuny egnine ýelpegeý atyp, ýaňy örüp başlan esgerleri gözden geçirýärdi. Onuň biraz mama dişlän çal sakgally ýüzi ünjüli we çytyk görünýärdi. Ol özüne tarap gelýän del adamlara gözi düşende ýanyndakylara garap:

-Şu gelýänler-ä aman dilemäge gelýän wekiller bolmaly-diýdi.

-Kyblaýy älem, Pygamberimiz Muhammet aleýhiessalam “Ýagşy dilegleri kanagatlandyrmak parzdyr” diýipdir-diýen Bugra-tegine gaňrylyp, düşnüksiz manyda garady, ýöne hiç zat diýmedi. Bargudar Gaýly-da:

-Kyblaýy älem, köp gan dökülmän hazynany gaýtaryp alsaňyz, Horezmşany dyza çökerseňiz, aman diläne aman, saman diläne saman beribermeli-diýip, gülüşme tapjak boldy. Soltan onuň gepine gülmedi:

-Bugra ikiňiz dilleşen ýaly-la. Nämä gyssanýaňyz ýa aýallaryňyzy küýsediňizmi?-diýip, Soltan birneme gatyrganyp geplese-de, Bergudaryň “köp gan dökülmän” diýeni oýlandyrdy. Çünki geçen hepdäniň içinde derwezeleriň birini ýaryp, içeri giren urşujylarynyň topary giren ýerinde berk gaýtawul alyp yzyna serpikdirilipdi. Yzyna gaýdanlaram girenleriň hemmesi däldi, üçden birisi derwezeden içerde galypdy. Beýle ýitginiň sebäbi içerdäki urşujylar ini kyrk gezden köp

bolmadyk derwezeden sygyp geçen topara hem maňlaýdan, hem iki gapdaldan daramak mümkinçiliginden peýdalanyp zarba urupdylar. Şeýlelikde iküç sapar edilen hüjümde gurban bolanlaryň sany goranýanlara garanda hüjüm edýänleriňki köpdi. Elbetde, Soltan Sanjar ýitgileriň sanyna garamazdan jäht edip, hüjümi has güýçlendirse şäheri eýelemegi mümkindi. Emma beýle uly ýitgisiz Horezmşany dyza çökerip, gazanyljak ýeňiş Soltana has peýdaly duýlyp başlady. Emma Atsyzyň keşbi göz öňüne gelende, ondan aryny almak maksady gazabyny egsildmeýärdi.

Soltan Sanjar özüne golaýlap gelýän adamlara bilesigelijilik bilen dikilip duruşyna olara näme jogap bermelidigini pikir edýärdi. Ýöne olar gelip ýetende bir karara gelip ýetişmändi. Şonuň üçin öz ýanyndan “sakawyň soňuna seredeli, göreris” diýip goýdy.

Nyzametdin hajyp başlyklaýyn gelen adamlar Soltana iki epilip, salam bilen tagzym etdiler. Tagzymdan başlaryny göterenlerinden ulamalaryň biri:

-Külli musulman äleminiň şahu-jahany, mertbesi daglardan hem beýik merhemetli Soltanymyz-diýip, ýat bekläp gelen hamdu-senasyny başlap goýberdi. Öwginiň täsirindenmi Soltan Sanjaryň çytyk ýüzi barha açylýardy. Hamdu-senanyň soňuny ikinji ulama jemläp:

-Merhemetli beýik soltanymyz musulman musulmanyň ganyny dökse şeýtan begenermiş. Şeýtany begendirmän, Allanyň halaýan zady-ýaraşygy etmek uly sogap işdir. Biz sizden şu sogaply işe baş goşup, Horezminiň ilatyna aman bermegiňizi hem-de ýaraşyk etmegiňizi diläp, halkymyzyň adyndan wekil bolup geldik-diýdi. Ulamalardan soň Nyzametdin hajyp söze başlady:

-Kyblaýy älem, şahu-jahan hezretleri, men Nyzametdin hajyp Horezmşanyň ynançly wekili hökmünde onuň size öz eli bilen ýazyp goýberen namasynyň sözleriniň hakdygyny onuň adyndan tasdyk edip, onuň ýene bir gezek uzuryny size ýetirýärin.

Soltan Sanjara bu dilewarlyklar entek täsir edenokdy. Ol Nyzametdin hajyba kinaýaly nazar bilen seredip:

-Horezmşa diýäniňiziň özüne ynanyp bolmaýarka, onuň ynançly wekiline nähili ynanyp bolýar-diýdi.

-Kyblaýy älem, sözlerimiň hakdygyna ymanymdan kasam edýän.

-Eý musulman, ymany ara goşma, eger ol sende bar bolsa.

Hajyp bir hili boldy. Garşysynda duran hökümdar. Oňa näme diýip bolýar. Elbetde, diliňe geleni aýdyp bolmaýar. Gaharyňy içiňe ýuwutmaly bolýar. Şeýle-de bolsa ol:

-Kyblaýy älem, men ymansyz adama mezeýänmi?-diýmän durup bilmedi.

-Daşyňdan meňzäňok. Ýöne käbir adamlar bar zadyny gizläp, ýok zadyny bar edip görkezjek bolýarlar.

Soltanyň bu sözi hajybyň has degnasyna degdi. Ýene bir zat diýse, mundanam beterini eşitjegini duýup, dilini dişledi. Ol Soltanyň ýanynda sesini çykarman duran emir Bugra-tegine närazy nazaryny aýlady. Onuň bu garaýşynda: “Şeýle gymmat baha sowgatlary alyp, hany bitiren işiňiz?” diýen many bardy. Soltan Sanjar ulamalara, aksakgallara garap, sözüni dowam etdirdi:

-Horezmşa diýýänleriňiz goýberen söwgatnamalarynda özüniň bize wepadarlygyny, tabynlygyny beýan edip, Allanyň adyndan ant içýär. Emma soňunda sözünde durup bilenok. Onuň biziň garşymyza eden hereketlerini bir näçe gezek bagyşladym. Öňkilerini aýdyp oturmaýyn, 534-nji ýylda Buharany tozdyryp gaýdanyndan soň bize söwgatnama iberip, mundan beýläk beýle iş etmejegine ant içip, awy ýalady. Emma gara hytaýlar bilen bolan jeňde goşunymyzyň asgynlyk edip, biziň Termeze gidenligimizden peýdalanyp, paýtagtymyz Merwi talap gaýtdy. Hany, aýdyň, musulmançylyga sygýan işmi bu?!

Ulamalar, aksakgallar näme jogap berjeklerini bilmän, biri-birine seredişdi. Soltan sowalyny gaýtalady. Ulamalaryň biri:

-Kyblaýy älem, aýypsyz bir Allanyň özüdir. Horezmşadan hatalyk geçen bolsa-da, Siz beýiklik edip geçirimli boluberiň. Geçirimlilik Allanyň iň halaýan-häsiýetleriniň biridir-diýip, jogap berdi. Soltan öňküsindenem gyzyp dowam etdi:

-Ýok! Bu siziň aýdyşyňyz ýaly hatalyk däl, bu ýagşylyga ýamanlyk! Çünki, biziň onuň tohum-tijine, özüne eden ýagşylyklarymyz unudylýan ýagşylyk däl. Onuň kakasyna-da, özüne-de Horezmşa adyny biz berdik, olary Horezmine hökümdar edip biz belledik. Atsyz atasy Anuşteginiň kimdigini, onuň Horezmine biziň pederimiz Mälik şanyň eradasy bilen gelip, bu ýeri ýurt edinendigini bilmeýärmikä? Bilýär! Ol Horezminiň pederimiz Mälik şadan bize miras galan mülkimizdigini hem bilýär. Şeýle bolansoň onuň bize garşy baş göterimegi bagyşlap bolýan etdilik däl-ä!

Bu sözden soň ýaraşykdan umydyny üzen Nyzametdin hajybyň ýüzi boz-ýaz boldy. Ol Bugra-tegine “Bu nähili boldy?” diýen manyda garady. Ol bolsa hajybyň nazaryndan ýüzüni başga ýana sowdy, hajybyň janyna ot düşdi. Soltan Sanjar bir salym säginip, sözüniň garşysynda duran wekillere nähili täsir edendigini bilmek üçin olara synçy nazaryny

aýlady. Olar Soltanyň ötgür nazaryna döz gelip bilmän başlaryny aşak egdiler. Şol mahal emir Bugra-teginiň “Kyblaýy älem, egilen başy gylyç kesmez diýipdirler. Horezmşanyň başy bir eýýäm egildi. Bu moýsepit kişiler hem aman diläp gelip, garşyňyzda baş edip durlar. Pygamberimiziň “Ýagşy dilegleri kanagatlandyrmak parzdyr” diýen dogaýy sözleriniň hatyrasyna aman beräýiň” diýen sözlerini eşiden Nyzametdin hajybyň kellesi galyp, gözleri Bugra-tegine minnetdarlyk bilen bakdy. Soltan Sanjar özüni emiriň sözüne üns bermedik ýaly edip görkezdi-de, Kybla tarapa öwrülip, asman gümmezine dikildi. Onuň bu bolşy göýä Hudaýa mynajat edip: “Eý Taňrym, Horezmşadan gören horluklarym zerarly ýüregimde dörän gazap oduny söndürmäge özüň kömek et, ýogsam men bu şäheri-de, onuň özüni-de ýere ýegsan ederin” diýýäne meňzeýärdi. Ol uludan demini alyp, wekillere tarap öwrüldi, olara agras nazar taşlap, agraslyk bilen gürledi:

-Şu azym şäheriň zähmetkeş halkyna jebir ýetmezlik üçin men geçirimlilik edeýin. Baryp oňa aýdyň, alyp gaýdan sandyklarynyň üstüni dolduryp gaýtarsyn, özide-de gelip, aýagyma ýykylsyn!

Wekiller gaýta-gaýta tagzym edip, yzyna dolandylar. Sakçylaryň ýanynda goýup, gaýdan atlaryna münüp her haýsy öz ýoluna-ulamalar bilen aksakgallar obalaryna, Nyzametdin hajyp şäheriň ýykylan derwezesi tarapa gitdiler. Gepleşikler wagtynda irden taýýarlanan hüjüm saklanypdy. Soltanyň soňky sözünden soň ol bütinleý ýatyryldy. Şonuň üçin hajyp hiç bir päsgelçiliksiz derwezä ýetip bardy. Ol derwezäniň goragynda duran urşujylaryň arasyndan geçip, göni köşge tarap ugrady.

Horezmşa Atsyz takdyryna ten bermeli boldy. Soltanyň sandyklarynyň üstüni dolduryp ugradanyndan soň özü-de bir nökeri bilen iki atly bolup, galadan çykdy. Ol çykan ýerinde atynyň başyny çekip, giň meýdany tutup ýatan leşgeriň goşunyň arasyndan gözi bilen soltanyň çadyryny gözledi. Ähli çadyrlardan özüniň kaşaňlygy bilen tapawutlanyp duran Soltanyň çadyry gözüne kaklyşandan şoňa tarap atyny äwmezlik bilen sürüp baryberdi. Soltana onuň gelýänini habar berenlerinden ol emirleri, wezir-wekilleri bilen çadyrynyň öňüne çykyp, üýtgeşik bir waka garaşýan ýaly bolup durdy. Horezmşa taýak ýetim aralykda atyndan düşdi, atynyň jylawyny nökerine berip, pyýadalap soltana garşy ýöredi, iki ädim bärsinde ses-selemsiz dyzyna çöküp, soň maňlaýyny ýere berdi. Soltan Sanjar hem gep-sözsüz onuň hereketlerini synlap durdy. Bu sessiz görnüşi soltanyň ýanyndaky emeldarlar, töwerekdäki ähli esgerler birsalym tomaşa etdiler. Täçli kelleleriň şeýle ýere çenli egilýän pursatlary taryhda az bolmasa-da, häzirki bolup duran

ýagdaý tomaşaçylara del we täsin görünýärdi. Maňlaýyny ýere berip ýatan Atsyz bolsa özüniň beýle peseldilip, abraýdan düşürilmegi üçin soltandan ýene-de arly boldy, ir-u-giç bu horlyk üçin soltandan ar almagy ýüregine düwdi. Bir salymdan soň soltan Sanjar:

-Kelläňi galdyr, dikelip meniň gözlerime seret-diýip buýurdy.

Atsyz dikelip, soltan Sanjaryň gözlerine garady. Gözler kaklyşdy. Soltan onuň gözlerinde ökünç, tabynlyk alamatlaryny görjekdi. Emma arly, tekepbir nazara duç geldi. Soltanyň serinden “Egri agajy dogurlap bolmasa gerek. Bu geljekde-de hezil berjege meňzemeýär” diýen pikir geçdi. Ýöne aman bermäge söz bereninden soň hiç hili çäre görüp boljak däldi. Emirler soltan Atsyza-da häli ol hakda wekillerine aýdan sözlerini gaýtalap, ony gep bilen ýenjer öýdüpdiler. Emma Soltan beýitmedi. Ol:

-Jelaletdin!-diýip, Atsyzyň özünde gullukda mahaly aýdýan adyny tutup, söze başlady.-Ýadyňdamy, ýurduňa gaýtmak üçin menden rugsat alanyňdan soň, biz Gazna, sen Horezmine ugranymyzda ýoluň aýrymynda saňa ak pata berip, näme diýdim?

-Ýadymda, Kyblaýy älem. “Seni inim ýaly görýän” diýipdiňiz.

-Ýadyňda bolsa, sen inilik etmediň-ä! Gaýtam birinji ganymym bolduň. Sen meni bir sapar ölümden halas etdiň, senden bir jan karzym bar. Ýogsam bireýýäm kelläňi alardym-diýdi. Soltanyň bu gepi Atsyzyň ýüregindäki köne ody täzeläp goýberdi. Ol:

-Meniň öz kellämden hem eziz görýän kellämi aldyňyz-a-diýmän durup bilmedi. Soltanyň ýüzi üýtgedi, Horezmşanyň iň agryly ýerine degenini duýdy:

-Gahar gelende akyl gaçýar diýenleri dogry ekeni. Ol bolan zat saňa bolan gahar-gazabymyň etdiren işi. Soň özüm ökündimem-diýdi. Atsyz daşyndan geplemedi, içinden bolsa “seniň soň öküneniňi nädeýin. Entek senden arymy alyp bolamok”-diýdi. Soltan entegem dyzynyň üstünde oturan Atsyza “Tur ýeriňden!” diýdi. Atsyz turup, kaddyny rastlandan onuň gözlerine dik bakyp:

-Bilip goý! Men seni iň soňky sapar geçirdim. Indiden beýläk biziň garşymyza bir iş edäýseň, ýagşylyk tamasyn etme! Tabynlygyňa boýun bolup, paç-hyrajyňy wagtynda goýber-diýdi. Atsyz bir elini gursagyna goýup, başyny egdi. Soltan Sanjar onuň bu sessiz razylygyna barybir ynanmady. Ol Atsyzdan bir söz eşitjek bolup, oňa soragly nazar bilen dikildi.Ondan ses-seda çykmanyndan soň özi kinaýa bilen dillendi:

-Muhterem Horezmşa hezretleri, şunça ýoldan şöwür çekip gelen biziň leşgere hödür keremiňiz ýokmy? Onsoňam esgerlere adam başyna bäş-on dinardan ýol haky paýlamaly bolar.

Atsyz adynyň ýaňsa alyp aýdylanyna-da çydamaly boldy. Üstesine leşgerine pul paýlamalysy has agyr düşdi.

-Kyblaýy älem, hazynada baryny siziň sandyklaryňyzyň üstüne goşduk.

-Men sandykdakylaryň üstüni dolduryň diýenimde şuny-leşgeriň hakyny nazarda tutupdym, ony özüm bererin. Sen mallaryňy soýduryp, gazanlaryňy atardyber. Bu goşa ýeňişi toý şagalaňyny edip belläli. Goşa ýeňiş diýenimiň birinjisi-Seni teslim* edenimiz, ikinjisi-sen leşgeri şähere girizmän, aman alyp, gazanan ýeňişiň.

Soltanyň soňky aýdanynyň jany ýok däldi. Çünki, ilatynyň ganyny dökdürmän, talatman, ýaraşyk gazanmaklyk hem uly ýeňişdi. Emma, Atsyz muny bilse-de, soltanyň aýagyna ýykylyp, ýeri ogşap ýatany onuň üçin ýeňiş däl-de horlukdy. Indi ganym leşgerine söwüş edip, özüne-de şahana hezzet-hormat etmek horlugyň dowamydy. Şeýle bolsa-da edildi. Etmezlige alaç ýokdy.

***

Soltan Sanjar özüniň hormatyna guralan meýlisde näçe hezzet-hormat edilen bolsa-da, Atsyza bolan ynamsyzlygy dolanyp, Merwe geleninde hem ýüreginiň bir çetine agram saldy durdy. Şonuň üçin ol Gürgenje Atsyzyň ähli hereketlerine göz-gulak bolup durýan bir adam ibermegiň pikirini edýärdi. “Kimi goýbersem bolar, kimi ol biziň jansyzymyzdygyny güman etmän kabul eder?” diýen endişe bilen her taraplaýyn oýlanyşyp, ahyrsoňy köşk şahyrlarynyň serweri Edip Sabyry huzuryna çagyrdy. Şahyryň tagzymyndan soň Soltan oňa täsin sorag berdi:

-Möwlana, bardy geldi men siziň göwnüňize degsem, siz öýkeläp, nirä giderdiňiz?

Beýle soraga garaşmadyk şahyr Soltan oýun edýändir öýdüp, jogap berdi.

-Kyblaýy älem, onuň ýaly bolsa, men siziň saýaňyzyň has goýrak ýerine giderin.

Soltan şahyryň jogabyndan hoşal bolup:

-Bilýän siziň wepadarlygyňyzy, möwlana-diýdi. Siziň şu wepadarlygyňyza bil baglap, men size bir ýimuş tabşyrmakçy.

-Buýruň, Soltanym, baş üstüne.

-Teşekkür, möwlana. Ýaňy siz menden öýkeleseňiz nirä giderdiňiz diýip, soranymyň sebäbi bar. Men sizi özümden öýkeli edip, Gürgenje ibermekçi. Siz ol ýerde biziň wekilimiz bolup, ýaşamak bilen Horezmşanyň ähli hereketlerini göz astyna alyp, niýetlerinden habarly

bolup, ýörmegiňiz gerek. “Ýykylan göreşden doýmaz” diýenleri ýaly ol menden aryny almak üçin hiç zatdan gaýtmaz. Siz ol ýere göwnüňize deglen, öýkeli, aslynda sürgün edilen adam bolup barsaňyz, Horezmşaga has ýakyn bolarsyňyz. Çünki, olam menden öýkeli. Iki öýkeli dertdeş, syrdaş bolýar. Siz şundan peýdalanjak boluň.

Edip Sabyr bir hili boldy. Ol özüniň Gürgenje jansyz edip iberilýändigine düşündi. Bir salym näme diýjegini bilmän, alasarmyk ýagdaýda durdy.

-Näme dymdyňyz, möwlana? Ýa meniň sözümi syndyrmakçymy? Soltanyň gatyrganybrak aýdan gepi şahyry özüne getirdi:

-Ýok, Kyblaýy älem. Siziň sözüňizi syndyrmaga het edip bilmen, ýöne meniň bu işde tejribäm ýok-da - diýip, Edip Sabyr naýynjar dillendi.

-Onuň üçin tejribe gerek däl. Gözüňiz görse, gulagyňyz eşitse bolany!

Bu gepden soň Edip Sabyr başga söz aýtmaga milt edip bilmedi. Razylyk manysynda başyny atyp, bir elini gursagyna goýdy.

-Ýagşy-diýdi soltan şahyrdan hoşal bolup. -Indi, möwlana, men sizi ertirki meýlisde muşaýyra çagy “öýkeletmeli” bolýan. Bilýänsiňiz, köşkde bir üýtgeşik waka ýüze çyksa, şol günüň ertesi bütin şähere ýaýraýar. Şähere ýaýran gep özge ýurtlara-da ýetip barýar. Şeýitmesek Horezmşa siziň öýkeläp gaýdanyňyza ynanmaz. Sizi öýkeletmegim üçin ertir meýlisde okajak şygryňyzyň soňuna meniň gazabymy gozgaýan iki setir ýazyň-diýip, soltan Edip Sabyra manyly seretdi. Soňra bir goşowuç altyn teňňe salnan keşdelenen haltajygy “Ýol harajaty” diýip berdi-de: “Gaýdyberiň” diýdi. Edip Sabyr, yzyna basyp, Soltanyň huzuryndan çykyp gaýtdy. Biçäre şahyr nätsin? Patyşanyň emri wajyp. Öýüne gelip, ertirki meýlisde okajak şygryny ýazmaga oturdy. Kasyda äheňinde ýazylan şygyrlary ýazmak Edip Sabyryň çep elinden gelýärdi. Ol öwgüden ybarat sözleri dürli görnüşde kapyýalaşdyryp, kyrk setir goşgyny bir çäýnek çaý içer pursatda ýazdy. Emma soňky soltanyň gaharyny getirjek iki setiri ýen şonça wagt oturyp hem ýazyp bilmedi. Öwgüli sözlere öwrenen galam onuň tersine ýöremejek bolýardy. Ahyrsoňy şahyryň eradasy bilen galam aşakdaky setirleri ýazdy:

Başda täji, ady Şah-u-Jahandyr,
Belki, bu Jahan işiniň bary ýalandyr.

Edip Sabyr bu beýti ýazyşyna ýazdy welin, soňunda onuň gizlin manysyny Soltan aňyp, özüni öte geçenlikde aýyplap, çynlakaý gazaba münmese ýagşy diýip, howatyr etdi. Etse-de, beýti üýtgetmän töwekkel

edip, ertesi meýlise bardy. Soltanyň köşküniň meýlisler eýwanynyň mähellesi ýetikdi. Meýlis başlandy, aýdym sazlar belentden ýaňlanyp, meýler süzüldi. Aýdym-sazyň arasynda muşaýyra-şahyrlaryň şygyr okamasyna nobat berildi. Şahyrlar soltanyň adyna hamdu-senalardan ybarat kasydalaryny okadylar. Kasydalardaky öwgülerden göwni göterilen Soltan Sanjar soňunda Edip Sabyra ýüzlendi:

-Möwlana Edip Sabyr, indi nobat siziňki. Bir dilber şygryňyz bilen muşaýyrany jemläp beriň-diýdi. Edip Sabyr bir elini gursagyna goýup:

-Lepbeý, Kyblaýy älem - diýip, orta çykdy. Ol şygyrynyň kyrk setirini hemişekisi kimin labyzly okady, soňky iki setirde sesi biraz sandyrap çykdy. Soltanyň gaşlary çytyldy, Edip Sabyra gözüni alardyp:

-Hany, eliňdäkini bäri ber!-diýdi. Eline alan şygyryň soňky bendini sesli okady:

Başda täji ady şah-u-jahandyr,
Belki, bu jahan işiniň bary ýalandyr.

-Bu näme diýdigiň, Edip?!-diýip gaharly seslendi. Onuň jogabyna garaşman jibrindi. - Sen näme, bizi bu beýtin manysyna düşünmez öýüdýäňmi?! Başymgyzdaky täç hem, Şah-u-Jahan adymyz hem bu dünýädäki işimiz hem, bary ýalan diýdigiň dälmi?!-diýip, soltan elindäki şygyr ýazylan kagyzy dört bölüp zyňyp goýberdi-de:-Biziň täjimize, adymyza dil ýetirýän adama köşgümizde ýer ýok!-diýdi. Hemmeler aň-taň galyp, meýlisler eýwany suw sepilene döndi. Edip Sabyr bolsa tagzym bilen yzyna basyp, meýlisler eýwanyndan çykyp gitdi. Ol köşkden hiç hili päsgelçiliksiz, sag-aman çykanyna soltanyň gazabynyň ýasamadygyna, hemmesi öň şertleşilen ýalydygyny aňyp, Hudaýa şükür etdi. Köşkde agşamky meýlisde bolan waka ertesi, soltanyň aýdyşy ýaly bütin şähere ýaýrady.

***

Horezmşanyň soltan Sanjardan gören horluklary-ogly Atlygyň öldürenligi, özüni aýagyna ýykyp, peseldip, masgaralany üçin ýüreginde kasas ody barha lowlaýardy. Arasynda özüniň hem oňa çekdiren horluklary ýadyna düşüp, biraz teselli tapýardy. Emma, barybir ar almak niýetinden dönmek pikiri ýokdy. Gaýtam, öjüni almagyň ýollaryny oýlanyp görýärdi. Nätmeli? Uly goşun toplap, onuň üstüne ýörüş etmelimi? Ýok. Açyk jeňde ony ýeňmek başartmasa gerek. Şol oýlanyp oturşyna kellesine bir aýylganç pikir gelip, özü-de tisginip gitdi. Ýok, bolmaz, ol iş bolmaz... Emma kasas almagyň iň aňsat ýoly şu... Bu pikir ýatsa-tursa kellesinden çykmady. Eger-de bu iş gizlin ýagdaýda, onda özüniň goly bardygy äşgär bolman amala aşyrylsa, ary-da ýerine düşer,

garaşsyzlyk baradaky arzuwy-da wysal bolar. Atsyz şeýtanyň özüne çekiji bu ündewine eýerip, maslahatlaşmak üçin ynamdar hajyby Nyzametdin Baýdary huzuryna çagyrdy:

-Jenap Nyzametdin, diňe ikimiziň aramyzda galmaly bir maslahatlaşmaly iş bar-diýip Atsyz aýtjak zadynyň hajyba nähili täsir etjegini öňünden biljek bolýan dek oňa synçy nazaryny dikdi. Nyzametdin hajyp Horezmşanyň gaty syr saklanmaly bir zat aýtjakdygyny aňyp, oňa köp manyly seretdi-de:

-Aly hezret, saljak maslahatyňyz diňe ikimiziň aramyzda galmaly bolsa, men ony özüm bilen gabyryma alyp giderin-diýip, edep bilen başyny egdi. Atsyz hajybyndan synçy nazaryny aýyrman, pikirini beýan etdi. Horezmşanyň matlabyny aňan hajybyň içinde niçik harasat turan bolsa-da, daşyndan hiç zat bildirmedi. Ol:

-Aly hezret, siz şu işi makul gören bolsaňyz, men adam taparyn. “Gyzyl görse Hydyr hem gyzar” diýipdirler. Altynyň etdirmejek işi ýok. Köpräk eçileris-diýdi.

## XIX BAP

Edip Sabyr Merwden çykan kerwen bilen nirede sen Horezmin diýip ýola düşdi. Onuň bagtyna kerwenbaşy sungata, şygryýete sarpa goýýan, sowatly hem-de Edip Sabyryň at-owazasyny eşiden, onuň şygyrlarynyň birnäçesini ýat bilýän adam eken. Ol ýol boýy şahyry hormatlap, onuň bilen söhbetdeş bolup geldi. Şeýlelikde Edip Sabyr uzak ýoly söküp, Nowruz baýramçylygynyň başlanan güni ikindinara kerwen bilen Gürgenjiň gündogar derwezesinden girdi. Uzak ýoluň ýadawlygyndan başga-da, Üst-başynyň tozandygy, sakgal-murtunyň ösenligi sebäpli köşge baryp, görnüş bermäge çekinip, şu gije kerwensaraýda düşlemegi makul gördi. Ol atyny we goşuny kerwensaraýyň hyzmatçysyna tabşyrdy-da, ajygany hem suwsany üçin beýleki işleri soňuna goýup, şamlyk edinmek üçin kerwensaraýyň garbanyşhanasyna girdi. Giren ýerinde ony eli kündük legenli hyzmatçy ýigit garşy alyp, elini ýuwdyrdy. Iýjek, içjek zatlaryny sorap, oturmaga ýer görkezdi. Edip Sabyr jaýlaşyp oturansoň töweregine göz aýlady. Eýwan ýaly bu uly jaýyň içini ýokardan asylan birnäçe panus-çyralar ýagtyldýardy. Bir giden ululy-kiçili sekilerde çaý içip, nahar edinip oturan adamlaryň özara gürrüňinden, gülküsinden dörän gowur howada ýakymsyz ýaňlanýardy. Edip Sabyryň buýran nahary bilen çaýyny getiren hyzmatçy ýanynda gelen iki adama-da onuň oturan sekisinden ýer görkezdi. Gelenleriň ikisi-de sakgal-murtsyz ýüzlerini gara tüý basan ýaş ýigit bolsalaram sakgaly çalaryp ugran Edip Sabyra edep bilen salam

bermäge derek başlaryny çalarak atyp, üm-süm ýerleşip oturyberdiler. Ysmaýylylara meňzeş at ýüzli daýow pyýada bolup, biriniň çep gaşynyň üstünde kiçiräk çandyk bardy. Ýüzleri hyrsyzdy, gözleri alady. Kellelerindäki gara baganadan tikilen başgaplarynyň ýokarsy galandarlaryňky ýaly süýridi. Eginlerindäki düýe ýüňünden dokalyp tikilen mele reňkli çäkmenlerine garanda garyp-gasara meňzemeýärdiler. Olaryň üst-başlarynyň, ýüz-keşpleriniň meňzeşligi ekiz taýlar bolaýmasa diýdirýärdi. Hyzmatçy olaryň öňüne naharsyz bir çäýnek çaý bilen iki käse getirip goýdy. Olar käselerine guýnan çaýlaryny göwünli-göwünsiz ellerine alyp, ýöne bir güýmenje üçin her mahal bir owurtlap oturdylar. Şuňa garanda olar bu ýere naharlanmaga ýa-da çaý içmäge däl-de, başga bir iş bilen gelene meňzeýärdiler.

Bir mahal garbanyşhananyň gapysyndan aýratyn geýnüwli bir adam gelip girdi. Gara gyrçuw sakgally, orta boýly, orta ýaşlaryndaky bu adam giren ýerinde durup, birini gözleýän ýaly jaýyň içine dykkatly göz aýlady. Gözi Edip Sabyryň golaýynda oturan ýaňky ýigitlere düşende ýitigini tapan ýaly ýüzi açylyp, assa ýöräp olaryň ýanyna geldi.

-Ýigitler, sizler talaban dälmi?-diýip sorady.

-Talaban bolmasagam hakyny berseňiz talabanyň etjek işini ediberýäs-diýip, ýigitleriň biri jogap berdi.

-Onuň ýaly bolsa meniň bilen ýörüň, edilmeli işi ýerinde görkezerin-diýip, ol adam ýigitleri yzyna tirkäp alyp gitdi. Olaryň arasynda bolan gürrüňi eşidip duran hyzmatçy Edip Sabyr bilen hasaplaşýarka:

-Eý toba, talaban gerek bolsa, Gürgenjiň bazarlarynda isläniňçe
bar-a, bu ýerden talaban gözlemek nämä gerekkä?-diýdi.

-Bazardakylara pisindi oturan däldir-dä-diýdi Edip Sabyr.

-Pisindi oturman näme, ol ýerde bular ýalylary sapana salyp atyp goýberýänlerem az däl. Ol adama diňe şular gerek bolmaly. Çünki, ol düýnem gelip, adamlara bir laý göz aýlap gitdi. Ine bu gün tapyp alyp gitdi. Olara buýruljak iş bazardakylaryň elinden gelmeýän başgaça iş bolmaly.

Edip Sabyr hyzmatçynyň gepine kän bir üns bermän, iýen-içeniniň puluny töläp, çykyp gitdi. Ol garbanyşhanadan çykyp, kerwensaraýyň myhman otaglaryndan özüne bir gijelik ýer aldy. Ondaky ýumşak ýatalga gözi düşende ýadawlygy zerarlymy ýatmakdan başga zady islemän, üstki geýimlerini çykarnyp gyşaran badyna uka gitdi. Ir ýatyp mazaly dynjyny alan Edip Sabyr irden turdy, kerwensaraýyň hammamynda ýuwunyp, sakgal-murtyna timar berdi. Egnine täze ak

ýüpek ýektaýyny, başyna dört oram ak ýüpek sellesini geýdi. Bu ak eşikler, ýaňy çalaryp ugran sakgal-murty bilen utgaşyp, bugdaýreňk ýüzüne özboluşly nuranalyk bagyşlap durdy. Ol kerwensaraýyň atbakaryna iküç gün atyna seredip durmagy haýyş edip, köşge tarap pyýadalap ugrady. Kerwensaraý bilen köşgiň arasy pyýada kişä ýarym sagatlyk ýol ekeni. Ol şu ýarym sagadyň içinde Gürgenjiň ir ertirden durmuş gaýnaýan köçelerini synlap barşyna köşgüň öňündäki meýdana gelenini hem duýman galdy. Garşysynda horezmşalaryň nesilden nesile miras bolup gelýän haýbatly, kaşaň köşgi howalanyp durdy. Köşgüň peştakyna, küňrelerine ýasalan gök syrçaly ajaýyp nagyşlar, peştakyň ortasyna ýazylan Gurhanyň käbir aýatlary bilen utgaşyp, ýaşyl baglardaky ak gülleriň çemenzaryny ýatladýardy. Edip Sabyr köşgüň islimi nagyşlar oýulyp bezelen iki ganatly belent gapysynyň öňüne gelip, gapynyň iki ýan tarapynda duran elleri naýzaly serbazlara ýüzlendi:

-Ýigitler, men Merwden geldim. Horezmşa hezretlerine Soltanymyzdan salam getirdim.

-Bir salym garaşyň-diýip, gapynyň sag tarapynda duran nöker gapdalyndaka naýzasyny berip, içeri girip gitdi. Naýzany alan nöker iki ädim süýşip, içeri gideniň ýerinde durdy. Onuň gapdalyndakylar hem süýşip, hatary doldurdylar. Içeri giden nöker gaýdyp, çykanynda şol hatardaky nökerler öz ýerlerine geçip, oňa ýerini boşatdylar. Ol ýoldaşyndan naýzayny alyp ýerine geçip durdy-da, Edip Sabyra garap:

-Jenap, biraz sabyr ediň, bir salymdan Nyzametdin hajyp çykyp, siziň habaryňyzy alar-diýdi.

Edip Sabyr Horezmşanyň köşk emeldarlarynyň Reşiteddin Watwatdan başgasyny tanamaýardy. Watwat bilen birki gezek Ispyhanda, Merwde duşuşypdy, goşgy-da okaşypdy. Nyzametdin hajybyň we ýene birki emeldarlaryň atlaryny eşidipdi. Nyzametdin hajyby bolsa Horezmşanyň iň ynamdar kişisi diýip, Merwiň köşgünde gürrüň edýärdiler. Soltanyň Horezmine ikinji ýörüşinde hem ol töwellaçylara baş bolup gelip, Gürgenji basgydan gutaran eken.

Köp garaşmaly bolmady. Içerden çykan adamy Edip Sabyr görenden tanady. Ol düýn agşam kerwensaraýdaky garbanyşhana talaban gözläp baran adamdy. Edip Sabyr oňa elini gursagyna goýup salam berdi-de:

-Muhteren Nyzametdin hajyp jenaplary, men şahyr Edip Sabyr, Soltanymyzyň emri bilen ýurdyňyza wekil bolup, geldim-diýdi.

Nyzametdin hajyp Edip Sabyryň özüni tanamasa-da, onuň soltan Sanjaryň köşgündäki iň meşhur şahyrdygyny bilýärdi, şeýle-de onuň

golaýda soltanyň gazabyna uçrap, köşkden çetleşdirilendigini hem eşidipdi.

-Oho! Edip Sabyr, meşhur şahyr Edip Sabyr! Marhabo! Hoş geldiňiz!-diýip, Nyzametdin hajyp şahyry mähirli garşylady.-Haçan kim bilen geldiňiz?

-Düýn Merwden gelen kerwen bilen geldim. Siz kerwensaraýyň garbanyşhanasyna talaban gözläp baranyňyzda men şol ýerdedim, naharlanyp otyrdym.

-Edip Sabyryň jogaby Nyzametdin hajyba näme üçindir erbet täsir etdi, onuň ýüzi üýtgäp gitdi bu ýagdaý şahyryň nazaryndan sypmady, ýöne ol wagt munuň sebäbini pikirlenip görmäge pursat ýokdy. Hajyp oňa ýene mähribanlyk görkezen bolup:

-Näme üçin şonda maňa özüňizi tanatmadyňyz? Men sizi şol wagtyň özünde köşge alyp gaýdardym-diýdi.

-Şol wagt men siziň Nyzametdin hajypdygyňyzy nirden bileýin-diýip, Edip Sabyr ýylgyrdy.

-Hä, hawa-diýip, hajyp  ýylgyran boldy. Edip Sabyr hajypda bir hili ünjüniň döränini, ýöne muny bildirmejek bolýanyny aňdy.

Şu gysga tanyşlykdan soň Nyzametdin hajyp Edip Sabyry köşge alyp girdi. Bu wagt Horezmşa Atsyz emeldarlary bilen gündelik işler barada her günki geçirýän ertirki ýygnagyndan soň tagtyndan düşüp aşakda baş weziri Ymam Mejdeddin bilen satranj oýnap otyrdy. Satranj tagtasyna dikilip, oýa çümüp oturan Atsyz birden janlanyp, bir göçüm etdi-de:

-Indi-hä utulanyňyzy boýun almaly bolarsyňyz, jenap Mejdeddin!-diýip güldi.

-Entek howlukmaň, Aly hezret. Ine bu göçümden soň näme diýersiňiz-diýip, Ymam Mejdeddin garaşylmadyk göçüm etdi. Şanyň gaşy çytyldy. Ol indi utup bilmejegine, eger oýny dowam etdirse utulaýmagy-da ähtimaldygyna gözi ýetip, ýeserlik bilen ýylgyrdy-da:

-Bu sapar dürreň[24] bolaýsyn-diýdi. Patyşanyň oýny dowam etdirmekden boýun gaçyrýanyna içinden gülen baş wezir:

-Siz näme diýseňiz şol. Patyşanyň emri wajyp-diýip ýylgyrdy. Weziriň ýylgyryşyndaky kinaýany duýan Atsyz bir hili boldy. Edil şol mahal gapydan giren Nyzametdin hajyp:

-Aly hezret, size hoş habar getirdim. Horasan şahyrlarynyň serweri Edip Sabyr jenaplary geldi-diýdi.

-Edip Sabyr? Nirde ol?

---

[24] Dürreň-huruş

-Şu ýerde, kabulhanada.

-Soltanyň köşgünden kowulany çyn ekeni-dä. Indi näme, bizden başpena sorap gelipmi?

-Ýok, ol soltanyň wekili hökmünde gelipdir, Aly hezret.

-Şeýlemi, çagyryň hany, özi näme diýer.

Nyzametdin hajyp gapyny açyp:

-Şahyr, geliberiň-diýdi. Edip Sabyr gelip, şalara edilýän adatdaky tagzymy berjaý edenden soň:

-Essalam-u-aleýkim, Horezmşa hezretleri, essalam-u-aleýkim weziri agzam jenaplary-diýip, ellerini edep bilen gursagyna goýdy. Atsyz salamy alyp:

-Hoş gördük, hoş geldiňiz Horezmine, möwlana Edip Sabyr-diýdi. Edip Sabyr özüne Horezmşanyň uly ulamalara aýdylýan möwlana sözi bilen ýüzlenenine ruhy göterilip, dilewarlyk etdi:

-Muhterem Horezmşa hezretleri, Horezmine myhman bolup gelmek meniň iň uly arzuwymdy. Emma ykbalyma sürgün bolup gelmek ýazylan ekeni.

-Näme üçin beý diýýäňiz, Nyzametdin hajyp sizi wekil bolup gelipdir diýd-ä.

-Aly hezret, bu resmi taýdan şeýle, hakykatda bolsa men sürgün edildim. Muňa permanyň ýerine ýazylan bir setir şu hat hem güwä geçýär-diýip, Edip Sabyr sellesiniň gatynyň ýokarsyna gysdyrlan irimçik naýça ýaly oralan kagyzy alyp, Horezmşaga berdi. Atsyz kagyzy açyp, ondaky “Edip Sabyr Horezmine wekil edip iberildi” diýýen sözlere gözi düşende kellesini ýaýkap güldi-de:

-Aýdýanyňyz dogry ekeni. Ýöne siz sürgün edildim diýip gamlanmaň, möwlana. Biz sizi iň gadyrly myhman hökmünde saklarys. Köşgümiziň gapysy siz üçin hemişe açyk. Meýlislerimize gatnaşyň, muşaýralarda şahyrlarymyz bilen goşgy okaşyň. Biziň Reşiteddin şahyrymyz üçin siziň gelmegiňiz üýtgeşik waka bolar. Öňräk biri oňa “Siziň şyryýetiňiz gowy, emma Edip Sabyryň derejesinde däl” diýipdir. Ol bu gepe çişse-de, şondan bäri şygyrlaryny has syntgalap taraşlaýar-diýip, Atsyz Edip Sabyryň göwnüni hoşlady.

-Aly hezret, Siz hem şygryýetde köplere gaýra dur duýen şahyr ekeniňiz. Merwde-de Siziň gözel gazallaryňyzy ýat bilýänler bar-diýip, Edip Sabyr Atsyzyň “Sen özüň” diýen redifli gazalyny ýatdan aýdyp, ahyrky:

“Iki gara zülpleri şamardyr jan kastyna,
Kim halas eýlär meni, halasgärim sen özüň”-

-diýen bendini gaýtalap, has joşgunly aýtdy. Horezmşa Atsyz özüniň döwlet işlerini öwenlerinde kän bir halamasa-da, şygyrlary öwülse monça bolardy. Ýakyn adamlary onuň şalyk şöhratyndan şahyrlyk şöhratyny ileri tutýandygyny bilýärdiler. Edip Sabyr onuň bu häsiýetini bilipmi bilmänmi bir gazalyny ýat aýdyp hem öwüp, oňa ýarandy. Atsyz:

-Ha, ýaşlykda ýazylan yşky gazallardan bu. Siziň hem yşka köýüp ýören çaglaryňyzda eliňize düşen bolmaly bu gazal, ýogsa ony şeýle ýat beklemezdiňiz-diýip degişdi.

-Ýok, Aly hezret, Siziň gazallaryňyz yşk heseri ýok ýüreklerde hem yşk oduny ýakýar-diýip, Edip Sabyr öwgüsiniň üstüni ýetirdi.

-"Derdi ýok, eşek, yşky ýok kesek" diýipdirler. Ýüreginde yşky ýok ynsan barmyka, beri?

-Bar, Aly hezret. Gury kesekleriň üstünede joşgun bulakdan süýji suw aksa, olaryň göwsünde hem giýa gögerip, al-ýaşyl öwüsip başlaýar. Siziň gazallaryňyz hem şol gury keseklere jan bagyşlaýan bulak suwy kimindir-diýip, Edip Sabyr Horezmşaga özüni aldyrdy. Bu öwgülerden göwni al asmana göterlen Horezmşa Edip Sabyra hoşallygyny bildirip, hajyba ýüzlendi:

-Jenap Nyzametdin, Merwiň öňki wekiliniň jaýy boş duran bolmaly. Özüňiz baş bolup, Şahyry şol ýerde ýerleşdiriň. Ähli gerek-ýarak zatlar bilen üpjün ediň, hyzmatyna adam goýuň.

-Hop, hop, Aly hezret, aýdyşyňyz ýaly ederis-diýip, Nyzametdin hajyp Edip Sabyr bilen yzyna basyp çykyp gitdiler. Häliden bäri ýeke agyz hem geplemän Edip Sabyry synlap oturan baş wezir ymam Mejdeddin:

-Aly hezret, gözleri bir hili bijaý bu adamyň-diýdi. Özüni Soltandan öýkeli edip görkezip, siziň ynamyňyza girjek bolýana meňzeýär. Mundan onuň maksady näme-kä?

-Siz nä, onuň gaýry bir maksady bardyr öýüdýäňizmi?

-Belki bardyr, Aly hezret. Soltanyň wekil diýip ibereni jansyz bolaýmasyn.

-Aý ýok-leý. Sizem ýok ýerden wehim tapýaňyz. Onuň soltandan öýkelidigi çyn. Aradaky bir meýlisde bir goşgysy üçin soltanyň gazabyna uçrap, köşkden kowlanyny özüňizem eşitdiňiz, ahyryn.

Ymam Mejdeddin patyşanyň gepi bilen içinden ylalaşmasa-da, öz pikirini ýene-de gaýtalamagy uslyp bilmedi. Ol:

-Belki, men ýalňyşýandyryn-diýdi.

***

Horezmşanyň özüne hoşmeýilligini gazanan Edip Sabyr ähli amatlyklary bolan jaýda ýerleşip, atyny alyp gaýtmak üçin kerwensaraýyň athanasyna bardy. Giň howlynyň içinde ellä golaý at we atlaryň töwereginde birnäçe adamlar bardy. Olaryň edýän gürrüňlerine garanda at söwdasy edilýärdi. Bu ýere bazardan gaýdan, käte gyssagly satyljak atlar hem getirilýän eken. Edip Sabyr atynyň ýanyna barandan iki daýaw pyýada gelip, salam berdiler. Edip Sabyr olary gözi düşenden tanady. Olar düýn garbanyşhanadan Nyzametdin hajybyň talaban diýip, alyp giden ysmaýylylara meňzeýän adamlarydy. Olaram ony tanadylar.

-Jenap, düýnem size gabat gelipdik, şeýle dälmi?-diýip, olaryň biri söz açdy. Edip Sabyr:

-Hawa, garbanyşhanada bir sekide oturypdyk-diýdi.

-Atyňyz tüweleme, daýaw at ekeni, satjak dälmisiňiz?-diýip, gaşynyň üsti çyndykly sorady. Edip Sabyryň atyny satmak pikiri ýokdy. Emma oňa indi atyň geregi hem ýokdy. Çünki onuň bu ýerde näçe wagt boljagy belli däldi. Şonuň üçin ol:

-Aý, bilmedim-de, satjak pikirim-ä ýokdy-diýip, ikuçly gepledi.

-Bize siziňki ýaly uzak ýola münmäge iki sany daýaw at gerek. Eger siz sataýsaňyz, ikinjisini öňümizdäki bazar güni bazardan saýlap alardyk. Bu ýerdäki satlyk atlaryň arasynda biziň diýen atymyz ýok ekeni-diýip, ol Edip Sabyry yryp boljagyna ynanyp, mylaýymsyrap gepledi.

-Uzak ýola münmäge diýdiňizmi, nirä gitmekçi bolýaňyz?-diýip, Edip Sabyr gyzyklandy.

-Merwe gitmeli biz.

-Näme, ol sizi alyp giden jenabyň ýumşyny eýýäm bitiräýdiňizmi, ýa hakyny ylalaşmadyňyzmy?-diýip Edip Sabyr bilesigelijilik bilen sorady.

-Ýumuş bu ýerde däl, Merwde-diýeninden ýoldaşy oňa ýaman gözi bilen garady. Bu garaýyş Edip Sabyryň ünsünden sypmady. Diýmek, aýdylmaly däl zat dilden sypdy. Ine şonda Edip Sabyryň göwnüne bir şübhe aralaşyp, ilki soltan Sanjaryň "Ýykylan göreşden doýmaz, Atsyz menden aryny almak üçin hiç zatdan gaýtmaz" diýeni ýadyňa düşdi hem-de Nyzametdin hajyba "Siz kerwensaraýyň garbanyşhanasyndan iki talabany alyp gideniňizde menem şol ýerdedim" diýeninde onuň ýüzüniň üýtgäp gideni göz öňüne geldi. Onsoňam, garbanyşhananyň hyzmatçysynyň "olara buýruljak iş bazardaky talabanlaryň elinden gelmeýän başgaça iş bolmaly" diýeni gulagynyň düýbünde gaýtadan

eşidilen ýaly boldy. Ine şular Edip Sabyry şübhesiniň esassyz däldigine ynandyrdy. Ol özüniň soňky sözüne garaşyp duran “talabanlara”:

-Ýok, ýigitler, pikirlenip gördüm, aty satsam boljak däl eken diýdide, atyny gazygynda galdyryp, athanadan çykdy. Onuň kellesinde “Jana kast, jana kast, soltanyň janyna kast!” diýen pikir at salýardy. Ol athanadan çykyşyna göni kerwensaraýdaky kerwenbaşynyň bolýan otagyna bardy. Kerwenbaşy bir zatlaryň hasap-hesibini edip, depderine ýazyp oturan eken. Edip Sabyra gözi düşenden:

-Geliň, şahyr, geliň!-diýdi. Salam-alek alyşanlaryndan soň ol:

-Şahyr, bir hili aladaly görünýäňiz, menlik ýumuşyňyz çykdymy?-diýip, mähribanlyk bilen sorady.

-Hawa, gadyrdan, özä örän uly ýumuş.

-Nähili ýumuş bolsa-da aýdyberiň. Siziň bizden bitmejek ýumşuňyz bolmaz-diýip, kerwenbaşy garaýaňyz ýüzüne gelşik berip duran birlän-ikilän ak alalan sakgalyny sypap goýberdi. Edip oňa minnetdarlyk bilen bakyp:

-Onda maňa bir kagyz bilen galamyňyzy berip duruň, ýumuşymy soň aýdaryn-diýdi.

Kerwenbaşy şahyryň syrly gep uruşyna geň galmak bilen ýylgyryp, depderiniň soňky sahypasyny ýyrtyp aldy-da galam bilen onuň öňünde goýdy. Sabyr kagyza şeýle sözleri ýazdy: “Kyblaýy älem, siziň “ol aryny almak üçin hiç zatdan gaýtmaz” diýeniňiz bisebäp däl eken. Gürgençden sizi görmäge gytyk gara sakgally iki adam barar. Olar biri-birine gaty meňzeş, biriniň çep gaşynyň üstünde çandygy bar. Şolardan ägä boluň!” Edip Sabyr haty kerwenbaşa berip:

-Muny soltana gyssagly ýetirmeli, gadyrdan. Kerweniň goragyndaky nökerleriň birini şu bu gün Merwe ugradyň. Soltan bu hyzmatyňyz üçin sizden juda minnetdar, hatda karyzdar bolar-diýdi. Hatyň mazmuny bilen tanyşyp, manysyna düşünen kerwenbaşy ony dört epläp goltuk kisesine saldy. Ol Edip Sabyryň soltanyň garşysyna guralan bu pitnäni nädip anyklanyny bilesi gelip dursa-da, oňa hiç bir sorag-sowal bermän:

-Arkaýyn bolaýyň, gadyrdan, haty gizlinlik bilen şu gün ýetişmesem ertir irden ugradaryn-diýdi. Edip Sabyr kerwenbaşa minnetdarlyk bildirip, onuň ýanyndan çykyp gaýtdy. Ol bu pitne baradaky oý-pikirlere çolaşyp gelişine ýary ýola ýetende aty ýadyna düşdi. Ol kellesini ýaýkap, özüne-özi bir zatlar diýip hüňňürdedi-de yzyna gaýtdy, kerwensaraýyň öňüne geleninde ol ýerden çykyp gelýän ýaňky “talabanlara” ýene gabat geldi. Olaryň biri:

-Ýaşuly, atyňyzy bize satanyňyzda, aýdan bahaňyzy berip alardyk, öňümizdäki bazar güni-de siziň atyňyza taý geljek birini tapardyk-diýdi. Ine şonda Edip Sabyryň kellesine tötänden bir pikir geldi. Ol “talabanlara” gülümjiräp garady-da:

-Biziň ata ýaman gözüňiz gitdow, ýigitler. Indi ony size bermesem boljak däl öýüdýän-diýdi. Begenjine “talabanlaryň” ikisi-de deňine “Aý, ýaşa ýaşuly!-diýip, yzyna dolandylar. Athanada atyň söwdasy edilende Edip Sabyr bahasyny bilkastlaýyn has ýokary göterip aýtdy. Ýaňy “aýdan bahaňyzy berip alardyk” diýenlerinden soň “gaýt-paýt” diýip durmadylar-da Edip Sabyryň aýdan bahasyny altyn dinardan sanap berdiler. Edip Sabyr atynyň maňlaýyndan bir sypady-da, athanadan çykyp, ýene kerwenbaşynyň otagyna bardy. Onuň gaýdyp gelenine geň galan kerwenbaşy:

-Hä şahyr, ýene näme gep?-diýdi.

-Haty maňa bir berip duruň, bir goşmaly zat bar-diýen Edip Sabyr Kerwenbaşynyň goltugyndan çykaryp beren dört eplenen kagyzy açyp, öňki ýazan hatynyň yzyna “Olaryň biri meniň atymy münüp barar, atymy siziň seýsiňiz tanaýar” diýip ýazdy. Hata goşulan bu sözleri okap, haýran galan kerwenbaşy:

-Şahyr, näme atyňyzy olara berdiňizmi?-diýip sorady.

-Ýöne bermedim, satdym. Sebäbi olar keşbini özgerdip barmaklary mümkin. Çandyklysy başgabyny çümre geýse çandygynyň görünmän galmagam ähtimal. Şonuň üçin at has ygtybarly belgi-diýip Edip Sabyr kerwenbaşa ýeserlik bilen gülümjiräp garady-da:

-Şu sapar menem söwdagärlik etdim, aty has gymmat satdym. Aýdan bahamy berip aldylar. Pullary köp bolmaly. Etjek “ýumuşlary” üçin gowuja eçilendirler-diýdi. Kerwenbaşy kellesini ýaýkap:

-“Pul bilen gurup-da bolýar, ýykyp-da” diýenleri biziň döwrümize dogry gelip dur. Bu pul diýen zadyň ýowuz güýjüniň ýa-da umuman özüniň ýok bolýan zamany-da bolarmyka, şahyr?-diýdi. Edip Sabyr:

-Allanyň musulmanlara wada beren jennetinde bolaýmasa, bu ýalançy dünýäde bolmaz-diýip, ahmyr bilen gepini tasdyklap, başyny atdy. Bir salym bu dünýäniň işleri hakynda pelsepe otaryp oturanlaryndan soň Edip Sabyr kerwenbaşy  bilen hoşlaşyp,köşge gaýtdy.

Köşkde oňa geleli bäri duşup bilmän ýören Reşiteddin Watwat garaşyp oturan eken. Iki şahyr biri-birine gözleri düşenden gyjaklaşyp görüşip, balyk suwa giren ýaly bolup gitdiler.

## XX BAP

Gürgençde iki şahyr duşuşyp, balyk suwa giren ýaly bolup giden bolsalar, Merwde Nyzametdin hajybyň iberen iki “talabany” suwdan çykarlyp taşlanan balyk ýaly dodaklary bir damja suwa zar tebsirenip, elleri arkasyna daňylgy ýatyrdylar. Olary ele salmak üçin soltan Sanjar Edip Sabyryň hatyny alan badyna on sany ýasawul bilen özüniň seýsini şähere girilýän derwezede goýupdy. Aradan üç gün geçip-geçmän garaşylýan “myhmanlar” peýda boldy. Başgaplary çümre geýleni üçin kimiň maňlaýy çandyklydygyny bilip bolmady. Ine şonda Edip Sabyryň aty ygtybarly belgi boldy. Seýis oňa gözi düşenden tanap, ýasawullara üm edip goýberdi. Şeýdip ele salnan “talabanlary” şyhnynyň özi sorag etdi. Olar rehimsiz gynamalara çydaman soltanyň janyna kast etmek üçin gelendiklerini boýun alanlaryndan soň ölüme hököm edildiler.

Soltan Sanjar Edip Sabyryň hatynyň mazmuny bilen tanyşanynda tutuş endamyny gurşan gazap oduny söndürip bilenokdy. Ol janyna kast etmäge gelenleri jezalandyrany bilenem köşeşmedi. Çünki esasy kast ediji entek jezadan daşdady. “Ah, sen Atsyz, Atsyz! Seni şeýle gabahat işe el urar diýseler ynanmazdym. Men seni öz inim ýaly görýärdim. Şonuň üçin bolsa gerek-näçe gezek seniň etmişleriňi, günäleriňi bagyşladym. Ýagşylyklarymy bilmediň-ä...” diýip, ol içini gepledýärkä birden Atsyz oňa: “Meniň oglumy öldüreniňi ýadyňa sal! Şumy maňa eden ýagşylygyň? Adatda uruşda ýesir düşenleri öldürmeýärler. Sen meniň bagrymy köýdürmek üçin bu kadany bozup oglum Atlygy öldürdiň. Ogulyň ölümi ata üçin nähili agyr hasratdygyny sen biperzent bolansoň bilýänem dälsiň” diýen ýaly boldy. Şonda ol tisginip ýerinden turup gitdi. “Ýok! Geçmişde näme bolan bolsa-da sen meniň janyma kast etmegiň aýylganç dönüklikdir. Men muny hiç haçan bagyşlaman. Şu sapar Horezmine baraýsam, seniň Gürgenjiň bilen goşup külüňi ýele sowraryn!” diýip içini gepleden Soltan Sanjar şu mazmunda bar gahar-gazabyny kagyza döküp, Horezmşaga iberdi.

***

Merwden Soltanyň namasyny alyp gaýdan çapar geleninde Horezmşa köşgünde wezir-wekilleri bilen gündelik döwlet işleri barada maslahat geçirip, oturdy. Ol eli naý şeklinde dolanan kagyzly giren köşk sahybyna “Näme habar?” diýen manyda seretdi.

-Aly hezret, Merwden çapar geldi, soltan size nama iberipdir-diýip, köşk sahyby iki elläp namany Atsyza gowşurdy. Munuň gowulyga däldigini ýüregi duýan Horezmşa dolanan kagyzy ýazyp, oňa göz aýlanynda ýüzi agaryp gitdi. “Syr açylypdyr! Indi nätmeli?” diýen pikir kellesine urdy. Patyşanyň ýüzüniň üýtgänini gören emeldarlaryň hiç biri,

özi aýdýança, soramaga milt etmedi. Atsyz hatyň näme hakdadygyny aýtmasa, adamlar her hili çaklamalar bilen gepi ulaldyp goýbermekleri mümkindigini oýlap:

-Aý, bu Soltanyň gözi paçdan doýman geçdi-diýdi-de, syr bildirmejek bolup, maslahaty dowam etdirdi. Emma onuň dowamy patyşanyň keýpi bolmany üçin hemişekisi ýaly janly geçmedi. Maslahatdan soň Atsyz özüniň aram otagyna baryp, ýatalgasyna gyşardy-da, pikire batdy: “Soltan öňünden habardar edilipdir, ýogsa bu iş amala aşaýmalydy. Kim? Hajyp kime syr bildirdikä?” Birden baş wezir Ymam Mejdeddiniň Edip Sabyr barada aýdany ýadyna düşdi. “Edip Sabyr? Ol nirden bilsin? Ýa-da hajyp oňa Soltandan arly bolany üçin aýdaýdymy-ka?...” Bir ýagşysy, ysmaýylylar bilen özümiň gepleşmedigim. Olara özlerini kimiň goýberendigini aýtdyrandyrlar, elbetde. Şeýle bolsa, ol bu işden habarsyzdygyny aýdyp, özüni aklamagy mümkin. Ýöne Soltan gury söze ynanmaz, ony ynandyrmak üçin hajyby jezalandyrmaly bolýar... Aý ýok, bolmaz. Näme bolman, täji-tagty saklamak üçin hajyp däl, süýtdeş aga-inisini hem öldürýärler. Onsoňam syryň açylmagyna hajybyň özi sebäpçi bolan bolsa, ol jezaga laýyk? Atsyz şeýle iç hümletmeler bilen esli ýatandan soň dikelip, elini iki gezek çarpdy. Gapynyň aňyrsynda duran iki nökeriň biri girip, elini gursagyna goýup, baş egdi. Atsyz: -Nyzametdin hajyby çagyryň!-diýip buýurdy.

Ertirki maslahatda Nzametdin hajyp ýokdy. Ol patyşanyň özünden jogap alyp, öz şähsy işi bilen bir ýere gidipdi. Ol ýaňy öýüne gelip, bir çäýnek çaýy öňüne alan wagty Horezmşanyň çakylyk habary bardy. Patyşany garaşdyryp bolýamy, çaýam, çäýnegem el degirilmän, duran ýerinde galdy. Ol öýi köşkden daş bolmansoň, hemişekisi ýaly pyýadalap ýetip bardy. Horezmşanyň öwzaýy bozukdy. Muny hajyp otaga giren badyna salam bilen tagzymdan hem öň aňypdy.

-Geliň, geçiň-diýip, ýatalgada aýagyny aşak sallap oturan Atsyz hajyba özüne golaý ýerden oturmaga ýer görkezdi. Bir bimazalygyň bardygyny duýup, ýüregine bükgüldi giden hajyp görkezilen ýere çökdi. Atsyz oňa hyrsyz seredip:

-Jenap Nyzametdin, Merwe iberen ysmaýylylaryňyz ele düşüpdir. Kimdir biri soltany öňünden habardar edipdir. Siz kime dil ýardyňyz bu hakda?-diýdi. Bu habar bir bada hajyby aljyratdy.

-Aly hezret-diýdi özüni dürsän hajyp-Ýadyňyzda bolsa, siz maňa “diňe ikimiziň aramyzda galmaly bir gep bar diýeniňizde, men “ony özüm bilen gabryma alyp giderin” diýipdim ahyryn.

-Şeýle diýen bolsaňyzam, gabyryňyzdan öň soltan Sanjara baryp ýetipdir. Kim siziň bu işe baş goşanyňyzdan habarly bolup biler? Bir oýlanyp görüň-diýip, Atsyz hajyba biraz purja berdi. Nyzametdin hajyp bu iş bilen bagly eden işlerini bir başdan göz öňüne getirýärkä Edip Sabyryň kerwensaraýyň garbanyşhanasynda ysmaýylylar bilen oturany we bu hakda soň özüne aýdany ýadyna düşüp, tapmaçany tapan kimin:

-Aly hezret, bu Edip Sabyr bolaýmasa-diýip, goýberdi.

-Ä-he! Ahyr boun aldyňyz-a. Siz ony-da soltandan arly saýyp, "Seniňem aryň alynýa" diýensiňiz, şeýlemi?-diýip, Atsyz hajyba synçy nazaryny dikdi.

-Aly hezret, diýýäniňiz näme! Men däli ýa baryp ýatan samsyk däl-ä! Ölsemem beýle sözi aýtman, ahyryn-diýip hajyp ör-gökden geldi.

-Onda näme sebäpden onuň adyny aýtdyňyz?

-Aýdanymyň sebäbi başga weçden, Aly hezret-diýip hajyp Edip Sabyrdan güman edýäniniň sebäbini aýdyp berdi. Atsyz barybir onuň gepine doly ynanmady.

-Näme bolan bolsa-da, syr açylypdyr. Soltan hatynda Gürgenjiň bilen goşup, baryňyzyň külüňizi ýele sowraryn diýipdir. Hany aýdyň, indi nätmeli-diýip, Atsyz hajyba soragly dikildi. Nyzametdin hajyp patşanyň nazaryndan gözüni sowup:

-Bilmedim, Aly hezret. Alanyň halany bolar-da-diýdi.

-Allanyň halany bolýan bolsa, meniň bu işden habarym ýok. Olara bolsa kimiň iberenini aýtdyrandyrlar, elbetde. Şeýle bolansoň, bu işi guran adamy ýagny Sizi jezalandyryp, tutuş Gürgenç bilen barymyzyň külümiziň ýele sowrulmagyndan gutulsa bolar. Jenaýatçy jezalansa soltan köşeşer.

Nyzametdin hajybyň ýüzi ak esgä dönse-de, özüni ýitirmedi:

-Aly hezret, bir meniň ölümim bilen ýurt hem siz aman galsaňyz, men ýazgydyma boýun bolmaly bolaryn... Eger başga alajy bolmasa-diýen hajybyň soňky sözünde owazy biraz sandyrap çykdy.

Atsyzyň ýüregi dilnip gitdi. "Ýok, munuň kimin mert adamy nähak jezalap bolmaz. Başga alajyny tapmaly" diýen pikir bilen kellesine başga alajy hakyndaky pikir hem ylahydan gelen ýaly boldy.

-Ezizim Nyzametdin-diýdi - Siziň mertligiňizi, meniň üçin janyňyzy hem gaýgyrmajagyňyzy bilýärdim. Muňa häzir ýene bir gezek göz ýetirdim. Men size beýle nähak jeza bermäge dözýän zalym däldirin. Munuň başga alajyny ederis. Birinji alajy siziň ysmaýylylar bilen gepleşeniňiziň şaýadyny ýok etmeli. Şaýat ýok bolsa, günäkärem ýok. Nyzametdin hajyp bolup, ysmaýylylar bilen gepleşen başga adam

bolmaly. Bu iş soltan bilen biziň aramyzy bozmak, arada duşmançylyk döretmek maksadynda gara hytaýlaryň guran nejis hilesi bolmaly.

Nyzametdin hajybyň ýüzüne gan, gözlerine ýaş indi. Ol ýerinden turup, Atsyzyň aýagyna ýykyldy. Atsyz:

-Beýitmäň, turuň, Nyzametdin! Günäsi geçilen günäkärler aýaga ýykylýar. Bu işde esasy günäkär siz däl, men ahyryn-diýdi. -Ýöne men soltan Sanjaryň aýagyna ýykylman. Oňa derek hoşamatyny ýetirip hat ýazarys-diýip, sözüniň soňuna goşdy. Horezmşa aýdyşy ýaly, ýokardaky deliller bilen özüni aklap, wepadarlygyny nygtap, hoşamaý sözlerden ýüküni ýetirip, Soltana nama ýazdy. Namasynyň soňuna soltandan gelen hata jogap hökmünde aşakdaky bir bent şygry hem goşdy.

Hökümdaryň bedewi bolsa-da ýeldek ýüwrek,
Meniň atym hem entek agsamany bilenok,
Siz bäri gelseňiz, menem giderin o ýana,
Şeýle-de şalara bu dünýä darlyk edenok.

***

Soltan Sanjar Atsyzyň hatynda özüni aklamak üçin getiren deliline ynanjaňlyk häsiýetine görä bir göwni ynsa-da, bir göwni ynanmady. Bu iki göwünlilik hem-de hatyň soňundaky Siz bäri gelseňiz, men o ýana giderin diýenini gaçaryn gaçaryn diýen manyda düşünen soltan Horezmine ýörüşden saklandy. Emma goşgudaky ol setir soltanyň düşünişi ýaly däldi. Horezmşa gaçyp däl, ýurt almaga gitmekçidi. Ol şeýle-de etdi. Ine şu hem soltanyň sabyr käsesini doldurdy. Atsyzyň Syrderýa boýlaryna, Jende ýörüş edip, ol ýerleri ýene-de basyp alandygy hem-de Edip Sabyryň derýa akdyrylandygy hakyndaky yzly-yzyna gelip gowşan habarlar soltan Sanjary üçünji gezek Horezme ýörüşe atlandyrdy. 542-nji hijriniň jumadylahyr aýynyň aýagynda ýetip gelen Soltanyň goşuny paýtagt Gürgenje geçmän ýol ugrundaky Hazarasp galasyny gabady. Munuň sebäbi Horezmşanyň paýtagtda däl-de, Hazaräspdedigini jansyzlar habar beripdiler. Soltan Hazaräspiň gaty berk galadygyny, ony almak aňsat däldigini bilýärdi. Şeýle-de bolsa, galalara zabt edýän sülsatlarynyň kämildigine, zordygyna daýanyp, hüjümi başlap goýberdi. Manjanyklardan atylýan äpet daşlaryň gala diwaryna baryp degendäki gürpüldisi, galanyň depesinden ýagylýan peýkamlaryň galkanlara gelip degendäki tarkyldysy, adamlaryň gykylygy gulaklary kamata getirip, gopgun, alazenzele turuzýardy. Şeýle ýagdaýdaky dört-bäş sagatlyk hüjüm, arasynda iküç sagatlyk arakesme bilen gün batyp, garaňky gatlyşýança dowam edýärdi. Bu aldym-berdimli pursatlarda-da şahyrlaryň öz şalaryny öwüp şygyr düzüşleri haýran galdyrýar. Soltan

Sanjaryň köşk şahyry Muhammet ibn Aly Enweri parsça Hazaräsp müň at diýen manyny berýän galanyň ady bilen söz oýny edip:

Eý, şahu-jahan Sanjar, bütin Jahan seniňkidir.
Hak eradasy bilen bagt we zaman seniňkidir.
Algyn bu gün zabt eýläp Hazaräspi.
Erte müň at bilen hazar mekan seniňkidir-

-diýip ýazan şygryny ýaýyň okuna baglap, gabawdaky galanyň içine atýar. Şol wagtda gabawdakylar bilen bile bolan Reşiteddin Watwat Enweriniň bendine:

Eý, şahym Atsyz, bolsa-da duşmanyň gahryman Rüstem,
Alyp bilmez Hazaräspiň müň atyn dål, bir eşek hem-

-diýen beýt bilen jogap ýazyp, Sanjaryň goşuna peýkama daňyp atýar. Watwatyň beýtine gahary gelen Soltan Sanjar:

-Hazaraspda şygyr düzýän bir eşegiň bardygyny bildik. Ony şygrynda aýdyşy ýaly bir däl, şahyrlygy üçin iki eşegiň ýerine alyp müneris-diýdi. Soltanyň gepine ýanyndakylar baş atyp, ýylgyryşdylar. Emma Hazaräspi almak aňsat bolmady. Gabaw iki aýa golaýlap barýardy. Şäher bolsa entek-entekler teslim boljaga meňzemeýärdi. Ýöne galanyň üstündäki urşujylaryň peýkamlary saplandymy nämemi öňküsi ýaly depeden ok ýagdyrylmaýardy. Manjanyklardan ýagdyrylýan daşlar bolsa galanyň bir künjüni mazaly opurypdy. Diňe manjanyklar däl, beýleki zabt ediji sülsatlar hem işe girizilip, hüjüm gün-günden güýçlenýärdi. Salalim diýen uzyn merdiwanlar gala diwaryna goýlup, olardan ýokary dyrmaşýan urşujylar uly bir garşylyk görmän, galanyň depesine çykyp ugradylar. Depedäki gylyçlaşmada-da horasanlylar rüstem gelip başlady. Mahlasy, soltan Sanjaryň gaban galasyny almadyk sapary bolupmy näme, Hazaräsp hem şolaryň biri boldy. Emma galany alany bilen esasy almalysy-Horezmşany ele salyp bilmedi. Atsyz galada ýokdy. Ol galanyň gaýra diwarynyň düýbinden başlanyp, derýa golaý ýerden çykylýan ýer asty ýoly arkaly çykyp gidipdi. Soltan bu ýerde şeýle ýer asty ýolunyň bardygyna haýran galyp, onuň haçan gazylandygy bilen gyzyklandy. Aýtmaklaryna görä, bu ýer asty ýoly öňki patyşalaryň döwründe gazylan bolup, onuň girelgesi we çykylýan ýeri gizlenip saklanýan ekeni. Şonuň üçin ony köpçülik bilmeýän eken. Atsyz galanyň alynjagyna gözi ýetensoň janpenalary bilen şu ýol arkaly derýanyň golaýyndan çykyp ätiýaçdan taýýar edilip goýlan gämi bilen Gürgenje gidipdi. Atsyzyň ugurtapyjylygyna telpek goýan soltan Sanjar goşuny Gürgenje çekmeli boldy.

***

Atsyz soltan Sanjaryň Hazaräspi alanyndan soň ony yzarlap Gürgenje goşun çekjegini bilse-de, galanyň üstüne leşger çykaryp, goranmak çäresini görmedi. Sebäbi depeden durup, näçe peýkam ýagdyranyň bilen soltanyň şäheri alman gaýdyp gitmejegi bellidi. Şonuň üçin ol beýle ok atyşyp, soltanyň beter gaharyny getirenden, hiç hili garşylyk görkezmän, onuň geçirimlilik häsiýetinden peýdalanmagy makul gördi. Emma özüne makul bolan zadyň soltan Sanjara makul bolmasa nätjek? Ol bu "nätjege" jogap tapmak üçin birentek kelle döwdi. Soňra "bir kelleden iki kelle gowy" diýenlerini edip, baş weziri ymam Mejdeddine maslahat saldy. Köp gören goja wezir:

-Aly hezret, Sanjary ähtinden gaýtarmak her kesiň elinden gelmez. Bu işi diňe Ahu-puş[25] oňarmagy mümkin. Ony keramatly adam hökmünde Horasanda-da sylaýarlar-diýdi. Il içinde ýörgünli ady Ahu-puş bolan bu piriň näme keramaty bardygyny hiç kim bilmese-de oňa keramatly, ylahy güýje eýe şahsyýet hökmünde uly sarpa goýulýardy. Onuň hakyky adyny iň ýakyn adamlary biläýmese, halkyň arasynda bilýän ýokdy. Onuň Ahu-puş adyny götermegine keýgiň (ahunyň) derisinden tikilen geýim geýip, diňe keýgiň eti bilen naharlanýarmyş diýen il içindäki gürrüň sebäp bolupdy. Pir şäherden kyrk çakyrym töweregi daşda, gyryň eteginde, uly howluly jaýda sopulary bilen ýaşaýardy. Horezmşa birki sapar şikärden gaýdyşyn piri zyýarat edipdi. Atsyz "hakykatdan hem soltana piriň sözi geçmegi mümkin" diýen netijä gelip, weziriň maslahatyny makullady. Ol wezirine ýüzlenip:

-Jenap Mejdeddin, siziň pikiriňiz makul. Häziriň özünde pire tagtyrowanly araba bilen adam iberiň-diýdi-de, biraz säginip-gowusy özüňiz baryň. Meniň adymdan näme mesele hakda çagyrýanymyzy düşündiriň. Gan döküşikligiň öňüni almaklygyň uly sogapdygyny pir düşüner, çakylygymyzy ret etmez-diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

-Emriňiz berjaý ediler, Aly hezret-diýip, ymam Mejdeddin gol gowşuryp şanyň huzuryndan çykdy.

***

Hazaraspdan ir bilen ýola düşen leşger dördünji güni gijara Gürgenje ýetip gelip, galanyň eteginde goş ýazdyrdy. Ertire çenli dem-dynjyny alan urşujylar hüjüme geçmek üçin irden zabt ediji sülsatlaryny gurnap başladylar. Ýöne galanyň depesinde hüjüme gaýtawul berjek, garşylyk görkezjek ne ýaýçylar, ne beýleki urşujylar bardy, hiç kim görnenokdy. Göýä Gürgenç tutuşlygyna göçüp giden ýalydy. Adatda goranýan galanyň depesinde bolýan garşylyk güýçleriniň ýokdugyndan

[25] Ahu puş-piriň lakamy. Manysy-Keýik derisi

soltan Sanjar özüçe netije çykardy. Salym geçmän, soltanyň gelen netijesiniň dogrudygy mälim boldy: Galanyň garşydaky derwezesi jygyldyly uly ses edip açyldy-da, içerden ona golaý ak sakgally ýaşuly adamlar çykdy. Olaryň öňünde kellesi adatdaky ak däl-de, mawy-asman reňkindäki selleli, egninde ýalpyldap duran mele reňkli, ýeňi tirsegine çenli bolan uzyn eşikli, sakgaly beýlekileriňiden has uzyn-döşünden hem geçen moýsepit kişi bardy. Onuň yzyndakylaryň elleri boş däldi. Saçak göteren ýaly iki elläp öňlerinde tutup gelýän zatlarynyň gabarasy sakgallarynyň ujuna degjek-degjek bolup durdy. Olar gönüläp, Soltanyň depesi altyn aýly çadyryna tarap geliberdiler. Çadyrynyň öňünde birnäçe emeldarlary bilen duran soltan Sanjar olary gören badyna olaryň aman dilemäge sowgat-salam bilen gelýän wekillerdigini aňyp, öz içinden: “Atsyz ýene-de sapalak atýar-ow. Gelibersinler bakaly, menden mazaly jogabyny alarlar” diýip goýdy. Emma wekiller has golaýlap gelenlerinde olaryň öňündäki kişiniň egnindäki eşiginiň keýigiň derisidigini görüp onuň ady äleme ýaýran keramatly pir Ahu-puşdygyny çak eden Soltanyň hörpi birneme peseldi. Soltan Sanjar Ahu-puş atly piriň adyny, onuň bilen baglanyşykly il arasyndaky rowaýatlary ençeme gezek eşideninden kalbynda oňa hormat-sarpa hasyl bolupdy. Şoňa görä Soltan wekilleri güler ýüz bilen garşylady. Ahu-puş baş egip tagzym etmekçi bolanynda Soltan muňa ýol bermedi:

-Ýok, ýok! Pirim, siz bize däl, biz size tagzym etmeli. Siziň keramatyňyz şalaryň gudratyndan güýçlidir-diýdi. Soňra elleri boş bolmansoň diňe baş egip salam beren beýleki ýaşulularyň salamyny alyp, öz ýanyndakylara “ellerindäkileri alyň” diýen yşaraty etdi. Elleri boşan ýaşulular tagzym berjaý edip, bir çete çykyp durdylar. Soltan Sanjaryň nazarynda adynyň, mertebesiniň belentdigine göz ýetiren pir sözüniň geçjekdigine ynam edip, dilewarlyk bilen söze başlady:

-Eý, Şahu-Jahan, Isgenderi zaman, külli musulman äleminiň hökümdary soltan Sanjar ibn Mälik şa hezretleri! Biz Siziň haýru-sahawatyňyza, adalatu-diýanatyňyza, beýik ynsanlara mahsus bolan belent adamkärçiligiňiz bilen ynsanperwerligiňize, çyn musulmana mahsus geçirimliligiňize bil baglap, şu şahri-azym Gürgenjiň ilatyna aman diläp geldik.

Soltan Sanjar Piriň öwgüli sözlerine kän bir pitiwa etmese-de, ony ynjytmazlyk üçin hoşamaý gepledi:

-Muhterem Piri-sagadat! Siz Horezmşa Atsyz diýen kimsäniň biziň garşymyza eden etmişlerinden bihabar bolsaňyz gerek. Onuň etmişleriniň tygy etimizden geçip, süňkümize ýetensoň, goşun çekip

geldik. Ähdim ony Gürgenji bilen goşup, ýer bilen ýegsan etmekdi. Emma... Indi siziň sözüňizi syndyrmak bize uslyp däl. Şonuň üçin siziň Gürgenjiň ilatyna aman bermek hakyndaky dilegiňizi kabul edýäs. Ýöne Horezmşa Atsyz barada gürrüň başga. Biz onuň öňem iki gezek eden etmişlerini bagyşladyk. Bu indi üçünji sapar. Onuň bu saparky etmişleri asla bagyşlar ýaly däl!

Soltan Sanjar sözüni soňlanyndan bir çetde duran wekilleriň ekabry orta süýşip, soltana ýüzlendi:

-Kyblaýy älem, ejaza berseňiz maňa Horezmşa hezretleriniň size ýetirmegimi tabşyran sözlerini aýdaýyn-diýip, ol elini gursagyna goýup başyny egdi.

-Ýene nähili sapalagy bar-ka, aýt bakaly-diýeninde soltanyň sesi gaharly çykdy. Wekil ýene bir gezek baş egip, söze başlady:

-Kyblaýy älem, Horezmşa hezretleri size sadyklygyny, tabynlygyny, size hiç bir ýamanlygynyň ýokdygyny gaýta-gaýta nygtaýar. Siziň janyňyza kast etmek üçin ysmaýylylaryň iberilmegi aramyzda duşmançylyk döretmek üçin gara-hytaýlaryň eden hiýlesi bolmaly. Bu hakda size iberilen namada hem Horezmşanyň öz eli bilen ýazylypdy.

-Besdir!-diýip Soltan wekiliň sözüni böldi.-Edip Sabyry kim derýa akdyrdy?! Ony-da gara-hytaýlarmy?!

Wekil Soltanyň gazaply soraglaryna birneme aljyrajak bolup sägindi.

-Näme dymdyň? Jogap ber meniň soragyma!-diýip, soltan öňkiden hem gaharly seslendi.

-Kyblaýy älem, men size Horezmşa hezretleriniň aýdanlaryny aýtdym. Edip Sabyr hakynda ol hiç zat diýmedi. Ýöne biziň eşitmişimize görä, Edip Sabyr Reşiteddin Watwat bilen iki şahyr bolup, Jeýhunyň boýlaryna atly seýle çykanlarynda gyrada tolkunlara tomaşa edip duran Edip Sabyryň atynyň aýagynyň aşagy opurylyp, aty bilen joşgun suwyň aşagyna gidýär. At janawar ýüzüp gyra çykýar. Edip Sabyryň ajaly ýeten eken, çykyp bilmeýär. Ýazgytdyr-da, Kyblaýy älem-diýip, wekil ýene-de baş egip, ýoldaşlarynyň hataryna geçdi. Soltan Sanjaryň bu gepe ynanmandygy ýüzünden belli bolup durdy. Ol:

-Ýazgyt diýeniň, Horezmşanyň eli bilen ýazylan bolaýmasyn!-diýdi.

-Kyblaýy älem-diýip, wekilleriň başga biri öňe çykyp tagzym bilen soltana ýüzlendi.-Horezmşa hezretleriniň özi şahyr bolansoň şahyr Edip Sabyra juda uly hormat goýýardy. Onsoňam,

Bu jahan içre bizden ýagşylykdan özge mülk galmaz,
Dünýä mülkin berseň-de ýagşylygyň ornun almaz-

-ýaly beýtleri ýazan Horezmşa hezretleri özi kimin şahyr adama ýamanlyk edip bilmez, ahyryn.

-Dil başga ýürek başga, ýaşuly-diýip, soltan bu sapar birneme gahardan düşüp gepledi. - Dile gelen zatlaryň hemmesi-de ýürekden çykýan däldir. Mundan beýläk men Horezmşaňyzyň sözüne-de, özüne-de ynanmaýaryn. Siz wekiller şaňyzyň ol işine-de bu işine-de bir weç tapyp ony aklajak boldyňyz. Al, onuň biziň garamagymyzdaky Jende, Seýhun boýlaryna ýörüş edip, ol ýerleri basyp alandygyna näme diýjeksiňiz? Muňa delil tapyp bilmeseňiz gerek! - Sözüniň soňunda Soltan ýene gahara mündi. - Ol ýerinde parahat oturyp bilenok. Haçan görseň at üstünde, oňarsa Horasany-da biziň elimizden alaýjak!

Soltan sözüne dyngy berenden pir oňa ýüzlenip:

-Kyblaýy älem, ýerinde parahat oturmak biziň ýaly terkidünýä kişilere mahsusdyr, şalara mahsus däldir-diýdi. Soltan piriň sözüniň özüne-de degişlidigini düşünse-de, gaharyny oňa dälde, Horezmşaga gönükdirdi:

-Pirim, siziň towakgaňyz bilen biz Gürgenjiň ilatyna aman berdik. Derwezäni açsynlar. Leşger şähere girmez, ýöne meniň janpenalarym girip, Horezmşany köşgünden boýnuna ýüp salyp, biziň öňümize getirerler.

-Kyblaýy älem-diýip, Ahu-puş salyhatlylyk bilen Soltana ýüzlendi:

-Şalar Allatagalanyň nazar salan kişileridir. Şonuň üçin patyşanyň her bir sözüne Allanyň özi şaýatdyr. Siz Allanyň şaýatlygynda Gürgenjiň ilatyna aman berdiňiz. Indi Gürgenjiň ilaynyň bir adamyny boýnuna ýüp salyp, alyp çykyp, jezalasaňyz Size Allanyň gahary gelmezmi?

Soltan piriň sözüne aň-taň bolup oňa seretdi. Pir:

-Kyblaýy älem, Horezmşa häzir Gürgenjiň ilaty bilen bile, ol hem ilatyň biri hasaplanýar-diýip, pikirini mantyk bilen esaslady.

Soltan Sanjar piriň Allany orta goýup, aýdan sözünden soň näme diýjegini bilmän, iki tarapyndaky emirlerine, emeldarlaryna göz aýlady. Olar hem lam-jim bolup durdylar. Çünki, pir aýtmyşlaýyn Allanyň şaýatlygynda aýdylan sözüň garşysyna söz aýtmaga hiç kim milt edip bilenokdy. Dowam edýän dymyşlykda hemmäniň ünsi Soltana, has dogrusy onuň agzyna gönükdirilendi. Bu agyzdan çykjak söze sabyrsyzlyk bilen garaşylýardy. Soltan ahyry dillendi:

-Wekiller! Baryp şaňyza aýdyň: biz onuň günäsini däl, ganyny geçdik. Günäsini ýuwmak üçin leşgerimiziň almaly oljasyny artygy

bilen getirsin, soňundanam bize, tabynlygyny, sadyklygyny beýan edip, gelip aýagymyza ýykylsyn! Soltanyň şerti aňsat bolmasa-da, wekiller üstlerinden dag agdarlan kimin ýeňil dem alyp, Soltana tagzym etdiler. Soltanyň golaýynda duran pir hem elini gursagyna goýup, baş egdi. Soltan oňa garap, sowugrak äheňde: “Sizem, gaýdyberiň” diýdi. Pir bu sowuk äheňiň sebäbine düşündi. Çünki ol onuň äht edip gelen işlerini amala aşyryp bilmediginiň sebäpçisidi. Pir bilen wekiller galanyň derwezesiniň aňyrsyna geçenlerinden soň soltan bu gelip giden adamlardan humarda utulan ýaly bolup, ahmyr bilen dişini gyjady. Töweregindäki emirler, emeldarlar soltanyň lapykeçligini ýazmak üçin bolsa gerek, ony parahatçylyksöýüji, ynsanperwer, adalatly, geçirimlilikde taýsyz, duşmanyny hem dosta öwrüp bilýän danalaryň danasy diýip, dumly-duşdan öwgüsini ýetirdiler. Şundan soň bu hoşamatlara ynanan soltanyň keýpi ýerine gelip, olary çadyrynda ýazylan saçak başyna teklip etdi. Ertirlik üçin ýazylan bu saçak galanyň derwezesiniň jygyldyly uly ses edip açylmagy bilen el degirilmän galypdy. Indi ol ertirligiň wagty geçeni üçin günortanlyk bolupdy. Soltanyň işdäsi ýokdy. Ol saçakdaky dürli naz-nygmatlaryň her birinden azajykdan dadyp oturşyna Ahu-puş piriň sözi bilen Atsyzy jezasyz goýup gitjegine ahmytrynyň ýok däldigini diline çykardy:

-Men bu Atsyz diýen adamyň häsiýetine düşünmän geçdim. Kakasynyň wepatyndan soň ony Horezmşa belläp, täji-tagtyň eýesi etdim. On ýyllap biziň hyzmatymyzda bolanynda şeýle bir edep-ekramly, pespäl, söweşlerde batyr, meniň üçin janyny hem aýamajakdygyny näçe gezek görkezen wepadar dost, mähriban inim ýalydy. Men hem ony gowy görýärdim. Ony maňa näçe ýamanlasalar-da, ynanmazdym, mährim sowamazdy. Emma Horezmine gideninden soň üýtgäp ugrady, biziň garşymyza açykdan açyk hereket edip başlady. Bu hereketleri üçin ötünç sorasa, öňki iki saparky ýörüşi etmezdik. Emma ol ötünç soramaga derek öňümize leşger bilen gylyç ýalaňaçlap çykdy. Derbi-dagyn boldy, gaçdy. Ýene biziň goýup giden adamymyzy kowup, täji-tagtyna eýe boldy. Biz muny bolaýmaly iş diýip bagyşladyk. Ikinji saparam goşun çekip gelip, hiç zat etmän, geçirimlilik edip gaýdyp gitdik. Ine indi üçünji saparam şeýle bolup dur. Bu näme, biziň emelsizligimiziň nyşanasymy ýa Allanyň eradasymy? Ýogsa ýamanlygyň jezasy bolmaly, ahryn! Soltan sözüne dyngy berende emirleriň biri:

-Kyblaýy älem, danyşmentler: “Ýagşylyga ýagşylyk her kişiniň işi, ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işi” diýipdirler. Siz şu sapar hem är

kişiniň işini etdiňiz. Şonuň üçin Horezmşa jezasyz galdy diýip ahmyr etmäň-diýdi. Soltan emire garap ajy ýylgyrdy. Onuň akjaryp görnen endigan irimçik dişleri mama dişlän garameňiz ýüzünde bulutly gijede aý çykan ýaly boldy. Ol:

-Är kişi boljak bolup, ähli ýamanlyklary jezasyz galdyrsak, dünýäni ýamanlyklar basyp gitmezmi?-diýdi.

Edil şu wagt Horezmşanyň galanyň derwezesinden çykan habary emiri soltanyň kyn sowalyna jogap bermekden gutardy. Oturanlaryň hemmesi soltan bilen çadyrynyň öňüne çykdylar. Görseler, galadan çykyp gelýän diňe Horezmşanyň özi däl eken, onuň on-onbäş ädim öňünde iki nöker üsti gaba horjunly daýaw gatyry her haýsy bir ýanyndan tutup, idip gelýärdiler. Horezmşa taýak atym aralyga gelip, atynyň başyny çekdi. Gatyry idip gelýän nökerler bolsa soltanyň duran ýerinden bäş ädim bäri-de dyzlaryna çöküp tagzym etdiler. Olaryň biri tagzymdan başyny galdyryp soltana ýüzlendi.

-Kyblaýy älem, horjundaky tyllalar leşgeriňiziň olja paýy. Ony kabul etmegiňizi Horezmşa hezretleri towakka etdi, bu-da ol hezretiň size ýazan söwgatnamasy-diýip, goltugyndan çykaran, bir tarapy gotazly kagyzy soltana tarap uzatdy. Şol bada soltanyň münşisi  söwgatnamany aldy. Soltan dyzyna çöküp oturan nökerlere eli bilen “turaýyň” diýen yşaraty etdi. Nökerler turup bir çete çykyp durdylar. Şundan soň soltan entegem at üstünde oturan Atsyza nazaryny dikdi. Ol onuň atyndan düşüp, gelip aýagyna ýykylmagyna garaşdy. Emma Atsyz özüne seredip duran Soltana bir elini gursagyna goýup, başyny egdi-de, atynyň başyny yzyna dolap, sürüp gitdi. Horezmşanyň bu bolşuny soltandan başgalar hem heýwere  gödeklik hasap etseler-de onuň soltana eden täsiriniň ýüze çykmagyna garaşyp, hiç kim dil ýarmady. Elbetde, bu ýagdaý soltana-da gowy täsir eden däldir, ýöne ol syr bildirmän ajy ýylgyryp, kellesini ýaýkady-da:

-Geçen sapar ony aýagymyza ýykyp, ýer ogşadanymyz degnasyna gaty degen ekeni, şonuň yzasy ýüreginden henizem çykmandyr. Onuň häzirki boluşy şonuň alamaty bolsa gerek-diýdi. Dagy näme diýsin. Ol aman berdi, indi ony yzyna alyp bolmaýar, hökümdaryň sözi bir bolýar. Bu ýazylmadyk kanun. Soňra ol söwgatmamany okamagy buýurdy. Horezmşa Atsyz söwgatnamada ýaňky eden gödekliginiň tersine soltana sadyklygyny, tabynlygyny nygtap, onuň adyllykda, sahawatlylykda, ynsanperwerlikde, geçirimlilikde, danalykda taýsyz hökümdardygyny wasp edip, adyny arşa göteripdi.

Soltan Sanjar söwgatnamany ahyryna çenli dodagynda kinaýaly çala ýylgyryş bilen diňläp, soňunda elini siltäp goýberdi-de:

-Bu-da Atsyzyň nobatdaky şapalagy bolsa gerek-diýdi. Ýöne diýse-de söwgatnamadaky öwgüler hoş ýakan bolmaga çemeli murtuny sypap buýsançly ardyndy. Şol wagt galanyň gaýra tarapynda bir süri goýny öňlerine salyp sürüp gelýän iki atly göründi.

-Söwüş gelýär! Söwüş!-diýen leşgeriň arasyndan çykan seslere soltan ýylgyryp:

-Atsyz atyndan düşüp, aýagymyza ýykylmaly borjuny ýadyndan çykaran bolsa-da, myhmana söwüş etmek borjuny ýadyndan çykarmandyr-diýdi. Şol arada bolsa täsin bir ýagdaý soltany-da, beýlekileri-de geň galdyrdy. Sürüniň öňi leşgeriň goşunyň bir çetine ýetenden, ony sürüp gelýän adamlar atlarynyň başyny yzyna aýlap, gamça basdylar-da, ýüzün salyp gaçdylar.

-Bä! Olar näme beýtdiler?-diýip soltan ýanyndakylara garady. Emirleriň biri:

-Goýunlara goşup, bizäm soýup iýäýmesinler diýip gorkup gaçandyrlar-a - diýdi. Bu gepe soltandan başga hemmeleri pakyrda berdiler. Soltan çalarak ýylgyrsa-da, soňunda gaşyny çytyp: - Olaryň beýle etmekleriniň bir manysy: "Alyň, zakgunyňyza iýiň!" diýdikleri dälmi-kä? Ýa-da bizi duş geleni tutup, gul edip alyp gidýän zalym saýyp gaçdylarmy-ka? Eger şeýle pikir eden bolsalar biziň peýdamyza däl. Halkyň içinde zalym diýip däl-de, adyl diýip, tanalmak üçin çalyşmak gerek-diýdi. Soňra soltan duran ýerinden bäş ädim öňe ädip, çadyrynyň öňündäki uly meýdany tutup ýatan leşgere elini galdyryp ýüzlendi:

-Gerçeklerim! Gylyjyňyz gana boýalman, pyçaklaryňyz söwüş soýup gana boýalsa oňa şükür ediň! Indi gazanlary ataryp, ýaraşygyň toýuny toýlabermeli!

Soltanyň bu sözünden soň Gürgenjiň galasynyň daşynda saz-söhbetli toý tutuldy. Bir gije-gündiz dem dynjyny alan leşger ir säherde Horasan sary ýola düşdi.

## XXI BAP

542-nji hijriniň muharram aýy horezminliler üçin parahatçylygyň berkarar edilen haýyrly aýy boldy. Seljuklar Gürgenjiň gabawyny aýryp, ýurduna gidenlerinden soň şäherde durmuş öňküsi ýaly gaýnap joşdy. Bazarlarda azyk harytlary dürli ir-iýmişler bolelin boldy. Bakgallaryň dükanlarynda söwda, hünärmenleriň ussahanalarynda iş gyzgyndy. Dürli ýurtlardan gelýän kerwenlere ýol açyldy. Şäheriň ilaty arkaýyn, parahat

ýaşap başlady. Köşkde bolsa köpden bäri unudylan aýdym-sazly, muşaýyraly meýlisler guraldy.

Häsiýetine görä parahat oturyp bilmeýän Horezmşa Atsyz jeňjedellerden ýadan bolmaga çemeli, täze ýörüşler barada entek pikir edenokdy. Şu arada ýaraşygyň hatyrasyna hem-de dostlugy berkitmek maksadynda soltan Sanjaryň ilçilerinden iberen gymmat bahaly sowgatlary özüne goýlan belent sarpa hökmünde kabul eden Horezmşanyň kalbynda buýsanç yşygyny ýakdy. Aslyýetinde bolsa bu sowgatlar garagol çagany tertiplije oturtmak üçin berilýän oýnawaçlaryň ýerinedi.

Barybir Atsyz öz döwrüniň köp şalaryna mahsus bolan ýörüşler etmek, ýurt almak endiginden el çekenokdy. Ol ýurduň daşyndaky göçüp-gonup ýören taýpalaryň üstüne aram-aram ýörüşler edýärdi, müňläp atdyr düýeleri olja alyp, goşunynyň ulag üpjünçiligini kemsiz etmäge çalyşýardy. Atdyr ýarag taýýar bolsa, oňa eýe çykjak ýigitler az däldi. Şeýlelikde wagtyň geçmegi bilen uly goşun toplandy. Indi köpden bäri özüni biynjalyk edip gelýän Jendli meseläni çözmelidi. Muazzämat-i sugur-i Yslam ýagny Yslamyň beýik serhedi hasaplanýan Jend gara hytaýlaryň çozuşy zerarly elden gidipdi. Ony gaýtaryp almasa Horezmşanyň köňli aram tapjak däldi. Jentde oturan gara hytaýlaryň dikmesi Kemaletdin ibn Arslan han Mahmyt bilen aralarynda dostlukly gatnaşyklar hem ýok däldi. Emma ortada ýer-ýurt durka dostluk nämemişin. Şoňa görä Atsyz Kemaletdinden Jendi gaýtaryp almagyň küýüne düşdi. Soňky döwürde ol harby meseleler boýunça uly meweret çagyryp, köpçülige maslahat salyp oturmaýardy. Baş wezirini, hajyplaryny, serkerdeleri çagyryp, meseläni çözerdi-de, herekete geçibererdi. Emma bu sapar işiniň oňuna bolmagy üçinmi nämemi, köpüň patasyny almagy makul bilip, 547-nji hijriniň muharram aýynyň başynda uly meşweret çagyrdy. Köşküň tagtly eýwanyna ähli döwlet işgärleri, serkerdeler, harby hünärmenler, ulamalar, paýtagtyň mähellGeleriniň kethudalary ýygnandylar. Mäşweretiň näme hakdadygyny Horezmşanyň ýakyn egindeşlerinden başga bilýän adam ýokdy. Şonuň üçin köpçülik meşweretiň başlanmagyna sabyrsyzlyk bilen garaşyp, gözleri şanyň girip geljek gapysyndady. Bir mahal garşydaky nagyşlaryna gyzyl çaýylan iki ganatly belent gapy açylyp, köşk sahybynyň: “Gazy Ala-addin Abul Muzäffar Husäm Amir al-Möminiň Horezmşa hezretleri” diýen sözleri ýaňlanandan Atsyz gelip girdi. Oil tagzymdan soň başlaryny galdyryp, aýak üstünde duran jemagata bir

elini gurasagyna goýup salam berdi-de, tagtyna geçdi. Adamlar hem öz mertebelerine görä duran ýerlerinde ýerleşdiler.

-Möhterem jenaplar! Biz ata Watanymyz Horezmiiň serhetlerini giňeltmek, kuwwatyny artdyrmak, şan-şöhratyny dünýä ýaýmak ugruynda köp tagallalar etdik. Emma bu gowgaly dünýäde bu gün eliňdäki ýer-ýurt erte başga biriniň eline geçýär duruberýär. Biziň garamagymyzdaky Ummat-i buka-i dünýä ýagny dünýäniň möhüm mekany hasaplanýan Jende we Seýhun boýlaryna häzir gara hyýatlaryň dikmesi Kemaletdin ibn Arslan han eýelik edip otyr. Onuň bilen aramyz ýamanam däl. Dostluk-doganlyk hakda agyz dolduryp aýdyşsak hem ol Jendi bize şeýle gaýdyp bermez. Şonuň üçin biz Kemaletdin bilen bile Sygnak taraplara ýörüş edip, şol ýerleri oňa alyp bersek, öwezine Jendi alarys. Biziň şu pikirimizi  nähili görýärsiňiz?-diýip, Horezmaş sözüne dyngy berdi. Şol bada jogap beren bolmady. Özara pikir alyşýan adamlaryň arasyna ýuwaş gowur düşdi. Atsyz sabyr edip garaşdy.

-Aly hezret, meniň pikirimçe Jendden aňry geçmegiň geregi ýok-diýip, birinji bolup, Sahyp Diwan al-ard emir Täjeddin Syddyk pikir bildirdi. Atsyz emiriň teklibiniň manysyna düşünip, çalarak ýylgyrdy-da oturanlara ýüzlendi:

-Jenaplar, emir Täjeddiniň teklibine düşündiňizmi?

Şeýhulyslam bilen pyşyrdaşyp gepleşen kazy-kelan dillendi:

-Emiriň teklibi düşnükli, Aly hezret. Emma şeýdilse gara hytaýlar sag bolsun aýtmaz. Bir uly gandöküşlik bolaýmasyn soňunda.

-Aly hezret, ejaza ediň-diýip, kethudalaryň biri ýerinden turdy.

-Biziň eşitmişimize görä Kemaletdiniň özi gara hytaýlardan hakyna goşun alyp, Jende ýörüş edipdir. Indi hakyny alan gara  hytaýlara hak berjek adam bolmasa olaryň bu işe goşulasy ýok.

Meşweretde başga-da teklipler orta atyldy. Soňunda diňe Jendemi ýa-da Sygnagadamy, bellisini etmekligi Horezmşanyň özüne goýup, ulamalar ýörüşe ak pata berdiler.

Açyk söweşde ýitgileriň köp bolýandygyny tejribesinde göre-göre gelýän Horezmşa Kemaletdini gapyllykda basmagy meýilleşdirdi. Baş serkerde Kemaletdin Aýuphan bilen ikiçäk oturyp munuň maslahatyny etdi.

-Biziň goşunymyz ýola çykyp-çykman oňa habar ýetiriler. Onuň bäride jansyzlarynyň bardygy şübhesiz. Habar ýeten badyna-da gara hytaýlary çagyrar, özü-de söweşe taýýarlanar. Munuň öňüni almak üçin näme iş etmeli?-diýip, Atsyz Aýuphana soragly nazaryny dikdi. Aýuphan hökümdarynyň häsiýetine beletdi. Ol özüniň eýýam

meýilleşdirip, kesgitläp goýan zadyny synamak üçin soraýardy. Häzir hem şeýledigini bilen Aýuphna gözlerini ýeserlik bilen güldürip:

-Siziň şu meýilleşdirip goýan işiňizi edäýmeli, Aly hezret-diýdi. Atsyz baş serkerdesiniň ýeserligine ýylgyryp:

-Seniň başga teklibiň ýokmy? Belki meniňkiden üýtgeşigräk teklibiň bardyr-diýdi.

-Ýok, Aly hezret.

-Onda bizden wekil bolup barjak serkerdeleriňden bäş adam taýynla. Olar biziň dinsizleriň ýurdy Sygnaga bilelikde ýörüş etmek baradaky teklibimizi Kemaletdine ýetirsinler we jogabyny alyp gelsinler-diýip, Horezmşa baş serkerdä gitmäge rugsat berdi. Şanyň huzuryndan çykan baş serkerde şol wagtyň özünde buýrugy ýerine ýetirmegiň ugruna çykdy.

Kemaletdiginiň Gürgençde jansyzynyň bardygy barada Horezmşanyň aýdany dogrudy.Olar birem däl ikidi. Olar golaýda köşkde uly meşweret bolanyny eşidip, onda näme mesele garalanyny jikme-jik bilmek üçin köp iş etdiler. Bildilerem, ýöne köp wagt ýitirdiler. Olaryň biri toplan maglumaty bilen Kemaletdin ibn Arslan hanyň huzuryna baranda Horezmşanyň goşuny hem Jende golaýlap barypdy.

Kemaletdin jansyzynyň maglumatyny diňläp bolansoň:

-Sygnaga bilelikde ýörüş etmek meselesi boýunça wekilleri gelip, meniň razylygymy alyp gitdiler. Meşweretde-de bu gürrüňi Horezmşanyň özi aýdan bolsa niýeti dogrudyr, dagy näme?-diýdi.

-Ýok, han hezretleri, olaryň niýetleri başga. Bäri gelýän goşun Sygnaga däl, diňe Jendi nazarlap gelýär-diýip jansyz janygyp gepledi.

-Sen muny nämä esaslanyp aýdýaň?-diýip, Kemaletdin gaharlanyp sorady. Edil şu pursatda ejaza sorap, gapydan giren serkerdeleriň biri Kemaletdine ýüzlenip:

-Han hezretleri, horezminlileriň bir uly leşgeriniň bize-Jende tarap gelýändigi hakynda habar geldi-diýdi. Aň-taň bolan Kemaletdin ýanynda duran emeldarlaryna howsalaly göz aýlady-da, jansyza garap:

-Sen goşun üstümize gelensoň habar getirip ýörmiň, öňräk nirdediň?!-diýip azgyryldy.

-Meşweretde bolan gep-sözleriň änigine-şänigine ýetýänçäk köp wagt gitdi, Han hezretleri. Ýetişibildigimizden...

-Haramzada! Bihepbe! Menden alan dinarlaryňy iş bilen ödemediň, indi kelläňi berip ödärsiň!-diýip, jansyzyň sözüni bölen Kemaletdin gahar bilen elini iki gezek çarpdy. Gapynyň aňyrsynda duran nökerleriň ikisi girenden:

-Alyp çykyň muny, kellesini alyp, göwresini ýeňlediň!-diýdi. Nökerleriň ikisi iki ýandan dyzyna çöküp duran jansyzyň çigininden şapba tutup galdyranlarynda ol:

-Han hezretleri!-diýdi Kemaletdine ýüzlenip:-Meniň kelläm siziň kelläňiziň ýanynda hiç zat. Ony alybersinler. Ýöne meniň getiren habarym siziň kelläňizi gutarmak üçindir. Kelläňizi gutaryň, wagty geçirmäň.

Kemaletdin bu sözden soň özüni ölümhowpundan ägä eden adamy öldürtmekçi bolýanyna düşündi:

-Goýberiň ony!-diýdi. Nökerler baş egip, çykyp gitdiler. Ara bir salym dymyşlyk düşdi. Kemaletdiniň töweregindäki howsala düşen adamlar onuň sözüne sabyrsyzlyk bilen garaşýardylar. Ol dymyşlykda pikirini jemlän kimin adamlara aýgytly garap:

-Jenaplar!-diýdi.-Biz bäş müň töweregi goşunymyz bilen horezminlileriň garşysyna durup bilmeris. Şonuň üçin gan döküşlik etmän, bu ýerden garamyzy saýlalyň. Goý, Horezmşa gelsin, garşylyksyz galany alsyn, maksadyna ýetsin. Ol bu ýerde uzak durmaz, gider. Onýança bizem goşunymyzyň üstüni dolduryp, täze güýç bilen dolanarys. Onuň goýup giden adamlaryny gylyçdan geçirip, ýene-de ýerimize eýe bolarys.

Kemaletdin şu maksat bilen goşunyny, goş-golamyny alyp, Jendi taşlap, çykyp gitdi.

***

Horezmşanyň goşuny ir säherde Jende gelip ýeteninde garaşylmadyk bir ýagdaýyň üstünden çykyldy. Atsyz Jendiň walysy Kemaletdiniň goşuny bilen öňünden çykmagyna, bilelikde Sygnaga ýörüşe taýýardygyny habar bermegine garaşypdy. Emma Kemaletdinem, goşunam ýokdy. Jendiň derwezesi-de giňden açykdy, göni giribermelidi. Bu ýagdaýa bir hili geň galan Horezmşa:

-A-how jenaplar, bu nähili ahwalat, siz näme pikir edýärsiňiz?-diýip ýanyndaky emeldarlaryna garady. Edil şol wagt açyk derwezeden ylgap çykan bir adam aýak aldygyna gelip, atlylaryň öň hatarynyň ortasynda duran başy tylla jygaly kişä gözi düşenden salam berip, dyzyna çökdi:

-Merhemetli Horezmşa hezretleri! Men Jendiň gözüňiziň öňündäki derwezesiniň derwezebany Abul Kasym ibn Hasymdyryn-diýip, özüni tanyşdyran iki ýüzi horazyň kekeji kimin gyzyl, köseleç masgarabaza meňzeýän bu adam waşisiräp sözüni dowam etdi. - Siziň Jende sary gelýäniňiziň habary bu ýerde her kime her hili täsir etdi. Meselem, bu

ýerde han bolup oturan Kemaletdin ibn Arslan hana aýylganç täsir eden bolmaly, ol goş-golamyny alyp, goşuny bilen zut gaçdy. Maňa bolsa juda mylaýym, ýakymly täsir etdi. Şonuň üçin Size derwezäni giňden açyp goýdum.

Atsyz derwezebanyň sözlerini ýylgyryp diňledi, soň onuň öz degişme äheňinde sorady:

-Muhterem Abul Kasym ibn Hasym derwezeban jenaplary! Kemaletdin han haçan we haýsy tarapa gitdi?

-Ol öten gijäniň ýaryna golaý şäherden çykdy. Aýyň ýagtysynda seredip durdym, ugry ilerligine tarapdy.

Horezmşa başyny atyp, jogapdan kanagatlananyny bildirdi, sahawat üçin hemişe ýanynda saklaýan bir gysym dinar salnan haltajygy kisesinden çykaryp, derwezebana oklady. Howada gaýyp gelen haltajygy çalasynlyk bilen gapçap alan derwezeban ýerinden turdy, baş egip tagzym etdi, “Döwletiňiz mundanam zyýada bolsun” diýip, dileg edip, bir gyra çekildi. Horezmşa derwezeban gelmezinden öň ýanyndakylara beren sowalyny gaýtalady. Birinji bolup, ýakyn geňeşdary Nyzametdin hajyp pikir bildirdi:

-Aly hezret, meniň pikirimçe, Kemaletdin han biziň ýörüşimiz Sygnaga däl-de, Jendiň özünedigi barada habardar edilipdir. Ol güýjüniň deň gelmejegini bilip, şäheri taşlap çykyp gidipdir.

-Aly hezret, jenap hajyp dogry aýdýar, çünki Kemaletdini habardar eden onuň özi bolmaly-diýip, Reşiteddin Watwat degişip, adamlary güldürdi. Baş serkerde Aýuphan:

-Kim habardar eden bolsa-da, gowy edipdir. Jeň-jedelsiz, gan dökülmän şäher alyndy-diýdi. Horezmşadan başga hemmeler serkerdäniň sözüni makulladylar.

-Eý adamlar!-diýip Horezmşa gatyrganybrak seslendi. - Sizler bu gowulygyň soňuny pikirlenip görmediňizmi? Siz, näme Kemaletdin “Alyň geregiňiz şu şäher bolsa” diýip, zut gidendir öýüdýäňizmi?! Gadymda bir ýunan serkerdesinden şunuň ýaly ýagdaýda “näme üçin gidýäňiz?” diýip soranlarynda “Gaýdyp gelmek üçin gidýän” diýipdir. Kemaletdiniň hem gaýdyp gelmek üçin gidendigi şübhesizdir. Ol biziň bu ýerde bu agyr leşger bilen köp wagt durmajagymyzy bilýär. Biz gidenden soň goýup giden leşgerimizi güýç toplap gelip, derbi dagyn eder, adamlarymyzy gylyçdan geçirer. Näme, siziň şuňa aklyňyz ýetenokmy?! -Ýaňyja Aýuphanyň sözüni makullap duranlar lam-jim boldular. Atsyz sözüni dowam etdirdi. - Ony özümiz gidenden soň getirmejek bolsak, häzir getirmegimiz gerek. Bu işi jenap Nyzametdin

hajyp Size tabşyrýaryn. Ýanyňyza bäş-alty adam alyp, onuň yzyndan ýetiň. Oňa hiç bir howp-hataryň ýokdygyny, Sygnaga bilelikde ýörüş etmek hakyndaky öňki gepleşigimiziň güýjündedigini aýdyp, yzyna dolanmaga yryň. Ol Seýhuny ýakalap, ilerligine Otrar tarapa giden bolmaly. Goş-golamy bilen gaty gidip bilýänem däldir. Siz atlary haýdap sürseňiz bir, bir ýarym günde yzyndan ýetersiňiz.

Patyşanyň emri wajyp. Nyzametdin hajyp wagty ýitirmän, bile gitmeli ýoldaşlaryny saýlap aldy-da, ýola düşdi. Şundan soň Horezmşa goşunyna goş ýazdyryp dynç almaga buýruk berip, özi-de wezir-wekilleri, hyzmatyndaky nökerleri, goragyndaky esgerleri bilen şähere girip, köşkde ýerleşmek, uzak ýoluň argynçylygyndan soň biraz dynç almak kararyna geldi. Ýaňy soňuny seljermän aýdan sözi sebäpli Horezmşanyň gaharyny getiren baş serkerde Aýuphan öz göwnüne gowy teklip bilen şanyň göwnünden turjak bolup dillendi:

-Aly hezret, bir az sabyr ediň "Ätiýajy elden berme" diýipdirler. Içerini barlamak üçin bir ýüzbaşy serkerdäni topary bilen ibereli. Kim bilýä, Kemaletdin Siziň janyňyza kast etmek üçin bir topar pidaýy goýup giden bolaýmasyn. Atsyz kellesini ýaýkap, kinaýaly ýylgyrdy-da:

-Meniň janym barada alada edýäniň üçin sag bol. Goragymdaky esgerlerim, janpenalarym bäş-alty pidaýyny, eger olar bar bolsa, ýok etmegiň hötdesinden gelerler. Şonuň üçin häzir şähere barlagçy topary däl-de, jarçylary ibermeli. Olar şäheri aýlanyp, bazarlara baryp, Jendiň mundan beýläk Horezminiň düzüminde bolýanlygyny, ýurtda parahatçylygyň, adalatyň berkarar ediljekdigini jar etsinler!

Bu buýruk şol güniň özünde berjaý edildi. Elden ele geçip, käte talanyp, gözi gorkan ilat şatlanyp köçelere çykdy, bazarlarda söwda-satyk janlandy. Emma şol gije Horezmşanyň bolýan köşgünde ýüze çykan garaşylmadyk bir waka hemmeleriň keýpini uçurdy...

Günortana golaý köşge gelip ýerleşen Horezmşa biraz dem dynjyny alansoň öýlän ýerli emeldarlary kabul etdi. Olaryň işleri bilen tanyşdy. Ol bu ýerli işgärleriň Kemaletdine ýa-da özüne däl-de, öz halkyna, döwletine hyzmat edýändigini nazara alyp, ýene-de öz wezipelerinde goýdy, gowy sözler bilen yhlasly işlemeklige ruhlandyrdy. Şu arada gün ýaşyp, barlyga agşam aralaşdy. Jendiň köçelerinde panuslar, köşkünde şemler ýakyldy. Horezmşa Atsyz öz adamlary bilen jemagat bolup agşam namazyny okap, şamlyk edineninden soň taşdarynyň taýýarlap goýan hammamyna bardy. Abhananyň öňünde duran taşdar ýigit Atsyza bir hili syrly garap:

-Aly hezret, içerde çykarynylýan ýerde bir gyz gelip otyr-diýdi. Atsyz haýran galyp:

-Nähili gyz, nirden, näme üçin gelipdir?-diýdi.

-Häremhanada üç gyz galypdyr, bu şolaryň biri. Ol size aýtmaly möhüm gepim bar diýýär.

-Bä! Aýtmaly gepini hammamda aýtmalymyka?-diýip, Atsyz içeri girdi. Tagzymdan soň başyny galdyran gyza nazary düşen Atsyz onuň husny-jemalyna ank boldy. Gyzdan gözüni aýryp bilmän duran Atsyz biygtyýar ýylgyryp sorady:

-Sen, kim sen?

-Men Jendiň bolmaly emma siziň gelmegiňiz bilen bolman galan melikesi. Adym Şahyna.

Bu täsin jogaba oňly düşünmedik Atsyz gülümsiräp diýdi:

-Düşnükliräk aýtsana, seniň melike bolman galmagyňa meniň näme dakylym bar?

-Kemaletdin han meni öz nikasyna alyp melike etmekçidi. Siziň gelmegiňiz bu işi etmäge oňa maý bermedi, maňa bolsa onuň destinden gutulmaga mümkinçilik berdi. Men Siziň penaňyzda ýer taparyn diýip, iki kenizim bilen gaçyp galdym.

-Meniň penamyň onuň penasyndan gowy boljagyny sen nä bilýäň?

-Hökümdar şahyr bolsa, onuň penasy mähir-muhabbetli bolýar. Men siziň şalygyňyza däl, şahyrlygyňyza aşyk. Gazallaryňyzyň köpüni ýat bilýän.

-Bäh! Şeý diýsene. Sen şu sözleri aýtmak üçin hammama geldiňmi, başga ýer tapmadyňmy?

-Men hammama sizi ölümden halas etmek üçin geldim.

-Diýýäniň näme?! Hammamda maňa ölüm garaşýarmy?

-Siziň düşünjek suwuňyz zäherlenen, ol sizi bir aýyň içinbe ölüm düşegine ýatyrar.

Atsyz bu gepe tisginip gitdi. Gapyda duran taşdary çagyrdy. Oňa gyzyň aýdan gürrüňini aýdanynda, taşdar:

-Aly hezret, Allanyň eradasy bilenmi meniň göwnüme-de şeýle şübhe geldi. Onsoň suwy täzeledim-diýdi.

-Berekella! Ine görýäňmi Şahyna, Ala saklajak bolsa her tarapdan halasgärler ýetişýän ekeni. Ägä edeniň üçin senem sag bol! Ine indi, suwumyz arassa bolan bolsa, düşünibermeli-diýip, Atsyz eli bilen abhananyň gapysyna yşarat etdi-de. -Baş üstüne!-diýdi. Gyz aşak bakyp näzli ýylgyrdy:

-Siziň bilenmi?

-Eýse kim bilen...

“Hudaý berse guluna çykaryp goýar ýoluna” diýip içini gepleden Atsyz hammamdan soň Şahynany aram otagyna alyp geldi. Şaha nabat bilen demlenip goýlan çaýdan içdiler. Çaý içilýärkä gyzy assyrynlyk bilen synlap oturan Atsyz onuň gözlerinde bir hili howsalanyň peýda bolanyny aňdy. Bu onuň beýnisinde dörän bir pikiriň, içki dünýäsindäki bir duýgynyň alamatydygyny bilse-de muny ýamanlyga ýormady.

-Şahyna, bir hili ynjalygyň gaçan ýaly, näme bolýar?

-Ýok, ýok. Ynjalygym ýerinde. Ýöne bir az tolgunýan.

-Näme tolgunýarsyň?

Gyz gözlerini süzüp, uludan demini aldy-da:

-Arzuwumdaky beýik adamyň gujagyna doljak pursadymyň ýakynlaşýany üçin bolaýmasa-diýdi.

-Şeýlemi-diýip, Atsyz ýylgyrdy. -Onda, düşege geçmezimizden öň men huptan namazymy okap alaýyn. Sen arkaýyn oturyp, çaýyňy içiber.

Atsyz saçakdan bäş ädim aňyrda namazlygyny ýazyp, huptan namazyny okamaga durdy. Ine şonda Şahynanyň kimdigi belli boldy, Atsyzy hudaý saklady. Atsyz namazyň birinji rekadini okap, ýaňy seždä başyny goýanda ýeňsesinde birden dörän şakyrda biygtyýar gaňrylanynda gözi depesinden inip gelýän inçe tygly hanjara düşüp, oturan ýerinde hanjarly ele ýapyşdy. Ol elem zenanyňky bolsa-da, güýçsüz däl eken hanjary nazarlan ýerine sanjyp bilmese-de, omzunyň birki ýerini ýaralady. Onýança ýerinden turup ýetişen Atsyz bir zarp bilen gyzy ýere ýazdy. Urgynyň zarbyna elinden gaçan hanjar ýykylyp ýatan çäýnek käseleriň üstüne düşdi. Şunda Atsyz özüni ölümden gutaran şu çäýnek-käseleri howlugyp hereket eden gyzyň aýagy degendäki şakyrdysydygyna düşündi. Munuň hem Allanyň eradasy bilen özüniň ölüm howpundan ägä edilmegidigine ynandy. Atsyz ýerde ýazylyp ýatan gyza hyrçyny dişläp seredip durşuna:

-Ýeriňden tur, hany!-diýdi. Şahyna Horezmşanyň äheňinde hiç bir gahar-gazabyň ýokdygyna haýran galyp, ýerinden turdy. Atsyz ýene şeýle äheňde gepledi:

-Şahyna, zenan halyňa gorkman şeýle işe bil baglanyňy men üýtgeşik batyrlyk hasaplaýaryn. Ýöne şeýle batyr, garadan gaýtmaz gyzy beýle jenaýaty etmäge Kemaletdin hanyň nädip yranyna akyl ýetirip bilemok.

Şahyna Atsyza göni seredip dillendi:

-Merhemetli şa hezretleri, siz şahyr adam, söýginiň nämedigini, onuň güýjüni başgalardan gowy bilýäňiz. Men Kemaletdin hany

janymdan artyk söýýän. Onuň hem meni şeýle söýmegini gazanmak üçin bu işe hut özüm bil bagladym. Onuň habary ýok. Hatda, meniň gaçyp galanymy-da, eger idemedik bolsa, häzir goşda ýokdygymy-da bilýän däldir.

Atsyz gyzyň gepine ynanjagyny-da, ynanmajagyny-da bilmän oňa bir salym synçy nazaryny dikip durdy. Gyzyň ýüzi-gözünde ýalançylykdan nam-nyşan görmän, onuň sözüne ynanç hasyl etdi. Soňra:

-Kemaletdin han däl-de, söýgi yrdy diýsene. Ýöne sen biraz howlugypsyň, men uklanymdan soň işiňi arkaýyn edip bilerdiň, sakçylara-da "jogap berdi" diýip, çykybam giderdiň.

-Siziň düşegiňize geçip, Kemaletdin hana biwepalyk etsem, soň eden işimiň ähmiýeti bolarmydy? Bolmazdy, tersine bolardy.

Atsyz güldi: -Aýdýanda, hammamda-da suwa içki geýimiňde düşündiň. Bäh, şeýle wepadar gyrnaklaram bolýan ekeni!-diýip, Atsyz elini iki gezek çarpdy. Gapynyň aňyrsynda duran nökäerleriň ikisi girip, tagzyma baş egdiler. Şahyna nökerlere bir garap goýdy. Atsyz onuň ýüzünde gorky alamatyny görjek bolup seretdi. Ýok, hiç hili gorky alamaty ýokdy. Ol ölümine boýun bolan günäkär kimin parahat durdy. Atsyzyň serinden "Adam özi üçin mukaddes zatlaryň hatyrasyna ölmeli bolsa, ölümi şeýle mertlerçe garşy alsa gerek" diýen pikir geçdi. Şonda birden ýadyna Zübeýda, özüniň Zübeýdasy düşdi. Ol gyz hem Atsyz üçin janyny gaýgyrman, söýgüsiniň ýolunda pida bolupdy. Onuň ölüminiň öň ýanynda "Şahym siziň bilen jennetde duşarmykak" diýen sözleri gulagynyň düýbünde ýaňlanan ýaly boldy. Birden ýüregi ýukalyp, gözleri nemlendi, Şahynadan ýüzüni sowup, göýä başga birine diýýän ýaly gepledi:

-Şahyna, jenaýat jezasyz galmaly däl. Jenaýaty jezasyz galdyrmak hem adalatsyzlykdyr. Men adyl şa hökmünde bu düzgüni bozsam bolanok. Senem takdyryňa näme ýazylan bolsa şony görersiň-diýip, garaşyp duran nökerlere buýurdy. Muny alyp baryp, jelladyñ ygtyýaryna tabşyryñ, name etse öz işi - diýdi.

Horezmşanyň soňky sözüne Şahynanyň gözlerinde umyt uçgunlary ýylpyldady. Emma söýginiň nämedigini bilýän, ýüreginde rehim-şepagat bolan adam jellat bolýamy... Nökerler Şahynany alyp çykyp gitdiler. Şundan soň ýaralanan omzy ýadyna düşüp, tebibini çagyrtdy. Tebip gelip, hanjaryň ujy degip, omzuň ganjaryp duran ýerlerine melhem çaldy, ak mata bilen goltugynyň aşagyndan aýlap, daňyp gitdi.

Atsyz "gyzyl görse" özüni saklap bilmeýänini ýazgaryp, geleňsizligine ökünip, gijäniň bir mahalyna çenli uklap bilmän ýatdy.

Ertsei bu bolan waka köşgiň içine, hat-da şäheriň daşynda düşleýän goşunyň arasyna-da ýaýrady. Patyşanyň ýaralananyna gynananlar az bolmady. Emma onuň eden işini özi ýazgarsa-da, başgalaryň ýazgarmak hyýalyna-da gelmedi. Çünki şalaryň onuň ýaly işleri geň görülmeýärdi.

***

Nyzametdin hajybyň topary az düşläp, köp ýöräp, atlary haýdap, bir ýarym gün diýende Kemaletdin hanyň yzyndan ýetdi. Han Seýhunyň ýakasynda bir salkyn ýerde adamlara, ulaglara dynç bermek üçin ýaňy goş ýazdyrdan mahaly özlerine tarap gelýän ona golaý atla gözi düşenden olaryň horezminlilerdigini we näme maksat bilen gelýändiklerini şol bada aňdy. “Geliberiň bakaly. Al bilen aldyrmaz size Arslan han ogly” diýip, içini gepleden Kemaletdin han horezminlilere berjek jogabyny kellesinde aýlap başlady.

Horezminliler goşuň bir çetinde atlaryndan düşüp, öňlerinden çykan nökerler bilen salamlaşdylar.

-Biz Horezmşa hezretleriniň tabşyrygy boýunça hanyňyz bilen gepleşik geçirmek üçin geldik, bizi onuň ýanyna eltiň-diýip, Nyzametdin hajyp nökerlere ýüzlendi. Nökerleriň ulusy:

-Hanyň özünden soraman onuň ýanyna barmak bolanok. Bir salym sabyr ediň-diýip, nökerleriň birini hanyň ýanyna iberdi. Giden gaýdyp gelenden soň Nyzametdin hajyp ýoldaşlary bilen çadyrynyň öňünde özlerine garaşyp duran Kemaletdin hanyň öňüne baryp, ellerini gursagyna goýup, baş egip,salam berdiler. Han:

-Hoş gördük, hoş geldiňiz jenaplar!-diýip, kynaýaly ýylgyryş bilen olaryň salamyny aldy, ýöne çadyryna teklip etmedi. Nyzametdin hajyp duran ýerinde bar dilewarlygyny ulanyp geplemeli boldy:

-Muhterem Kemaletdin ibn Arsaln han jenaplary! Horezmşa Atsyz hezretleri Siziň bilen Sygnaga bilelikde ýörüş etmek baradaky ylalaşyga garamazdan Jendi taşlap gitmegiňiziň sebäbini bilmek üçin bizi iberdi.

-Horezmşa hezretlerine Sygnaga garanda Jendiň möhümräkdigini bilip, ony oňa peşgeş hökmünde goýup gaýtdyk-diýip, Kemaletdin han ýene-de şol kinaýaly ýylgyryş bilen jogap berdi.

-Siz kimdir bir arabozaryň gepine ynanyp, nädogry iş edipsiňiz. Men Nyzametdin hajyp, ýanymdaky bu mertebeli adamlaryň hemmesi hem size hiç hili howp-hataryň ýokdygyna kepildiris.

Hajybyň ýoldaşlary onuň sözüni ýekän-ýekän tassykladylar. Nyzametdin hajyp sözüni dowam etdirdi:

-Bidinleriň ýurdy Sygnak juda baý ýurtmyşyn. Bidinlere Yslam gylyjynyň güýjüni görkezip, gazy bolmak hem sogap hem mertebedir.

Ol ýerden gaty köp olja bilen gaýdyp geleniňizden soň Horezmşa hezretleri bilen şertnamalaşyp, ýene öz ýerňizide oturarsyňyz. Siziň ýurdy adalat bilen dolandyrjagyňyza ynanýarys..

-Şertnamalaşyp diýeniňiz Horezminiň garamagynda diýeniňiz dälmi?-diýip, Kemaletdin han öňki kinaýasyny sypdyrman sorady.

-Horezminiň garamagynda bolmak gara hytaýlaryň garamagynda bolmakdan ýamanmy? Biz öz musulmanyňyz, ahyryn! Onsoňam, Atsyz hezretleriniň we siziň pederleriňiziň dostlugy taryha ýazylandyr. Pederiňiz Arslanhan ibn Muhammet bilen Soltan Sanjaryň aralaryna tow düşüp, Soltany Samarkanda goşun çekmek niýetinden gaýtaran biziň şamyzyň pederi Kutbeddin Muhammet hezretleridigi ýadyňyzda ýokmy? Indi siz pederleriňiziň döwründen bäri dowam edip gelýän dostlugy bozsaňyz pederiňiziň ruhy ynjylmazmy?

Nyzametdin hajybyň aňyrdan aýlap aýdan sözleriniň täsiri Kemaletdiniň “Al bilen aldyrmaz size Arslan han ogly” diýen pikirini gowşatdy. Hajybyň “Pederleriňiziň döwründen bäri dowam edip gelýän dostlugy bozsaňyz pederiňiziň ruhy ynjylmazmy?” diýen sözleri beýnisinde gaýtalandy durdy. “Hoş söz ýylany hininden çykarar” diýlişi ýaly Kemaletdin han yzya dolanmaga razylyk berdi.

***

Şahynaly wakadan bir gün geçip, öýläne golaý Horezmşaga Kemaletdin hanyň gelýänini habar berdiler. Atszy derhal baş serkerde Aýuphany çagyryp, leşgeri ýaý şeklinde nyzama duruzmagy, Kemaletdiniň goşuny gelende ony gurşap almagy, goş-golamyny, haremini ýerleşdirip, özüni bolsa huzuryna alyp gelmegi buýurdy. Kemaletdin han gün öýleden agyp, kölegeler uzap başlan çagy gelip ýetdi. Şol bada-da Horezmşanyň buýrugy ýerine ýetirildi. Nökerler ony köşgüň tagtly eýwanyna alyp girenlerinde, ol wezir-wekilleri bilen özüne göz dikip, tagtda oturan Horezmşanyň ýüzünde gowulyk alamatynyň ýokdygyny görüp, aýylganç ýalňyşanyna düşündi. Şeýle bolsa-da baş egip salam berdi. Atsyz salamy alyp, gepi gysga etdi:

-Kemaletdin han, biziň size ýamanlygymyz ýokdy. Siz bolsa göwnüňize ýaman niýet düwüp, bize garaşman gitdiňiz. Niýetiňiz bize mälim. Siz biziň bu ýerde goýup giden adamlarymyzy, az sanly goşunymyzy gylyçdan geçirip, ýene ýurda eýe bolmakçydyňyz. Biz siziň etjek bu gandöküşligiňiziň öňüni almak üçin sizi çagyryp getirdik. Indi bolsa biz adamlarymyzy, goşunymyzy aman saklamak üçin sizi zyndanda saklamaly bolýarys.

Atsyz sözüne dyngy berip, eli bilen “alyp çykyň” diýen yşarat etdi. Kemaletdin han “oýunçy utulanyny bilse ýagşy” diýenleri ýaly bir agyz söz diýmän nökerleriň öňüne düşüp gitdi. Belki sözlemäge mejaly galan däldir. Kemaletdin han bendizyndan edilen dessine onuň goşunyny dargadyp goýbermek barada Atsyz Aýuphana buýruk berdi.

Kemaletdin hany we onuň goşunyny bir ýanly edip, howp-hatardan gutulan Horezmşa şol günüň ertesi ýerli emeldarlaryň hem gatnaşmagynda gep-söze goşulman kakasynyň ýanynda edep saklap ýören ogly Il Arslany Jendiň walysy edip belledi. Soňunda:

- Arslanym,-.diýip, ogluna ýüzlendi -İndi köşgem, ýurt hem seniň ygtyýaryňda. Adalat çyzygyndan çykman höküm sürmegiňi isleýärin. Häzir seniň atabegiňi, beýleki ýokary wezipeli emeldarlaryňy belläris. Olar bilen we meniň öz wezipelerinde galdyran ýerli emeldarlar bilen agzybirlikde, ilatyň özüňizden razylygyny gazanyp, alkyşyny alyp, işlärsiňiz diýip umyt edýärin.

Horazmşa sözüni tamamlandan Il Arslan ýerinden turup, kakasyna minnetdarlygyny bildirip, tagzym etdi. Soňra özi bilen işleşjek adamlary wezipelere bellenenden soň pederiniň ak patasyny aldy. Horezmşa Atsyz bolsa şol güniň özünde bäş müň kişilik leşgeri Jendde galdyryp, goşunyň esasy bölegi bilen Gürgenje dolandy.

## XXII BAP

Dünýäniň möhüm sebiti, Yslamyň beýik serhedi hasaplanýan Jendiň jeňsiz, jedelsiz alynmagyny uly ýeňiş saýan Horezmşa Atsyzyň, diýseň keýpi kökdi. Gürgenje gelen gününiň ertesi Jendiň alynmagynyň hatyrasyna guralan meýlisde meýden serhoş bolan şa öz gazallaryny okaýarka märekäniň arasyndan çykan “Aperin!, Aperin!” diýen seslere joşup beýleki şahyrlara gezek bermegi-de unutdy. Bir dyngysynda Reşiteddin Watwat:

-Aly hezret, biz Size “Iskenderi zaman” diýip at bermekçidik, indi “Şahyry zaman” diýip at bermeli boldyk diýeninde Atsyz:

-Ikisini-de beriberiň, men garşy däl-diýip, adamlary gülüşdirdi. Horezmşadan soň goşgy okan şahyrlaryň hemmesi hem Aly hezret Ala äd-Din Abul Müzäffär Jelaletdin Atsyzy wasp edip, owuç-owuç altyn dinar aldylar. Meýlisde ýaňlanan ajaýyp aýdym-sazlar, rakkasalaryň kereşmeli rakslary ýeňişiň şatlygynyň üstine şatlyk goşup, Atsyzyň göwnüni al-asmana göterdi. Ol şu gije has parahat, adatdakysyndan köpräk uklady. Ertesi hemişekisinden gijiräk oýanyp, gözüni açan Atsyzyň serinde agşamky meýlisiň keýpi-sapasyndan zat galmandy. Oňa derek gündelik döwlet işleri, çözülmeli meseleler, dürli aladalar

kellesinde at salýardy. Ol täret kylyp, azan namazynyň kazasyny okadyda, taýýarlap goýlan ertirlik naharyna-da seretmän, köşgüň tagtly eýwanyna bardy. Şanyň ertirki kabulyna gelen döwlet işgärleri ony ör turup, tagzym bilen garşy aldylar. Horezmşa:

-Uzur, jenaplar! Men sizi köpräk garaşdyrdym öýüdýän. Agşamky meýlisimiz uzaga çekenindenmi men köpräk ýatypdyryn, sizler maňa garanda gaýratly çykyp irläpsiňiz-diýeninde gülüşmeli gürrüňlere ygtyýar berlen Reşiteddin Watwat:

-Aly hezret, gep diňe gaýrat-da däl-diýdi. Watwatyň bir ýomak atjagyny duýan Horezmşa:

-Eýsem nämede?-diýip sorady.

-Gorkyda, Aly hezret. Bu bendeler, şol sanda men pahyram sizden gorkanymyza irden bu ýerde dikil gazyk bolýarys. Siziň bolsa Alladan özge gorkjak adamyňyz ýok. Şonuň üçin siz islän wagtyňyz ýatyp, islän wagtyňyz turup bilýärsiňiz.

-Ýok, jenap Reşiteddin, sen ýalňyşýarsyň. Patyşanyň islän wagty ýatyp, islän wagty turmaga haky ýok. Ýurduň, halkyň aladasy, özüniň hökümdarlyk borjy, jogapkärçiligi isleginden ýokardadyr-diýip, Atsyz ýylgyrdy-da. -Seniň şu zatlara akyl ýetirip bilmeýşiňe meniň aklym ýetenok-diýdi. Gep oňaýa geldi, Reşiteddin mundan peýdalandy:

-Aly hezret, ikimiziň hem bu ýetmezimiziň üstüni dolmak üçin möwlana Hyjazy bir ajaýyp sowgat getiripdir-diýip bir elinde owadan daşly kitaby tutup, bir çetde duran tibbiýet ylmynyň hakany, meşhur feýlesuf alym Al Hekim Aly ibn Muhammet al Hyjazyny görkezdi. Köpçüligiň içinde ony saýgarmadyk Atsyz oňa gözi düşenden bir elini gursagyna goýup salam berdi. Al Hyjazy ýuwaş ýöräp Horezmşanyň öňüne geldi, baş egip tagzym etdi-de:

-Aly hezret, Size bagyşlap yhlas hem ylham bilen ýazan kitabymy özüňize gowşurmaga ejaza ediň-diýip, kitaby iki elläp Atsyza uzatdy. Atsyz alyma minnetdarlyk bildirip kitaby aldy, sahabyny açyp, onuň “Akyllylyk hakynda kitap” diýen adyna gözi kaklyşanda ýaňy Watwatyň "ikimiziň hem ýetmezimiziň üstüni dolmak üçin..." dieniniň manysynyň kitabyň adyndadygyny görüp, gülüp goýberdi. Reşiteddine garap:

-Saňa ýöne ýere “Watwat” diýip, at dakmandyrlar-diýdi. Reşiteddin Watwat patyşany duzlanyna monça bolup, uzuryna baş egip, tagzym etdi.

Degişme-de, gülüşme-de öz wagtynda ýagşy, uzaga çekse mazasy gaçýar. Şonuň üçin Horezmşa-da entegem aýak üstünde duran adamlara ýüzlenip:

-Jenaplar, bir salym degişdik, gülüşdik, indi besdir, oturyp esasy işe geçeli-diýdi-de tagtyna geçip oturdy. Adamlar hem öz bellenen ýerlerinde ýerleşenlerinden soň gündelik döwlet işlerine, gurluşyk, abadanlaşdyryş, daýhançylyk meselelerine garalyp başlandy. Horezmşa garalýan meseleleriň käbirleri boýunça degişli adamlara käýese, käbirlerine hoşallyk bildirdi. Aýratyn-da gurluşyk işleri sahybyna şäheriň derýanyň aňyrsyna geçip giňäp barýanlygy sebäpli iki taraplaýyn gatnawyň bökdençsiz bolmagy üçin köprüleri giňeldip abatlamak işleriniň talaba laýyk däldigi üçin gaty darady. Huşmiýan sebitindäki suw ýetmezçilik edýän täze dörän obalara ýörite ýap çekdirip suw üpjünçiligini ýola goýan döwletiň baş mirabyna hoşallyk bildirip, bir aýlyk hakynyň mukdarynda pul bilen sylaglady.

Gündelik meselelere seredip bolunandan soň arza-şikaýat bilen gelen adamlary-da diňlemek ertirlik hem edinmedik, ýaşy altmyşa golaýlap, barýan şany gaty ýadatdy. Gün günortadan aganda surnugyp, aram otagyna gelen Atsyz “Alla janlarym uzak ülkelere ýörüşlerde, söweşlerde sagatlap gylyçlaşmalarda beýle ýadamaýardym. Garrap ýörmükäm ýa-da köşgüň howasy bilen meýdanyň howasynyň tapawudymyka?” diýip içini gepletdi. Eger bu soragyny Reşiteddin Watwata bereninde ol: “Aly hezret, gep meýdanyň howasynyň köşgüň howasyndan tapawudynda däl, agşamky içilen meýiň täsirinde” diýerdi.

***

Horezmşa Atsyz döwletiň, ýurduň içerki işleri bilen meşgullanyp, tagtynda parahat oturanynda Horasan taraplarda parahatçylyk bozulyp ugrady. Öz wagtynda ägirt uly soltanlyk gurup, bir yklymyň deň ýarysynda hökmürowan bolan beýik soltan Sanjaryň garşysyna baş göterýänler köpeldi. Özüniň tabynlygyndaky wassallaryň beýle herekete het edip bilmekleri soltanlygyň binýadynyň gowşanlygyndan derek berýärdi.

Horasandan gelýän bu habarlar Atsyzy, elbetde, biparh goýanokdy. Ýöne ol häzirlikçe wakalara goşulman, olary pursaty gelýänçä daşdan synlap durmagy makul bildi. Gelýän habarlaryň içinde geň-taňlary, ynanyp bolmaýanlary hem bardy. Olaryň biri-de soltan Sanjar bilen Guruň hökümdary Ala-ad-Din Al Husäýniň arasynda bolan wakalardy.. Soňky wagtda güýçlenip ugran gurlylar soltan Sanjaryň emir Kumaç başçylygyndaky goşunyny ýeňip, Balhy eýelänlerinden soň gaznalylaryň ýerlerini, şol sanda paýtagt Gaznany hem alýarlar. Gur döwletiniň baştutany Ala-ad-Din al Husaýn ýurdyny özbaşdak, özüni soltan diýip yglan edýär we Merwe paç tölemegini bes edýär. Bu ýagdaýlar soltan

Sanjary gurlylaryň üstüne ýörüş etmäge mejbur edýär. Hyradyň golaýyndaky Mirabad diýen ýerde bolan jeňde Ala-ad-Din al Husaýnyň goşuny derbi-dagyn edilýär, onuň özi-de ýesir düşýär. Emma Soltan Sanjar ony görlüp-eşidilmedik hormat bilen ýesirlikden boşadýar, ähli alnan oljalary özüne gaýtarýar, munuň üstesine özüniň hazynasyny hem-de köp sanly mal sürülerini hem berip oňa: “Husaýn, sen meniň doganymyň ornuny tutýarsyň. Bu baýlyklary alyp, Gura dolan. Eger men ýeňiji bolup, hökmürowanlygym dowam etse bu zatlary talap eden wagtym gaýtararsyň. Eger-de tersine bolup, meniň hökümdarlygym soňuna ýeten bolsa we soltanlygym dargasa bu baýlyklar oguzlara galandan seniňki bolsun” diýenmişin. Horasandan gelen bu habary Horezmşa kellesini ýaýkap diňledi. Ol soltanyň geçirimliligini bilse-de munuň ýaly baýlygy duşmanyna ynanyp berjegine ynanmady. Emma 548-nji hijriniň muharram aýynda gelen soltan Sanjaryň oguzlar bilen söweşde ýeňlip, özüniň hem ýesir düşeni hakyndaky habar Atsyzy ata çykardy. Diňe ata çykardy däl, agyr oýlara hem batyrdy: “Ady äleme dolan beýik soltanlygyň hökümdary, gudratly soltanyň Horasanyň çöllerinde göçüp-gonup ýören çarwalardan ýeňlip, olara ýesir düşmegi akyla sygjak zat däldi. Mälik şanyň döwründen bäri Horasanda oňňut edip, onuň ýaýlalaryndan peýdalanyp ýören oguzlar nädip öz soltanyna garşy baş göterdilerkä? Nädip soltanyň gudratly goşunyndan üstün çykdylarka?! “Gorkagy köp kowsaň batyr bolar” diýlişi ýaly soltanyň emeldarlary-da olara aşa zulum etdilermikä? Zuluma çydaman baş göteren mazlumlara söweşde Allanyň beren üstünligimikä? Şeýledir bu. Ylahydan bir yşarat bolmasa beýle bolmazdy. Ýa-da ähli janly-jandarlara Alla tarapyn ýaşaýyş möhleti berlişi kimin soltanlyklara, şalyklara-da ýaşaýyş möhleti kesgitlenenmikä?. Seljuklar soltanlygynyň hem ýaşaýyş möhleti dolan bolsa, synmagyna oguzlar gozgalaňy bir bahanadyr”. Atsyzyň oýlary munuň bilen hem ahyryna ýetmedi. Ol indi häzirki dörän ýagdaýdan peýdalanyp, soltana degişli käbir sebitlerde öz häkimiýetini ornatmagyň pikirini edip, goşuny Jeýhunyň ýokary akymy bilen Amula tarap çekdi. Emma onuň harby ähmiýetli bu şäheri öz tabynlygyna geçirmek niýeti amala aşmady. Amulyň kutwaly şäheri Horezmşaga bermekden boýun gaçyrdy. Atsyz bu ýerde soltan Sanjaryň ýesirlikde-de soltan hökmünde uly hormat bilen saklanýandygyny eşidip, Amuly özüne bermekligi sorap, oňa hat iberdi. Emma soltandan gelen jogap hem ony begendirmedi. Soltan jogap hatynda “Men saňa diňe Amuly däl, başga ýerleri hem bereýin. Munuň üçin sen ogluň Il Arslanyň başçylygynda meni ýesirlikden boşatmak üçin goşun iber”

diýipdir. Horezmşa soltanyň hatyny okap, onuň şeýle güýçli goşunyny derbi-dagyn eden oguzlaryň üstüne ýeke özi goşun çekmäge milt etmän, olaryň garşysyna birleşme döretmegiň ugruna çykdy. Ol Horezme dolanyp gelen badyna Sijistanyň, Guryň, Mazandaranyň hökümdarlaryna oguzlaryň Horasanda edýän bozgakçylyklarynyň, talaňlarynyň soňuna çykmak, soltany ýsirlikden halas edip, onuň kanuny häkimiýetini dikeltmek üçin birleşmekligi teklip edip, namalar iberdi. Soñky döwürde Atsyzyñ soltan Sanjara mynasybeti haýran galarly derejede üýtgedi. Ÿigirmi ýyllap garaşsyzlyk gazanmak maksadynda soltanyñ gaşysyna hereket edip gelen Horezmşanyñ indi oña mähriban çykmagy döwürdeşlerini-de, taryhçylary-da haýran galdyrypdy.

Şu arada seljuklaryň gündogar soltanlygynyň tagtyna soltan Sanjaryň ýegeni Ruhd ad-Din Mahmut han çykaryldy.. Atsyz Mahmut hany tagta çykmagy bilen gutlap, seljuklara hemişekisi ýaly wepalydygyna ynandyryp oňa-da nama gönderdi. Horezmşanyň namasy baryp gowuşanyndan Mahmyt han sebitdaki iñ güýçli goşunyñ eýesi bolan Horezmşadan  Horasanda tutaşyp barýan "oguz oduny" söndürmekde ýardam sorap,  sowgat-salamlar bilen Horezme ilçilerini iberdi. Atsyz ilçileri  Mahmyt hanyñ haýyşyny amal etjekdigine ynandyryp, olary sylag-serpaý bilen ugradyp goýberdi,

Horezmşa Horasana nobatdaky ýörüşini diňe Mahmyt hanyň haýyşyna görä etmekçi däldi. Ol özüniň sebitdäki iň güýçli hökümdardygyny görkezmekligi we soltan Sanjaryň beýleki wassalaryny öz baştutanlygynda birleşdirmek bilen oguzlary derbi-dagyn edip, soltanyñ nazarynda öz mertebesini has belende görmekligi göz öňünde tutýardy

. Ol bu ýörüşe uly ähmiýet berýänligi üçinmi ýa-da ýüregi atanlykda bolaýmagy mümkin bir ýagdaýy syzdymy nämemi ogly Il Arslanyň ýanynda bolmagyny isläp, ony Jentden çagyryp aldy. Ýerine-de kiçi ogly Hytaý hany galdyryp, Horasana tarap uly goşun bilen ýola düşdi. Uzak ýoly söküp, Şähristana ýetip gelen goşun şäheriň golaýynda goş taşlady. Horezmşa oguzlaryň garşysyna birleşik döretmek baradaky öň başyny başlan işini indi amala aşyrmak üçin Sijistanyň, Guryň, Mazandaranyň hökümdarlaryna çakylyk-nama ýollady. Reşiteddin Watwatyň galamynyň astyndan çykan namalaryň ýiti täsirli mazmuny iberilen hökümdarlaryň hiç birini-de biparh galdyrmady. Olar ýol taýýarlyklaryny görüp başladylar. Şu arada soltan Sanjaryň ýesirlikden gaçyp, sag-aman termeze barandygy hakyndaky habar Atsyzy birleşen goşuna baştutanlyk edip, oguzlary derbi-dagyn etmek niýetini puja

çykardy. Keýpi gaçdy. Çünki soltany onuň özi azat edip, abraý, şöhrat gazanmakçydy. Ol bu habary has anyklamak üçin habary getiren Mahmyt hanyň Wisak başysyny (kiçi serkerde) huzuryna çagyrtdy. Wisak başy habaryň anykdygyna güwä geçip, soltanyň nädip gaçanyny hem gürrüň berdi. Onuň aýtmagyna görä öz nökerleri bilen soltana hyzmat hem-de gözegçilik edýän Haýrylbeý atly onbaşy serkerde üç ýylyň dowamynda soltan bilen gaty ysnyşýar, soltan hem ony özüne uly hormat goýýandygy, gowy hyzmat edýänligi üçin gowy görýär. soltan oňa: “Haýrylbeý, men häkimiýetimi dikeldip alsam, seni goşunyma baş serkerde ederin. Seniň güýjiň-gaýratyň, ukybyň, edermenligiň baş serkerdelige laýyk-diýip, onuň göwnüni göterýän eken. Bu gepe ynanan Haýrylbeý oguzlaryň baştutany Tutubegi özüni şeýle pes derejede goýany üçin ýaman görüp başlaýar. Beýik Soltanyň iň ýakyn adamy, goşunynyň baş serkerdesi bolmagyň arzuwynda soltany gaçyrmagyň ýoluny gözläp ugraýar. Şu arada oguzlar Jeýhuna golaýrak ýaýlalara göçýärler. Bu Haýrylbeýe gözleýän ýoluny tapmaga kömek edýär. Ol Soltan bilen ikiçäk galanynda:

-Kyblaýy älem, biziň oguzlar “Myhman üç gün ýagşy, üç günden soň gitse ýagşy” diýýärler. Siziň bize myhman bolup geleniňize üç ýyla golaýlap barýar. Indi siziň bu ýerden gitmek niýetiňiz ýokmy-diýýär. Soltan bu degişmäniň aňyrsynda çyn sözüň ýatanyny duýup:

-Niýetim ýok däl. Ýöne sen-öý eýesi goýbermeseň men nädip gideýin-diýýär. Haýrylbaý indi çyny bilen soltana ýüzlenýär:

-Kyblaýy älem, Siz Tutubegi çagyryp, oňa üç ýyl bäri aw-şikär etmedigiňizi, ertir bir şikara çykyp, aýak ýazyp gelesiňiziň gelýändigini aýdyň. Ol siziň sözüňizi ýykyp bilmez. Maňa adamlaryň bilen soltany şikara aýlap gaýt diýer. Onsoň aňyrsyny görübereris.

Soltan begenjine Haýrylbeýiň elini gysyp: “Berekella! Gowy oýlapsyň” diýýär. Şol günüň ertesi Soltan azan namazyndan soň adam ibetip, Tutubegi çagyrtýar. Tutubeg gelip, edep bilen salam bereninden soň:

-Kyblaýy älem, näme hyzmat?-diýip soraýar. Soltan oňa özüniň şikar etmek islegini aýdanynda Tutubeg bir salym oýlanyp,“hemişe aw-şikar edip ýören adamyň öňki göwün açýan güýmenjesini küýsemegi tebigy” diýen netijä gelip:

-Kyblaýy älem, şikar etmek isleýän bolsaňyz, Haýrylbeý adamlary bilen Sizi islän ýeriňize aýlap gelerler-diýýär. Tutubegiň bu gepi soltanyň gulagyna azatlygyň hoş habary bolup eşdilýär. Azan

namazynyň yz ýanynda alnan razylykdan soň Haýrylbeý şikar şaýyny tutup, nökerleri bilen soltany alyp ýola düşýär.

Soltan Sanjar, Haýrylbeý we on sany nökerden ybarat awçylar topary ikindine golaý Jeýhunyň ýakasyndaky tokaýlyga ýetip gelip, düşleg üçin oňaýly ýerde goş taşlaýarlar. Baharyň sergin howasynda bu ýerde ertire çenli dem-dynjyny alýarlar. Ertesi irden ertirlik edinenlerinden soň Haýrylbeý nökerleri bäş-bäşden iki topara bölüp, her haýysysyny bir tarapa aw kowup gelmek üçin iberýär. Diňe şundan soň soltan Sanjar Haýrylbeýiň rejesine düşünýär.

-Kyblaýy älem, atyňyzy gorkman derýa salyberiň. Atlarymyz ýüzgür atlar. Inşalla olar bizi derýadan alyp çykarlar-diýip, Haýrylbeý soltany öňünden goýberýär, yzyndan özi düşýär. Emma Haýrylbeý şol pursatda ähli zat Allanyň eradasyna baglydygyny kellesine getirenem däldir. Onuň mertebä gyzyp, öz kowmuna dönüklik edeni üçinmi ýa-da sanalgysy dolupmy derýanyň ortasyna baranda aty birden ýüzmesini bes edip, özi bilen derýanyň düýbüne gidýär. Soltan Sanjaryň bolsa entek görmeli günleri bar ekeni, ol sag-aman derýadan geçip, Termeze aşýar.

Wisak başynyň beren bu gürrüňini erteki diňlän ýaly diňlän Horezmşa:

-Allanyň eradasy bilen bolan isler bu-diýip başyny atdy. Ol indi üýtgän ýagdaýa görä hereket etmeli boldy. Oýlandy. Şähristandan Nusaýa gelýänçä-de oýlandy. Şundan soň bu ýerde birinji eden işi soltany ýesirlikden azat bolany bilen gutlap, özüniň oňa wepalylygyny, tabynlygyny nygtap nama gönderdi. Namada soltanyň buýrugyna garaşjakdygyna goşunyny onuň aýdan ýerine çekmäge taýyndygyny hem ýaňzytdy. Şeýle-de, ol oguzlar meselesini birýanly etmek üçin taýýar durmaklyga çagyryp, Mahmyt hana, Sijistanyň, Mazandaranyñ Guruň hökümdarlaryna ýene-de namalar ýollady. Horezmşanyň, namasyny alan Mahmyt han bu meseläni ara alyp maslahatlaşmak üçin Habuşanda duşuşmagy teklip edip, Atsyza habar iberdi. Atsyz Habuşana baranda bu ýere soltan Sanjaryň serkerdeleriniň biri Nejim al Mülk Lowuhi hem geldi. Ol Atsyza soltanyň minnetdarlyk hatyny gowşurdy.

Mahmyt han hem gelenden soň maslahatda oguzlar meselesini soltanyň iberen hatyndan ugur alyp, gandöküşlik etmän çözmeklige karar edildi. Bu işi öz boýnuna alan Horezmşa oguzlary indi güýç bilen däl-de, söz bilen boýun egdirmegiň ugruna çykdy. Ol bu işi amala aşyrmak üçin ötgür sözli namalar ýazmagyň ussady, öz kätibi Reşiteddin Watwatyň galamyndan peýdalandy. Oguzlaryň baştutany Nasretdin Abu Sudja Tutubegiň adyna ýazylan namada soltan Sanjaryň ýesirligi barada

ýekeje söz hem ýokdy. Tersine, soltanyň oguzlary özüniňki hasap edip, olaryň arasyna öz ygtyýary bilen girendigi, emma oguzlaryň soltanyň bu merhemetine laýyk hezzet-hormat etmändikleri üçin soltanyň olary terk edip gidendigi, häzir bolsa onuň tabynlygyndaky ähli döwletleriň şalarynyň Termeze gelip, soltanyň daşyna üýşendikleri we özleriniň bihasap goşunlaryny onuň ygtyýaryna berendikleri mabatlanyrylyp ýazylandy. Namanyň sonunda Horezmşa oguzlara soltandan ötünç sorap, oňa boýun egmeklerini teklip edýärdi. Özüniň hem beýleki şalar bilen bilelikde soltandan oguzlaryň günäsini geçmegi haýyş etjekdikleri ýaňzydylýardy. Şundan soň, bir tarapdan soltan Sanjaryň häkimiýetiniň dikeldilmegi, ikinji tarapdan Horezmşanyň hatynyň täsiri bilen oguzlaryň öňki talaňçylyk hereketleri bes edildi. "Oguz odunyň" söndürilmeginde özüniň goşandynyň uly bolandygy üçin kalbynda buýsanç hasyl eden Atsyz meýilleşdirip goýan nobatdaky işlerine girişmekçidi, emma...

***

Dünýäniň işleri täsinden täsin. Hiç kim ony paýawlap ahyryna ýetip bilmändir. Ýetdim diýende ýykylanlar hem az bolmandyr. Horezmşa Atsyz hem şolaryň biri boldy. 551-nji hijriniň jumadylowwal aýynyň soňky güni otuz iki ýyl hökümdarlyk eden Horezmşa Gazy Ala-ed-Din, Jalal-ed-Din Abul Müzäffar Hüsäm Emir al-Möminin Atsyz altmyş bir ýaşynda Habuşanda wagty beýnisine gan urup, dünýäden ötdi. Onuň köňlünde arzuwlary, beslän maksatlary kändi. Ol Horezmini garaşsyz, beýik döwlet etmekçidi: Edip ýetişmese-de, özünden soňky nesillerine şeýle döwletiň düýbüni tutup beripdi. Ondan soňky Anuşteginler nesilşalygynyň dowamçylary Atsyzyň arzuwyndaky dünýäniň ýaryny özüne tabyn eden öz döwrüniň iň beýik döwletini gurupdylar.

Indiki kyssamyz şol hakda

Ikinji kitabyň soňy

2015-2017. ý.ý.